JUMA HUDAÝGULYÝEW

# OJAKLAR ÖÇMESIN



JUMA HUDAÝGULYÝEW

# OJAKLAR ÖÇMESIN

## MAZMUNY


| | |
|---|---|
| OJAKLAR ÖÇMESIN | 4 |
| AKAR ÇEŞME GURAMAZ | 26 |
| DUZUŇ JEZASY | 52 |
| NAÇAR DOGAN | 67 |
| GÜMAN | 86 |
| GÜL ÝÜZLI ÝIGITLER... | 117 |
| DURMUŞ SIMFONIÝASY | 134 |
| GULLUK BORJY | 151 |
| NOWGÜL | 168 |
| INDI AGLAMA, DÜRJEMAL! | 182 |
| GUDUMAN BAGŞY | 193 |
| SARPA | 200 |
| BAKYLYK | 207 |
| ENE ÝÜREGI | 212 |
| GARA KELLELER | 219 |
| MEÝDAN | 240 |
| MENIŇ OGLUM DEREKSIZ DÄLDIR | 253 |
| PYÝADA KAZYLAR | 263 |
| SYGYR SÖWDASY | 278 |
| ÝAŞASYN ORTA GÜRP! | 290 |
| OTURLYŞYK | 300 |
| ÝÜZSÜZ HUDOŽNIKLER | 309 |
| MAKULATURA | 314 |
| BILIMSEK | 320 |
| «IGRIKMI ÝA ÜGRIK?» | 332 |
| GÖWÜN | 338 |
| IKI ŞAÝY | 344 |

*Bu kitaby kakam Hudaýguly Juma oglunyň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.*

## OJAKLAR ÖÇMESIN

Gültäç ejäniň adamsy Hümmediň yzyny saklap oturanyna seredip otursaň indi kyrk ýyl dagy bolupdyr. Hawa, asyl ylaýyk kyrk ýyl şo. Hümmet neresse fronta urşuň başlarynda gidipdi-de, kyrk üçde hem ýogalypdy. Gültäç şonda: «Hakyt ýer hopar, menem şoňa güpürdäp giderin» öýpdüpdi. Çünki ol adamsyndan ajy habar gelmezinden ýarym ýyl ozal bäş ýaşlaryndaky ylgap ýörenje ogly, ýeke dikrary, Hümmet neressäniň ýalňyz nyşany Kakamyratjygy hem duýdansyz gelen ajala aldyrypdy. Wah şojagaz çaga gezip ýören bolsady, onda ol bütin ömrüne beýdip örtenmese-de örtenmezdi. «Ine, Hudaýa şükür, Hümmediň yzy ýitmedi, yzynda goç ýaly ogly galdy, ojagy öçmedi» diýerdi. Ýöne Gültäç armanly boldy. Iki ganatynam bilelikde gyrdyrdy. Uruşdan utulanlygyny boýnuna almazlygy welin ýüregine berk düwdi. Şeýtjegini ol bir ýerlerde gidip duran adamhor urşuň çat maňlaýyndaky ýeke gözüne iki barmagyny diräp baryp-ha şo wagtlar aýtdy. «Haram uruş, niýetiň-ä ýigidiň ýurdunda ýel öwüsdirmekdir

welin, men ony etdiräýmen saňa. Men Hümmediň ojagyny öçürmen, dulundaky çyragyny söndürmen. Özüm ölinçäm-ä şoň gapysy ýapylmaz» diýip, gap dulda donuny çümre geýip oturşyna berdaşly gollaryny galgadyp tolguna-tolguna urşa haýbat atdy. Hümmediň ir wagtlardan bäri Aşgabatda işläp ýören inisi Gulkişi uruşdan gaýdyp gelende-de Gültäç hut şol sözleri diýdi. Agasynyň ýerine «yzy ýarasyna» gelen Gulkişi bolsa aşak bakyp çilim kükedip oturşyna ýeňňesine başga näme diýjegini bilmän: «Mert bol, ýeňňe! Hümmet eýle boldy diýsek Kakamyrat janam beýle bolaýypdyr. Indem näme göwnüňe geňeş. Meň-ä...» diýip, yzyny aýdybilmän düwündi. Yzyny aýtmaga onuň hakam ýokdy. Dul galan gelinlere rugsady ulular berýärler. «Eger ir-u giç turmak göwnüňde bar bolsa rugsatdyr, gelin. Sylanyňa taňryýalkasyn, biz-ä maňlaýymyzdan görýäs» diýýärler. Emma Gulkişi ony aýdyp bilenok. Ýaşkiçi. Ol gelen gününiň ertesi agyr başyny ýerden götermän zoraýakdan: «Men-ä ýeňňe gitdim onda. Sag bol. Saglykda görüşeli. Senem näme maňlaýyňdan gör. Bu uruş gaty zabun boldy — diýip ugraberjek bolanda welin, Gültäç ajy habary Hümmetden hut şu gün alan dek zöwwe ýerinden galdy-da, bagryny para-para edip juda zaryn aglady. Agyň arasynda-da nalaýa-nalaýa:

«Gitseň sag bol, ýöne her daýym yzyňa bir köwlengin — diýip özelendi. — Ara-çola seni bir görüp duraýyn. Özi ýok diýsem ýurdunda ne atasy, ne enesi ne-de yzynda ornuny tutjak zürýady galdy. — Heniz kyrk hem ýaşamadyk syrdam gelin bokurdagy dykylyp-demi gelmän baýdak ýykylan ýaly dik duran ýerinden keçäň üstüne parlap ýykyldy. Ýüzüni gaty keçä oýkap-oýkap sessiz-sedasyz eňredi. Soň ol gözýaşa ezilen keçäni penjeläp başyny ýerden göterdi. Dyzanaklap ýerinden galdy-da, dykyz gollaryny serip, aýalaryny kükregine ura-ura ajy perýatlar etdi. — Wah, men nädeýin?! Nä alaç edeýin?! Bu gapyda goýun bolup ýerlejekdim, maýa bolup bozlajakdym, köpelip köl boljakdym, Hümmetler diýdirjekdim. Nädeýin, bolmady! Täleýim ters geldi. Tümmül bugdaýym göklügine oruldy. Argyşa giden kerwenim gaýdyp gelmedi. Agyr meýlisim sowuldy, bazar-dükanym ýapyldy. — Gelniň demi içine düşüp ýene-de ýarym sagat dagy ýer bagyrtlap ýatdy. Birhaýukdan soň aýylganç bir içini çekdi-de, ysgynsyz başyny galdyryp, negeräk eýle turup dik oturdy. Çişen gözlerini aýasy bilen süpürişdirip, perişan saçlaryny boluşyna görä düzedişdirdi. Henizem işikde söýä ýaplanyp ala-burugsy bolup duran ýüwürjisine ýüreginde ömürlik ornaşdyran niýetini ýene bir gezek,

iň soňky gezek beýan etdi. — Ýöne men-ä pelekden utulanymy boýnuma alman Gulkişi. Şu gapyny saklap ömrümi ötürerin. Senem käte bir gelip agaň garyp çatmasyna boýnuňy uzat. Maňa şolam bor. Özüm ölünçäm-ä agaň gapysy ýapylmaz, tüýnügi tüssesiz bolmaz. Şuny berk bilgin!» Ýeňňesiniň şol gezekki ahy-nalasy Gulkişiniň gulagynda ömürboýy ýanlandy durdy. Gözýaşa ezilen öl keçäniň şorumtyk ysam beýnisinden çykmady. Beýle agyr jebir hem sütem içinde çekilen ahy-nalalar oňa agasynyň ölmünden-de beter has ýokuş degdi. Garrytdy. Şeýle boljagyny ol gelmänkä-de bilýärdi. Şonuň üçinem ýaýdana-ýaýdana gelipdi. Uruşa gidende ýaýdanmandy. Agasynyň boşap galan öýüne gelmäge welin ýaýdandy Gugaryp galan içeri ony oba gelmezinden has öň lagşatdy Ol uruşdan gelip bu ojagyň başynda agasy Hümmet bilen, onuň ogly Kakamyrat, ýeňňesi Gültäç bilen başybitin sag-aman duşuşjakdy. Oguljygyny dyzynyň üstüne mündürip oturan agasy bilen käse doly şeraby çakyşdyryp içjekdi. Gülüşjekdi. Degişjekdi. Emma hemmesi tersine bolup çykdy. Ol agasynyň öýüne ine, şu ýagdaýda gelip gitmeli boldy. Indi onuň bu obada hiç kimi ýok. Agasam ýok, inisem ýok. Dogan-garyndaşam ýok. Tekiz. Tep-tekiz. Ýeňňe-de näme, öz göwnüne geňeşsin. Otursa otursyn,

tursa tursun. Ygtyýary. Hümmed-ä ýok.

Şol gezek obadan ýegşerilip çykyp barşyna Gulkişi agasy bilen bolan iň soňky hoşlaşygyny ýatlady. Hümmet neresse şonda aýalyny, ýaňyja aýak biten ogly Kakamyrady hem ýanyna alyp inisini fronta ugratmak üçin uzak obadan Aşgabada ýörite gelipdi. Özem inisiniň öňürti gidýänine özi sebäpkär ýaly zol-zol: «Bizem basym bararys...» diýip gaty köp gaýtalapdy. Başga diýere zat tapmandy. Göwnüne inijigi gözünden armanly uçup barýan ýaly, ony gaýdyp görmejegine eýýämden kaýyl bolan ýaly, inisinden ýüzüni gizläp, gözüniň ýaşyny telim ýola ogrynça sylypdy. Iň soňky pursatda inisini gujaklap bagryna basyp durşuna bolsa ahyry ýaryldy. Aglap goýberdi. Kakamyrady goluna göterip duran Gültäjem aglady. Töwerekde özünden başga aglap duran erkegiň ýoklugyny görüp Hümmet neresse şonda biçak utandy. Otly gözden ýitensoňam ol haýata arkasyny ýaplap şo-ol, ýola seretdi oturdy. Bularyň, başyndan inen agyr aýralygy duýan dek şol gün asmanam günüzyn aglady. Ilk-ä bir jybarlady. Soňam birsyhly aglady durdy. Hümmet şondan soň özüniň mähriban doganjygyny, eziz inisini görüp bilmedi. Gulkişiniň gidenine dört aý diýlende Hümmedem gitdi. Şo gidişem gidişi boldy.. Gulkişiniň bolsa soň-

soňlaram, asyl şu ömürboýy agasynyň şol gezekki aglanyny ýatlanda ýüregi gyýym-gyýym boldy ýördi. Ol agasynyň özüni gaty gowy görýänini bilýärdi. Özüniň bolsa ony özüçe gowy görüp bilmeýändiginem, asyl göresi gelse-de ony başaryp bilmeýändiginem bilýärdi. Kä adamyň özi zandy mährem bolýar. Sen dogan bol, beýleki bol tapawudy ýok. Hümmet neressede nämüçindir Gulkişä seredeninde ýukaýüregiräkdi. Belki-de ýetimçilik bilen ýarym göwün ösenligindendir. Gulkişi bolsa kän bir ýetimçiligi duýmady. Duýdy, ýöne Hümmet ýaly ýiti duýmady. Sebäbi öňünde özi hor bolsa-da, inijigini hor etmejek agasy bardy direnip duran. Şonuň arkasyndan-da onuň ýetimçilik azabyny kän çekmedigi. Hümmet welin çekdi. Gaty zabun çekdi. Her gezek jigisi «nan» diýip aglanda içinden jany çykyp ýüregi sogrulara gelerdi. Kä wagt Hümmediň halys aljyrap agşamaralar obanyň ortarasyndaky depä çykyp: «Kaka-a-aý, gel-a-aý, öldüg-aý!!!» diýip, basmaçylaryň elinden ölen kakasyny çagyrýan wagtlaram bolýardy, neressäň. Gulkişi hem dogrudanam kakasy geläýjek ýaly aglamasyny goýup, gözlerini jüýjerdip Hümmediň gygyrýan tarapyna serederdi. Ýöne welin näçe seretsede kaka-da görünmezdi, eje-de. Ejesin-ä Gulkişi düýbünden bilenok. Ýetim. Ikisem tüýs ýetim. Jigisini

arkasyna alyp Hümmediň gapy gezýän wagtlary hem az bolmandy. Birnäçe gezek gaty süňki itiň öňünden alyp jigisine getirip berýänem çyn. Item süňküni «me saňa» diýäge-de ýöne berip goýberäýenok. Onam söweş edip almaly. Ine, belki şol zatlary ýatlabam şol gezek Hümmediň bokurdagy dolandyr. Şeýledir. Inisiniň uruşda wepat bolmagynyň gaty ahmaldygy, şonuň üçinem ondan ömürlik jyda düşmeginiň mümkindigi göwnüne gelip, şol zar-zelillikde geçen hossarsyz günlerini ýatlap şol zatlar üçin aglan bolmagam mümkin. O-da mümkin. Ýöne uruşdan Gulkişi geldi-de, Hümmediň özi gelmedi. Öz-ä bir gelmedi, üstesine ojagaz çagada... Gulkişi welin şol gezek agasynyň ýerine gelip gidende ýeňňesiniň eden ahy-nalalarynyň arasyndaky «Gulkişi, meniň-ä çyram söndi welin sen bir öl daragtsyň, pyntyk ýararsyň, miwe getirersiň. Gaýrat etde, şolaryň birini agaň ýurduna ýurt eýesi et! Men ölen günüm Hümmediň ýurdy ömürlik göçmesin» diýesiniň gelip, emma aýdyp bilmedik sözlerini söz arasyndan aňşyrmady. Zenanyň mertligine düşünmedi. Özündenem bilmedi. Üstesine şol gidişine gaýdyp oba-da gelmedi, ýeňňesinden habaram tutmady. Gidişi-gidişi. Ne habar, ne hatyr. Dynç. Gum gukluk.

Ýyllar geçdi. Aýlar aýlandy. Urşuň ýüreklere salan

yzasy kem-kemden köşeşdi. Tutuş täze bir nesil ösüp ýetişdi. Ýurt abadanlaşdy. Rysgal köpeldi. Otuz alty ýaşynda ärinden galan, şondan bärem gün yrman uruş bilen urşup oturan dul gelin Gültäjem indi ýetmiş dört ýaşady. Gözleri kösseýip biliniň kuwwaty kemeldi. Ýyl-ýyldan egbarlaýandygyny duýan garry günlerde bir gün töweregine seredip özüniň bu içerde dogrudanam ýekediginem «agaç ata» münen güni Hümmediňem gapysynyň ýapyljakdygyny açykdan- açyk duýdy. Allaniçigsi bolup: «Hä, çyn eken-ow!» diýdi. Mundan otuz sekiz ýyl öň obadan çykyp giden Gulkişini ýatlady. Hümmediň öýüniň indiki ykbaly barada onuň bilen gürleşesi geldi. «Dogandyr. Dogan-dogana dözmez. Tüweleme şahasy köp. Bir goluny şuňa taşlasa bor durubir» diýip öz ýanyndan göwün ýüwürtdi. Şu çaka çenli habar tutmandygy üçin Gulkişiden kim bilýä näçinji gezekdir kine etdi. Haýal etmänem obadaşlarynyň birinden Aşgabada, Gulkişä habar etdi. «Hökman gelsin» diýdi. O gezek Gulkişi gelmedi. Soň ýene-de habar etdi. «Ýeňňeň heläk ýatyr, ölmänkäm görjek diýýär diýiň» diýdi. Şondan soň Gulkişi ýanyna ýedi ýaşlyja agtygynam alyp özüniň bir wagtlarky terk edip giden obasyna iki günlük dolanyp geldi.

* * *

— Gültäç eje, ýüwürjiň geldi!— diýen sese iki büklem halyna düwdenekläp gapydan çykan kempir, gözüniň üstüne ellerini gezek-gezegine kölegeledip» «hany, hany haýsy şuň?!» diýip, işikde duranlaryň hersiniň ýüzüne bir jiňkerilip çykdy. Duranlaryň içinden saýlanyp özüne salam beren sypaýy geýnüwli, çal saçly hortaň kişiniň ýüzüne serede-serede dertli başyny ýaýkap, kemiş-kemiş etdi. Ysgynsyz, inçejik gollaryny ätişgir ýaly edip ýüwürjisine tarap uzatdy. Görüşdi. Sykylan göwresini göterip bilmän syrylyp aşak çekdi. Hasasyny öňüne kese ýatyryp aglady.

— Heý beýlede bir gonman uzak uçmak bormy, Gulkişi! Aý, Gulkişi...

Ol ýene-de aglady. Aglady diýiläýýä-de, bu görgülilerde aglara gözýaş galdymy. Baryp-ha uruş ýyllary bularyň bulagy guramadymy näme? Gözlerini süpürip burunlaryny çekseler agladyklary şol. Gültäç eje-de häzir ýene bir gysym bolup sessiz-sedasyz çiginlerini silkip otyr. Ysgyn-mydar ýok. Gepläre gurbatam ýok. Ýürejiginden syzdyryp aglaýa-aglaýa ylgaşyp gelen goňşy-golamlarynyň ýürek-bagryny gara-suw etdi. Gulkişä bir zatlar diýjek boldy, öýlerini, malyny-başyny

soraşjak boldy. Emma bolmady. Şo-ol, horja ellerini iki ýapa serdi oturdy. Şol wagt Gulkişi ertirden bäri elinden tutup duran agtygyny getirip ýeňňesiniň dyzynyň üstünde oturtdy. Özi ýene-de gaýra çekildi. Gültäç eje: «Wiý, Gulkişi bu seniň agtyjagyňmydy asyl?!» diýip, sorabam bilmedi. Ýöne ogşady. Çaganyň ýakymly ysy, possujak ýaňaklary, ýumşajyk saçy ömürboýy çaga ysyna zar bolan bu kembagt zenanyň lagşan göwresine gurp berdi. Özüni dürsedi. Elipi donunyň ýeňine sokdy-da kagyzly kemput çykaryp çaganyň eline tutdurdy. Şondan soň dili zybana geldi. O duran ýerinden elini öýüne tarap ülňedi.

— Gir, Gulkişi! Ataň ýurdy, agaň ojagy abatja durandyr. Ir-u, giç geläýse eli sowuk kesege degmesin diýip içiniň odunam öçüremok. Ýör, agaň gapysyny öz eliň bilen aç-da, söýesine egnini bir dire! — Ol ýene-de ýüzüni çaga tarap öwürdi. — Şu seniň agtygyňmy, Gulkişi?! Büý-ä tüýs Hümmede meňzäp dur. Ady näme bu köşejigimiň?

— Hümmet.

Gültäç eje bir turjak ýaly etdi-de, ýene-de çökdi oturyberdi. Atasyna gitjek bolup hyýallanan çagany ýaňadandan çekip alyp bagryna basdy.

— Hümmet diýdiňmi? Şeý diýdiň dämi? Şu Hümmetmi şu, Gulkişi?! Wah, adyňdan aýlanaýyn köşejigim!

Horja eller ýene-de titredi. Sandyrady. Çiginler silkindi. Ýygyrt-ýygyrt ýüzüň üstündäki agyz, göz, gaş, hemmesi bile burnuň töweregine üç-dört gezek üýşüp çaşdy. (Ana, şolam bir agladygy şonuň.) Şondan soň ol oturan ýerinden galman töwerekde duranlara ýüzlendi.

— Şu hergiz göwnüme Hümmet geljek ýaly boldy durdy welin bir zady süňňüm syzýan ekeni. Wiý, giriň-ä öýe! Hany ýörüň! Näme daşarda dursuňyz?! Hemmäňizem öýe giriň! Gyýw, Mämmetjuma, şu gün Hümmediň öýünde toý bar diý-de bütin oba habar et! Hümmediň inisi gelipdir diý! Hany, ýörüň! Giriň öýe! Ýa Alla, adyňdan aýlanaýyn!

Ýaňky Mämmetjuma diýlip ady tutulan ýaşuly uly dabara bilen gaýşarylyp töweregindäkilere ýüzlendi. Kellesini silkip gürlände telpeginiň buýralary seçelenip-seçelenip gitdi.

— Ahaw, jemagat! Şu gün Hümmet Şanepes oglunyň öýünde toý bar. Inisi gelipdir. Hemmelere-de eşitdiriň! Baryň, bäş-üç sanyň oba arasyna çakylyga gidiň! Sähetdurdy, sen çekenäň üstüne dep. Meňkidenem

birini alyp gaýt! Bar! Çalt!

Bu obada Hümmediň öýi diýsen: «Haýsy Hümmet ol?» diýjek bolmaz. Hümmet indi kyrk ýyl bäri şu obada ýogam bolsa onuň öýi, işigi, maşgalasy, maly-garasy hemme zady bar. Gültäç eje hiç kime «Gültäjiň öýi» ýa «Gültäjiň towugy» diýdirenok. Okuwçylar mellegini işlemäge gelenlerinde-de, «Hümmet agalara barýas» diýdirýär. Şeý diýmeseler gaty görýä. Şonuň üçinem ýaňky ýaşulynyň «Hümmetlere geliň!» diýenine Gültäç eje monça bolup başyny atdy. Edil elinden çekilen ýaly laňňa ýerinden galdy. Kimdir birinden (uruşdan bolsa gerek) telim ýylky köýüp ýatan aryny alan ýaly ajymtyk ýylgyrdy. Gulkişiniň burnuna bolsa nirelerdendir bir ýerden göz ýaşa ezilen öl keçäniň şorumtyk ysy geldi. Derrewem beýnä ornady.

Şol gün Gültäç ejeleriň, ýok, Hümmet agalaryň öýünde hakyky toý boldy. Hümmediň hatyrasyna Mämmetjuma agadan başga-da işikde söwüşlik mal getirip daňan kän boldy. «Ýigit hatyraly bolsa bir başga-da» diýip, Gültäç eje muňa-da bolubilenini boldy. Ýüwürjisiniň ýanynda burçak-burçak derläp çaý içip oturşyna işigindäki märekä göz aýlap, göwnünde gum basyp ýatan köne armanyny daşyna çykardy.

— Zeýrenýä diýme, Gulkişi. Hyzmata zar boldum. Käte-käte oturyp-turup gol doly märekä hyzmat edesim gelerdi. Meniňem öýümde üýşmeleň bolmazmyka diýip, uzynly gijeleri arzuw edip geçirerdim. Zenany hyzmatdan kesseň bijaý erbet bor ekeni. Ýöne näme, öýüňde erkek bolmasa bolaýýamy o zatlar. «Mydama öýüm adamdan doly, nätjegimi bilemok» diýip, adamsyndan nadyl bolýan zenanlaram bar oba arasynda. Men aýdýan: «Öýüňde direnip duran erkegiň bolsa, girim-çykymyň köp bolsa, hiý, oňa ýetesem bir zat bormy» diýýän. «Şoňa şükür ediň» diýýän. Üstüňden döwran sowulmasyn, Gulkişi. Bir sowulsa soň gaýdyp gelmesi gaty kyn bor ekeni. — Ol çaýyny içip boldy-da, ellerini ýere diräp ýerinden galdy. — Ýa, Alla! Şu gün bir myhmanlara özüm hyzmat edeýin. Ýör, köşek saňa böwrek äbereýin. Aýuw, Sähetdurdy, şu çagajygyma bir täzeje böwrek bersene! — Gültäç eje nirä gitse-de Hümmetjigem ýanyndan goýmady. Şol, elinden tutup aýlandy ýördi. Gelene, gidene-de görkezdi. Guwandy.
— Ine, Gulkişiň agtyjagy şü. Hümmet şü. Hümmede meňzäbem durandyr. Öýdäki suraty bilen deňe-de goräý. Meňzemän nirä gitsin bi. Hümmediň jan ýalyjak inisiniň balasyndan bolan bolsa. Ýör oglum, Hümmet! Ol aýlanyp-öwrülip ýene-de garşy-garşy Gulkişiniň

ýanyna geldi. Gaýta-gaýta ýagdaýlaryny soraşdyrdy. Özem her agzynyň birinden «Waý-waý-waý: waý-waý-waý, hiý şeýle-de bir yzyňa köwlenmän uzak gitmek bolarmy» diýip, üznüksiz, «juk-juklady» oturdy. Içini dökdi.

— Ondan, mundan eşidýän-de menem oturan ýerimde guwanyp otyryn daşyňdan. Kä wagt tilewizirde bir çykýaň. Ulular bilen. Şonda golaýyna baryp: «Gulkişi, näme gelip menden habar tutaňok? Men-ä baryp bilemok, sen näme geleňok?» diýýän welin, sen gaýtam göwnüň bir ýaly aňyryňy bakyp başga biri bilen gepleşip otyrsyň. Şoňa-da hapa bolup oturyn onsoň. Gitjek wagtyň bäriňi bakyp: «Hoş, sag boluň!» diýýäň welin, ana şondan soň birazajyk ynjalýan.

...Myhmanlar dargaşansoňam bu ikisi gürrüň edip köp oturdylar.

— Häk, sen şu derejäňi Hümmedem gören bolsady. Sen özüňden beter begenerdi. Men-ä begenýän. Ýaňky aýdyşym ýaly daşyňdan guwanyp otyryn. Kä wagtam bir ojaga odunjyk oklaýan, sen gersiň diýip. Geljegiň-ä bilýän welin, ýöne Hümmet bilen gersiň diýib-ä ýadymda oýumda-da ýok. Ýöne ýüregim syzýady — Ol birden böwrüni diňledi-de, Gulkişiniň

ýüzüne-de seretmän, pessaý-pessaý gürläp başlady. — Seni näme üçin çagyrandygymy bilýäňmi, Gulkişi? — Gulkişi eginlerini ýygyrdy. Ýylgyran boldy. Näme üçin çagyrylandygyny bilesi gelip içini it ýyrtyp barýan hem bolsa ýeňňesiniň öz dillenerine garaşdy. Gültäç eje edil çaga ýaly kemşerdi. — Şu öýe şunça eýelik etjek boldum welin, meňki bir her dem hyýal ekeni, Gulkişi! Bu öýüň hakyky eýesi men däl ekenim. Men bir garawul ekenim. — Ýene-de horja eller titredi, çiginler silkindi. Bir salym hiç kimden ses çykmady. — Şu ojagyň hakyky eýesi sen. Seniň agaň bosagasy şü. Ataň pahyryň bosagasy. — Garry hopukdy. Tisginip-tisginip dem aldy. — Men indi gitmeli. Hümmediň ýanyna, Kakamyrat janyň ýanyna gitmeli. Şol gitjek-gitjegim. Şu işigi saklap oturşyma hiç elim degmedi. Senem gelmediň, gelmediň. Indem näme, men gidemsoň şu gapy ýapyk bir durmasyn. Sen şunuň bir alajyny et. Mende-hä alaç galmady. Gutardy. Aldandym. Utuldym. Galanam saňa bagly. Ine, meniň-ä uzak ýoldan çagyrdyp saňa bar aýtjagym şü, Gulkişi!

Agasy Hümmediň obada henizem öýüniň bardygyny, onuň içinde gazan atarylyp nahar bişirilýändigini, tüýnüginden gije-gündiz tüsse çykýandygyny, gurnalan dükanyň henizem ýapylmandygyny Gulkişi ine şu wagt, häzir bilip galdy. Bu ojakdan baryp-ha ol haçanlar

el ýuwupdy. Şo-ol, uruşdan gelişin Hümmediň ýerine gelip giden sapary el ýuwupdy. Ol ýeňňe diýeniň pylanyň ýurdy bar eken-ow, diýdirip bilýändirem öýütmändi. «Aýaldyr-da, islese onda bor, islemese munda bor. Äre-de gidip biler. Dogan-garyndaşynyňka-da gidip biler. Garaz ol bir ýerde ýaşamaly bor. Äriniň öýünde oturany bilen ondan ýurt eýesi bolmaz» diýip pikir edipdi. Hut şonuň üçinen «Obada meniň agamam ýok, onuň öýem ýok, hiç hili ilteşigimem ýok» diýen düşünjä eýeripdi. Hut şonuň üçinem oň şunça wagtlap yzyna köwlenmändi. Ine, häzir ýeňňesiniň gaşynda gara dere gark bolup oturşyna welin özüniň bu zenan barada ömürboýy ýalňyş pikirler edip gelendigine düşündi. Öler ýaly utandy. Düzedip bolmajak hata goýberendigi üçin, agasynyň yhlasyny syndyrandygy üçin, ýeňňesiniň ynamyny ödemändigi üçin öz-özüni ýigrendi. Hiç mahal dolanyp gelmejegine gözi ýetse-de, ençeme ýyllardan bäri bir pukara ýigidiň garyp çatmasyny saklap oturan bu beýik zenany nämä deňejegini bilmedi. Onuň boýnundam haýsy lagly, haýsy göwheri, haýsy düri asjagyny bilmedi. Haýsy birini assada kem bolaýjak ýaly bolup göründi. Beýle yhlasy diňe yhlas bilen ödäp bolýar. Onam Gulkişo oňarmady. Professor häzir bu müşt ýaljak bolup oturan

zenanyň öňünde girere deşik gözledi. Gültäç eje bolsa şol birsyhly gürledi oturdy:

— Men indi gurpdan galdym, Gulkişi. Sen gaýrat et-de, şu ojaga bir eýe bol. Gyrgynçylyk getiren urşuň başyma salanlaryna boýun-a bolmadym welin, näme, janam bir tende amanat-da. Onam tabşyrmaly. Haçan getirkä diýip ýoluma gözläp oturandyrlar. Ine, birden men ýola düşäýsem ojaga ot saljag-a ýok. Menden soň bu gapy ýapylsa sen günäkärsiň, Gulkişi. Nätmelidigini özüň bil. Tüweleme şahaň barly. Miwäň köp. Oýlan. O dünýe bu dünýe senden ýalňyz haýyşym şu — hiç kime «Hümmediň ýurdy güçüpdir» diýdirme. Men-ä diýdirmedim. Oba adamlarynyň hemmesem hernä: «Hümmedi düýşümizde görsek, ýüzi-gözi açyk, gaty sagdyn görünýä» diýýäler. «Gyr atly gördük» diýýänem bar. Menem aýdýan: «Atly görünmän näme, yzy abad-a oň. Ine öýünde ertir-agşam ot ýanyp dur, atly-abraýly inisi bar» diýýän. «Howwa, dogry şo» diýýäler bendeler.

Gulkişi agyr alada galdy. Ýerine geçip ýatansoňam ýeňňesiniň öz öňünde goýan çylşyrymly meselesinden baş çykaryp bilmedi. Bu ýere gaýdanda beýle-beýle zatlar onuň ýadyna oýuna düşmese näme? «Syrkaw ýatan bolsa-ha sorap gaýdaryn, ýogalanam bolsa agamyň hatyrasyna aşyny-suwuny bererin» diýip

gaýdypdy. Ýeňňe welin şol bir perdeden tutdy. Kyrk ýyl mundan ozalky hörpünden gopdy oturyberdi görgüli. Şol heňi. Şol bir başky ugran ugry. Arada bolsa tikenekli azaplardan, gamly güzaplardan doly nijem bir ýyllar ýatyr. Ýyllar ony üýtgedip bilmändir. Gulkişi bolsa ol geçen ýyllary tüýdüp-tüýdüp ylyma berdi. Alym boldy. Durmuşyň pelsepesini öwrendi. Kän zatlara akyl ýetirdi. Ýeňňesiniň pelsepesine welin akyl ýetirip bilmedi. «Hümmediň, yzy ýitmesin!» Ine, Gültäç ejäniň bu köýen ömründe ýöreden iň beýik pelsepesi. Iň beýik maksady. Onuň üçin şondan beýik ylym, şondan beýik wezipe ýok.

Gulkişiniň gözüniň öňüne ýene-de Hümmet ikisiniň hor-homsy, aç-suwsuz idenekleşip ýörüşleri, ýetmesi kyn bolan agyr, güzaply günleri geldi. Gyýyldy. Ýüreginiň töründe henize bu güne çenli saklanyp galan doganlyk mähri onuň ýadaw ýüregini mylaýymlyk bilen owkalap goýberdi. Bedeni gowşap, uky basmarlady. Uklady. Şol ýatyşyna ol düýşünde-de agasyny gördi. Hümmet neresse bir ýerlerden-ä haýdap gelýärmişin. Özem jybardan gorkup gara öýüň arkasynda yklap oturan Gulkşiniň başyny sypalap: «Jigim ajykýan-a dälsiň?» diýip gapdalyndan asylgy duran ýantorbasyna elini sokýarmyşyn. Elini çykarýarmyşynam welin onuň

elindäki nan däl-de kiçijik bir guşmyşyn. O-da Hümmet aýasyny açandan uçýar-da ötägidýär. Hümmet neresse: «Bar jigim şony tutup gelsene nan taparys» diýýär welin, Gulkişi asyl gozgananogam. Otyr sortdurylyp. Gulkişi derrew oýandy. Ýeňňesiniň henizem uklap ýatan Hümmetjigiň başyny sypalap oturanyny görüp, «Ýeňňe henizem uklaňokmy?» diýip, çalaja ýylgyrdy. Dikeldi. «Wah, men uruş turaly bäri uklamasam näme — garry üýtgeşik bir zat aýdandyrynam öýtmedi. — Sen bir ýat, Gulkişi! Ýolam ýadadandyr. Men-ä bir şu Hümmet jan aglap turaýmazmyka diýip otyryn. Bir aglap tursa, menem ony höre-köşe etsem. Meýdana çykarsam. Ysgap ysyndan gansam». Göz öňünde gaýmalap ýören ganym urşuň gözüne gazap bilen sereden garrynyň horja elleri ýene-de titredi. Çiginleri silkindi. Gözýaşa ezilen keçäniň birwagtlarky şorumtyk ysy bolsa ýene-de Gulkişiniň kaňşyrawugyny tütedip gitdi. Ömürboýy özüni çaga mährinden mahrum edip ömrüni bir öýde sopbaş özi sermenip geçiren kembagt ýeňňesiniň awuny eline salan bürgüt deýin amanat çaganyň üstünde ganat gerip oturşy ýüregiňi para-para etdi. Özüniň bäş oglundan birini bir şu öýe ýurt eýesi edip beräýmeli ekendigini ol indi bildi. Ýeňňesini, agasynyň mährem ýanýoldaşyny şu çaka

çenli ýat hasaplap gelendigi üçin müň mertebe arman etdi. Pikirlerden ýaňa süňňi gowşap ol ýene-de süýndi. Ýatan ýerinde aga-döne ertir ýeňňesine näme jogap berjekdigi hakynda, durmuşyň salkyn jaýda oturyp okalýan leksiýalardan has çylşyrymlyrakdygy hakynda oýlandy. Gyssandy. Emma özüniň ur-tut näme jogap beräýjegini welin bilmedi. Bu soragy bir özüniň çözüp bilmejegine-de göz ýetirdi. Uzyn gije içini gepletdi. «Ýeňňem-ä: Urşuň salan towky näletini boýnumyza almaly, agaň yzyny ýitirmäli» diýýär. Men bolsam oňa näme jogap berjegimem bilemok. Boýnuňa almazyň bolýamy, jan ýeňňe, diýibem bilemok. Onuň ynamyny syndyrasym gelenok».

Şol wagt Hümmetjik edil Gültäç ejäniň höwes edişi ýaly aglap turdy. Peje ot salyp oturan Gültäç eje: «Wah, sesjagazyňa döneýin jan guzym!» diýdi-de, bir bökende çaganyň ýanyna bardy. Onuň goltugyndan tutup dik oturdy. Ýüzünden, gözünden ogşady. Suw içirdi. Daşarygam äkidip getirdi. Şondan soň çagany alyp törki jaýa geçdi. Heniz endamyndan süýdüň ysy hem oňly gitmedik, eýjejik, possujak çagany goltugyna gysyp heziller edip ýatdy. Özem kimdir biriniň çagasyny däl-de, hut öz adamsy Hümmediň jan ýaly inisi Gulkişiniň agtygyny goltugyna alyp ýatdy. Gültäç eje bu gije

özüni çagaly gelin hasap etdi. Garry göwün howalanyp alyslara gitdi. Turup-turup çaganyň ýüzüne seretdi. Şu çagany ýany bilen getirendigi üçin Gulkişiden müňde bir razy boldy. Onuň ähli gelmediklerini bir demde ak ýürekden bagyşlady. Ukynyň arasynda tamşananda epesli çaganyň agzyna göwsüni tutdurasy geldi. Göwni şony höwes etdi. Ýöne sermene-sermene zat tapmady. Oňa derek öwran-öwran ogşady. «Ýene-de ýekeje gezek aglap turaýbilse ýagşydyr» diýip içinden dileg etdi. Özüniň bir mahallarky ogul bilen äriň arasynda ýaýnap gezen bagtyýar çaglaryny ýatlady. «Kakamyrat jan gezip ýören bolsa şu wagt kyrk bäş dagy ýaşardy çagajygym» diýip pyşyrdady. Birdenem laňňa tirsegine galdy-da, uky-da meýmiräp ýatan Hümmetjigiň özüniň eziz balasy, mähriban perzendi, ýürek ýagy Kakamyrat jan bilen bir almany iki bölen ýaly şeýle meňzeşdigine haýranlar galyp seretdi. Seretdigi saýy hem barha göwni söýünip, hamala biri getiräge-de hut Kakamyrat jany goltugyna salyp giden ýaly, bu durmuşda ol hiç zat ýitirmedik ýaly çöken ýüregi galkyjaklap başlady. Gurplandy. Ganatlandy. Kyrk ýyl bäri dulunda ýata-ýata, indem gugaryp galmaly öýüň içinde peýda bolan ýaş nahaly görüp, ýeňsesini tüňňerdip gapydan çykyp barýan urşuň yzyndan goşa ýumrugyny düwüp haýbat

atdy. Heşelle kakdy. «Hä-ä, utuldyňmy?! Basyldyňmy menden, ganym mekgar?!» diýip gygyrdy. Onuň öýkeläp çykyp gidenini Gulkişä buşlamak üçin hasanaklap baryp daşky jaýyň gapysyndan boýnuny uzatdy. Ýüwürjisiniň uklap ýatanyny görüp, ony turuzmaga dözmedi. Şondan soň onuň süňňi ýeňledi. Göwni ynjaldy. Çep goluny Hümmetjigiň kellesiniň aşagyna goýdy-da sag eliniň barmaklaryny çaganyň ýüpek ýaly ygyp duran şar gara saçlarynyň arasyna sokdy. Çaganyň hoşroý ysyna gark bolup süýji uka gitdi.

Gulkişi ertesi ir oýandy. Turup içki jaýyň gapysyndan boýnuny uzatsa, Hümmetjik atasynyň uzyn gijeläp uç tapman çykan çolaşyk pikirleriniň çözügüdi ýaly bolup Gültäç ejäni iki eli bilenem mäkäm gujaklap, bir enaýy derläpjik ýatan eken. Gültäç eje bolsa uruş ýyllaryndan bäri almadyk ukusyny hut şu gün almagy ýüregine düwen dek, henizem agzyny açyp, çuňňur-çuňňur dem alyp, ukynyň ýat bolan lezzetine melul bolup ýatyrdy. Gulkişi şeýle uzak hem ezýetli azaplara döz gelip şunça ýol geçen garyp ýeňňesine täzelikde bina edilen üýtgeşik bir heýkele seredýän ýaly şo-ol seretdi oturdy. Hümmetjigiň bolup ýatyşy bolsa garrynyň ömür boýy edip gelen arassa yhlasynyň elinjek miwesi ýaly bolup göründi.

Adamzadyň başyndan agyr külpetleri salan uruş ýene-de ýeňildi.

## AKAR ÇEŞME GURAMAZ

Oňa: «Şu toýda bagşam aýtdyryljak däl, dutaram çalynjak däl, o zatlar galdy. Diňlenenok. Märekä indi ine, şular ýöriýä — diýip, howlyň ortarasyndaky owadan halylar, her dürli reňkdäki öçüp-ýanyp duran elektrik çyralary bilen bezelen, nowasy açyk teležkanyň üstüne bir zatlary ýükläp, düşürip, sim çekişip ýören ýaş-ýeleňleri görkezdiler. — Iki günläp göreniň-eşideniň şularyň güpür-tapyry bolar. Başga zat görmersiň».

Olaryň aýdanlaryny tassyklamakçy bolýan ýaly edil şol wagtam ýaňky teležkanyň üstünden aýylganç bir güpürdi, haýsydyr bir gorkunç zadyň jynssyz sesine meňzeş şaňňyldy eşidildi. Yzyndanam nämedir bir zat: «Tak-tak-tak, pak-pak-pak» etdi. Sykylyk ýaly inçeden uzyn sesem Tarlan aganyň o gulagyndan girdi-de, beýnisindäki inçe damarlaryny şarpa-şarpa kesişdirip, ýüzüniň ugruna bu gulagyndan çykyp gitdi. Inini üýşendirdi. Yz ýanyndanam dünýäni ýaňlandyryp barýan güňleç, batly ses eşidildi. «Bir, iki, üç! Üç, iki, bir!» Ýaňky sanawaçlar birnäçe gezek gaýtalanandan

soň bolsa gulagyňy gapyp barýan göçgünli saz, hiç milletiňkä-de degişli bolmadyk gemmik-sümmük aýdymlar başlady. Golaý-goltumda durar ýaly bolmady. Birdenem galmagal tapba ýatdy-da: «Häýt, simi sypdyrdyňyz! Bagşylaryň simi sypdy! Tok kesildi!» diýen ýaly aljyraňňy seslerem çykyberdi. Entegräkdenem: «Boldy-da, boldy» boluşdylar. Gopgun täzeden göterildi. Şondan soň garynlak poşşuk bir pyýada eline mikrofon alyp hemmeleri stoluň başyna çagyrdy. Ýeke-ýekeden söz berdi. Her sözden soňam içdiler. Öňündenem içdiler. Arasynda-da içdiler. Ulurak adam geplese adyny, atasynyň adyny, hatda wezipesine çenli aýtdylar. Galanlaryna bolsa: «Illiň goňşusy... Illiň bile işleýäni, daşkyrak garyndaşy...» diýmek bilen oňaýdylar. «Adamlar! Ine şu ýerde hemmämiziň ýaşulymyz, toý eýesi Illiniň dogan daýysy, ökde sazanda Tarlan aga-da bar. Geliň, şondan bir agyz söz eşideli» diýen welin bolmady. Gitdigiçe-de märekäniň gowry artdy. Başda ýuwaşjadan hümürdeşip oturan myhmanlaryň ýüzleri açylyşdy. Agyzlary gowşaşdy. Düşnüksiz aýdymlara oklanýan pullaryň mukdary kem-kemden köpelip başlady.

Ata-babalaryň sag eli gylyçly, sol kibti galkanly, agyşyp, çapyşyp, çarwadar gezip ýören wagtlaram taşlamadyk

gara dutaryny obadaşlarynyň gel-gel indi hemme tarapy abat, döwletli, döwranly şeýle dok durmuşdakalar keýpihonlyk bilen başlaryndan aýlap urandyklaryna Tarlan aganyň ynanasy gelmedi. Ynanmady asyl. Hiç bolmanda daýysy atly sazanda bolan Illi ýegeniň şeýtjekdigine, toýunda bagşy aýtdyrmajagyna keskelläm ynanyp bilmedi. Agyzdyrygyny çeýneýän at ýaly boş agzyny gäwüşedip tolgunyp oturyşyna Tarlan aga özüniň mähriban atasy, aýdym-sazyň ölemen aşygy, elinden ençeme gowy dutarlar çykan Amandurdy ussanyň baryp-ha çagajykka öz gulagyna guýan sözlerini ýatlady. «Dutaryň kirişleri Türkmeniň ýürek damarlaryndan, süňňi süýeklerinden ýasalandyr, oglum! Mukamlarynyň bolsa her birinde onuň ömürbeýany, ahy-nalasy, beýik ýörişleriň taryhnamasy bardyr. Başyna her hili agyr külpetler, çekmesi kyn bolan sütemli synaglar düşse-de, erkini, azatlygyny, ýurduny, malyny elden giderse-de, gany bilen eýlenip, deri bilen durlanan mukamlaryny, aýdymlaryny, gowy şahyrlarynyň goşgularyny ýitirmäge hiç bir halkyň haky ýokdur. Çünki aýdym-saz diýlen zat ýeke bir şu günki nesliň baýlygy däldir. Ol hem-ä seňkidir, hemem senden öňki ötenleriňkidir. Hemem bolsanym senden soňky geljek näbelli nesliňkidir. Ony öňküsindenem

has owadanlap ogul-gyzlaryňa ýetirmek bolsa seniň mukaddes borjuňdyr. Onsoňam bir zady berk belle: «Haýsy obaň aýdyjy bagşysy, çalyjy sazandasy gutarsa, obada dutaryň sesi galsa onda, şol oba burny gara eşegiň üstünde ters oturyp, düşnüksiz, zenzeleli, ýakymsyz sazlar çalyp harsydünýä Harteçjal gelermiş. Ol seniň ýagşyňam bilmezmiş, ýamanyňam. Toýuňam bilmezmiş, ýasyňam. Şo-ol, depäňde dep kakyp, nagarasyny döwer durarmyş. Erbetlik köpelermiş.» Agyr oýlara batyp oturan Tarlan aga bir gezek özüniň tüýs çagalygyny edip: «Ata, eger Harteçjal bagşylar ýatyrka ýa obada ýok wagtlary bildirmän geläýse näme?» diýip, soranyna çenli ýatlady. Amandurdy ussa şonda loh-loh gülüpdi-de: «Gelibilmez oglum. Sebäbi türkmeniň dutarsyz obasy-ha däl, dutarsyz öýem bolmasa näme. Onsoň oňa nädip Harteçjal gelsin. Eger bardy-geldi geläýse-de, dutaryňy gabyndan çykaryp aýak aldygyna çalybermeli. Gaçar. Zut gaçar. Onuň iň eýmenýän zady dutaryň owazydyr. Ömür boýy geljek bolup dutaryň sesiniň galaryna garaşyp ýörenmiş betpäl deýýus. Öňem bir gezek tas gelen ekeni-de Babagammar pir wagtynda duýup gaýtaraýýypdyr. Nesillerine-de: «Hergiz dutaryňyzy taşlaýmaň. Aýdymlaryňyzy kesäýmäň» diýip tabşyrypdyr. Şondan bärem bu dutar

obasaýyn, öýme-öý, asyrma-asyr, nesilme-nesil geçip gelýändir, oglum. Ine, senem ökde sazanda borsuň. Onsoň öz ogullaryňa, agtyklaryňa öwredersiň. Olaram şeýder. Şeýdibem gider oturar. Onsoň bu golaýlara heý, Harteçjal gelermi?» diýip, agtygynyň arkasyna kakypdy.

Atasynyň aýdyşy ýaly Tarlan aganyň öz-ä hakykatdanam ökde sazanda bolup ýetişdi. Ol hatda urşa gidende-de dutaryny ýany bilen äkidip, ýol boýy ýigitlere söweş mukamlaryny çalyp berdi. Ýöne uruşdan sag eliniň ortaky iki barmagyny aldyryp geldi-de onuň-munuň ýanynda: «Barmaksyz saz çalsaň aýlawda agsak at çapan ýaly bir zat bor. Onuň hezilem bolmaz, mazasam. Märekäň çetinden seredip oturmaga bolsa kararym ýetmez. Ilem kösemäýin, özümem kösenmäýin. Görmäýinem, köýmäýinem» diýdi-de, kolhozyň gum içindäki guýularynyň birine göçdi ötägitdi. Ata pendini ýatlap iki oglunyň birinden birini bir öz ornuny tutar ýaly sazanda etjek bolup şunça jan çekdi welin bolmady. Bir-ä düýbünden dutara imrikmedi. Beýlekisem başda bir öwrenäýjek ýalam etdi-de, soň başga zatlara ulaşdy gidiberdi. Asylam obada dutar oýnaýan azalyp başlady. Ýöne o wagtlar entek köne ýollary kemsiz torç eden kämil bagşylaryň birentegi diri gezip ýörensoň, bir bada bagşynyň azalýany-köpelýäni

bildiribem durmady. Ol biraz soňrak, bagşylar bir çetinden gidip ugranyndan soň bildirdi. Bu ýagdaýy obadan uzakda ýaşasa-da hemmeden öňürti Tarlan aga duýdy. Oňa-muňa-da duýdurdy. Ýöne her gezegem: «Öz ogullaryňa öwretseň bolmyýamy?» diýen soragy eşitdi-de, agzyny berk ýumdy. Ýöne ir-u giç obanyň bagşysyz galaýmagynyň ahmaldygy baradaky pikir welin, oňa ýatsa-tursa ynjalyk bermedi. Edil pikir edişi ýalam boldy. Ahyrsoňunda bütin jelegaý diňe iki bagşa Hally bagşy bilen Baýly köre diräp galdy. Şonuň üçinem ol: «Men bir bilýänjämi ýitirmäýin» diýip, hiç kim ýok wagtlary, ogryn-ogryn, pynhan-pynhan, maýdalma-maýdal çaldy ýördi. Kemterrägem bolsa bolşuna görä, ýagdaýynyň ýetdigine görä köne ýollary arçady. Hemem öz ýürejigini egisdi. Göwnüni aldady. Käte-de bedew atyň şowhunly aýlawy küýseýşi dek, oturyp-oturyp gol doly märekäni, arkan-ýüzin gaýşyp daňdana çenli çeküwli-çeküwli aýdymlar aýdýan belent sesli bagşylary küýsedi. Saz atly şeýle owadan dünýäni taşlap gaýtmaly bolandygy üçin gynandy. Garrylyk basmarladymy ýa halys ýürek ýukaldymy, soňabaka gojada hiç bolman ýene-de ýekeje gezek bir märekäniň içinde ýagyrnysyny derledip saz çalmak, bagşynyň dyzyny penjeläp aýdym diňlemek höwesi peýda boldy-da, oba gidýän ýola

garap oturmanam çykardy. Göwnüne deň-duşlarynyň biri geläge-de: «Tarlan, sen nädip otyrsyň bu ýerde? Ýör ahyry, ol ýerde saňa oglanlar garaşyp otyr» diýäýjek ýaly şo-ol, ýola bakyp emendi oturdy.

Dek düýnüň özünde bolsa şäherden öz ýanyna kanikula gelen on ýaşlyja agtygy Amandurda kakuw öwredip, onuň ýitije ukybyna guwanyp otyrka, obadan ine, şu toýa ýegeni Illiň toýuna çakylykçy bardy-da, onuň näçe wagt bäri edip ýören islegini nap-nagt etdi oturyberdi. Ymgyr çölüň içi bilen suwsap gelýän ýolagçynyň akar çeşmä gözi düşüp howlugyşy ýaly şondan soň ol gijäniň basymrak ötüp ertiriň gelerine-de howlukdy. «Hä, şü-ýä bolaýdy — diýip, daňdana çenli on gezek dagy daş çykdy. Gelibem dik oturdy. Uçjak guş ýaly gobsundy. Uly adam bilen gürleşýän ýaly edip, agtygyna sala saldy. — Dutarymam alaýsammykam-aý? Ýegen-ä «daýym dutaryny alyp gelsin» beýleki diýmändir. Ýa şonda-da alaýsammykam? Bagşylar birden: «Halypa, hany özüň öňüni başlap ber!» diýseler dagy: «Häk, öz dutarym bolaýsady!» diýip, garsynyp oturmagam-a bolmaz. Alaýyn. Gel alaýyn. Belki, oglanlaryň kakuw görjegi bardyr. Ýol öwrenjegi bardyr. Nirä gitjegini bilmän kösenişip ýören ýaş ösdürimler bardyr. Olara nusga bor ýaly bäş-üç saz çalmal-a bor

köne ýollardan. Hä?»

Ol heniz daňam atmanka dutarynyň kirişlerini täzeläp, täze gabyna salyp, çykanda egnine atyp gidiberer ýaly iç işikde burça söýäp goýdy. Agtygynyň ýüzüni-gözüni sypalady. — Senem äkideýin, oglum. Şu wagtdan märeke görüberseň ýüregiň erser. Gowy bor».

Gözüni açyp göreli bäri süňňüne siňip, ganyna ornan höwes, döwür gurap oturan märekeli meýlisiň gaýybana humary bu gün oňa uzak ýoluň azabyny bildirtmedi. Her alaňdan aşanda aňyrsyndan eli dutarly bagşylar çykaýjak ýaly boýnuny süýndürip, üsti açyk köneje «69»-yň ruluny towlap otursyna: «Bä, bagşylaram tapgyr-tapgyr gidip barýar-ow. Biz aklymyzy bilibem-ä telimsi gitdi. Hany Anna bagşy? Hany Çerkez bagşy? Ketde bagşy ýaly sazanda dagy dolanyp şu dünýäň ýüzüne düşmez welin, ine, şo-da gitdi-dä! Dutary ýeňsesinde, boýnunyň üstünde goýubam çalar otyrdy dabyrdadyp. Edil barmaklarynyň gözi bar ýaly. Özem hernä: «Adamlar, beýni bir tylla käsedir. Ony ýüpek ýaglyk bilenem arassalap bolmaz. Ony diňe saz arassalar» diýerdi. Hakyt çyn-da şol. Bilýä-dä zalym — diýip, köne töňňeleri ýatlady. — Gapdalynda joňkarlypjyk oturan agtygyna her bagşyň öz ýoly, öz aýratynlygy barada daljygyp-daljygyp gürrüň berdi.

— Indi Täşli bagşam ýok. Şoňňa jukkuldysam degýädi bir bagşa. «Galkan aldy kuwwatymy, gojaýdym begler gojaýdym» diýip aýdanda dagy aždarha ýaly agzyndan ot syçraberýäd-ä, bende. Bu wagt indi sakaň başynda Hally bagşy bilen Baýly kör oturandyr. Olaram-a döw çykandyrlar, köpeý ogullary! Ýaşlardanam azy ýaranlary bolmagy mümkin. Onçasynam ine barsak göribiris. Oba barylmaýanynadam-a indi on-on bäş ýyl-a bolandyr. Howwa-da, şo-ol, Begjan toý edendäki baryp gaýdanymyz. Kän ýyl geçipdir...»

Ol bu gün şeýle uly höwes, ummasyz hyjuwlar bilen toýhanaň gapysyndan aýak basypdy. Emma...

...Ähli isleg arzuwlary daşa urlan aýna dek çympytrak bolan goja hopugyp ýerinden galdy. Atasynyň sözlerini ýene bir gezek ýatlanda bolsa, bu dutarsyz toý geçirip oturan bagşysyz obaň çetinden Harteçjal eýýäm haçan girip gelýän ýaly howsala bilen töweregine garanjaklady. Ses-üýn alyşar ýaly ýegenini bir çetiräk ýere çagyryp, şu toýuň ýaşulysy hökmünde meseläni çürt-kesik orta goýdy.

— Näme diýsene, ýegen! Sen oglan bolmada derrewjik ulag tapyp Hally bagşy bilen Baýly körüň yzyndan adam iber. Gelsinler. Özüňem ýer taýynla...

Çadyr gur! Adamlara-da eşitdir, bagşy boljak diýip. Birden dagap ötägitmesinler. Hiý, bagşysyzam bir toý bolarmy? Üsti gyzyl-çog kejebeli iner-maýalary taşladyk. Gyzdanam gylykly ülpüldeşip duran ne gözel atlar bilen gelin getirmäni goýduk. Bir galany — bagşylardy. Indi olardanam dynjak bolýaňyzmy? Etdirmen! Şu toýda hiläm bar bolsa-ha şu gün bagşy aýdar. Kim däl diýse-de men özüm jogabyny bererin. Hany bar, kimi ugratsaň ugrat-da, il ogullaryny getirt!

— Wah, indi bagşy aýtdyrjak diýseň gülüşýäler-ä, jan daýy — diýip, Illem müň gep bilen daýysynyň başyny agyrtdy. — Ine, ho-ol arada Atanepes toý etjek wagty «Hally bagşy dagyny aýtdyrjak» diýse ogly: «Şu tok bilen aýdýan bagşylar aýtmasa öýlenjegem däl» diýip çykyp gidiberipdir-ä. Bu ýaşlardan gorkaýmalydyr, daýy. Onsoňam, o-ol seň öňki gören bagşylaryň ýok indi. Kän aýdybilenoklar...

Tarlan agaň süňňüne ýeňiljek galpyldy aralaşdy.

— Aýdybilmez-dä, aýtdyrmasaňyz! Gynynda köp ýatsa kesgir gylyjam poslaýandyr. Kümüş küle öwrülýändir. Aýlaw görmese men diýen bedew atlar toýnak kakyşyny ýitirip gazyklarynda garraşyp gidýändirler. Bagşyny bagşy edýän toýdur, märekedir.

Heý, gyzyl ýaly eller gören ne gözel bagşylaram bir beýdip ölmänkäler jaýlamak bolarmy? Heý, gözbaşyny beýik daglardan alyp gaýdýan akar çeşme-de bir gurarmy? Heý, bagşysyzam bir toý bormy? Bagşysyz ildenem bir il bormy? Beýtseň ýollary çöp basyp, ýodalar ýok bolup gitmezmi? Ýedi müň ýedi ýüz äheňler ýitmezmi? Bu gidişiňize gitseňiz entegräkden Hally bilen Baýla-da zar borsuňyz. Düşdüňmi. Gözläbem tapmarsyňyz. Bir günem bir nazarkerde ogul döräge-de: «Hany bi biziň elýetmez baýlygymyzy haýsy öwrümde taşladyňyz?» diýip ýakaňdan ebşitläp bir tutar welin, şol gün haýsy deşige girjegiňem bilmersiň. Sen näme meni beýle köp nalatdyň, ýegen?! Hä?! Ýa-da bagşy aýtdyrmaň diýip buýruk beren barmy size? Ýok bolsa onda nä ýapyşak ýaly ýapyşyp ýatyrsyň sen bulara? Bar, derrewiň özünde getirt bagşylary. Bu gün sen aýtdyrsaň ertir hemmelerem aýtdyrar. Bar! Tur!

Tarlan aganyň haýbatam, ýalbar-ýakaram, hiç zadam Illä täsir etmedi. Eremedi. «Ýok, daýy. Men ilden çykybiljek däl. Indi hemmelerem toýunda şulary aýtdyrýa» diýip, şol bir depen ýerini depdi durdy. Gaýdanda: «Illi ýegen bir heniz märeke görmedik ýeke ýigitdir. Tutumly toý güni gapdalynda synyny silkip duran ýaşuly gerekdir, geňeşdar gerekdir. Ýogsam sähel

ýerde aljyrap töweregine gözlär durar» diýip gaýdan goja toýuň tutumy, gerimi barada özüne sala salmakdan-a geçen, gaýtam berýän maslahatlaryňam alman durşuny görüp, ýegeninden gaty görjek boldy. Emma syr bildirmedi. «Her näme-de bolsa toý eýesidir» — diýip, onuň dürli taraplaryndan baryp gördi. Eglişigem etdi. — «Bolmasa goý, bu gije-hä bular aýtsyn, ertirem bagşylar aýtsyn. Ýok onam etjek däl diýseň, onda gijäni bölüşeli. Ýarym gijeden soň gezegi bagşylara ber». Illi onam etmedi. Ahyram: «Gel-aý, şu gürrüňleri goýaly-la, daýy. Sen goşulmasyz zada goşulmasana» diýýän ýaly ýüzüni kese-kese sowup başlady. Bir zatlary bahanalabam turup gitdi.

Oba bagşylarynyň ýitip barýan şöhratyny olara dolap bermegi ýüregine berk düwen Tarlan aga şondan soň ulagly oglanlaryň içinden aýdanyny edäýjek birini tapdy-da: — Hally bagşy bilen Baýly köri ýeriň deşiginde bolsalaram şu gije tapyp getir. Öýünde bolsa Jumagulynam alyp gaýt, ýanlarynda saz çalar ýaly. Bar, basym git-de, çalt gel. Tarlan aga iberdi diýseň ýaýdanjagy bolmaz. Bol! — diýip, pert-pert gepledi. Edil şol wagtam dodaklary ullakan, garaýagyz, gartmaç biri ylgaşlap howla girdi-de, Tarlan aganyň deňinden geçip, çetki stollaryň birine ýaplanyp arak içip duran

Illiň ýanyna bardy. Gulagyna bir zatlar diýişdirdi. Illiň ýüzi üýtgedi. Keýpi gaçdy. Şondan soň olaryň ikisem çetki duran maşynlaryň birine kürsäp girdiler-de, obaň gündogar çetine tarap tutdurdylar. Süňňi bir ýakymsyz zady syzan ýaly Tarlan aga bagşylaryň yzyndan gitmek üçin maşynyny gyzdyryp duran oglana: «Hany, azajyk garaş entek sen!» diýdi-de özi ýaňkylaryň giden ýoluna bikararlyk bilen garap başlady. Ýarym sagat ýaly wagt geçensoňam Illi dagy: «Tumarly eje pahyr-a ýurduny täzeläýipdir» diýen sowuk habar bilen ýüzlerini sallaşyp gaýdyp geldiler. Tarlan aga:

— Inim, biziňki bolmady. Derrew maşynyňy yzyna sal. Gitme! Indi bagşy bolmaz! — diýip, ýolagçça gyssanmaç buýruk berdi-de, özi towsup öňe çykdy. — Kim, kim? Tumarly? Şol Amanmyrat pahyryň Tumarlysymy?

Illi çalaja baş atdy. Daýysyna tarap howatyrly garady. Tilkilendi.

— Bolsa-da, hossarlaryndan rugsad-a aldyk. «Aý garry adamdyr gaty göremizok. Arkaýyn toýuňyzy sowuberiň» diýdiler.

Şeýle möhüm iş çykanda-da özüniň öňe tutulmandygy üçin Tarlan aga bu gezek gara çyny bilen gaty gördi. Ýöne mundan artyk goşulman durmaga-

da bogny ysmady. Ol daglara saýa salan garry bürgüt kimin duran ýerinde çalaja yraň atdy-da, sol ganatyny ýegeniniň üstüne gerdi. Sag ganatynam bokurdagyna sygdygyndan «warraýlaşyp» duran aýdymçylara tarap serdi.

— Ýegen! Olar ýaly iş bolan bolsa bulary goýdur. Çalt goýdur! Ýet! Ýet, il duýmanka! Bagşam bolmaz, beýlekem. Aýdymam bolmaz sazam. Basym bol, ýogsam biabraý bolarsyň.

Bu sözlere öňden garaşyp duran ýaly Illi kejirlik bilen syrtyny bir ýana towlady. Ýüzüni eňşedip daýysynyň düýbünden garaşmaýan tarapyndan tutdy.

— I-i, aýtdym-a men ýaňy rugsat alyp geldim diýip. Başga näme gerek?

Tarlan aga ýegeniniň bolşuna bu gezek öňküdenem beter geň galdy. Şu zatlary aýtdyrman etmeli halyna gaýtam aýdylansoňam ikirjiňläp durşuny görüp, diýseň gahary geldi. Her niçik bolsa-da başardygyndan parahat gürlemäge çalyşdy.

— Rugsat sorasaň gowy edipsiň ýegen. Bolmanda-da hiç kim saňa: «Toýuňy kes» ýa «Bagşyňy goýdur» diýmez, özüňden bilmeseň. Başlapsyň, taň edipsiň. Allanäme. Gidibersin şu gidişine. Ýöne aýdym-sazyňy

bir kes! O zatlar hemmäňem başynda bardyr. Özüňe ýakmajak zady ile-de etme. Ýulunmaza gidersiň!

Daýysynyň berkine tutup ugranyna gözi ýeten Illi agzyndan aragyň ysyny aňkadyp durşuna tosaň-tosaň etdi.

— Ýa, daýy, rugsat sorasaň boldugydyr-da näme. «Ediberiň, geçiriberiň, Hudaý işidir, owalda-ahyrda bile gelýän zatlardyr, aýby ýok» diýip özleri aýtdylar ahyry. Gudalary Aşyr aga-da, şo ýerde ekeni. Olam şo gepi aýtdy. Başga näme gerek? Onsoňam men goýdurjak bolsamam ýaşlar etmez bular. Goýdurtmazlar. Ozalam günüme goýman şulary getirden şolar dälmi! Maňa galsa-ha asylam getirjek-gä, bagşy aýtdyrjak — diýip, daýysynyň gowşak damaryny owkalajak boldy.

Tarlan aga oňa: «Sen bagşyny beýlekini bilýän eşek bolsaň...» diýip başlaberjek boldy-da ýene-de, köpüň içinde agzyny ajytmazlyk üçin gaharyny ýuwdup goýberdi.

— Ýegen, başga taky-tukyňy bilemok! Iň soňky gezek aýdýan şuny. Goýdurjakmy ýa ýok?! Sen şunyň gaty gabahat işdir bilseň! O ýerde-hä bir giden märeke ýaka ýyrtyp aglap otyr, siz bolsaňyz... — Tarlan aga birden sesini gataldyp goýberdi. — Näme, garry bolanda

gaýdyp gelýämişinmi? Özümiz-ä şu wagt Täçli bagşy direlip gelse-de, şoňa ýekeje aýdym aýtdyrybiljekgä. Senem ýüzüňe bäş barmak garany çekme ýegen! Ýaňy-ýaňy etmediň aýdylany. Indi-indi etmän dursuň. Nähili zat sen?..

Illi hüňür-hüňür etdi-de, suw ýylanyň suwa siňişi ýaly daýysynyň ýanyndan suwuldy ötägitdi. Onuň gelşiksiz hereketlerine jany ýanam goja hyrçyny dişläp, başyny ýaýkady. Teležkanyň ýanyna bardy. Üstündäkilere sowuk habaryň yşaratlaryny etdi. Saz peselendensoňam:

— Iniler, goýuň! O ýerde bir bende jan beripdir. Beýdip durmak ýagşy däl... — diýip ýuwaşlyk bilen düşündirdi. Sazandalar duran-duran ýerlerinde gurallaryny goýup dim-dik boldular. Hiç kimden sesüýn çykmady. Tarlan aga ýegenininiň agzyna öýkündi.

— Goýmazlar, goýmazlar... Näme goýman? Ine goýdular-ä! Bular nä adam çagasy dälmi? Hemmesem özüňizden. Bar günäni ýaşlaryň üstüne atyp etjegiňizi edip ýörsüňiz! — Ýaşlardan göwni biten goja olaryň ilkagşamdam bäri edip duran ýürege düşgünç heňlerini hem bir demde bagyşlady. Hoşamaýlyk etdi:
— Şeýdiň köşekler, şeýdiň. Goýuň. Bir ýagşy adam

dünýeden ötüpdir. Sylamak gerek. Sylaşyk ýagşy zatdyr.

Gepiniň ýer tutandygy üçin aýagy ýeňlän goja şol ýerden göni Tumarly ejelere tarap tutdurdy. Şunça ýollar geçip, ine, indem bir gysym bolup çiň-arkan ýatan deň-duşy bilen, in soňky gezek hoşlaşdy. Töweregindäkileriň ýüzüne-de seretmän «Aýdym saz-a etdirmeris welin, ýöne toý üçin aýyplaşmarsyňyz- da. Başlanaýypdyr ýogsam toýam yza çekäýsek bolup dur welin» diýip, hamala özi ýörite iberilen ýaly, gara çyny bilen ötünç sorady. Ertir ugradyşmaga geljekdigini aýdybam ýuwaşlyk bilen ýerinden turdy. Ýas ýerden oňly saýlanmanka-da aglaşyp oturan aýallaryň sesleriniň üstüni basyp, obanyň dik depesinde ýaňadandan ýaňlanan güýçli sazyň sesini, zorruk aýdymy eşidip huşy başyndan göterildi. Ýöremäge karary ýetmän: «Bi nä? Bi nä?..» diýip garaňky köçe bilen toýhana tarap ylgaşlamaga başlady. Gelşi ýalam «Has-has» edip aýdymçylaryň alkymyna dykyldy.

— Bu näme etdigiňiz boldy?! Goýuň! Goýuň diýýän men size! Näme diýdim ýaňy men?

Aýdylyp duran aýdym gutarýança-ha oňa barmysyň diýenem bolmady. Soňundanam hüžžük saçly burunlak bir jahyl geldi-de, gözlerini süzüp:

— Biziňk-ä ýaşuly, öň gürleşilgi. Şol bahany biz şu iki günüň içinde ýa aýdym aýdyp halkdan çöplemeli, ýa-da Illiň özünden almaly. Şol puly berseler aýtdyk, aýtmadyk biziň üçin tapawudy ýok. Ýöne Illi: «Ýas ýerden rugsat aldym. Bu gije-de aýdarsyňyz, erte agşamam aýdarsyňyz. «Aýtmasaňyz pul ýok» diýip aýagyny depip dur. Bizem näme, onça puly nädip gidereli. Bular diýip başga ýerdenem galdyk. Ýogsam çakylyk kändem welin...

Tarlan aga gürrüňdeşi gürläp bolýança zordan çydady. Ellerini sandyradyp jübülerini sermendi.

— Näçe manat bermeli size? Hä! Me men bereýin. Ýöne goýuň! Bormy! Aýp bor han ogul, aýp bor. Obaň o çetinde biri ýogalsa-da kyrk güne çenli dutarymyzy gabymyzdan çykarmazdyk. Bu bendäň-ä entek jaýyndan jesedem çykanok. Bar gep pulda bolsa, işi aňsat onuň. Bol aýt näçe bermeli?

— Sen beribilmersiň, ýaşuly ony.

— Näme bermän? Gatam biýrin. Men bir ýat adam däl. Illiň daýysy men. Dogan daýysy. Öz toýum şu meniň. Haýsy Illi diýip sorasaň Tarlanyň ýegeni diýerler häli. Düşdüňmi? Bol aýt! Iki ýüzmi, üç ýüzmi? Bäş ýüzmi? Näçe?! Hä?!

Ýaňky oglan ýakymsyz ýylgyryp yzyna döndi.

Illini tapyň haw, adamlar — Arasynda sazandalara tarap elini galgatdy. — Duruň! Duruň entek çalmaň! Başlamaň! Başlamaň diýýän! Çalmaň! — Bir ýerden ýüzüni sallap Illi geldi. Goja agzyndan ak köpük saçyp, ýegeniniň üstüne gygyrdy: — Ber näme berjek diýen bolsaň şulara! Goýdur seslerini!

Hemişeler guma baranda ak aýranly çanagyň, berre guzyň etiniň başynda arakdan doýup: «Daýy, senden başga hossarym ýokdur, sen öl diýseň ölerin» diýip galgap oturan ýegen oglan indi puly kölegeläp yza tesmäge başlady.

—Ýak, daýy... Nireden alaýyn men onça puly. Öňem-ä özüň bilýäň, juldan çykdym şu toý diýip. Senem ýene bir zat tapýaň oturyberýäň. Men diňe şol puluň üstüni dolmaly. Düşdüň? Şeýdip aýdyp dursalar-a men bermesiz bolaýmagymam ahmal. Aşa köp düşse dagy şeýtelem galaýýa. Onsoňam bu zeýilli zatlar oba arasynda häli-şindi gabat gelip dur. Haýsy birinde nemetjek ýörjek onuň. Arada Sytdyhlar toý edende-de Sähetweli agaň inisi ýogaldy. Şonda-da aýtdyrdydar-a. Hiç kimem hiç zat diýmedi.

Tarlan aga ýetjek derejesine ýetdi.

— Kim aýtdyrsa-da sen aýtdyrmarsyň! Düşdüňmi?!

Illi usullyk bilen daýysynyň ýüzüne geldi.

— Aýtdyrman näme? Aýtdyryn. Men nä ilçe ýokmy? Rugsat aldym, zat etdim...

— Aýtdyrmyň onda?

— ...

— Goýdurmazmyň?

Illi ýöwselledi.

— Goýsalar goýubersinler. Ýöne aýtmasalar şonça puly mugt ýerden men-ä beribiljek-gä. Başlanlary bäri bar aýdanlary iki aýdym. Iki aýdyma iki ýarym müň manat berip men nä... Il-ä gaýtam bäş manat şeýtel galdyrjak bolup... Senem daýy edil meň zyýanyma çapýan ýaly-laý...

— Häk, pul janyňyzy alsyn siziň pedernenäletler diýsänim! — Tarlan aga dişini gyjady.— Ýagşyny-ýamany bilmez ýaly nä döw çaldy size? Süýnüp ýatan öliň mertebesinem satyn almaly boldumy indi sizden? — Ol ýegeniniň iki gözüne garap iň soňky sözüni aýtdy. — Obaň şu ýagdaýynda şunyňy goýdurmajak bolsaň geçdim men senden. Düşdüňmi? Ine gitdim özümem. Beýle nadandygyňy bilen bolsam, asyl-ha öňem gelmezdim. «Daýym bar eken-ow» diýip dolanyp

aýagyňy sekäýme şol Hydyr gezen çöllere. Seň şu masgaraçylygyňy atań-eneň görmän ölenem bir gowy zat bolaýypdyr. Özüňi sylamasaňam obaňy, iliňi, günüňi bir sylasaň bolmadymy? Men seni tanamandyryn, ýegen! Ýegen diýýän men saňa. Emma bilýäňmi sen kim ekeniň? Hä? Sen kim diýsene?.. Senmi?.. Sen... Sen... — Goja düwnükdi. Şol demde-de ýegeninden ömürlik doýdy. Geçdi. Sortdurylyp duran sazandalara tarap täzeden ýüzlenende sesiniň sandyraplar çykyşyny halys aljyran gojanyň özem duýdy. — Iniler! Pulum-a ýok. Ýöne goýnum köp. Näçe diýseňiz goýun bereýin. Goýny kiçiräk görseňiz köşek bereýin, ner bereýin. Maýa bereýin. Işigiňize arwanalar çökereýin. Ýöne zynhar şunyňyzy goýuň! Goýuň! Obany mas-gara etmäň! Gaýrat ediň. Mundan zyýat ynjytmaň meni, ysgyn-mydarym gitdi-i...

Bolmady. Ýerler depip, elewräpler ýalbardy welin bolmady. Töwerekden başga-da iki-ýeke töwella eden boldy. Şonda-da bolmady. Etmediler. Illem etmedi, sazandalaram etmedi. «Ýaşuly bize mal gerek-gä, pul gerek. Onda-da nagt gerek» diýişdiler. Aýtmasalar pulsuz galjakdyklaryna gözleri ymykly ýetensoň bolsa: «Içiňizde heý bulara gep düşündirip biljegiňiz ýokmy, haw, adamlar!» diýip daşlarynda elewräp, perwaz urup

ýören Tarlan aga üns hem bermän, aýak aldyklaryna dep kakyp nagara döwmäge durdular.

Güýçli sazyň gopguny, merhumyň basgylanan mertebesi halys ysgyndan gaçan gojanyň iki çigninden basaga-da injiginden aşagyny ýere sokdy oturyberdi. Çykjak bolup dyzadygysaýam aýaklary aşak gitdi. Göwnüne, Tumarly eje-de tabytdan turup ho-ol, ala-tozan bolşup, böküşip ýören jeňňimaglubanyň içinde tans edip ýören ýaly bolup duýuldy. «Tumarly beýtme, sen bir beýtme ahyry, ýat doganjygym, rahat ýat!» diýip şunça gygyrjak boldy welin, edil gara basandaky ýaly içinden sesem çykmady. Birdenem gözüniň öňünde ýalaňaç eşege ters münüp, gapdallaryndan asylgy süňk-saňklara, güňleç depreklere kakyp şaňňyrdap, waňňyrdap, ýagşyňam bilmän, ýamanyňam bilmän, nejisligiň gara buludyny yzyna tirkäp, obaň içine girip gelýän Harteçjalyň hyýaly keşbi peýda boldy. Özem ol bir seretse-hä ýegeni Illä, bir seretse-de ala-goh bolşup duran sazandalara meňzedi... Takyk haýsyna meňzeýändigini welin bilibilmedi. Tarlan aga agzynyň ysmaýanyna, diliniň öwrülmeýänine seretmezden elem-tas bolup gelýän Harteçjala garap howlukmaç gepledi. «Wah, ýetişmedim-dä! Armanly boldum-da. Sen ýasy gabatlap geldiň... Namart geldiň... Şu gün

meniň dutarymy ellemejegimi bilýäň-dä. Ýasda heň edilmeýänini ine gel-gel senem bilýän ekeniň-ow. Häk, ganym gapyllykda basdyň-da, obaň üstüni» diýip, ahmyr bilen başyny ýaýkady. Içini tutup märekeden çykyp barýan Tumarly ejäniň yzyndan: «Tumarly, sen gaty görmeseň iki heňde gaýtaryn men şuny. Dutarymam ýanymda. A-how, adamlar! Getiriň meniň dutarymy» diýip gygyrasy geldi. Bolmady. Üstesine şol wagt garam küräp başlady. Asmandaky petreşip duran ýyldyzlaryň her biri ullakan gar tozgalaryna öwrüldi-de, ýere tarap başly-barat kelemänläp gaýdyberdiler. Özem şeýle bir gyzgyn welin, edil degen ýerini ýakyp-ýandyryp barýar. Egnine çenli basmarlaberensoň ýaňky gar birdenkä buz ýaly sowady. Salkynjak şemalam öwsen ýaly boldy. Şondan soň Tarlan aga az-kem özüni dürsedi. Bir silkinende üstüne geýdirilip duran gar üýşmegi çar tarapa pytrap, duw-dagyn bolup gitdi. Özlerem ýere düşmän göge tarap göterildiler-de, al asmanda gaýa-gaýa, aýlanyp, öwrülip gelen yzlaryna tarap uçdular ötägitdiler. Hemme zat ýerine geldi. Tupan sowuldy. Tarlan aga: «Ho-op» diýdi-de, usullyk bilen ilk-ä çep aýagyny, soňam sag aýagyny çukurdan çekip çykardy.

...Namysyna deglen obaň agyr derdini göteribilmän, ysytma tutýan ýaly yraň-daraň edip ugran goja «Ýa,

daýy beýtmesene... Otursana... Gitmesene... Ýeke men däl-ä... Nädeýin... Esli pul... Şeýtel...» diýip gapdaly bilen ýantaklap gelýän ýegenine barmysyňam diýmän maşynyny goýan ýerine geldi. Barşy ýalam elini uzadyp dutaryny barlap gördi. Oturan halaýyga ýüzlenip: «A-how adamlar, goý, diýäýiň-ä sizem şolara» diýip iň soňky gezek gygyrasy geldi. Emma bu zatlary hiç kimiňem görmän duran däldigini pähiminde aýlady-da, bir düýrmek bolup maşynyň içine girdi. Geleli bäri çagalar bilen iki ýana okkessirme geçip ýören agtygyny ýanyna çagyrdy. Şol ýerdenem uzyn gijäni derdi-hal aýdyşyp geçirmek üçin sakgaldaşlaryndan biriniň ýanyna gitdi. Bu gije ýas ýerine barmaga bogny ysmady. Ýegeniniň işigindäki goh üçin ilden çekindi.

Ertesi guşluk wagtlary Tumarly eje pahyra don biçip otyrkalar, olaryň deňinden zok çalyp, ala-zenzele bolup geçen gelnalyjyny görende bolsa goja namysdan ýaňa bir ölübilmedi.

...Ol gölegçiler gelensoňam hormat üçin üç-dört sagat dagy düşekde oturdy-da, giç öýlänler boluberende guma tarap ýola düşdi. Gaýdanda uçar guşuň ganatlary kimin galgap gaýdan eginler bu mahal ýüzükden geçiräýmeli gysby göründi. Bar zada bir özi günäkär ýaly goja ýol boýy içini gepletdi. Orta ýoldan

geçiberende bolsa yňranyp gelýän maşyny bir beýik alaňyň üstünde saklady. Howlukman ýere düşdi-de, düýnden bäri yzky oturgyçda ýatan dutaryny emaý bilen eline aldy. Gabyndan çykardy. Ho-ol beýleräk barybam edil elenen ýaly, ygyp ýatan arassa çägäniň üstünde aýbogdaşyny gurup oturdy-da, ýuwaşlyk bilen düzmäne başlady. Birkemsiz düzensoň bolsa dutaryň nepis tarlaryna bitaý barmaklary bilen kakyp goýberdi. Sojap-sojap pyşyrdady: «Ine onda, biziň elimiz däl, Babagammaryň eli!»

Edil şu pursata garaşyp duran dek şol dem asman, zemin we dünýäniň ýeke-täk göwheri bolan tylla gün üçüsi alys gözýetimde garsa gujaklaşdylar. Asuda sährada gumy tirsekläp ine-gana saz diňlemek üçin gökden ýere ýörite düşen dek gider wagty gidibilmän, eňegini çägä diräp, ýalbyrap duran tylla tasyň içinde bolsa, tamdyraň tarlaryny şabram kakyp, oglanlykdan bäri belet güzerleriniň dik depesinden şaglap inip, güsürdäp göterilip ak çägeleri maňlaýyndan dökülýän şor deriň zory bilen goňraýdyp, kümüşsöw, nepis sazlardan yzyny üzmän çalyp oturan Tarlan aganyň ýadaw keşbi elesläp göründi. Ol çaldygysaýy hem düýnden bäri göz öňünde çal tüýlerinden asylgy goňrawlaryny goňňurdadyp, ýalmanyp duran Harteçjal

ähli şakyr-şukurlaryny süýräp, allowarralara tarap gaçmaga başlady. Ol gözden ýitiberende bolsa, gojanyň öl-suw bolan ýagyrnysyny agtygynyň mylaýym demi ýelpäp goýberdi:

— Ata, getir, ýadan bolsaň men çalaýyn!

1933 ý.

## DUZUŇ JEZASY

Ak öýlänler daga tarap ýola düşen ýük maşyny raýon merkezinden çykyberende, gyşyň sowugyny piňine-de alman duran iki sany ýaş gelniň biri elini galdyrdy.

— Ýany adamsyz enteşip ýörmäge çekinenoklaram-aýt!— diýip, rulda oturan hor ýigit ryçagy silkeläp oturşyna gatyrgandy. Duranlaryň deňinden geçibiräk saklandy. — Mün diýilende münäýjeklermikän nätanyş maşyna?

Şofýoryň gapdalynda oturan semiz mehanik (Bular dagdaky guýularyň birine suw çykarýan motor alyp barýardylar) germesatan bolup kabinadan düşüp barşyna, ýaltalyk bilen hümürdedi:

— Biriniň-ä elinde ýaş çagasam bar ekeni. Zerurdyrlar-da, elbetde!

Ol ylgaşlap gelen gelinlerden nirä barýandyklaryny sorady. Olar bolsa ur-tut münüp özüne sorag berdiler.

— «Ýagty ýoluň» kümeçiligine barmazmysyňyz?!

Mehanik näme diýjegini oýlanyp ýetişmänkä kabinadan şofýoryň gaharly sesi eşdildi.

— Üstünden geçýäs, üstünden!

Gelinler: «Şü-ýä bolaýdy-da, bolaýdy» bolşup kabina mündüler. Mehanik sowugam bolsa nowa münmeli boldy. Sygmadylar. Hälki gatyrganan bolup oturan şofýoryň welin güni geldi. Kabinaň içine aýal ysy çaýylandan göwni açylyp dili gijäp başlady.

Şondan soň gürrüň has gyzyşdy Ýol boýy telim gürrüňiň başyny agyrtdylar. Soňabaka gürrüňiň serhedi has giňedi. Çagaly gelin, Akgyz dul bolup çykdy Bir ýylam ýaşaşman ärinden aýrylypdyr. Nämemişin, gabanjaňmyşyn. Muňa bolsa gabansaň bolmyýamyşyn. Gülaýymyň adamsy bolsa häzir goşunda gulluk edip ýör ekeni. Şu wagtam bu ikisi Akgyzlarda myhmançylykda bolupdyrlar-da, indem Gülaýymyň işleýän ýerine, kümeçilige barýan ekenler. Köne joralaryň görüşmänlerine-de iki ýyl dagy bolupdyr.

Garaňky mazaly düşensoň kümeçilige gelip ýetdiler.

Ýanar maşyny Gülaýymlaryň ed-dil işiginde kesertdi.

Şol wagt Begjan «tarp» edip nowadan böküp düşdi. «Gulagymy sowuk aldy» diýip, aýal maşgalalaryň ýanynda ýerliksiz zeýrendi.

Onuň digdenekläp durşuna dözmedik Gülaýym aýgytly gepledi.

— Siz näme, şeýdip gidiberjekmi? — Çaý-suw içiň-de, duz dadyň. Ol henizem gulagyny owkalap duran Begjana seretdi. — Birnemejik ýylynyňda onsoň gidiberiň. — Tanyş bolduk, ýoldaş bolduk. Adamçylykdyr, ötseňiz, geçseňiz sowular ýaly öýi görüp gidiň. Men-ä ýylboýy şu ýerde, oba-da gidemok.

— Erkegi ýok bolsa birhiliräg-ä bor.

Begjan Ýanara garap ýuwaşja gürlese-de muny Gülaýymam eşitdi. Eşitdi-de, oda-köze düşüberdi.

— Wiý, birhilisi bormy onuň? Açyk gapydyr-da, barybermelidir-dä. Barylmyýan, gelinmeýän gapy däldir. Traktorçylaram häli şindi gelip, iýip-içip gidip durandyrlar — diýdi. Özüniň şolar üçin çörek bişirýändiginem aýtdy. — Gaýnymam ýanymda bolýady welin, olam oba gidäýdi-dä. Düşüň, düşüň! Çekinmäň! Türkmençilikde myhman üçin aýal boldy, erkek boldy

tapawudy bolmaz.

Şu sowukda ýyljak pejiň başynda oturyp bir käse gyzgynja çaý içmek höwesi ikisine-de kem ýaramady.

...Demir ojak gübürdäp başlansoň, uly bolmadyk iki otagdan ybarat pessejik pagsa jaý kemsiz ýylady. Kakadylan etden gaýnatma bişýänçä, myhmanlaryň öňüni boş saklamazlyk üçin gelinler duldaky syrçaly küýzeden gowurdak çykaryp eretdiler. Içine ýumurtga hem çakdylar. Öý eýesiniň rugsat bermegi bilen, Ýanar kabinadan bir çüýşe aragam getirdi. Akgyz içki otagda düýrlengi duran sallançagy ýazdyryp çagasyny ýatyrdy. Şondan soň üýşüp nahar iýdiler. Ýigitleriň hersi bir käsäni dolduryp şer suwundan içdiler. Gelinlere hödür etmäge çekindiler. Heniz öz aýalyndan başga zenan bilen garşylaşyp oturyp görmedik Begjan, bir bada aljyrajak ýaly etdi. Bu gelinleriň ýat adamlar bilen arkaýyn döwür gurap oturyşlaryny öz ýanyndan ýokuş gördi. Öz aýalynyň şeýdip ýatlar bilen oturaýsa nähili boljagyny göz öňüne getirende ýüregi sarsdy. Hut aglaýasy geldi. Kem-kemden öwrenişdi. Şerabyň keýpi gowy ýetensoň bolsa, gelinler Begjanyň gözüne düýbünden başgaça göründi.

Ýanar ýene-de käselere arak guýuşdyrdy. Göterjek

wagty janyny barlap görmek üçin, Gülaýyma ýüzlendi.

— Bi, ýat adamlar otyr-ow munuň öýünde diýip saňa... nememi... gep-ä geläýmez-dä herne? Adamlaram how, ýaman erbet bolupdyrlar. Göwni gara bary.

Ýanar bilen göz çeneşip oturan Akgyzam «mys-s» edip Gülaýyma seretdi. Göwnüni giň tutup oturan Gülaýym şol başky durnuklylygy bilen:

— Adamyň işi bolmaz, arkaýyn oturyberiň. Oba adamlary biri-birini gaty gowy tanaýandyr. Kim ak, kim gara bilinýändir. — diýdi. — Arkaýyn iýiň, içiň. Isleseňiz ýatyp gidiň. Gelim-gidimsiz öý bolmaz. Ine iki jaý, birinde ýatyberiň. Siz meniň myhmanym. Size hyzmat etmek bolsa meniň borjum.

Ýatmak meselesi öň çözülendir, Ýanar hemme zady gepleşendir öýdüp oturan Begjanyň bar mazasy gaçdy. Mölerilip Ýanara seretdi. «Ýatyp gidiň!» diýen sözi gulagy bilen eşidip, ýüregine sowuk suw urmak maksady bilen Ýanara sagadyny görkezip, göwünsiz:

— Hany, gymyldamyýasmy? — diýen boldy.

— Ine gymyldaýas-a! — diýip, Ýanar şakyr-şukur käselere arak guýuşdyrdy. Ýoldaşynyň aljyraňňylygyny ýuwmarlady. — Al, onda gymyldaly!

Ýanar boşadan käsesini keçäniň üstünde goýdy-da, gözüni jüýjerdip Akgyza seretdi. Olam muňa seredip gaşlaryny gerdi. Bir meýdan gözleşmeşek oýnaşansoňlar Akgyz Gülaýyma bildirmän: «Howlukmaň, oturyberiň» diýip, ümledi, ýyljyraklady. Ýanara tarap göwsi bilen owsun atdy. Enaýyja diliniň çowy bilen ýokarky dodagyny ýalap goýberdi. Meýiň mesligi bilen yşgyň humary bileleşip başlarda tutuksy bir çal dumany emele getirdi.

Ikinji çüýşedenem içensoňlar ýigitler mazalyja mesirgediler. Gülaýym bir iş bilen daş çykdam welin, pursat arap oturan Akgyz:

— Çagam oýanaýdy öýdýän — diýip, ýeňillik bilen ýerinden galdy. Turjak wagty Ýanaryň süýem barmagyny berk gysdy. Gapa ýetibem çep gaşyny kakyp goýberdi. Ýanaryň ýüregi ersip gitdi. «Wah, häzir!» Salym geçmänkä-de Akgyzyň yzy bilen aňyrky jaýa girdi. Ýarym sagatlap garaňky jaýdan Ýanaryň çaga lak atyşy, çaganyň jykyrdysy we Akgyzyň şelaýyn pyşyrdysy eşdildi durdy. Soň hiç zat eşdilmedi. Daşardan gaýdyp gelen öý eýesi bolsa o jaýdaky bet işi bir bada gümanam etmedi. Arkaýyn Begjan bilen gürleşdi oturdy. Ýagdaýy duýansoň ortadaky çüýşelere ýigrenç bilen seretdi. Başda içişlige rugsat bereni üçin, umuman

bu birtopar gadyrbilmezleri myhman alany üçin ýüz müň puşeýman etdi. Indem gijäniň bir wagty: «Turuň, göteriliň!» diýip, goh edip ili örüzip ýörmäni kyn görüp serimsal bolup oturşyna gözüne ýaş aýlady. Şu ortarada mes bolup özüne göz gypyp oturan myhmanyň girjek wagty «erkegi bolmasa birhiliräk bor» diýip ýaýdanyp durşyny ýatlady. Ýerliksiz ýere açykgöwünlilik edeni üçin öz-özüne gahary geldi. Has beterem içerdäkilere gahary geldi. Iş-işden geçendigini bilensoň bolsa sowukganlylygy saklaýmakdan başga alaç tapmady. Şuny ýatyryp bilse özi ýatman çykmaga kaýyl boldy. Begjanyň yranyp oturşyny görüp: «Ýatmazmyka» diýip pyşyrdady. Gijesi bilen traktorçylar üçin hamyr edip nan ýapmagy ýüregine düwdi. «Goý, irden gyzgynjagy bilen äkitsinler».

— Siz ýatyberiň men häzir size düşek ýazyp bereýin.

Henizem ham-hyýallara gark bolup irkiljiräp oturan ýigit bu sözi eşdip gultundy. Mundan sähelçe wagt ozal ýyljak jaýa, gyzgynjak nahar bilen bir käse çaýa gultunan göwün indi başga zatlara gultundy. Ýene-de sanlyja minutdan özüniň ýyly gujaga düşjekdigine pugta ynandy. Ykbalyndan müň-de bir razy bolup, süzülgi duran gözünem açman uzyn-uzyn gägirdi.

Gijäniň şu mahallary bir del maşgalanyň özi bilen hut ikiçäkdigi üçin, oňa-da bile ýatar ýaly düşek saldyryp oturandygy üçin has-da eseldi. Şerbetli akaryň sakasyndaky mirap ýatdan çykdy. Bu jaýyň pagsalaryny özi goýan dek hojaýynsyrady. Şol wagtam Akgyz girdi-de çyrany sorady. Gülaýymyň içki harasadyndan bihabar gaýtam onam özi bilen deň hasaplap syrtaran boldy. Begjana bakybam bir ýylgyrdy-da, çyrany göterip zut gitdi. Begjan çyra äkidilensoňam garaňkyda gözüni süzüp eslije oturdy. «Geläý bärik» diýlerine garaşdy. Bir işiň boljagyna şübhe galmady. Kellesinde nämäniň «hüňňüldeýänini» welin kes-kelläm bilip bilmedi. Öňünde uçgun görünýän gözleri garaňka birneme öwrenişenden soň bolsa, bäbenekleri bilen Gülaýymy gözledi. Onuň gap-gaçlary ýygnaşdyryp oturandygyny çalarak saýgardy. Düşek salnansoň hemme zada ygtyýar bolandyr öýdüp şol tarapa bat bilen omzady. Gülaýym ala-basgy bolup oturan myhmanyň elinden zordan sypdy. Sojap-sojap dem aldy. Aglasy geldi, ýöne aglamady. Gykylyk galmagalam etmedi. Hiç kimi kömege-de çagyrmady. Ol syçrap ýerinden turdy-da, başyndan tagzymsyz turulan saçagyň ýanyna bardy. Ony, göteräge-de, gütüledip Begjanyň öňüne oklady.

— Duzumy iýdiň-ä işigaýdan! Gözüňi gapmazmy

bi seniň?! — Begjan ilki bilen-ä özüni ullakan bir degirmeniň üstünde aýlanyp oturan ýaly duýdy. «Hyrryň-hyrryň, hyrryň-hyrryň». Birdenem degirmeniň aýlanmasy galdy-da, şuwwuldy peýda boldy. Şondan soň birmeýdan gulagy şaňlady. Yzyndanam hamala uçup ýören ekeni-de ine, birdenem torgaý gonan ýaly usullyk bilen gaýy-yp, ýere gonaýdy. Şeýtdi-de açyldy oturyberdi. Öňki-öňkilik boldy duruberdi. Özüne gelendenem üstünden suw guýlan kesek ýaly eräp, ýere siňdi ötägitdi. Burny öňküsinden garyş-sere dagy uzaldy. Bu görgüsi ýaman indi, şuwagt, açylansoň bildi özüniň serhetden geçenini. Indi billi bu zatlaryň oýun däldigini. özüniň myhmandygy, Gülaýymyň bolsa öý eýesidigi indi ýadyna düşdi. Bu bolan işiň ýeke bir ýalňyşlyk däl-de, azgynçylykdygynam, ullakan jenaýatdygynam indi açyk bildi. Ýöne arman giç bildi. Ol etegine gowurga guýlan ýaly gozganyp bilmän birmeýdan oturdy. Şonda ol özüne-de, Ýanara-da, şu belalara duçar eden çakyr aýazly gyş gijesine-de tükeniksiz nälet okady. Ýandy. Bişdi. Nädeninde ol kenara, öňki päklik kenaryna baryp boljakdygy hakda oýlandy. Ýollarda duman göründi. Ýigidi gam basdy. Özüni öldüräýesi geldi. Oturdygy saýy hem saçakdaky nanyň her bir owuntygy syh-syh bolup, munuň meý-mest bolan günäkär gözlerini

köwläýerli göründi. Ýerinden galyp bilmän oýkanjyrady. Bir zatlar diýen bolup, özüni aklasy geldi. Bolmady. Söz tapylmady. Ötünç soramaga-da dili öwrülmän, zoraýakdan ýerinden galdy. Işige tarap ýöneldi. Bosagadan abraý bilen ätlän aýaklar, çykanda örän agyr ýüki göterip çykmaly boldular. Ol alagaraňkyda ädigini gözlemäge hem howlugyp, gapyny usullyk bilen açdy. Ýegşerilip gapydan çykdy-da, işikde duran maşynyň buz ýaly kabinasyny kynlyk bilen açdy. «Has-has» edip açary gözledi. Tapmady. Ýanara signal berjek bolup hyýallandy. Soň onam gelniň abraýyna zyýan diýip düşündi. Akyl etdi. Özüniň bu ýerde mundan artyk bir pursat hem saklanmaly däldigine-de pugta akyl ýetirdi. Ol oturgyjyň üstündäki galyň güpbüni çekip aldy-da, kabinany emaý bilen ýapdy. Daş işikde ýatan, ýeňsesi ýyrtyk, bitaý, köne galoşy aýagyna ildirdi-de, sowuk şemala döşüni gerip ýola düşdi. Bu wagt onuň her edip, hesip edip beýle masgaraçylygyň bolan ýerinden basymrak daşlaşasy, eger ýeriň ol ujy bar bolsa, baryp şondan özüni ikirjiňlenmän oklaýasy geldi. Gidip barşyna saň-gaty çöňürleriň injiklerini daraw-daraw çyzyşynam, çapgyn daň şemalynyň bokurdagyny ynsapsyzlyk bilen päkiläberişinem duýmady. Ol gün dogýança durman ýol ýöredi. Her näçe ýörese-de,

gütüläp öňüne düşen saçak göz öňünden gitmedi.

Gün dogup adam boýy galyberende, maşynyny şakyrdadyp, Ýanar ýetdi. Onuňam ýüzi pökgerip, gözleri çym-gyzyl bolupdyr. Maşyn gapdalyna gelip duransoňam, güýçli-güýçli gaz berensoňam Begjan aýak çekmedi. Şemalyň ugruna barýan peşmek ýaly ýegdekläp barşyna şo-ol gitdi oturdy. Ýanar has öňe gitdi-de maşyny saklady. Düşdi. Kabinadan Begjanyň ädigini çykaryp öňüne oklady. Begjan sesini-üýnüni çykarman ýere çökdi. Çym gyzyl bolan aýaklaryny owkalaşdyrdy. Howlukman ädigini geýdi. Birdenem hasyr-husur ýerinden turdy-da, gapdalynda sortdurylyp duran Ýanaryň tumşugyna ýelmäp goýberdi. Ýanar şalkyldap ýykylansoňam onuň garnyna münüp ýakasyndan tutdy. Silkeledi.

— Sen, barysyna günäkär! — Ol sesinde baryny edip gygyrdy. — Hemmesi senden boldy. Me-e!!! Al!! Al, hezil et! Gönen! Ýene gerekmi? Gerekmi ýene? Hä? Gerekmi? Senden boldy diýýän men saňa şu masgaraçylyklaryň barysy, dogumlysyran bolup! Häý, seniň, bir...

Ýanar zordan mehanigiň elinden sypyp gaçdy. Güýji pes bolansoň däl-de, hakykatdanam özüniň oňa görä has günäkärräk bolandygy üçin gaçdy. Şol gaçyp

barşyna-da duýdansyz urgudan ätiýaç edip gaýta-gaýta yzyna seretdi. Şumjardy.

— Nädeýin-dä, indi men, boljak iş bolansoň? Öleýinmi?

— Öl! Öl, ölüp bilýän bolsaň! Bol öl! Bol, öl diýýän men saňa!

Gaça-gaça ahyrsoňy Ýanaryňam sabry-karary tükendi. Sakga durdy-da, ýüzüni gök-dalak edip yzyna öwrüldi. Agzyndan gelenini atalap gelýän mehanigiň üstüne süründi. Gözlerini däli öküziň gözi ýaly edip barmagyny çommaltdy.

— Sen öl! özüň öl! Gelme indi golaýma! Gelme diýýän, gelseň öldürin! — Ýanar çaga ýaly aýagy bilen ýer depip janykdy. — Sen özüň idili eşek bolýan bolsaň, azajyk akyllyrak bolaýmaly ekeniň-dä, maňa görä! Näme, sen dek gaýtdyňmy?

Begjan sandyraýan penjelerini gerip barşyna, «Goý, goý! Aýtma-a!» diýip arydan goranýan ýaly ellerini daldalady. Birdenem kükregini ýarara getirip möňňürip goýberdi. Iki dyzynam ýere urup ýer ýumruklap aglady. Agşamdan bäri dykyn alyp duran ýürek, diňe şondan soň birneme köşeşdi. Özüni ýagşy rastlap bolansoň, hol beýleräkde henizem gaharyna bir zatlary samyrdap

sögünip ýören ýoldaşynyň ýüzüne naýynjar bakdy. Berjek soragynyň jogabyndan eýýämden basylýan ýaly ýüzüni eňşetdi.

— Näme diýdi? Gaýtjak wagtyň näme diýdi? Hiý, bir zat diýdimi?

Ýanar ýumruk degen ýerlerini sypalap durşuna öýkenini sowuk howadan ykjam doldurdy. Kükregi boşansoň aşak çökdi. Beriljek jogap has kyn bor-a çemli ol iýen ýumruklary üçin edip duran kinesinem badabat ýadyndan çykardy. Ysgynsyz çöp bilen doň ýeri gorjalap Begjanyň ýüzüne hem seretmän güzap baryny çekip örän kynlyk bilen dillendi.

— Üh-he!.. Neme... O zat... Akgyzyň-a, daň bilen köwşüni öňüne oklady. Bir zatlar diýişdirdi aňşyrmadym. Özüme diýenlerini welin eşitdim. Daş işikde elini göwsünde gowşuryp durşuna: «Bu gapynyň bosagasy pesem bolsa howalasy belentdir. Ojagym horaşaja bolsa-da süňňi arassadyr. Çöregim bitindir. Ötseňiz, geçseňiz geliberiň, myhman-a alaryn» diýdi. Özüň bilýäň menem-ä ýüzüme zat alýan eşek däldirin welin, onuň şol sözleri menem asylyp öläýmeli etdi. Nädip ugranymy, nädip gelenimi hem bilemok. Ýol boýy hem bir ölüp bilmedim. Näbileli beýle boljagyny.

«Düşüň» diýip özelenip duransoň nemeräjikdir öýdäýdik-dä...»

Begjanyň ýene-de: «Ikimiz ýaly haramzadany ölüm näme etsin» diýip, haşgyrasy geldi. Urasy, urulasy, garaz içini egisesi geldi. Emma ýerindenem gozganyp bilmedi. Uzak wagtlap pikir edip oturdy. Örän köp pikir etdi. Pikir etdigi saýy hem bulaşdy. Gara bagrynyň elekler bolup elenýändigini, özüniň agyr, çekmesi kyn bolan bir elhenç jezany çekýändigini duýdy. Ol jezanyň yzasynyň häli-bärde aýrylyp ötägitmejeginem aňdy. Egnindäki güpbüsini sowuk ýere taşlaga-da sowuk çägäniň üstünde gyşardy. Tirsegine söýenip ýatyşyna aýalary bilen kelleçanagyny gysdy. Iňledi.

— Düýnkülerden galan-gaçan-a ýokdur?

Gürrüňiň başga tarapa sowulanyna begenjine Ýanaryň gözleri ýitelip, süňňi ýeňledi. Tasap ýerinden galdy.

— Bolmalydyr. Hä, näme, içjekmi? Içelimi? Getireýinmi?

— Alsana bar bolsa. Kelleler ýarylyp barýa. Gözümem ýere gaçjak. Bar bolsa bir agyz nanam al!

Ýanar kabinadan bir çüýşe arak çykaryp Begjanyň

eline tutdurdy. Özi bolsa iýer ýaly zat almak üçin göwresini ýaňadandan kabina sokdy. Begjan böwrüni diňlap oturşyna çüýşäni açmak üçin, agzyna salyp gapagynyň o ýerinden, bu ýerinden dişledi. Açmanam agzyndan çykardy. Myrryhy tutdy. Çüýşäni gysymlap eýlesine, beýlesine seretdi. Seretdi-seretdi-de, ýerinden turup maşynyň yzyna geçdi. Elindäki çüýşäni bat bilen nowanyň demir burçuna bir ýelmände kül-uşak etdi. Ýüzüni küşşerdip kabinada galan beýleki çüýşänem çykaryp nowa ýelmedi. Aragyň myrtar ysy tämiz howany zer-zaýa etdi. Ýigitleriň ýüregini bulady. Begjan uludan bir demini aldy-da, böküp kabina mündi. Çymgyzyl bolup öňe seredip oturşyna, kükregini hyžyrdadyp Ýanara gygyrdy.

— Sür!!!

Biri-birine ýekeje agyz hem söz gatman sagat ýarym dagy ýol ýöränsoňlar üsti garly belent daglara baryp ýetdiler. Serini duman basan bu daglara siňdikleri saýy, birneme göwünleri açyldy. Gepleşesleri geldi. Nämede bolsa bir bahana tapyp gürrüň gozgamak üçin assyrynlyk bilen biri-birine seredişdiler. «Ähem-ühüm» edip gobsunyşdylar. Agyr ýatlamalaryň ýerini iş aladalary bilen basmarlamak üçin, oturdyljak motor hakynda, onuň öňkä göre has gowy boljakdygy, çünki

munuň daşary ýurtdan getirilendigi hakynda üzlem-saplam gürrüň etdiler. O-da peýda bermedi. Ol gürrüňler bilenem köňüller gamdan doly saplanmady. Oňaýsyz gürrüňler edildigisaýy, gaýtam göwünler barha gubar baglady. Onsoň ýene-de dymdylar. Ýalňyşlyk bilen bolan bu işe ýene bir gezek tüýs ýürekden puşman etdiler. Gynandylar. Begjan şofýoryň gapdalynda daýaw göwresini boş horjun deý iki epläp oturşyna edilen günäniň berjek jezasyndan howpurgap, hyýalynda Gülaýymdan telim ýola üzür ötündi. Ýalbardy. Ýarym gijeden bäri içinden müň gezek gaýtalap diline tüýler bitiren şol bir sözi ýene-de müň birinji gezek gaýtalady: «Men seniň kyýamat eşegiň boldum, Gülaýym!»

Şol dem tebigat hem özüniň emelsiz perzentleriniň gabahat günäleriniň üstüni hiç kim görmänkä örtmegi ýüregine düwen dek asmandan ak gar sepeläp başlady. Ak gar. Owunjak ak gar. Edil elekden elenýän ýaly maýdaja ak gar sepeläp başlady.

1982 ý.

## NAÇAR DOGAN

Özünden gözlüje üç ýaş uly dogany Şyhmyradyň Aşgabatdan şu ýere, hut öz raýonlaryna pagta

ýygymynyň gidişi baradaky respublikan barlag komissiýasynyň arasy bilen gelendigini Sünbül öten agşam telewizorda täzelikler görkezilip durka bilip galdy. Begenjine horja ellerini titredip bir demde iki kese suw içdi. Çagalaryna-da buşlady. «Şyhy daýyňyz gelipdir! Hon-ha Şyhy daýyňyz şol!» diýip demi-demine ýetmän daljykdy. Akly goýalyşan çagalar boýunlaryny süýndürüşip «haýsy-aý, haýsy?» diýişýänçäler ekranda telim kadr çalyşdy. «Şuňňalyda gapdalyňda görünmez» diýip, Sünbül heniz işden gaýdyp gelmedik adamsyny ýatlady. Onuňam telewizorda Şyhmyrady görmegini isledi. Oturara karary ýetmän daş çykyp töweregine seretdi. Ýatmadyk goňşularynyň öýüne baryp Şyhmyradyň öz raýonlaryna barlaga gelendigini, şu habaryň diýseň çyndygyny, çünki hut öz gözleri bilen telewizorda ýaňyja görendigini hopugyp-hopugyp gürrüň berdi. Öňki gezek (mundan iki ýyl öň) gelende-de doganjygynyň öz obalaryna gelibilmän gidendigini ýatlap gynandy. «Bu gezek ol biziň obamyza-da hökman geler, öýe-de geler. Ýöne men ony öýe ýeke çagyrman, ýoldaşlary bilen çagyraryn» diýdi. Ukusy gelip pallaşyp oturan goňşularynyň hersine bir ýumuş buýurdy. «Her gün doganym gelip duranok jan doganlar, ýerli-ýerden kömekleşiň» diýdi. Näme

naharlar bişirjegine çenli aýdyşdyrdy. Çykyp gelýärkä: «Unaşam edäýsemmikäm, Şyhmyradyň oglanka iň gowy görýän nahary unaşdy» diýip pyşyrdady. Bu döwürde myhmana unaş goýulmaýandygyny ýatlabam ikirjiňlendi. Öýüne baransoňam esli wagtlap hümürdedi oturdy. «Barlagçylar ertir hökman biziň oba gelerler. Şu gün «Ýalkymda» bolan bolsalar ertir hökman bize gelerler. Öten ýyl Özbegistandan barlagçylar gelende-de «Ýalkymyň» yz ýany bize gelipdiler».

Içiňi ýakaýyn diýen ýaly Sünbüliň adamsy hem şol gün işden örän giç geldi. Harmana äkiden iki teležka pagtasynyň ikisiniňem çyg diýip yzyna gaýtarylandygyny, şonuň üçinem köpräk eglenmeli bolandygyny aýdyp zeýrendi. Şyhmyradyň gelendigini eşidip bolsa esli wagt sesini çykarman çilim çekip oturdy. Sünbüliň gopup-gopup gürleýşine biliner-bilinmez ýylgyrdy. Ýanýoldaşynyň şatlygyny paýlaşasy, onuň göwnüni göteresi geldi. «Eger wagt tapyp sowulsa men bar-ýok diýme-de hökman bir janly öldürt, başarsaň gije-de ýatymlyk alyp gal!» diýdi. «Sowulsa diýmän näme? — diýip Sünbül äriniň öz dogany hakda gümürtik pikir edişini halaman siltendi. — Heý, şondan şuňa geler-de, Şyhmyrat meňkä sowulman gidermi? Öňki gezekkisine bakma sen oň. O gezek

olaryň hemme barmaly ýerleri, her sagatlary öňünden ölçelip biçilen eken-ä. Adam oglunyň öýüne sowulara ýagdaýy ýok eken-ä o gezek». «Bu gezegem-ä owsaryny başyna orap goýberäýen däldirler» diýäýesi gelse-de, erkek ýarym göwün naçaryň göwnüni ýykmady. «Gelse gaty gowy-da, biz-ä gelse begenýäs» diýdi. Nahardan soň ýene bir çilimi çekibem, ýerine geçdi. Dessine-de uklady. Sünbül welin uklamady. Garaňky jaýda gorsanyp ýatyşyna Aşgabatdan gelen barlagçylaryň haçan, nirä barmalydyklarynyň geňeşini öň özi beren ýaly: «Ertir hökman biziň obamyza gelerler» diýip öz ýanyndan ýene bir gezek tekrarlady. Öwran-öwran doganjygyny nähili garşy aljakdygy barada oýlandy. Arasynda-da alyslarda galan ak ýyllary, doganjygy bilen bir gapydan girip-çykyp ýören ümbilmez ýyllaryny, urşuň we onuň yz ýanyndaky, ençeme ýowuzlyklara gabat gelen galagoply, çagalyk ýyllaryny ýatlady. «Şyhmyrat şo wagtlaram birhili zoňtarrakdy — diýip Sünbül ýatan ýerinde ýylgyrdy. Beýlesine agdaryldy. — Uly işde işlejekdigi şo wagtlaram bildirýädi. Baýarsyrar ýörerdi haçan görseň herrelip. Häk... Ind-ä tüweleme bütin ýurdy sorap otyr. Hut ministriň özünden sähelçe kiçimişin. Ýaňy telewizorda-da ullakan edip diňe şol ikisini görkezdiler-ä. Obamyzyň-a hemmesi görendir.

Şu gije ýygnak bolan bolsady. Onda hemmeler kantura üýşüp Şyhmyrat hakda gürrüň ederdiler. Aýsoltanlar telewizirini oňartdylarmyka? Şol bir gören bolsa ýagşydyr. Şyhmyrat Aşgabatda okap ýörkä-de, şu biçäre göwünlidi şoňa. Birhil-ä bolandyr ýaňy gören bolsa. Görgüli henizem ýanynda Şyhmyradyň adyny tutsaň gyzarýar-a. Arada ogluny öýerende-de çalarak ýatlaşdyk. Hemişe gyzarýady welin şo gezek agardy. Ýa ýaşdanmyka?...» Sünbül indi o çigninden bu çignine ýygy-ýygydan agdarlyp başlady. Ertir dik durup hyzmat etmek üçin birazajyk ymyzganmalydygyny hem ýatlady. Ýöne ýatyp bilmedi. Ýene-de ekrany dolduryp duran Şyhmyrat göz öňüne geldi. Öz-özi ýylgyrdy. «Aýnagözel gören bolsa-ha içi tütändir ýelnine gan ineniň. Baý, görib-ä-ä! Hi-iýh! — Ol içini çekdi-de göz öňünde gaýmalaklap ýören Aýnagözele haýbat atdy. Ýorgandan elini çykaryp barmagyny çommaltdy. — Görübilmeseň gözüň çyksyn! Sen bi dünýäde göwnüň ýetýän adamy barmy? Aýsyz gije asmana bakyp üýr diýseň saňa. Mekejin! Arada-da: «Käsiniň dogany aýda rowanda-da gapysyndan garanok, biri-birine yssysy ýok» diýip maňa kakdyran bolýa. Nämemişin öz dogany her aýda gelip habar tutup durmuşyn: — Sünbül ýorganyň ýüzüne ýapylgy duran burçuny serpip goýberdi. Aýasy

bilen derini süpürdi. — Meň doganym seňki ýaly işsiz däl! Ýurt eýesi! Haçan gelende nä? Gelse bor. Ine, ertir geler welin, görersiň kimiň bigadyrdygyny. Ýany ministrli geler meň doganym. Seňki ýaly üç sany jalataýy tirkäp gelmez! Hm-m!» Ýarym gijeden agyberende Sünbül azajyk ymyzgandy. Düýş hyýaldan arasyny gylça-da üzmedi. Düýşünde-de bir görseň-ä Şyhmyrady garşylap ony nirede oturtjagyny bilmän pelesaň urup ýör, bir görseňem Şyhmyrat bilen ýorga taýhara artlaşyp ygşyldap ýatan, tylla sary bugdaýlygyň arasy bilen goňşy oba, daýylarynyňka gezelenje barýar. Asmanda-da şol, öýden ugranlaryndaky saýrap başlan torgaý guş, henizem galman depelerinde saýrap gidip barýarmyşyn. Edil şol, birwagtlarky ýaly. Ýene bir görseňem ikisi hoşa çöpläp ýörlermi, nämemi?

Ýatsa bir sagat ýatandyr. Ýene-de oýandy. Ertir doganyny görjekdigini ýatlanda ýüregi joşup tas kükregini ýarypdy. Düýşünde-de şony görendigi üçin-ä hasam begendi. Ind-ä hijem ýatasy gelmedi. Çygşyldap daşary çykdy. «Daň ýyldyzyny» gözledi. «Ol-a kerwengyran» — diýip öz-özi pyşyrdady. Kejikdi — «Gerekleseň daňam atmaz!». Daňdanyň çigregi birneme üşediberensoň ýene-de öýe girdi. Şondan soň irkildi.

Sünbül ýaňyja ýatandygyna garamazdan ir bilen turdy-da çagalaryny, adamsyny naharlap işe ugratdy. Onuň özem işe gitmelidi. Ýöne ol bu gün doganyny garşylamaly. Naharyň, nanyň ugruna çykmaly. «Bir ýerden bir okarajyk süzme-de tapaýyn. Birden Şyhmyrat «unaş içjek» diýäýdi-dä. Näme, ýüzüne seretjek oturjakmy onsoň şo wagt? Ýok, ol bolmaz. Ätiýaçdan hemmesini taýýar edi-ipjik goýaýyn. «Häh» diýeňde «mäh» bolaýar ýaly». Ol şu oýlara gümra bolup barşyna göni brigadiriň bosagasyndan ätledi. Brigadir Sünbüli görenden ýyljyraklady:

— Doganyňy gördüňmi agşam telewizirde?

Ine! Ine! Ine, Sünbüliň bar zatdan beter isleýän zady. Guwanjy. Buýsanjy. Şeýdip baran ýerinde doganjygynyň gürrüňini etseler, şony öwseler muňa başga zat näm-ä gerek? Sünbüliň dogany iliň dogany ýaly diňe bir öz obasynda tanalýan doganlardan däl. Giden bir ýurda belli dogan. Şolar ýaly tanymal doganyň bolsa ine, şu ekinçiligiň içinde zähmet çekip ýören, kätmen urup çil çekip ýören, zähmetkeş, gujurly, ýönekeý bir daýhan uýasy bar. Ine, esasy bilinmeli zat näme!! Sünbül her gün, her sagat, her bir öýde öz doganynyň gürrüňiniň edilmegini isleýär. «Tüweleme, Sünbüliň dogany zor!» diýseler muňa şol bes. Onsoňam näme, obada indi

ýetişip gelýän ýaş ösdürimler bar. Goý, olaram Aşgabat ýaly ýerde ministrligiň iň uly wezipeleriniň birinde öz obadaşlarynyň işleýändigini, onuňam hut Sünbüliň doganydygyny bilip goýsunlar.

Brigadiriň ýaňky sözi hem Sünbüliň başyny göge ýetirdi. Sabanyň bu sergin çagynda onuň guş boluplar uçasy geldi. Doganyny garşylamaga taýýarlyk görer ýaly rugsat sorady. Brigadir ýene-de başdakysy ýaly keýplije ýylgyrdy.

— Bu gün geljeklerini näbilýäň bu ýere?

Sünbül gümansyz gürledi:

— Şu gün şolar hökman şu ýere gelmeli. Ho-ol, öňňil Özbegistandan geldiler-ä... — Ol birden pessaýlady. Hasabynyň ýalňyş çykaýmagyndan gorkdy. Ozaldanam ejizläp suwa dönen ýüregi gyýym-gyýym boldy. — Näme bu gün gelenoklarmy? Ertir gelýälermi? Ýa gelmän gidýälermi?

Sünbüliň çaga ýaly aglap goýberäýmeginden ätiýaç eden brigadir ädigini geýip oturşyna çalt-çalt gepledi.

— Gelýäler, gelýäler. Gorkma! Şu gün bize gelýäler. Eýýäm habar berdiler. Ýöne sen entek rugsat sorama. Işiňe git. Olar seňkä gelselerem agşamlyk gelerler.

Öýlän gaýdyber. Bizem kömekleşeris. Sen hiç darykma.

Sünbül welin doganynyň her gün gelip durmaýandygyny, şonuň üçinem ony gaty göwnejaý garşy almalydygyny aýdyp şol özelendi durdy.

— Goý, ministrlerem bilsinler obada Şyhmyradyň gaty gadyr-gymmatly uýasynyň bardygyny. Bilseler gowy bor. Onsoňam Şyhmyradyň oba gelmeýänine buw-w, baryp näçe ýyl boldy. Kän ýyl boldy. Obada bolsa ölen bar, ýiten bar, ogul öýeren gyz çykaran bar. Olara-da aýlanmaly bor-a! Irräk barmasa bolmaz. Men bir kemhyzmat bolmaýyn. Göwnümdäkijäni edeýin. Rugsat ber, dogan!

Brigadir ahyry oňa rugsat berdi. Sünbül öýüne geldide ilki bilen-ä hamyr etdi. Süýt tapyp hamyra süýdem goşdy. «Iýileni iýiler, iýilmedigini Şyhmyrat äkider ýany bilen. Süýtli nan gowudyr, çagalary hezil eder» diýdi. Hamyry alýança işiklerindäki goýnuň birini soýdurar ýaly adam tapyp geldi. Naharam atardy. Hemme işlerini bir ýüzli edensoň, süýr günortanlar gumak ýol bilen güne jyzyrdap düşelgä tarap ugrady. Obadan çykýança howlugyp ýüregi agzyndan çykara geldi. Uly ýabyň köprüsinden geçensoň bolsa ylgaşlady. Ýol pes. Iki tarapam giden hyşalyk. Adam görjek gümany

ýok. Ylgabermeli. Gijä galsa doganyny başga biri elinden alyp gidiberjek ýaly ol soňabaka hasam gaty ylgap başlady. Şyhmyrat dagy häzir hökman düşelgede bolmalydylar. Ony naçar ýüregi duýa-duýa gelýär. Başga hili bolmagy mümkin däl. Düşelgä golaýlaşdygy saýy Sünbüliň ýüregi hasam gürsüldäp, damagy hem gurap başlady. «Wiý, ine ýap bar-a gapdalymda!» Ol şunça suwsap gelşine özem geň galyp, güzerden suw içdi. Şonda-da bokurdagyna öl degene meňzemedi. Düşelgäniň töweregindäki üýşmeleňi, maşynlary görüp öňküdenem beter aljyrady. Şol-ol, duran ýat adamlaryň içinde ine, şu Sünbüliň, ýönekeýje oba zenanynyň telim ýyl bäri görmedik, dar garynda depişen, emjek çekişen mähriban doganjygy Şyhmyrat bolmaly. Munuň şu tebsiräp baryşy şonuň üçin-dä. Soňabaka Sünbül aýaklarynyň nähili ädilýäninem duýmady. Bir seretse-hä geregindenem artyk çalt ýöräp, şowlap barýan ýaly, bir seretse-de aýaklary ädilmeýän ýaly bolup duýuldy. Ine-de ol düşelgäniň pessejik haýatyndan ätledi. Iki ädim beýleräkdäki gädikden giräýmeli welin, belki, gören däldir-dä. Sünbül duranlaryň içinden doganjygyny gözledi. Şyhmyrady. Dogrusy Şyhmyradyň özi möjek ýaly bolup uýasynyň gapdalyndan çykaga-da: «Sünbül, bu senmiň, gurgunmysyň, ýegenlerem gurgunmy,

özümem-ä barjak bolup durdum!» diýäýmeli welin, görünäýenok-da zalym! Sünbüliň hyýalyny aňan ýaly edil şol wagtam gapdaldan biri: «Sünbül!» diýip gygyrdy. Sünbül maňlaýyndan şagga inen deri süpürmäge hem rogwaty bolman beýlesine öwrülende gapanyň başynda duran brigadiriň özüni çagyrýanyny gördi. Dodagyny dişläp gyssagara aýagyna ildirip gaýdan köneje köwşüni «şap-şap» etdirip brigadiriň ýanyna bardy. «Hany, meniň doganym Şyhmyrat nirede?» diýen manyda, beýlekilere bildirmän ellerini kelteden serdi. Brigadir ýuwaşja hümürdedi: «Şyhmyrat dagy şu wagt Orazdurdynyň pagtasyna aýlanyp ýörler. Öýlän şu ýere geljekler. Men oňa hökman aýdaryn. Sen bar-da arkaýyn biş-düşüň bilen boluber» diýdi. Sünbül haýatdan yzyna ätläp barşyna: «Wah, zatlarym taýyn-la — diýip ysgynsyzja seslendi. Geçibem yzyna gaňryldy. Üm bilen brigadiri ýanyna çagyryp pyşyrdady. Aňyrky duranlara garap ümzügini atdy. — Hemmesinem eltgin, hoşmy. Ýoldaşlarynam alyp barsyn. Zadym kän. Iki gazan dagy atardym. Palowam etjek». Ol: «Aşam kesip goýdum» diýmäge çekinip yzyna öwrüldi. Gelendäkisi ýaly çalt, ýöne öňkä görä rahat, durnukly ädimler bilen oba gitdi. Indi onuň süňňi ýeňläp, göwrümi giňän ýaly, ýaňky aljyraňňylyk el bilen aýrylan ýaly boldy. Agşama çenli ol

başga-da dürli-dümen naharlar bişirip, ýoldaşlary bilen bile myhmançylyga geljek doganyna garaşdy. «Daýyň gelende öňünden çykyp salamlaşgynyň!» diýip, uluja ogly işden gelen badyna öwran-öwran el kesip sargady. Halys degnasyna degensoň olam: «Tanamasam näm-aý diýip zoňtaryldy durdy. Ýaga depjek ýaly kyn gördi. «Yňdarmalygy dagy tüýs daýysy-da — diýip Sünbül daýysyna meňzäni üçin ogluna guwandy. — Men özüm görkezerin. Görseňem bilersiň-le. Aralarynda şondan daýawy ýokduram».

Agşama çenli Sünbülleriň öýüniň töweregi toýhana öwrüldi. Sünbüliň özi bolsa bir girdi, bir çykdy, bir çykdy, bir girdi. Zol-zolam ýola seretdi: «Bulam geläýmez indi şuňňaly ýerde» diýip, ýene-de adamsyny ýatlap gyssandy.

Garaňky gatlyşmanka ilerki köprüden başlygyň münýän maşynyna meňzeş, ýöne oňa görä täzeräk bir maşyn geçdi-de, göni obanyň gyrasy bilen aýlanyp bärik gaýtdy. Gelibem Sünbüllere sowuldy. Sünbül gyssagara Aýsoltany ýatlady. Onuňam häzir şu ýerde bolmagyny, Şyhmyradyň gelip maşyndan düşüşini, oturşyny onuňam görmegini isledi. Oňa çenli maşynam gapa gelip saklandy. Sünbül nätjegini bilmän iki ýana urundy. Öýe girjeginem bilmedi, maşyna tarap ylgajagynam.

Elbetde, maşyna tarap ylgamaly. Ýeri, gapynyň agzynda doganyň maşyndan düşjek bolup durka öýde nä körüň bar diýsene. Ol adamlaryň arasynda pyrlanyp ýörşüne ahyry togtady. Bir zatlar diýip pyşyrdady. Aljyrap ogluna seretdi, emma oglundanam tamasy çykmady. Dur tanamadyksyrap. Baryp «salawmaleýkim daýy» diýäge-de alkymyna dolaýmaly welin, dur-da!

Maşyndan ilki bilen-ä brigadir, soňam Sünbüliň dogany, söýegi, on bir ýyllap didaryna zar bolan mähriban agasy Şyhmyrat düşdi. Şofýor düşmedi. Aljyrap duran Sünbül birden-kä atylyp gitdi-de, baryp doganjygynyň boýnuna zyňdy. Ýüzüniň ugruna-da aglady. Köpçüligiň içinde beýdip görüşibilerin öýdüp Sünbüliň hyýalynda-da ýokdy. Nädip görüşjekdigi, özüni nähili alyp barjakdygy hakda öten agşam uzynly gije ýatman pikir edende hem edil beýdäýerin öýütmändi. Nätsin-dä, durup bilmedi-dä. Ol öz göwnüne ogluny görüşdirjekdi, beýleki etjekdi, özi ýöne Şyhmyradyň çignine kakyp oňaýjakdy. Emma ol bolmady. Bolmajagy görnüp dur-a. Zyňdy honha boýnuna. Durup bilmänem aglady. Yzyndanam güldi. Diňe şondan soň Şyhmyrada: «Gir dogan, öýe bir gir — diýip sojady. — Hany ýoldaşlaryňy getirmediňmi? Getirmeli ekeniň-dä. Getirseň bolmyýamy? — Ol dag

ýaly bolup duran doganynyň daşyndan pyr-pyr aýlandy. Obadaşlaryna-da: — Hany, giriň! Hemmäňizem giriň! — diýdi. Ellerini serdi. — Ýa daşary gowy bormuka?» Aýlanyp öwrülibem zol-zol Şyhmyradyň içerilerini, çagalaryny soraşdyrdy. «Girsene öýe!» diýip gyssady.

Şyhmyrat howlukman obadaşlary bilen ýeke-ýeke görüşip çykdy. Saglyk, amanlyk soraşdy. Iş hakda, güzeran hakda ony muny soraşdyrdy. Sünbüliň «Gir dogan öýe» diýip telim gezek gaýtalan zaryn sözüne bir söz bilen: «Men häzir gitmeli. Sünbül sen gaty görme jigim!» diýip ýuwaşja jogap berdi. «Gitmeli? O nähili gitmeli? Nirä gitmeli? — Sünbüliň depesinden ýekedaban bilen ýelmenen ýaly boldy. Ýüzem gara-ört boldy. Öňküdenem beter tolgunyp başlady. — Nirä gitmeli?! Gitmeli? O nähili gitmeli? Nire gitmeli? Gitmeli?» — Sünbüliň erbet aljyranyny görüp oňa halys dözmedik brigadir Şyhmyradyň ýanyna baryp çekine-çekine:

— Nahar iýip gidäýiň, görgüli ertirden bäri hysyrdanyp ýör — diýdi.

Şyhmyrat daşarda ýazylan düşegiň ortarasynda duran saçagy emaý bilen açdy-da, bir döwüm nany döwüp agzyna saldy. Çalarak çeýnedi-de ýuwdup goýberdi.

Suwa salnan guş ýaly ganatlaryny sallap, süllerip duran Sünbüliň ýanyna geldi-de öňküsindenem pessaý ses bilen:

— Agşam onda raýona barmaly. Hökman baraýmaly. Ýygnak boljak. Şu wagtam zordan sypyp gaýtdym. Gitmänkäm gelip bilsem gelerin, sag oturyň» — diýdi.

Bir gitse onuň gaýdyp geljegine ynanmaýan ýaly Sünbüliň dodaklary çalaja gymyldady. Näme diýenini welin özem aňşyrmady. Soň gapdalynda duranlardan sagadyň näçedigini sorady. «Sekiz» diýdiler. Sünbül ýene-de doganyna tarap owsundy.

— Onda ona çenli oturaý. Dokuza çenli oturaý. Bir otur-da naharyň duzuny dat. Onsoň gidiber.

Brigadirem näme bolsa şol bolsuna saldy-da, ýene bir gezek töwella etdi.

— Bolmasa beýlekilerem alyp geläýsinler?!

Şyhmyrat şunça syr bildirmejek bolsa-da ynjany ýüzünden bildirdi. Azajyk üýtgedi. Brigadiriň ýüzüne gyýa-gyýa bakdy. Brigadir bir çete çekildi-de çommaldy oturyberdi. Gaýdyp goşuljagam bolmady. Sünbüliň gözgyny ýagdaýyny görmejek bolup aşak bakdy. Şyhmyrat düşendäkisine görä birneme oňaýsyzlyk bilen

maşyna mündi. Kabinadan kellesini çykaryp Sünbüle ýüzlendi.

— Näme kemiň bolsa habar edäýgin. Çekinme!

Sünbül ogurlykda tutulan dek kibtini gysyp durşuna «Gara dogan sag bol» diýibem bilmedi. Ol bolsa muňa: «Kem zadyň bolsa aýdaý» diýýär. Sünbüliň kem zady barmy näme? Onuň bar kemi şol ýeke-täk, mähriban, ýalňyz doganynyň yssy mähri. Ýekeje ýyly sözi. Doganynyň ötende, geçende: «Otyrmyň uýam?!» diýip, halyny sorap gelip öz gapysyndan garamagy, ýekeje käse çaý içip, bir pursatjyk dyz epip gitmegi. Pylanynyň tüweleme, ner ýaly dogany bar ekeni diýilmegi. Ine onuň bar kemi. Başga kemçilik nämişlesin, onda! Maşyn ugrandan soň obadaşlar ýüzlerini sallaşyp gitmek bilen boldular. Emma brigadir olary goýbermedi. Hiç kimde-de bir oturarlyk keýp galmadygam bolsa bu kyn pursatda Sünbüliň daşyny çolartmazlyk üçin göwünli-göwünsiz daşardaky sekiniň üstüne geçip oturdylar. Iýdiler, içdiler. Kem-kemden hemmeleri ýene-de öňküsi ýaly şatlyk gurşap aldy. Sünbüliň welin synan göwni gamdan saplanyp bilmedi. Töwerekdäki şagalaňa seretmezden onuň gussasy barha artdy. «Haý seni gaty gynandyraýdym öýdýän» diýäge-de, Şyhmyrat dolanyp geläýjek ýaly ýaňky maşynyň giden tarapyna

seretdi durdy. Gelmejegine gözi ýetensoň bolsa ýaňky gelip giden epeý adamyň öz doganydygy üçin bu duran halaýykdan utandy. Içinden öwran-öwran: «Gelmän giden bolsa gowy bordy» — diýip hamsykdy. Muny eşiden ýaly brigadir kynlyk bilen ýerinden galdy-da: «Oňa-ha men günäkär Sünbül! — diýdi. — Halys «Wagtym ýok» diýip duransoň, hiç bolman görüp bir gaýt, ýaňy işdenem ýaraman gitdi diýäýdim-dä! Sünbül ýaňky sözi içinden däl-de, daşyndan aýdandygyny indi bilip galdy. Myhmanlaram şol, sözi gaýdýançalar telim ýola gaýtaladylar. Iň soňunda-da «Adamçylykdyr, agaç ata mündürilip, gelmez ýola gönderilen güni «Wa-aý, ýeke dogan!» diýip ýaka ýyrtyp aglar ýaly bir ejiz naçar Şyhmyradyň özünedem-ä gerekdir. Şol kemini onuň özi duýanokmyka?» diýişdiler. Sünbül myhmanlar gidensoň tama ýapyşyp zordan öýe girdi. Düşegem oklamady-da, ortarada bili döwülen mar ýaly güýlündy ýatyberdi. Özem Şyhmyradyň gelip gidenini ne Aýsoltanyň, ne-de Aýnagözeliň hiç haýsynyňam eşitmezligini, bilmezligini isledi. Nämüçindir onuň häzir baraga-da Aýsoltan bilen bile gujaklaşyp, söýenişip aglasy geldi. Oba arasynda öz doganynyň gürrüňini edilerinden çekindi. Dag ýaly doganyň arkasyndan gaýgysyz ýaýran gerdenler indi hepbik ýaly gysyldy. Ol şu güne çenli diňe erkek doganlar

namysa galýandyr öýderdi. Ýöne şu gün welin ol, erkek doganyňam uýasyna namys getirip biljekdigine ymykly gez ýetirdi. Şu günden şu ýana Şyhmyrat hakynda ediljek garamtyl gürrüňler ýadyna düşüp hasam hapa boldy. Urşa gidip gelmedik kakasyny, mundan öň bir ýyl öň ýogalan ejesini ýatlady. Başyny büräp aglady. Gaty kän aglady. Uzakly gün mähriban doganynyň ýoluna bakyp ýadan gözler, indi aglamakdan ýaňa çişdi gitdi. Gijäniň bir wagtlary süýrenip ýerinden galdy-da beýleki otagyň gapysyndan seretdi. Setirlenişip ýatan çagalaryny, ýolbars kimin arlap ýatan adamsyny görüp göwrümi giňedi. Adamsynyň başujunda oturyp oňa uzak wagtlap seretdi. Seretdi seretdi-de, çyg çaýylan gözlerini sylyp, ýerinden turdy. Öýi dolduryp ýatan hossarlaryna ýene bir gezek gözüni gezdirdi-de usullyk bilen daş çykdy. Gara mahmal dek ýumşak, arassa asmana bakdy. Balkyldaşyp duran päkize ýyldyzlara, durmuş ýoly deý öwrüm ýasap gözýetimde ýitip gidýän akmaýanyň ak ýoluna gözi düşende bolsa kalby hasam giňedi. Onda-munda ir ören horazlaryň sesleri eşidildi. «Indi bir wagtky horazlaram galmandyr — diýip, ýadaw halyna ýok zatlaryň pikirini etdi. — Öňler kepbe ýaly daýaw, gyzyl horazlar bordy obaň içinde ýaýkanyşyp ýören. Indi ýok şolar. Gutarypdyr. Iňkibatyr diýip

bir bela çykdy. Agy-garany saýgardanok. Biri-birini çokalaşyp ýörler». Ol (üstüne sürnüp gelýän bolgusyz pikirlerden gaçyp ýaňadandan öýe girende, adamsynyň aýak uçda çilim çekip oturanyny görüp begendi. Ony görenden ýüreginiň gyrasyndaky kebir baglap duran şor gamlar eräp aýryldy. Sünbül ýeňillik bilen gondyda ärinden: «Çaý içjekmi?» diýip sorady. Jogabada garaşman peje ot saldy. Kitiri atardy. Gübürdäp duran pejiň gapagyndan düşýän gyzgylt şöhle onuň güne ýanan, horaşaja ýüzüni hasam hor, ejirli görkezdi. Ol özüniň söýenere, daýanara, gyssanan wagty gam-gussasyny deň paýlaşara ýeke-täk hossarynyň ine, şu — gije gündiz zähmet çekip, der döküp, hojalyk üçin hars urup ýören dymma pyýadadygyny şunça ýaşaşybam ýaňy bilen dek oňa ogryn-ogryn seretdi. Alagaraňkylykdan, äriniň äwmezekliginden peýdalanyp hasam uzak seretdi. Birdenem ýüreginiň töweregi süýjäp gitdi. Ol adamsynyň Şyhmyrat hakynda hiç bir zat soramazlygyny isledi. O-da sorabam durmady. Çilimini çekip bolansoň birmeýdan gark urup üsgürdi-de gara ýagly penjegini ýelbegeý atynyp daş çykdy. Hasanaklap gelen goňur gaýyňa ýuwaşja: «Ýit, ýok bol!» diýdi-de, beýleräkde basylgy duran ullakan kädiniň aňyrsyna geçip duwlandy. Kowulanyny ýüzüne almadyk item

seňkildäp şo tarapa gitdi.

Ýekebara gygyryşýan horazlaryň sanynyň köpelmegi bilen, traktorlaryň tarryldysy, maşynlaryň güwwüldisi hem köpelip başlady. Ene süýdi dek arassa ak säher al şapaga ornuny berip ýetişmänkä bolsa obanyň içi eýýäm durşuna ibirt-de-zibirtlige öwrüldi. Iş güni başlandy.

1983 ý.

## GÜMAN

Özüniň belent ruhuny, alçaklygyny, tüýs bir märekesöýen, şahandaz, şoh ýigitlere mahsus bolan bälçikligini zabun urşa-da, şol urşuň öz başyndan inderen batyllyk belasyna-da, gojalygyň ýeri gyratlap gelen çalymtyl, çyg dumanyna-da basmarlatmadyk Döwletýar pälwan şol günem edil hemişekileri ýaly gapysynyň agzyndaky goja talyň astynda, ýumşak düşegiň üstünde aýbogdaşyny gurup oturan ýerinden: «Kimsiň haw, sen?! Pylany?! Bi senmidiň asyl?! Näme, tanytman geçäýerin öýtdüňmi? Gel-ä bir takyrdaşal-a, çaýlaşal-a!..» diýip uly ýoldan ötene-geçene lak atyp, uly dünýäň şagalaňyna, şowhunyna goşulyp, küren obaň içini ala-ýaz edip otyrdy.

Birdenem onuň gaşynda edil ýerden çykan ýaly

bolup, oba arasynda juda seýrek görünýän, baryp-ha uruş döwürlerinden bäri dagda, düzde mal yzynda onymuny edip ýören, goýun ogurlapmy, ýüň, ogurlapmy garaz dürli sebäplere görä telim gezek türmä düşüp ömrüni öýsüz-öwzarsyz ötüren, gözüniň şullulygy zerarly urşa-da gitmedik Mämmet gyşyk peýda boldy. Ol düýeguş ýüklenen düýe ýaly «ýelk-ýelk» edip her ýerden bir basmarlap geldi-de, hersi bir tarapa bakyp duran dym-ak gözlerini Döwletýar pälwana dikmek üçin ýüzüni düýbünden ters tarapa öwürdi. Ellerini arkasyna tutup aýaklaryny abşartdy. Niýetini ozalbaşdan bir ýaman zada dikip gelen ýaramaz adamyň ýakymsyz, goňras owazy bilen burnuna salyp ondan, mundan, aýlap, öwrüp birhili-birhili düşnüksiz gürrüňler etdi-etdi-de, ahyram teýeneli gürrüňleriniň soňuny öz ýüküniňem ýetikdigine garamazdan, uruş turaly bäri Döwletýar pälwanyň ody bilen girip, küli bilen çykyp, gumdan odun getirmelem bolsa, haraza bugdaý äkidip un getirmelem bolsa, ýekeje toklusyny gyrkyp, penjiresine aýna salyp bermelem, bolsa henize bu güne çenli el kömeginem, dil kömeginem, gaýgyrman gelen dosty, köne traktorçy Badam garaýaglyny Döwletýar pälwanyň ýanýoldaşy, — Şemşat ejä ýöňkäýjek bolýan äheňde tamamlady. Açyk pyşgyrmasa-da, ýaňzytdy.

Gojanyň gözsüzliginden peýdalanyp hatda: «Siňe seretseň çagalaryňam saňa däl-de, Badama çalym edip durandyr» diýjek ýalam etdi. Şemşat bilen Badamyň uruş ýyllary bileleşip traktor sürüşlerini, orak diýip, gazy diýip ençeme gezekler ýatymlyga gidişlerini, Badam görgüliniň Şemşady aýap, elmydama gazyda iki çäk, orakda iki paý alyp ýörmeli bolandygyny birhili gyjalat berýän äheňde öwran-öwran gaýtalady, «Wah howwa-da, sen-ä bir gözsüz-ýüzsüz adam. Nätjek... Oturan ýeriňde nämäni bilýäň... Uruş gursun... Şol dämi seni şu günlere salan...» diýip, dili bilen Döwletýar pälwanyň inçe damarlaryny owkalady.

Kyrk ýyl bäri ýer sermäp oturandygyna garamazdan kemim bardyr öýtmän, özündenem, dünýedenem göwni hoş, ile-güne: «Hä, şüý-ä bir tüýs, ýalançyň ýazy-ow» diýdirip oturan Döwletýar pälwan Mämmet gyşygyň ýaňky sözlerine ilk-ä bir aňk-taňk bolup ep-esli oturdy. Başardygyndan sowukganlylyga salyp Gyşygyň gyşyk gürrüňleriniň manysyny tirdi. Ömrylla öz gapysyndan garamaýan halyna bu gün onuň ýöriteläp gelşiniň, çaý-suwam içmän, oňly salam-heligem alyşman, dik duran ýerinden urup duran patarrakylarynyň düýp manysy beýnisine baryp ýetendenem garrandygyna garamazdan özüniň juwanlygyny ýitirmedik ýigitlik namysy

kalbynda joş urdy-da, hununa bäs gelibilmän «haş-haş» edip töweregini sermenmäge başlady. Gojanyň gozganjyrap ugranyny görenden Mämmet gyşygam: «Bor onda pälwan, men-ä gitdim. Daga barýan. Işim çykdy-da gaýdyberdim. Oba arasyna gelibem bilemizok biz-ä. Ýogsam seň ýanyňa gelip bir şular ýaly takyrdaşyp geçäýmek hyýalym-a şo-ol, pront ýyllaryndan bäri bardy. Be-e, wagtam tiz geçýär-ow. Düýn ýaljakdy şo zatlar dagy... Tüweleme ind-ä, oglanlaram ýetişipdir. Olaram indi aga-gara düşerçe bolandyrlar» diýdi-de, ýüzüni gyşardyp gelendäkisindenem beter ýelkildäp zut gitdi.

Ömürboýy namysyny depesine täç edip gelen gojanyň gany bir demde depesine urdy. Ol dazanaklap galdy-da: «Häk, seniň bir... gyşyk doňuz diýsänim!» diýip elindäki taýagyny aýak sesiniň daşlaşýan tarapyna aýlap saldy. Ala-şakyrdy bolup honda düşen taýagyň nyşana degmänini duýansoň bolsa gözdaňdy oýnaýan çaga ýaly iki elinem serip, duran ýerinde telim gezek pyrlandy. «Sapby-y!» — diýip, aňyrrakda oýnap ýören agtygyny ýanyna çagyrdy. Gyssady. — Bar oglum meň taýagymy tap-da meni bir ýaňky Mämmet gyşygyň yzyndan ýetir. Özüňem gaty bejit bol! Bol çalt! Ylga özüňem. — Taýagyň ol ujundan tutup düwdenekläp barýan agtygynyň yzy

bilen ylgaşlap, boş eli bilen honany sermeläp barýan gojanyň ýüregi agzyndan çykaýarly, gursagy ýarylaýarly göründi. — Sen öňem haramzadadyň Mämmet! Seň häzirem şol haramzadalygyň! Şu haramzadalygyň bilenem ötersiň. Ötseň ötüpler geç! Ýöne meň halal ojagyma haram sürtjek bolmaň näme. Gyrman meň iki gözümi alanam bolsa namysymy, arymy alan däldir. Şu iki didämem namys üçin, ar üçin, ilim-günüm üçin döwüşip giderendirin men. Seňki ýaly gözüme ogurlyk arpaň gylçygy girip kör bolan däldirin. Döwletýar hälem sen ýalyň ýüzüsine degýändir. Bir elim ilse bolany. Sypdyrman. Ediljek bar-a, şu bar-a, ed-dil hamyňy boýnuňa ýygyraýaryn men seň. Düşdüňmi? Özüňem dur! Gaçma! Gaçma diýýän men saňa! Sapby jan, bir şoňa bildirtmänjik eltsene oglum meni... özüňem bar-a, şu çep tarapyndan elt. Hoşmy? Men oglankamam çepden zyňýadym...» Atasynyň Mämmet gyşyga näme üçin sögünip gelýäninden bihabar çaga şol wagt: «Ata, Mämmet aga kanturyň işiginde duran ýük maşynyna mündi. Maşynam ugrady. Özem ho-ol, daga gatnaýan Sähetdurdyň maşyny» diýdi. Döwletýar aga: «Dur diý, oglum olara! Duruň diý. Saklanyň diý! Tahýaňy bula! — Goja gyssanjyna ömür etmeýän işini edip orta ýolda telpegini çykaryp bulaýlamaga başlady. — Duruň ha-

aw! Gitmäň ha-aw! Ah-o-ow, adamlar! Haý, Sähetdurdy ha-aw! Maşynyňy sakla, iki agyz gürrüň bar, onsoň gidiber ha-aw!..» Sapbynyň: «Ata, sen telpegiňi başga ýana bulap dursuň» diýenini eşidip goja hasam hapa boldy. «Häk, alahöwren duýdurman çakdy-ow, armanly etdi-ow!» diýip yzly-yzyna ýuwdundy. Bir göwni-hä: «Häzir göni kontora bar-da, başlyga aýdyp Mämmet gyşygy yzyna dola, edil ýazzy maňlaýyňda oturdybam: «Hany, niýeti ýoldaşy bolan betpäl deýýus, sen ýaňy näme diýjek bolduň? Aýt hany! Hany, açygrak pyşgyr! Meň namysym haýsy çöpüň düýbünde galypdyr?» diýip, sorag et. Çyn bolsa-ha bar-da ýüzüne kesindi gaçmyş heleýiňi öldür, ýalanam bolsa Gyşygyň özüni öldür» diýdi. Ýene bir göwnem: «Howlukma, otur-da oýlan. Saldarla. Ölçer. Dök. Sen näme Mämmet gyşygy tanaman durmuň? Gyssanma» diýdi. Namysdan ýaňa ölüp barýan goja iki kentlewügini biri-birine gysa-gysa eňegini burnuna ýetirdi. Agtygynyň: «Ata, ol adam saňa näme diýdi-aý? Nämüçin gaharyň geldi-aý?» diýýän üznüksiz soraglarynyň birinem aňşyrman: «Hany öýe bir elt oglum meni. Bolmasa erte birigün ýene-de daga maşyn gider. Şoň bilen men özümjik gidibirin. Änigine, şänigine gaty basym ýeterin men bu zatlaryň. Ahyr ýaşymda adama arzam etmen. Döwletýar hemişe-de

öz namysyny özi gorap gelen oguldyr. Men oň bilen hut özüm hasaplaşaryn. — Pylany eý diýdi, pylany beý diýdi — diýip iliň öňünde maşgalamyň abraýynam dökmen. Bir gürrüň ýaýrasa onsoň iliň oň çyndygy bilenem, ýalandygy bilenem, işi bolmaz. Ýalanam bolsa çyn bor gidibir. Öňürti özüm bir anygyna ýeteýin entek. Bu zatlar oýun eder ýaly zatlar däldir...» diýip, ýaraly ýolbars ýaly ýol boýy ynrandy. Öýe gelibem ynrandy. Içeri girse daş çykasy, daş çyksa içeri giresi geldi. Giň dünýe gözüne zyndan göründi. Ýene beýnisini iýip ýüregini sogrup barýan bu agyr ahwalaty adam ogluna aýdybam bilmedi. Gaýtam: «Hiç kim aňmadyk bolsa ýagşydyr» diýip öz ýanyndan onam gaýgy etdi. «Şu günki galmagaly bir adama-da aýdaýmagyn» diýip, agtygyna-da sargady. Hut ertiriň özünde daga gidýän maşynlaryn biri bilen Mämmet gyşygyň yzyndan gitmegi, onuň bilen ikiçäk oturakgetdänim meseläni çürt-kesik edişmegi ýüregine düwdi. «Men seni ýeriň deşiginde bolsaňam taparyn. Seň munyňdan ganyň ysy gelýär, Gyşyk! — Bir ýerde oturara karary ýetmän, öýüň içinde iki baka hasanaklap ýörşüne ol öýüň içini ala-tozan etdi. Ömür daga gitmeýän halyna: — Daga maşyn gitse maňa hökman duýduryň. Meň daglyk işim bar. Men daga gitmeli. Men daga gitjek. Hökman gidäýmeli

men...» diýip, ähli ogullaryna, hatda gelinlerine çenli sargap çykdy. Ýöne sebäbini aýtmady. Tulum ýaly çişip otursyna: «Işiňiz bolmasyn. Näme gitmelem dälmi?» diýip, zat ýok ýerden gaýtam olara-da gatyrgandy.

Gyzgyny gaýdyşyp, süňňi sowadygy saýam Mämmet gyşygyň ýaňky sözleri bir süri garasar ýaly beýni çanagynyň içinde çar tarapa terslin-oňlyn çapyşyp, güsürdeşip, gyşyk-gyşyk öwrümler edip başga bir taraplardan, Döwletýar pälwanyň ýadyna, oýuna düşmejek taraplaryndan gelmäge başlady. «Birden şol doňuzyň aýdanlary ugrunda bar bolaýmasyn? Men ýene-de ömür boýy gapa çykyp, adama gezek bermän sakyrdap oturşyma uly ile ýeňsämden güldürip gelen bolaýmaýyn! Bu doňuz samsyklyga salyp dogrusyny aýdan bolaýmasyn ýene?! Ol her näçe ýaman adam bolanda-da, hiç zat ýok ýerden gelekgetdänim edil beýdiberer ýaly oňa meň eden ýamanlygym ýog-a! Duşmançylygymam ýok. Men ýene-de birden hakykatdanam şermysar halyma şermendelik edip oturan bolaýmaýyn! Hä?!. Hi-i- iýh!..» Şol wagtam onuň ýadyna birden-kä özüni ömür boýy heläk edip gelen aýylganç bir düýşi düşdi. Telim gezek gaýtalanyp bizar peteňini çykaran şol düýşde ol hernä mähelleden ýaňa hyň berip duran köçäniň ortarasy bilen çüw-

ýalaňaçlygyna gidip barýan bolup görnerdi. Utanjyndan ýaňa ýere giribilmän, aljyrap, elleri bilen kä öňüni, kä yzyny ýapyp görene göz bolup duran Döwletýar pälwan şonda oýanansoňam telim wagtlap özüne gelibilmän kösener ýörerdi. Şol masgaraçylykly suratyň düýşi bolup çykandygyna doly gözi ýetenden soň bolsa begenjinden ýaňa nätjegini bilmän: «Eý Alla! O dünýe, bu dünýe şolar ýaly biabraýçylygy huşumda bir görkezme! Amanadymy al welin abraýdan aýyrma!» diýip, yzyny üzmän dileg ederdi. Ine, göwnüne ol häzirem edil şol gorkunç düýşüniň içi bilen gidip barýan ýaly gorkunjyna hasyr-husur elini uzadyp syrtyny barlady. Birdenem goşa ýumrugy bilen gütüledip maňlaýyna ýelmedi. «Eý, pena-a! Ýa, pena-a! Aňdyran ekeniň-ow asyl! Syzdyran ekeniň-ow! Bu kör gözler bir zatlar aňan eken-ow! Özüm syzmasamam süňňüm syzan eken-ow!».

Bili berk, bilegi ýogyn ençeme pälwanlaryň ýagyrnysyny emgenmän ýere degiren, tutuş üç ýyllap gyzyl oduň içinde gaşyny çytman ganym okunyň garşysyna döş gerip söweşen Döwletýar pälwan ýaňky Mämmet gyşygyň agzyndan atylyp çykan sowuk gülleleriň badyna tap getirip bilmän, tärimsiz tüýnük ýaly ýegşerdi ýatyberdi. Şol sansyz gülleleriň hemmejesem gelip gojanyň göni ýüreginden girdi.

Buzdanam sowuk ekendiklerine garamazdan içine girensoň gyzdy. Gysdy. Gowurdy. Bagryny paralap öýkenini eleme deşik etdi. Gyzyl ödegini ýardy. Bokurdagynyň içi bilen ýokarlygyna tarap süýşdi-de, baryp beýniniň içini ala-burugsy etdi.

Hemişeler: «Heý, takyrdaşara adam geçmezmikä?» diýip günuzyn ýola garap oturan goja şondan soň dolanyp öýden çykmady. Oňa-muňa görünmäge-de çekindi. Bir burça gysylyp, içini hümledip oturşyna özüniň bütin ömrüni täzeden ölçerdi, dökdi. Eledi. Sowurdy. Öwdäp-öwdäp ýene-de sowurdy. Emma çäjini, harpygyny saýlap bilmedi. Bulaşdyrdy. Özem bulaşdy. Ähli zat garym-gatym, bulam-bujar boldy. Sähelçe göwnüne gara getirip biläýjek zady hem ýatladygy, ölçerdigi saýy ol gara kem-kemden ulalyp çyn melamata öwrülmäge, ýüregini myjap, içegeleriniň iç ýüzüni peki bilen dilmäge başlady. Mämmet gyşygyň eşekligini edäge-de: «Aý, men-ä saňa olar ýaly zat aýdamogam, diýemogam, seň özüň ömürboýy içiňde gara saklap gelensiň-de indem garrylyk basmarlap «was-was» bolansyň. Howwa-da, kör halky müňkür bolýa-da. Adamlar, görüň how munuň diýýän zatlaryny!» diýip, özüni öňküdenem beter kyn ýagdaýa salaryndan, iliň öňünde-de ryswa ederinden çekinip, assa ýuwaş daga

gitmesinem goýbolsun etdi.

Ol urşa ugrajak güni ir wagtlardan bäri duz-emek bolşup, dogan ýaly gowy görşüp ýören dosty Badamyň ýanyna barşyna çenli, (Badam bron boýunça frontdan galdyryldy.) «Bilip bolmaz, Badam, adamçylykdyr. Gelsem-ä — gelinçäm, gelmesemem tä özüň ölinçäň şujagaz iki çaga bilen (Şol wagtlar Döwletýar pälwanyň Gurbanmuhammet ogly bilen Dünýägözel gyzy ýaňyja çapyşyp ýördüler.) ýeke naçary gözden salma. Şemşat ikimizde-de senden başga goldaşara hossar ýokdur» diýşine çenli ýatlady. Badam şonda içinden jany çykýança Döwletýaryň çagalaryny hor-zar etmejekdigine söz berdi. Beren sözünde-de tapyldy. Döwletýar uruşdaka-da, uruşdan şeýle bolup gelensoňam Badam bu hojalygy gözden salmady. Ullakan bir batmanlap dökere artyk-süýşük zady bolmasa-da, garaz dostuna agyr arabanyň bir taýyny çekişdi. El kömegini berip bilmedik wagtlary dil kömegini berdi. «Düýn-öňňinem dünýäni dolduryp ýören adama içini hümledip ýer sermäp oturmak kyn bor» diýip, uzak gyş gijeleri gelip gümürdeşip gitdi. Göwünlik berdi. «Ine, hä diýmän çagajyklaryň ýetişer, bu günlerem geçer» diýdi. Döwletýar pälwanyň dört ogluny öýerişip, iki gyzyny durmuşa çykaryşdy. Toý tutsa kethudasy, maslahat etse geňeşdary boldy. Döwletýaryň

çagalaram, Şemşadam ony edil doganlary, atalary ýaly sandylar. Badam her gezek öýlerine gelende çagalary: «Badam kakam gelýär!» diýişip ylgap öňünden çyksalar, Şemşat: «Gel, dogan, töre geç!» diýip, oňa adamsynyň oturan ornundan ýer görkezdi. Her agzynyň birinde-de: «Tüweleme Badamyň ömri uzak bolsun. Içdedaşda gözden salanok. Edil erkek dogan ýaly haçan görseň gapdalyňda direnip dur» diýip, dostundan ýaňa Döwletýar pälwanyň göwnüni bitin etdi. Döwletýaram dogan bermedik Hudaýyň özüne şeýle mähriban dosty berendigi üçin ondan ömürboýy minnetdar bolup geldi. Çagalaryna-da: «Özüňizem ýatdan çykarmaň, ýedi puştuňyza-da sargaň. Heran-haçan kimde-kim: «Men Badam garaýaglynyň tohumydyryn diýse, özem sähelçe kömege mätäç bolsa, şoňa agzyňyzdakyny çykaryp iýdiriň, egniňizdäkini sypyryp geýdiriň» diýip otursa, tursa sargyt etdi.

Ine, bu günem dosty bilen şeýle gyzygyp gatnaşyp ýören çyn dostuň göwnünde dostuna güman döredi.

Ukusyz, tükeniksiz gijeler başlandy. Pikir basdy. Gaýgy artdy. Ahyram bir gije Döwletýar pälwan garry göwrä gelişmeýän ýeňillik bilen böküp ýerinden turdy-da, şapladyp buduna urdy. «Çyn şol! Dogry şol Gyşygyň aýdanlary. Badam bilen Şemşat ikisiniň bileleşip traktor

sürenlerem, gaza gatnanlaram, orak oranlaram çyn. Telimler gezek ýatymlyga gidenlerem çyn, «iş gyssag, pylan wagta çenli ýetişmeli» diýşen bolşup. Uruş döwri bolansoň göwnüňe zat getirilýämi, ynanylaýýa-da... Onsoňam dostsyran bolup ýörensoň... — Ol ýüregi ýarylan ýaly bolup daş çykdy. Öýüň daşyndan bir durman on bir gezek aýlandy-da, gelip ýene-de öňki ýerinde çök düşdi — Eý, Huda-aý! Ýa synasy sagdyn gelniň batyl är bagryny ýakaýdymyka? Şu zatlar çynmyka ýa meni şeýtan oýnajak bolýamyka? Özüň aýt! Hiý, meniň çagalarymyň içinde Badam garaýagla meňzeýäni barmy? Hä?! Eýläme, beýläme geçip, al bilen başymdan tylla täjimi alany çynmy şoň? Iliň öňünde ryswa bolanym, syrtymyň açylany çynmy? Hä? Aýt! Aýt, namart bolma. Namysdan çykybilmän ölsem itiň ogly boldugym. Körlügem bahana etmen, garrylygam. Men pederine ysnat getirjek oglan däldirin...»

Daňyny zordan atyran goja ertesi ir bilen öýünden dazlap daş çykdy. Bir ýerlerden Sapbyny tapyp geldi-de, ony ýanynda oturtdy. «Juk men ýaňyja şekelat iýdim» diýip, gaýra gaýyşmagyna garaman jübüsinden bir düwür gant çykaryp berdi. «Men senden bir zat sorajak welin, hiç kime aýdaýmagyn. Hoşmy? — diýip, nursuz gözlerini dik depesine dikip oturyşyna bikararlyk

bilen oýkanjyrady. Gulaklaryny gapa dikip böwrüni diňledi. — Oglum, kakaň bilen Dünýägözel ejeň-ä maňa meňzeş. Şeýle dälmi? On-a meň özümem bilýän. Ýöne ine, Parahat kakaň bar, Rahat kakaň bar, Almaz kakaň, Gyrmyzy ejeň bar, ana, şolar kime meňzeýä? Maňamy ýa eneňe? Gözlerim görmänsoň göwnüm görklerini höwes edýä, guzym! Şoň üçin soraýan men». Döwletýar pälwan öz bagryndan önüp, öz goltugynyň aşagynda kemala gelen çagalarynyň ýüz-keşplerini, oturyş-turuşlaryny, edim-gylymlaryny alys ýerlerde gezip ýören gaýybana birini soraýan ýaly hetjikläp, hetjikläp sorady. Özem Sapbynyň: «Pylan kakam-a hol öýmüze gelýän Badam aga bar-a ana şoňa meňzeýä. Illerem aýdýa. Ýöne «ataňa aýdaýma» diýýärler. Höwün pylan agaň agtygam aýtdy» diýäýerinden gorkup gara jany galmady. Deminem alman, ýaýyň kirşi ýaly dartylyp oturşyna bilini üzülere getirdi. Ýöne bolsa-da Sapby olar ýaly gürrüňleriň gyrasyndanam barmady. Gaýtam: «At ýüz diýýäniň näm-aý, ata? Bugdaý reňk diýýäniň nähili zat bolýa? Irimçik diýip hol, Mämmet aga ýaly çagşanaklap ýörene aýdylýa dämi?» diýip, ýok gürrüňleriň başyny agyrtdy. Döwletýar pälwan: «Aý, bu bir mana düşmez çaga-da, nämäni bilýä bi...» diýip, agşama çenli zordan çydap oturdy-da, il ýatyp

it uklansoň usullyk bilen Şemşat ejäniň maňlaýyna geçdi. Başardygyndan öwrümli gürledi. «Seň şumat nähili keşpdedigiňi hiç göz öňüme getirip bilemokda, Şemşat! Göwnüme sen henizem şol, meni urşa ugradandaky keşbiňmikä diýip durun. Çagalaňňam nä kadda gelendiklerini bilemok. Parahat jan-a tüweleme geplände dagy gaýadan daş gaýdan ýaly «düňk-düňk» edip edil men welin ýüz keşbi zady nähili şoň? Hä? Uzynakmy olam Gurbanmuhammet ikimiz ýaly? Daýawmy? Bilip bolanok-da, Şemşat gözüň görmese. Ýigit ýetensoň sypaň-sermeň edip ýörseňem birhili. Sen bilýänsiň-ä. Sen gözüň bilen görüp, guwanyp ýörsüň-ä...»

Aýalynyň göwnüne zat getirmän: «Çagadyr-da, atada çeker, enä-de, on arka aňyrsyna çekip ýörenem bar. Daýy tarapynda-da gidiberýä. «Ýedi arkama meňzemen, ýerden göterene meňzärinem-ä» diýdirýädiler ejem pahyr dagy» diýen sadaja gürrüňlerindenem onuň gaty bir göwni suw içmedi. Gaýtam öz ýanyndan ters many çykardy. Göwnüne aýaly sapalak atýan ýaly, äriniň körlüginden peýdalanyp ony bolgusyz gürrüňler bilen aldaýan ýaly, özüni edil çaga oýnan kimin oýnap oturan ýaly bolup göründi.

Şol gije ol özüniň ýaşlyk döwrüni, on iki synasynyň

sagat, gaýgysyz, gamsyz çagalygyny, alys gözýetimde galan, indi hiç haçan gaýdyp gelmejek röwşenli günlerini ýatlady. Pyşyrdysyndan bal dökülip duran elwan dodaklaryny dişläp, bägülüň ýapragy ýaly ötegçi şemalyň badyna-da bir geňsi tirpildäp duran nepis, gyrmyzy ýaňaklaryny çalaja gyzardyp, bir göreniňem är ömrüne degýän süzükli humaý gözleriň goragçysy bolan gara hanjarlaryny ýürekden gezäp: «Ýa ýeriňki, ýa seniňki» diýip duran Şemşat bolsa, şol bir päkligi, şol bir mähribanlygy bilen Döwletýar pälwanyň gözüniň öňünde gaýmalady durdy. Hut şol Şemşadyň, yzynda ýigit barynyň ser-sepil sergezdan bolup ýörendiklerine garamazdan gara başyny dine öz başyna deňäp ak ýürekden ömürýoldaş bolan şol Şemşadyň, ine, şuş-şu Şemşadyň hut öz dosty, onda-da dogan hökmünde görşüp ýören ganybaşga gardaşy Badam garaýagly bilen azaýjakdygyna Döwletýar pälwanyň kes-kelläm ynanasy gelmedi. «A-ak, a-ak, Şemşat a-ak, Şemşat pä-äk...» diýýän haýsydyr bir ýakymly owazam, beýnisiniň içinde üznüksizlik bilen şol gaýtalandy durdy. Ýöne ol sesiň kimiňkidigini, nireden gelýändigini welin Döwletýar pälwan jepalar çekse-de bilip bilmedi. Ol: «Owf!» etdirip ýerinden galdy-da, dik oturdy. «Ýo-ok, Şemşat beýtmez. Beýtmez-z!.. Watan üçin, ar üçin

gurlan jeňde ýaradar bolup ýyldyraryndan aýrylan bir är ýigidiň ýeňsesinden tüpeňlejek zenan Şemşat däldir. Bir biwepany aldap goltugyma salary ýaly meň pelekden pes oturan ýerim ýokdur. Kim näme diýse-de ýalan aýdypdyr. Mämmet gyşyk pohuny iýipdir! Gel-gel indi men şoň gepine gidibem öz halalymyň synasyna betgüman bolup ýören bolsam, onda maňa bir çem bolupdyr. Indi men gowusy abraý bilenjik...»

Şondan soň ol algydarynyň ýoluna garap başlady. Emma jan eýesi gelip ondan öňürti Şemşat ejäniň ýakasyndan ildi. Kempir gawun bişiberende ýykyldy-da, güýzegräk has haýallady. Obada ömürbaky ýagşy adam adyny alyp gelen Şemşat eje bilen hoşlaşmak, razylaşmak üçin ulam geldi, kiçem geldi. Aýalam geldi, erkegem geldi. Sag aýagyny ýerden sähelçe süýräbiräk, bütin ömrüni gara zähmet bilen geçirendigi daşyndanam mese-mälim bildirip duran Badam aga-da geldi. Özem her gün geldi. Ilden ir gelip, hemmedenem giç gaýtdy. Tegelek ýüzne gelşik berip duran gür sakgalyny sypalap, edil päki çalybermeli tep-tekiz, etlek duluklaryny ýaldyradyp oturşyna: «Gaýgy etme, gutularsyň — diýip, hassa jana hemaýat berdi. Dostuna-da: — Aýallaryň jany berkdir, sakgaldaş. Bulara zat bolmaz, gorkma. Ertir ýene-de düwdenekläp çaý demläp ýörendir

görseň» diýdi. Göwünlik berdi.

Garrylygy, ýarawsyzlygy zerarly soňky döwürlerde az-kem gelmesini azaldan Badam aganyň ýene-de birden-kä beýdip gatnap ugramasy, Şemşat ejäniň başujyny alyp çaý diýse — çaý, nan diýse — nan äberip oturmasy, ol ikisiniň uzakly günki üznüksiz hümürdileri, Döwletýar pälwanyň ýaňy bir sönüp barýan ýürek oduny täzeden ölçerdi. Tutaşdyrdy. Henizem kalbyndan ymykly çykman, gursagynyň bir ýerinde maýyna garaşyp, düýrlenip ýatan müňkürlik ýene-de täzeden çözlenmäge, ulalmaga, çişmäge, Mämmet gyşygyň gyjalatly sözlerem gulagynyň düýbünde ýaňadandan ýaňlanmaga başlady. Badam aganyň ýeke bu gün däl, asyl ömürboýy öz gapysyndan aýrylman hyzmatyny edip gelendiginem ol bir bada unutdy. Ony mähetdel öýünden çykaryp kowara bahana gözledi. Şol pursat telim wagt bäri: «Şemşat ak, Şemşat päk!» diýip, özüni ençeme melamatlardan sowup gelen hoşamaý owazam nirädir bir ýana sumat boldy-da, başga bir garamtyl, goýy ses peýda boldy. Ol: «Kow! Derrew kow. Bir emmasy bolmasa ol özüniňem ýaramaýan halyna beýdip gije-gündiz Şemşadyň başujyny alyp oturmazdy» diýip, gojanyň böwrüne symsyklady. Ozaldanam ala-göwün bolup oturan Döwletýar pälwan topuň agzyndan sypan

ok ýaly hasanaklap ýerinden galdy-da, atylyp gapa germeldi. Dik asmana garap durşuna: «Sapby! Gel otur eneň ýanynda gömülde! Suw diýse, suw ber, nan diýse nan ber! Aýrylma ýanyndan! Haý, oýun janyňy almasyn seň bir! — diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrdy. — Soň ol bilgeşländen hem-ä ogullary, gelinleri eşider ýaly, hemem Badam aga düşüner ýaly, öz-özi çykyp gider ýaly edip gowuja gatyrgandy. — Ýa ýer urup ýerde galan hossarsyzmy bi?! Hä?! Şu içerde şuň agzyna bir owurt suw damdyrar-a adam ýokmudyr indi? Hä?! Ýokmudyr? Gyrylanmydyr barsy?! Utanaňyzokmy?!»

Ýaşulynyň bu haýbatly sözlerinden soň gelinlerdenem iki sanysy ylgaşyp gelip gaýyn eneleriniň gapdalyna gondular. Ogullarynyňam öýde barlary gelip: «Ejemiň ýanyndan aýrylaýmaň! Oturyň ýanynda!» diýşip, dik duran ýerlerinden gelinlerine abaý etdiler-de derrewem işli-işlerine dargaşdylar. «Wysyr-wysyr» edişip çaý içer salym zordan oturdylar-da, gelinleriňem hersi bir iş bilen turup-turup gitdiler.

Kepbe örmek üçin işigiň agzynda üýşürilgi duran gyzyl çybyklaryň birini münüp Sapbam gitdi. «Men ýarasam ertir irräjik aýlanarynda, sakgaldaş. Sen ýene ýaňkyň ýaly birden-kä darygyberme. Aňsat däldir bir giden işli adama hassaň ýanyny alyp oturmak. Şu wagt

şuňa senden golaý hossar bolmaz. Gapdalynda gara bolup göwünlik berip oturanyňam her zada degýändir. Ýan ýoldaş diýlen zat adama, sakgaldaş esasanam şu, ahyr ýaşyňda gerek bolýan ekeni. Sen ýöne şuňa ömür diläber» diýip, ýatar wagtlary boluberende Badam aga-da gitdi. «Çynmyka? Ýalanmyka?.. Dogrumyka?.. Nädogrumyka?..» diýip özüniň ýakymsyz pikirlerine gümra bolup oturan Döwletýar pälwan «Hä-ä... howwa...» diýişdiren bolsa-da, dostunyň nämeler diýendigini takyk aňşyrybilmedi. Oňa derek sag gulagynyň düýbündäki: «Ana Badamam gitdi. Bol, şu wagt hiç kim ýok wagty kempiriň özünden sorap gör! Şo zatlar çynmy, Mämmet gyşygyň aýdanlary dogrumy, Badam ikiňiziň araňyzda şolar ýaly zat boldumy? Diý! Aýdar!» diýip duran hälki garamtyl, garagol sesi welin ol doly aňşyrdy. Beýnisiniň içindäki köpden bäri azar berip ýören ululy-kiçili syçanjyklaram şol dem has ezberlik bilen gybyrdyklaşdylar-da, «şyrt-şyrt» edişdirip, onuň guran tasma dönen ýeňse damarlaryny kertmäge durdular. Birdenem gojanyň kellesiniň içinde aýylganç bir şarňyldy peýda boldy. Gözüniň öňündenem ilk-ä bir gök, yzyndanam sary gatyşykly ganguýma gyzyl reňke boýalan uzyn-uzyn zolaklar terslin-oňlyn öwüsmäge başladylar. Gulagynyň düýbem: «Bol sora... bol sora...

bol sora...» diýşip duran tanyş-u nätanyş birtopar adamlaryň dürli owazlaryndan ýaňa ala-wagyrdy boldy-da, Döwletýar pälwan olaryň haýsy birine gulak asjagynam bilmän, şol her tarapa bir hekgerdi oturdy. Ahyram şolardan biriniň ugruna gidip goltugyndaky mähnet daşyny kempiriň depesinden indermek üçin ýaňy bir öňe garap omzadam welin, bagtyna şol: «Şemşat päk, Şemşat päk!» diýip näwagtlardan bäri özelenip ýören ýakymly ses ýene-de nirdendir bir ýerlerden dazlap geldi-de, gojany garbap alyp, gör indi näçinji gezekdir düýpsüz uçudyň gyrasyndan elinjek sowdy goýberiberdi. Beýleräk eltip oturtdy. Elindäki ýüpek ýaglyk bilen onuň ynjap duran beýnisiniň içinem arassalap goýberdi. Ýüzüni sypalady. «Giň bol, darykma!» diýip göwünlik berdi. Halys aljyrap, gara dere batyp oturan Döwletýar pälwan şondan soň: «ÝA Alla!. ÝA iman!.. Ýa abraý!..» diýip, yzly-yzyna uludan demini aldy-da, ýuwaşjadan yza çekildi. Ýerine geçip bir zaman butnaman oturdy. Ýakasyna tüýkürdi. Ýaňadandan turup Şemşat ejäniň üstüni ýapyşdyrdy. Ýassygyny düzedişdirdi. Şu edip ýören gowgaly pikirleriniň barynyň ýalandygyna, ýalňyşdygyna, özüni şu güne çenli nähak ýere horlap gelendigine ynanasy, ynjalasy, ölmezinden öň ýekeje gün bir rahat ýatyp, arkaýyn ine-

gana ukusyny alasy geldi.

Ýöne welin ynjalyp bilmedi. Ýatybam bilmedi. Şol, gorsandy oturdy.

Munuň uzynly gije ýatman, ala-basga duşup oturanyny aňan kempir ýassykdan çalaja başyny galdyrdy. Ysgynsyz gürledi. «Sen bir arkaýyn ýatyp ukyňy alsaň bolmyýamy, Döwletýar! Uzyn gije ýatmadyň. Ýa meni gaýgyryp birahat bolýaňmy? Meni-hä, birjigem gaýgy egme! Besdir indi meňki. Hudaýa şükür, ogul öýerdik, gyz çykardyk. Agtyk gördük, çowluk gördük. Şol nägehan uruşdan çykdyk baş esen, bagry bitin. Başga näme gerek? Şükür edeli. Nadyl bolmaly. Oguldan gyzdan yza galman her kim öz gezejiginde gitse ýagşy. Birden gaflatda gapyl galaýsam dagy armanly bolma, Döwletýar! Gel, hoşlaşaly. Razy bol. Agyryp, ynjan ýeriň bolsa aýt! Beýan et! Geçişeli! Kör är bilen ýaşaşanyna kemsinendir-ow, ýa namys edendir-ow, diýip göwnüňe güman getirme. Ogluň gyzyň arasynda ata bolup oturanyňam, ardynjyrap gapydan girip-çykyp ýöreniňem, çagalaryň ylgap gelip: «Hany kakam?» diýenlerinde: — Honha otyr. — diýenlerimem degendir dünýäň bar malyna. Ertir-agşam içerden «gubur-gubur» sesiň gelip durany nämä degmedi. Men-ä Hudaýdanam, bendesindenem,

sendenem müň-de bir razydyryn. Senem razy bol!»

Ömrüň bu paýawlap barýan çagynda özüniňem şeýle mert-mert gürrüňler edip, mylaýym sözler bilen ýanýoldaşynyň göwnüni awlaman, gaýtam birgiden bor-bolgusyz pikir-u allaryň ugruna gidip, onuň päk synasyna betgüman bolup oturandygy üçin goja bu hoşlaşyk pursaty özüni gaty oňaýsyz duýdy. Ozaldanam kemsiz ysgyny giden ýürek ölüm düşeginde ýatan naçaryň bu merdemsi sözlerine tyg-tyg bolup dilindi, endam-jany iňňe sanjylan ýaly «jas-jas» edip awady durdy. Ol ellerini titredip aýalynyň üstüne howala boldy-da, sandyrawuk ses bilen: «Razy, razy... Menem senden razy, Şemşat!» diýip birnäçe gezek zordan gaýtalady. Özi welin şol gyssagarada-da kempirinden nämedir bir zatlar soramakçy bolýan ýaly oňa tarap zol-zol tolgundy oturdy. Emma ol soragy şunça wagtlap soratman gelýän haýsydyr bir güýç bu gezegem oňa dili zyban bermedi. Güman gümanlygyna galdy.

Çarşenbe güni çäş wagty kempir jan berdi. Agaç aty döwletli bosaga üç ýola degrip göterjek bolanlarynda bir çetde sesini çykarman gulagyny gerip duran Döwletýar pälwan: «Adamlar, duruň! Şunça ýyllap bile ýaşaşdyk bende bilen. Ýene-de ýekeje gezek hoşlaşyp galaýyn. Iň soňky ýola» diýdi-de, gark bolup barýanyň gaýykdan

ýapyşyşy ýaly gaýygynam bir çete taşlap iki eli bilen tabydyň sag tarapyndan aslyşdy. — «Şemşat, aý Şemşat!» diýip bir zatlar sorajak boldy. Şemşat eje tabytdan başyny galdyraga-da: «Hä, näme? Näme sorajak bolýaň, Döwletýar? Çekinme-da soraber! Göwnüňde arman galmasyn?» diýäýjek ýaly ikibaka hekgerdi. Ondan indi ses-seda çykmajakdygy uly iliň bolsa özüne seredip durandygy hakydasyna gelensoň bolsa göwnünde gubar baryny bagladan şol gümany ýuwdup, kempiriniň üstüne ýapylan ýüpek çymylganlary eda bilen sypalady. «Baryň, adamlar, rugsatdyr!».

Tabydyň gyrasyndan aran deý ilişen barmaklar kem-kemden gowşaşdy. Agaç at howalandy. Dazanaklaşyp barýan dört ogluň gaýym gerdenleriniň üstünde sarsman, ynjaman, rahat ýatan Şemşat eje bolsa özüniň bir ýassykda başlaşyp, şunça ýoly bilen geçen ýanýoldaşyndan, ýürekdeşinden, syrdaşyndan, gör indi nijem bir wagt bäri gümanlar içinde gorsanyp ýören heserdeşinden kem-kem daşlaşmaga başlady.

Döwletýar pälwan welin her näçe özüne zor salsa-da, daşyny alşyp özüni göz-görtele melamata itekleşip duran garamtyl göwreleri, Mämmet gyşygyň dar derä giren gyrgylar ýaly beýnisiniň içinde pelesaň urşup ýören ýakymsyz sözlerini her näçe taýaklap kowsa-

da, uzak wagt bäri özüni heýjana salyp çal başynda berk berç bolan bet gümanlaryndan hut şu baky aýralyk pursaty hem doly aýňalyp bilmedi. Açylyşjak bolup şunça jan etse-de bolmady. Gaýtam Şemşat eje gidensoň birhili göwnüniň armany hasam artan ýaly, küren obaň içinde ýekeje özi çyp-ýalaňaç bolup galan ýaly hasasyny süýräp märekäniň içi bilen iki ýana şol elewredi ýördi. Durup-durup syrtyny barlady. Eli bilen öňüni ýapdy. Gölegçiler gaýdyp gelensoňlaram aýagy bişen ýaly zowzanaklap ýörşüne ogullarynyň ýanyndan aýrylmady. Olaryň haýsy-da bolsa biriniň öz ýanyna geläge-de: «Kaka, ýaňy kiçi jaýyna saljak wagtymyz ejem bir pursat mütdet diläp: «Kakaňyza aýdyň, nähak ýere özüni horlap ýörmesin. O zatlaryň bary ýalandyr. Goý, ol galan ömrünem edil öňküleri ýaly başyny belent tutup, döşüni gaýşardyp, adam oglundan müýnsüz ýaşasyn. Şeýtanyň pyglyna uýmasyn» diýdi diýmeklerini isledi. Eşidesiniň gelýän zadyny wagty bilen ogullaryndan eşitmänsoň özüniň baraga-da: «Gurbanmuhammet jan! Ýaňy jaýlajak bolanyňyzda ejeňiz size hiç zat diýmedimi? Hiý, bir zat aýtmadymy? «Kakaňyza eý diýiň, beý diýiň» diýip dagy sargamadymy? Ýadyňa düşenokmy?» diýip soraýasy geldi. Çemelenip, çemelenip ahyram çemini tapman goýbolsun etdi-de, sesini-üýnüni çykarman

ýaşulularyň oturan jaýyna girdi. Bir burça geçibem tükgerdi.

Şunça wagtlap kalbyna otlar salyp, ahyrynda-da şol bir nämälimligine galan alasarmyk, ýakymsyz pikirlerini, betgümançylyklaryny şondan soň Döwletýar pälwan öz gursagynda garrydyp gapdaly bilen äkidäýse-de ahmaldy welin, ýas ýerden ýat-ýakyn gaýdyşyp ikisiniň ikiçäk galan pursatlary Badam aga Şemşat ejäniň öz wagtynda örän akylly, edermen, üstesine-de diýseň namysjaň gelin bolandygy hakyndaky edip oturan mesaýy gürrüňleriniň arasy bilen ir wagtlar, uruş döwürlerinde halys adam tapylman, Mämmet gyşygyň bugdaý brigadasynyň brigadirligine bellenendigini, onuňam sygyr münen jyn ýaly gara ýabyly obaň içinde görene göz bolup bir meýdan iki ýana ýelk ýasandygyny, uruşdan öň toýda-tomguda Döwletýar pälwan dagynyň oturan jaýyna çaý eltibilse-de özüne bagt saýyp ýören halyna onuň ýoklugyndan peýdalanyp Şemşada el uzatjak bolandygyny, Şemşadyňam ony hakyt, görene göz edip it ýenjen ýaly ýenjendigini, ýöne ýüregi çişmesin diýip äri uruşdan gelensoňam oňa hiç zat aýtmandygyny, illere-de: «Aýdaýmaň» diýip sargandygyny, Mämmet gyşygyň bolsa şol wakadan soň ömür boýy küýüniň köçesiniň sähelçe maýyny tapsa

Şemşady çakmak, ony awundyrmak, masgaralamak bolandygyny, Döwletýaryň uruşdan gözüni aldyryp gelenliginden, oňa hiç zat duýdurylmaýanlygyndan peýdalanyp barha möwç alanlygyny, bir gün özüniňem ony çet ýerde çepe gabaga-da: «Şemşat bilen işiň bolmasyn, Döwletýar hossarsyz däldir. Edil şu dört dişlini garnyňdan geçiräýeýinmi?!» diýip, gyssandygyny, onuň öz ýanyndan-a ant içip, awy ýalap, müň gepiň başyny agyrdyp zordan sypapdygyny, Şemşadyň ýanyna baryp bolsa: «Meňki bar diýäýseň bolmadymy, men indi şol Badam garaýaglyça-da ýokmy?» diýip, ýüregini öňküdenem beter bulandygyny, bir günem Şemşadyň jürdegine bildirmän bäş-on sany bugdaý baş salyp soňundanam aýallar bilen arabaly oba gelýärkä öňlerinden çykan bolup ony ogry tutandygyny, şol ýerdenem: «Utan! Öl!» diýen ýaly pişik haýbatlary bilen biçäräni öňüne salyp başlygyň ýanyna alyp gaýdandygyny, emma başlygyň Mämmet gyşyga göni «Sen boş! Düýpleýin boş! Özüňem daga git, guýudan suw çek, mallary suwa ýak, oba arasynda durma» diýendigini, namysdan ýaňa bir ölübilmän duran Şemşada bolsa: «Şu başlaryň birinem seniň ogurlamandygyňa men ynanýan. Sen uýam, arkaýyn gaýdyber. Muň üçin eliňi işdenem sowutma, ýüregiňem

çişirme. Gaýtam oglanlar gaýdyp gelýänçäler gaýrat et-de bize bir brigadir bolup ber» diýendigini, ertesem, kolhozyň umumy ýygnagyna çagyraga-da, «Sap ýürekli daýhana töhmet atany üçin» diýip Mämmet gyşygy uly iliň öňünde it masgarasy edendigini, obadan çykaryp kowandygyny, Mämmet gyşygyň bolsa daga baransoňam hamala hiç zat bolmadyk ýaly oň-muň ýanynda: «Aý, adamlar, siz çekinmäň-de kolhozyň malyny arkaýyn iýiberiň, ogurlaberiň. Ýaman etseler ýa birgat saýlarlar ýa-da perme bellärler, munda ogra-ogry, beýlekä-beýleki diýseň öz ýakaňdan alýar ekenler» diýip, gaýtam öňküdenem beter ýok gürrüňler tapyp tosaň-tosaň edendigini, başga-da şular ýaly kän-kän zatlary howlukman, bir uçdan, usullyk bilen gürrüň berdi-de, bar zady ap-aýdyň, ap-aňsat etdi oturyberdi. Iň soňunda-da: «Nähak töhmet diýlen zadyň nähili agyr ekendigini pälwan ine, men şonda bildim. Ýöne şol gezek şo başlyga deregem bir Mämmet gyşyk ýalyň biri bolan bolsady, onda Şemşat namysa çydaman hökman özüni öldürerdi. O neresse welin iki agyz hoş söz bilen ony dirije dowzahdan aldy oturyberdi» diýdi.

Ogurlykda tutulan ýaly saňňyldap, äňini şakyrdadyp oturan Döwletýar pälwan goltugyndaky ullakan ýaglygyny çykaryp ýüzüni, gözüni süpürişdirdi.

Birdenem diň-gögüne garady-da zarp bilen: «Weý, kimiň kimdigini oturan ýerinde bilip otyr-a, ol bäş barmagy ýaly. Ýeri onsoň ol Mämmet gyşyk ýalyň gepine gidibem bir Şemşat ýaly arassa adama betgüman bolarmy, ogurlyk ýaparmy?» diýip, gygyryp goýberdi. Onuň şeý diýerine garaşyp duran ýaly edil şol wagtam gulagynyň düýbünde: «Onda özüň näme şoň gepine gidip ýan ýoldaşyňa, söwer dostuňa betgüman bolduň, agyr günäler ýüklediň?!» diýen owaz ýaňlandy. Döwletýar pälwan bu sesiň nireden gelenini aňşyrmasa-da, kimiň sesidigini edil şu pursat tanady. Ol ses ençeme wagt bäri özüni çukura iteläp, beýnisini iýip ýören MÜŇKÜR bilen arman, ýadaman, «A-a-ak, Şemşat a-ak, Şemşat pä-äk...» diýip, irginsiz gidişip oturan PÄHIM-PAÝHASYŇ sesidi.

Ömürboýy bitin münen gara ýally kazylyk atynyň tä teninden jany çykýança aýagyny dürs basandygyna, lahat jaýyna barýança toýnak kakyşyny üýtgetmän, dogry ýoldan sowulman gidendigine gözi ýeten gojanyň begençden ýaňa birden-kä başy asmana ýetdi-de, endam janam deňli derejeli, her dürli owadan, gymmat bahaly lybaslar bilen örtüldi duruberdi. Ähli lybaslaryň üstünden ýelbegeý taşlanan abraý atly ak dony bolsa ak säheriň süýt reňkli sergin howasynda bir geňsi

pasyrdap, gojanyň argyn göwresini juda ýakymlylyk bilen sypalamaga başlady. Ýüpek donuň ýumşak mähri ýadaw ýürege geçip, bir demde beýnisinem durlap goýberdi. Mämmet gyşygyň agzyndan çykan sowuk gülleleriň derdinden beden şol pursat bar dertden aman boldy. Özüni ne günlere salan agyr ahwalatlaryň hakykatdan hem ýalan bolup çykandygyna takyk göz ýetiren Döwletýar pälwanyň häzir guşlar bolup uçasy, bir meýdan gökde ganat ýaýyp, ýaňadandanam ýere düşäkgetdänim söwer dosty Badamyň boýnuna zyňasy, ömürboýy synasyna söýget bolup gelen bu tapylgysyz, edil gara ýer ýaly ýuwaş, bahader dostunyň öňünde dyzyna çöküp ötünç sorasy, onuň bilen çyn ýürekden razylaşasy, günä geçişesi geldi. Emma özüniň Mämmet gyşyk ýaly iki aýakly şeýtanyň gepine gidip şeýle pes ahwalatlara düşendigini adam oglunyň, hatda iň ýakyn dosty Badam garaýaglynyň hem bilmegini islemedi. Gaýtam özüniň bu alasarmyk, puç pikirlerini Şemşat ejä, Badam garaýagla, ýa bolmasa-da başga birine duýduraýmandygy, desbi-dähel Mämmet gyşygyň yzyndan dat diýip, beýleki diýip gidibermändigi, hiç zat ýok ýerden oň bilen eňekleşip, uly ile ryswa bolaýmandygy, asla duýdansyz gelen şol apy-tupany hiç kime-de bildirmän, tenha, täk özüniň çekip-çydandygy

üçin edil şol aýylganç düýşden soň oýanyp, şonuň düýşi ekendigine begenişi ýaly diýseň begendi.

Hut şol günüň ertesem ol Gurbanmuhammet bilen maşynly öwlüýä gidip, ahyr ýaşda eden gabahat günäsi üçin kyn günde syrdaş bolup, agyr we uzak ýyllaryň azabyny gerdeninde deň-derman çekişen, pukaraja içerini ogul, gyz döwletine baý edip, atadan ýeke galan Döwletýar pälwanyň köküni köllere ýaýradan, ile-güne: «Tüweleme döwletli öý ekeni» diýdiren ezizinden, içi hysyrdy bilen azandan doly tegelek aýlary, uzynak ýyllary arka atyp, indem müdimilik uka gark bolup ýatan halalyndan müň mertebe ötünç sorady. Gapyllykda göwresine giren bet gümanlaryň ählijesini sokur gözden syzylyp çykýan ajy gözýaşlar bilen soňuna çenli ýuwup aýyrmak islän ýaly gapdalynda nowbahar oglunyň naw kimin direnip durandygyna hem garamazdan yhlas bilen, silkinip, silkinip aglady. Telim wagt bäri ýüreginiň daşyna çolaşyp, ezýet baryny berip gelen gara ýylanam şol demde onuň agzyndan sogrulyp çykan ýaly boldy. Dünýesi giňedi. Göwni ynjaldy. Köpden bäri gazyga daňylan at ýaly atygsap duran dilem açyldy. Gaýdyşyn dymyp gaýdan goja gidişin: «Ejeňiziň ýanyndan maňa-da bir ýerjagaz belläň, oglum! Hiç kim almaz ýaly töweregini pil bilen çapyklaýyn...» diýip, ogluna gezek

bermän gürledi.

* * *

Şondan soň her gün ir ertir, giç agşam işiklerindäki goja talyň saýasynda başyny belent tutup oturan Döwletýar pälwanyň: «Kimsiň haw, sen?! Pylany! Bi senmidiň ýa?.. Mannykmy haw?! Mannyk gurgunlykmy? Gel-ä, bir çaýlaşal-a, sakyrdaşal-a! Päheý köpeý ogly diýsänim!.. diýip, ötene, geçene lak atýan çasly, açykdan gelen dury, şowhunly sesi obanyň depesinde ýene-de edil öňküleri ýaly ýaňlanyp başlady.

1985 ý.

## GÜL ÝÜZLI ÝIGITLER...

Perdeliniň işden geleni hem şoldy welin, körümşek ejesi ýüzüni garaňkyradyp, oglunyň yzysüre öýe girdi. Ýigrimi ýaşly boý gyzynyň adyny tutup:

— Täçnabady-ha dugtora äkidäýmeseň ak öýländen bäri «içim agyrýa» diýip, urunup otyr. Kakaňam öýde ýok — diýdi. Perdeli aýagyny hem epmän daş çykdy. Işigindäki garažy açyp, gyzyl «Žigulini» otlady. «Bar getir!» diýip, ýuwaş, emma kesgin gürledi. Ejesiniň Täçnabady yzyna tirkäp öýden çykanyny görüp, maşyny

işige eltdi. Garaňkyda oňly saýgarmasa-da, jigisiniň ýagdaýynyň agyrdygyny ýüzünden aňdy. «Irgözinden dugtor çagyraýmaly ekeniňiz-dä» diýdi. Oňa iňňildiden başga jogap bolmady. «Bolmasa menem bile gidäýeýin?» diýen ejesine, Perdeli: «Işiň ýok!» diýip, gödeňsi jogap gaýtardy.

Obadan onçakly uzak bolmadyk raýon merkezindäki keselhananyň nobatçysyna jigisini tabşyransoň, Perdeli daş işige çykyp çilim otlandy. «Köriçege dagymyka? Kesjek bolsalar rugsadam-a soraýandyrlar» diýip, ýaňadandan kabulhana girdi. Hälki, kabul eden gelinleriň birinden: «Men garaşybereýinmi ýa...» diýip, çekinibräk sorady. Gelinleriň daýawragy muňa golaý geldi. Ýyljyraklady:

— Garaşyň, elbetde garaşyň! Özüňizem obadan gelipsiňiz, bellisini bilip gidiň-dä, indi munça bolanyna görä. Indi basym bolar. Wagty golaýlan ekeni. Uf-f, çilimiňiz näm-ä, jan dogan!

Perdeli agzyndaky çilimini tas ýuwdupdy. Erbet bir zady ýüregi syzan ýaly iki ýana elendi. Sakyndy.

— Näme golaýlapdyr? Näme diýjek bolýaňyz?

Mele gelin aýtmasyz bir zady aýdandyryn öýdüp, dilini dişledi.

— Siz onuň nämesi?

— Ol gyz meniň jigim.

Duranlaryň hemmesi hem birhili boldular. Özara pyşyrdaşdylar. Gyzyň näme üçin garnyny ýasy guşak bilen çekip daňandygyna-da olar indi düşündiler. Şonuň üçinem olaryň biri ýuwaşlyk bilen Perdelä: «Azajyk garaşyň entek» diýdi. Biri «tirk-tirk» edin zalyň ugry bilen aňryk gitdi. Ýarym sagat ýaly wagt geçensoň, şol «tirkildi» ýene eşdildi. Kem-kemdenem golaýlaşdy. Elini haladynyň jübüsine sokup gelşine, ol ýoldaşlary bilen bir zatlary maslahatlaşdy. Beýleki zenanlar oňa: «Bar, onda aýt!» diýşip, yşarat etdiler. Olam: «Men-ä barybiljek däl» diýýän terzde, ýüzüni ynjyly çytyp, burçdaky oturgyja çökdi oturyberdi. Gussaly gözlerini aňyrsy gijäniň gara perdesi bilen örtülgi penjirä dikdi. Perdeli bilen başda gepleşen daýaw, mele gelin ýüregini bire baglap ýerinden turdy. Daş işikde garaşyp duran Perdeliniň ýanyna bardy. Bir salym gepläp bilmän owsun atyp durdy. Ahyry hem ýaýdana-ýaýdana:

— Gaýdyberiň, hemme zat düzüw — diýdi.

— Howwa, näme bolupdyr?

Gelin gizlejegem bolup durmady.

— Ogly bolupdyr!

— Kimiň?!

— Uýaňyzyň.

Perdelini biri guýa zyňan ýaly boldy. Ol özüniň şowurdap aşak gaçyp gelşine çenli açyk duýdy. Düýbüne ýetýänçä görgüsini gördi. Uzak ekeni... Gaty uzak ekeni... Ine-de onuň aýagy ýere degdi. Gaty. Ellerini guýynyň diwaryna diräp, aýaklaryna agram berdi. Kimdir biriniň özüne goltgy berýänini hem duýdy. Bu näzik beden, hoşroý ysly zenanyň ýaňky «buşlukçy» gelindigini bilensoň: «özüm giderin» diýip pyşyrdady. Ol indi bolan işe doly göz ýetirdi. Birbada näme etjegini bilmän ýaýdandy. Bir-ä keselhananyň ýagty penjiresine, birem gijäniň aňyrsy görünmeýän tümlügine, taýly gezek seretdi. Aşagyndan çykmasy kyn, agyr ýüküň aşagynda galandygyna hem düşündi.

Ol maşynyň ýanyna gelip çommalyp oturdy. Nobatçy jaýynyň penjiresinden, hälki zenanlaryň özüni synlaýandyklaryny, bir zatlar diýişýändiklerini duýdy. Olaryň biriniň ylgap çykaga-da: «Wiý dogan, siz bizi bagyşlaň, ýaňky ogly bolan başga biri ekeni. Biz ýalňyşypdyrys» diýmegini isledi. Töweregine garanjaklap kän garaşdy. Emma bolmady. Halys girere

başga deşik tapmansoň maşynyň içine girdi. Otlady. Dişlerini şakyrdadyp gaza basdy.

...Maşynyň sesini eşidensoň, ejesi düwdenekläp daş çykdy. Büdüräp gelşine Perdeliniň alkymyna dykyldy.

— Nähili Täçnabadyň ýagdaýy? Ýagşymy? Kakaňňam şumatjyk gelip duruşy. Gitjek bolup durdy yzyňyzdan. Ýagşy dälmi özi indi?

Perdeli: «Ýagşy-y...» diýip, öz-özi bilen gepleşýän ýaly, böwrüni diňläp dem salym durdy. Birdenem atylyp garrylaryň bolýan jaýyna girdi. Kakasynyň näme diýenini hem aňşyrman, dulda asylgy duran, ata-babasyndan galan gylyja ýapyşdy. Ony gynyndan sogrup aldy-da, gapa tarap ylgady. Gara ýer ýaly ýuwaş oglanyň lowlap ýanmasynyň ýöne ýere däldigini aňan Muhat aga tarsa ýerinden turup, oglunyň öňüne böwet boldy.

— Bolşuň nähili?! Nirä? Munyň näme?!

Oňa çenli ejesi hem gelip Perdeliniň boýnuna zyňdy.

— Waý, balam, näbela boldy?!

Perdeli gazap bilen ata-enesiniň ýüzüne taýly gezek alarlyp bakdy. Gan öýen gözler gandar göründi. Perdeliniň dişleri şakyrdady, elleri sandyrady. Sürnüp

gelen gazap, çykara ýol gözledi. Ol kükregini ýarara getiren sözleri birsydyrgyn aýdyp bilmän, üzlem-saplam edip garrylaryň üstüne gygyrdy.

— Gyzyňyz ogul dogurdy! Boý gyzyňyz... — Ol atasyna barmagyny çommaltdy. — Duluňda dogurdy-y! Duluňda-a! — Ýaňy görýän ýaly ejesine hem penjesini açyp topuldy. — Senem şoň bilen bile öldürmeli. — Sakga sägindi-de, atasyna tarap öwrüldi. — Üçüňizem, ýok, dördümizem bile öldürmeli. Hemmämizem öldürmeli.

Perdeli hununa bäs gelip bilmän aglap başlady. Ýöne, ol aga meňzemedi. Ol ullakan apy-tupanyň ýürege sygman, köwsarlap, köwsarlap ujypsyzja çykalgadan çykjak bolup dyzamagydy.

Muhat aga oglundanam beter elendi.

— Ýalandyr-r-r! Ýalandyr diýýän men saňa köpeý ogly! Ymmata sygmajak zat meniň öýüme sygmaz. Äber bäri, atam pahyrdan galan gylyjy. Öz elim bilen pürrelärin eger şo çyn bolsa. Kelamylladan ant içdigim bolsun şu! Ganjygam öldürin, köpegem. Meň namysymy itiň oslugna taýlanyň tohumy tükenýänçä gidişerin. Getir-r! — Ol oglunyň elindäki gylyja ýapyşdy. Perdelem: «Ýok, özüm gitjek» diýip, gylyjy

sypdyrmady. Tut-da bas bolşup ýörüşlerine, Muhat aga ogluna ýalbarmaga başlady. — Goýber, guzym, men gideýin. Meň yzymda aglap galjak çagam ýok, sen ýaş çagalaryňy dökme...

Perdeli gylyjy gazap bilen silkip kakasynyň elinden boşatdy. Çykyberjek bolanda, boýdaş bolup duran ejesi boýnundan aslyşdy. Bu zatlaryň nämeler bilen gutarjagyna akly ýetip duran ene elini ýakasyna ýetirdi. Aýalaryny patladyp-patladyp kükregine urdy. Eňredi.

— Emdiren süýdüme razy däldirin gitseň. Gitme! Gitme! Ýag-da bolsa ýulundym, men şondan. Päliňden el çek! Ölen eken-dä!

Şol wagt Perdeliniň aýaly çagalarynyň elinden tutup içeri döküldi. Iki elini serip işige germeldi.

— Biziň maslygymyzy basyp ötersiň. Ýogsam ötmersiň. Gitjek bolsaň, öňürti bizi gyryp, onsoň git!

Yzanda-çuwan bolşup duran gara kellejikleriň arasyndan gözüni ýumup gapydan çykan Perdeliniň öňünden Muhat aganyň inisi Sähet aga çykdy. Däli iner deý agzyndan ak köpük saçyp dyzaýan inisini garsa gujaklap, bagryna basdy.

— Dur! Dur, bir agyz sözüm bar.

Oňa çenli beýlekilerem gelip ýapyşdylar. Goýbermediler. Muhat agany hem goýbermediler. Soňabaka daşarda goh edip duruşlaryna ökünşip öýe girdiler.

— Sen şumat döw bolup barsaňam oň golaýyna eltmezler, gury goh edeniň galar — diýip, arkasyny tama ýaplap oturşyna Sähet aga agasynamy, inisinemi, kime diýýäni belli bolmadyk halda gürledi. — Barmagyňy batyrsaň özüň günäkär borsuň. Her ýan ýatsaňam seňki ters bor. Soň ol az salym böwrüni diňläp oturdy-da:

— Be-e, hiç haýsyňyzam şumada çenli duýmaýşyňyzy-aýt, muny. Aý, howwa-da, emelem köpelişipdir-dä indi. Çörli kösäň gyzynam duýmadylar-a öňňil dogurýança.

Muhat aga başyny tutup yrandy.

— Wah, ömürboýy buýsanç bilen göteren telpegim itiň syrtynda galdy-ow!

— Şu ýagdaýda başga ýol-a ýok Muhat! Hemmämize-de agyr şu. Ýöne kada bar, kanun bar, şondan çyksaň-a günäkär borsuň.

Muhat aga iki aýasyny serip howany eledi:

— Bu ýagdaý kada gelýämi, onsoň, Sähet?!

Sähet aga-da jany agrap duran adam, kejikjek boldy.

Ynjyly gürledi.

— Gelmände nätjek-dä. Men-ä bolar-boldajyny, geler-geldejini aýdýan. Göz-görtele çukura itekläsim gelenok size. Maňa ýeňilmi bi? Gaýtam sen Perdeläde basalyk bol! Jahyldyr, gözüňden sypdyrma.

— Wah, gyzyl ýüzli ýigidiň gyz uýasy bolmasyn... — diýip, Perdeliniň ejesi şol aglap oturşyna seslendi. — Biz indi nädip öýden çykaly, nädip iliň ýüzüne bakaly? Şu gije daň bir atmabilseýdir Hudaýym!

«Içi ýanan gazal okar» diýen ýaly Sähet aga-da öz göwnüne näjaý zatlary aýdyp içini egismek isledi.

— A-aý, ýeňňe, daňam atar, günem dogar. Ilem eşider. Işli-işimize-de barmaly borus. Etjek zadyň bolmaz. Her kimiň öz kädisinde derek bolsun diýsene. Ilde-gündedem-ä bar, şuňňaly gyz-oglan. Öňki ýyl Çörli kösäň gyzynyň şeýle bolanyny eşidip öler ýaly namys edipdik. Ýogsam oba bir diýäýmeseň garyndaşam-a däl. Geňem germändik. Beh! Şol gezek şony şähere eltägede ýedi ýoluň ugrunda bir agaç dikipjik asyp goýaýan bolsadylar. Baý, pent bordy-ha! Ýok. Gördi-bakdy towuklaryna «tok» diýýän ýok, basdylar ata gamçyny, urdular şama şaýyrda. «Kimden bolsada barlyş, ýazlyş» diýýäler, ana, bar bolany. Bir adam namys astynda galdy-

ow, ölmez-gülmez güne düşdi-ow diýen pikir ýok. Gaty gabahat zadyň-a başyny başladylar bular. Hälem bolsa wagtynda «haý-küş» ediläýedi-dä belki.

Inisiniň gürrüňlerinden göwni suw içmedimi, nämemi, Muhat aga gyňraldy:

— Sen maňa indi nätmelidigini maslahat ber!

— Maslahaty şol oň. Degseňiz-ä özüňiz gidersiňiz. Öýüne getirip bäbegini «huwwalabam-a» bolmaz. Howwa-a... Beýlesinem gör-dä, özüň. Patasyny alaýmasaň...

Muhat aga agralan başyny ýuwaşja galdyrdy, aşak ýokary edip, birnäçe gezek yralady. Gözüniň gytagy bilen ýer bagyrtlap ýatan Perdelä seretdi. Agasynyň gürrüňi başga ýana syrykdyraýmagyndan ätiýaç edýän ýaly, Sähet aga çalt-çalt gürledi:

— Öldi hasap edäýsene! Köňlüňden çykarda dyn. Şondan gowusy bolmaz. Gyzmalyk edip Perdelem bir zadyň üstünden baraýmasyn.

...Muhat aganyň çiginleri aşak gaçan ýaly boldy. Iliň ýanynda diliniň keltelendigini, ýüzüniň nurunyň dökülendigini duýdy. Nädeňde namysyň astyndan çykyp boljakdygy hakynda oýlandy.

Ol inisiniň beren maslahatyndan başlady. Bir janly

soýaga-da gyzynyň patasyny aldy. Ed-dil öz ýakyn garyndaşy bolaýmasa üýşmeleňe hiç kim gelmedi. Çekindiler. Ýöne Täçnabada welin, bu habar günübirin ýetdi. Derňew organlaryna hem ýetdi. Muhat aga bilen Perdelini raýon milisiýasyna çagyrdylar.

Milisiýanyň naçalniginiň orunbasary, orta boýdy, çalasyn ýigit Şyhdurdyýew, Muhat aga bilen mylakatly salamlaşdy. Perdelini kabulhanada goýdy. Gojany gapdalynda oturdyp çaý berdi. Ondan-mundan mesaýy gürrüňler edibem gojany özüne gowy öwrenişdirdi. Ýaşulynyň tolgunmasy galansoň bu gün näme üýşmeleň edendigini sorady. Muhat aga gizlejegem bolup durmady.

— Gyzym öldi... Ýigrimi ýaşyndady... Öläýdi... Heniz durmuşa-da çykmandy.

Şyhdurdyýew: «Hüm-m» edip, bir zatlar ýazyşdyrdy. Öňki parahatlygy bilen:

— Bolanok, Muhat aga! — diýdi.

— Näme bolanok.

— Şol edişiň bolanok. Diri adama pata etmek...

— Iki aýagyny göre sokup oturan atany, enäni, gül ýüzli ýigidi galmaz güne salmak bolýamy?

Şyhdurdyýew ýüzüni sypajaklatdy.

— Birneme sowaşsaňyz, bu zatlaryň bary geçer gider ýaşuly. Ogluňyza-da aýdyň. Uýasyna azar berip ýörmesin. Biz o çaganyň atasynyň kimdigini eýýäm bildik. Oňa çaga bilen gyza eýeligem etdiris. Asyl ol boýun towlajagam bolup duranok. Aljak dälem diýenok. Özem asyl siziň tanyýan ýeriňiz ekeni. Puşmanam edýäler. Töwella-da gelerler. Howwa, hemmesi düzelişer, Muhat aga. Siz ýöne giňiräk boluň! Bu ýerde hiç hili üýtgeşik zat ýok. Ýaşlardyr-da... Ýalňyşypdyrlar-da...

Muhat aga para-para bolup bölündi.

— Öldi! Öldi diýdim men saňa ýaňy! Muhat gylyjyň astynda galar, namys astynda galmaz! Oglumam galmaz! Köpek bilen çörňeşmänini ýa asmandan inen birinden däldigini menem bilýän. Ýöne namysym gitdi, namysym. Indi şony aklap ak guş etseňizem maňa bir sümeklik peýdasy ýok. Ganda giňlik etse bolar. Ara ölüm düşende-de geçse bolar. Ýöne namysa gezek gelende welin ýürek giňlik edip bilmez. Ýarylar. Darka ýarylaýar...

Muhat aganyň bokurdagy dolup yzyny sözläbilmedi. Şyhdurdyýew azajyk dymdy-da, ýuwaşja gürläp başlady.

— Biziň wezipämiz jenaýatyň öňüni almak. Şol

gyzyň howpsyzlygyny üpjün etmek. Şonuň üçinem biz ogluň ikiňiz bilen gepleşik geçirýäs. Ýap-ýaňyja oba guramalaryňyz bilenem gepleşdik. Olara-da gep gelmän durmazmyka diýýän.

Muhat aga uludan demini aldy. Goltugyndan ullakan ak ýaglygy çykaryp ýüzüni, gözüni süpürdi. Soň ýene-de düýrläp goltugyna dykdy.

— Tohumymda, haramzada gatanjyma ýokdy, inim! Näbileýin-dä. Ahyr ýaşymda namysa-ha galdym. Türkmeniň aty-dony, ady-abraýy, iň gymmat zady onuň namysy dälmidir? Türkmen namysdan çykybilmese, namys ony öldürýändir... Men-ä ýagşy ýigit gaýtjak. Derdim agyr. Öýe bir ýeteýin. — Muhat aga durup-durup elendi. — Her kimiň öz zandynda derek bolmasa, oňa gurama nätsin, ýolbaşçy nätsin. O bendelere azar bermäňiz-ä hijem bolanok. Günä — kim günä eden bolsa şonuň özündedir.

Ýaşulynyň ýürejiginden syzdyryp aýdýan gürrüňlerini diňläp, oňa nebsi agyryp oturan Şyhdurdyýew «otur» diýen manyda elini salgady. «Käriň şu bolsa her zatlara öwrenişmeli bolýar-ow» diýip, başyny ýaýkady. Ýene-de Muhat aga çaý guýup berdi. Golaýrajygyna süýşdi. Öňküsi ýaly ýuwaş gepledi.

— Men hemmesine düşünýän ýaşuly. Seňňem ýagdaýyňa düşünýän. Ýöne, senem biziň ýagdaýymyza düşün! Biz jenaýatyň öňüni almaly. Siz ganygyzgynlyk etmeseňiz bize şo bolýa. Ýöne... Elbetde... Siziň aýdanlaryňyz... — Ol ýerinden turdy-da, Muhat aganyň egnine elini goýdy. — Ýazylan hem-de ýazylmadyk kanunlar bar, agam! Ine, şol ikisiniň aralygynda-da bir ýol bar. Düşünýäňizmi? Umuman, siz paýhasly adam. Men muňa ynanýan... Obadaşlaryňyzam şeý diýdiler. Düşündiriş beýlekem ýazyşyp durmaly ikimiz. Onda näme, men sizden arkaýyn bolaýjak. — Ol elini uzatdy. — Hoş, Muhat aga! Ogluňyz bilenem gürleşeýinmi?

— Oglum meň diýenimden çykmaz — Muhat aga sesini sandyradyp, stoluň üstüne süýem barmagyny çommaltdy.

— Ysnat getirene, namys getirene jeza berer ýalam bir kanun çykaryň, han ogul!

Muhat aga çykyberende, «bor, bor» diýip zoraýakdan ýylgyran bolup duran Şyhdurdyýew ony ýene saklady.

— Muhat aga, ýaňky, başky gürrüňimizem ýatdan çykarmaň. Diri adama aş-suw berip ýörseň gelşiksiz-dä. Gaharyň ugruna gitmäň! Özüňiz bilýäňiz...

Ýaşuly Şyhdurdyýewiň ýüzüne seretdi. Onuň

ýüzünden: «Şu döwürde-de bir namys beýleki diýip şeýdip ýörmek bolarmy. Häk, ýaşuly, köne pikir bolýaňyz-ow» diýen manyny aňlajak boldy. Emma ýigidiň ýüzünde beýle alamat görünmedi. Öz duýgusyny äsgermezlik etmändigi üçin, goja Şyhdurdyýewden köp minnetdar boldy. Dönüp çykyberjek bolanda, garry göwün gubaryny serpip mert gepledi.

— Aý, indi oň sakydy sowuldy inim! Berme diýseň üç-ýedisini bermäýerin. Ýöne şol gyzyň öleni-hä çyn.

Ol daşky jaýda özüne garaşyp oturan ogluna: «Ýör!» diýdi-de, şol ýerden göni oba gaýtdy. Ruluň başynda oturan ogluna garap içinden: «Horlanypdyr-ow» diýdi. «Gül ýüzli ýigitleriň gyzyl meňzini solduryan zatlar-da, ine şu» diýip, dişini gyjady.

Ýolda bir öwülýälik bardy. Şoň deňine ýetenlerinde Muhat aga:

— Sakla, oglum, öten-geçenlere bir aýat okaly — diýdi.

Muhat aga aýat okady. Özem maşyndan düşüp okady. Bolansoňam köne tümmeklere bakyp durdy-durdy-da, ogluna ýüzlendi:

— Sen ötägit Perdeli jan, men şu bendeleriň üsti

bilen pyýadalap gideýin, oba özüm bararyn.

Perdeli kakasynyň ýüzüni-gözüni halamady.

— Bolýa-laý, kaka, ýör, gideli-le!

Her näçe özelense-de etmän, elini salgap giden kakasyny ýeke goýbermäge dözmän, bu-da sessiz-üýnsiz onuň yzyna düşdi.

Muhat aga mazarlygyň içi bilen geçip barýarka-da şol gepledi gitdi.

— Kän-kän mertler ýatandyr bu ýerde. Namartlardanam ýatany bar. Olaram ýer göterip zyňaýanok. Ä-äl, bu dünýe giň-ow! Bularyň köpüsini men tanaýan. Hor-zar bolsalaram, binamys-a däldiler. Namys üçin baş alyp, baş bererdiler. Şulaň haýsyny turzup sorasaň sora: «nädip öldüň?» diýip. Öz ajalyna ölmedigi «namysdan öldüm» diýer. Howwa, türkmen bir bu mele sähranyň hydyraýy gögeren päkize çöpüdir oglum. — Ol az salym dymdy-da ogluna pent etdi. — Şol gyrnak üçin şirin janyňy gynamagyn. Özi ýakypdyr, özi hem ýanar. Saňada ýeňil-ä bolmaz. Nätjek, çek. Saňa başga ýol ýok. Namysjaňlyk etseň çagalaryňy dökersiň. Ýöne irde-giçde şo ýüzügaranyň ýüzüni görerin diýseň aýt, sendenem geçjek...

Obanyň çetinden giriberensoňlar Perdeli ýene yzyna, maşynyny goýan ýerine tarap gaýtdy. Ýol boýy içini gepletdi. Telim gün bäri janyna jaý tapman ýören ýigidiň gany depesinden dabanyna, dabanyndan depesine baka telim ýola at saldy. Maşyny goýan ýerine gelensoňam oba tarap aýagy çekmän kän oturdy. Çilim çekdi. Ahyrsoňunda rula geçdi-de, maşyny otlady. Ýolda şäherden oba barýan pyýadalar sataşsa-da, hiç kimi mündürmedi. Hiç kimi göresi hem gelmedi, hiç kime görünesi hem. Öýlerine ýetip barýarka, işikdäki üýşmeleňi görüp geň galdy. Goňşulary Sytdyh aganyň öňünden çykyp: «Perdeli, kakaň pahyr-a ýurduny täzeledi, ses et!» diýen sözlerini eşitse-de, göýä eşitmedik ýaly bolup içeri girdi. Yzanda-çuwan bolşup oturan aýallaryň arasy bilen ätmerläp, törki jaýa, Muhat aganyň ýatan ýerine girdi. Mähriban atasynyň gapdalynda oturyp, dyzyna çökdi. «Menden bir razymyň kaka? — diýip sorady. Yzyndanam — Razy bol!» diýdi. Eýýäm haçan gelip ölmäge ýetişendigini sorasy geldi. Sorap bilmedi. Birdenem kakasynyň gözleriniň açykdygyny görüp tisgindi. Aýasyny goýup, emaý bilen gözlerini ýumdurdy. Sakgalyny, murtuny düzedişdirdi. Usullyk bilen galdy-da, gapa ýöneldi. Işigiň agzyna ýetiberende gaňrylyp ýene bir gezek yzyna seretdi. Şonda onuň

gulagynda kakasynyň mundan ýarym sagat öý aýdan sözleri ýaňlandy. «Türkmen öz ajalyna ölmese, namysdan ölýändir oglum!»

Perdeli bir zatlar hakynda pikir etjek boldy. Emma gyssagara başlan pikirini soňuna çenli pikirlenip ýetişmedi. Çozuşyp gelýän oba adamlaryndan gizlenibem bilmedi, görünmäge hem bogny ysmady. Bir gurruk guýa özüni atasy, şoň yzgaryna ýan berip, dokuz ýyllap ukudan açylman ýatasy geldi...

...Gojany ol gije myhman aldylar. Ertesi guşluk wagtlary ony düýnki geçip giden ýerine getirip, küpürsäp ýatan mele toprakly ýerde hormat bilen jaýladylar.

1981 ý.

## DURMUŞ SIMFONIÝASY

*(satiriki hekaýa)*

Sapanyň işe başlanyna sähelçe wagt boldy. Ol entek redaksiýanyň işgärleri bileň doly tapşyp hem ýetişenok. Iň bir ysnyşaýjagam şu bölümiň müdiri Oraz Taganow welin, o-da henize bu güne çenli arada diwar saklap gelýär. Özüniň welin ýüregi açyk adamdygy görnüp dur. Sähel ýerde degişjek bolýar, çendan bir ýüze çykýan

näsazlyklary ýyly-ýumşak sözler bilen ýuwmarlajak bolýar. Ýaşynyň elliden geçiberendigine garamazdan, çagasy ýaly oglana her sözüniň birinde «dost jan» diýip ýüzlenýär. Sapanyň döredijilik bilen gyzyklanýandygyny hem ol ýaňyja bilip galdy.

— Birinjiňmi? — diýip, müdir çaphanaň ysy gelip duran täzeje gazeti synlap otursyna sorady.

— Ýok, birinji-hä däl. Okaýarkamam bäş-üç sanysy çykypdy. — Sapa ellerini owkalaşdyrdy. — Ýöne ara birneme wagt düşdi-dä.

Sapanyň dylmyldap durşundan özüniň hekaýa barada ýagşy-u ýaman bir zatlar diýmelidigini aňan müdir:

— Agşam okap göreýin — diýdi-de, gazeti epläp sumkasyna dykdy.

— Alaýdym welin, özüňde bardyr-la başga.

— Bar, bar.

Ertesi Oraz Taganow Sapanyň hekaýasy barada köp-köp öwgüli sözler aýtdy. Göwnüni götermek üçin has hem öwdi. Ýaş oglan muňa monça boldy. Çaý demläp müdiriň daşynda aýlanyberdi. «Tolgunýanymy daşymdan bildirmeýän bolsamam biridir» diýip, yzly-

yzyna üsgürindi, hiç zat ýok ýerden burnuny çekdi, ýüzüni gözüni her hili surata getirip gördi.

Elbetde, Oraz Taganow Sapanyň öňünde kiçi-girim adam däl. Sapa baryp mekdepde okaýarka okuw kitaplarynyň içinde sözbaşydan hem ýokarda Oraz Taganow diýip ýazylan hekaýalar bolardy. «Bir wagtlar şu adam bilen bir jaýda oturyp bile işleşerin» diýip, şonda munuň kellesine bir gelenmidir? Durmuş-da bu. Belki bu adamyň hekaýalary geçilende Sapa bäşlik alandyr. Belki-de ikilik alandyr. Kim bilýär? O zatlar hiç. Esasy zat Sapanyň öz müdirini ýaşlykdan uly ýazyjy hökmünde tanaýanlygynda.

Ine, şol adamam onuň ýazan hekaýasyny öwüp otyr. Dura-bara onuň gürrüňi hekaýadanam sowuldy-da, umumy öwüt-ündewe döndi ötägitdi.

— Ýazýanyň gowy zat inim. Ýaz! Barmaklaryň gabarýança, beýniň içinde syçanlar gybyrdyklaşýança ýaz. Özüňi aýaman işle! Bu ömür bir pursatdyr. Sypdyrsaň soň gaýdyp gelmez. Özem gaty sypjykdyr. Eýläňi, beýläňi bakýançaň ýokdur eýýäm. Ine, menem bir wagtlar özümi diňe ýazyjy bormukam öýderdim. — Ol Sapanyň demlän çaýyndan içip oturşyna çüňke seredip dymdy. Ikisem dymdy. Bir meýdan içerde diňe

jaý sowadýanyň «hüňňüldisi» bilen çaý içýänleriň «şirpildisi» eşidildi. Müdir boşan käsäni bir gaplalda goýdy-da, oturan ýerinde arkan gaýyşdy. Gerinjiredi. Başlan gürrüňine ökünýän ýaly tutuk ses bilen:

— Aý, bolýa-da, dost jan — diýdi. — Düýnki makalany bir gutarjak bolaweri!

Özem ýüzüni ynjyly görnüşde çytyp, bir zatlara güýmenip başlady. Sapanyň welin ondan entek köp zatlary eşidesi gelýärdi. Müdiriň özüni ýazyjy hasap etmeýänini hem ol hut şu wagt onuň öz agzyndan eşitdi. Öňki aýdyşymyz ýaly Sapa üçin Oraz Taganow uly ýazyjy. Ol şu adamyň hekaýalaryny okap mekdebi gutardy ahyry. Dogry, müdir dünýäni endireden döredijilerden däl. Ony Sapa bilip dur. Şeýle-de bolsa respublikada tanalyp ýören adamyň öz-özüne: «Men ýazyjy däl» diýmegi üýtgeşik bir mertlik dälmi? Bu hem bir uly sapak. Sapanyň ýüregi jigläp gitdi. «Ýa men gaty badyhowa görünäýdimmikäm?»

Şol günüň ertesi aýlyk berildi. Işden soň Oraz Taganow gülümjiräp Sapanyň elinden tutdy-da, daşaryk çykardy. Gözlerini güldürdi.

— Işi gutardykmy?

Sapa müdiriň ýüzüne seretmek üçin, minaranyň

düýbünde duram dek dik depesine bakmaly boldy. Heniz bular ýaly ýanaşyk durup görmänsoň sussy basyldy. Ýaýdandy.

— Gutardyk.

— Ýarym aýlygam aldykmy?

— Hä, aldyk.

— Ýör onda.

Sapa sesini çykarman ýöräberdi. Onuň goluny welin müdir henizem sypdyranok. «Golumy bir goýbersedi» diýip Sapa töweregini garanjaklady. Bolup baryşlaryny biriniň göräýmeginden çekindi. Şu şonuň iň bir halamaýan zady. Piwohanaň deňine ýetenlerinde müdir Sapanyň elini goýberdi. Uludan demini aldy. Gözüni gypdy.

— Ýürekleri bir sowudaly.

...Buz ýaly piwodan iki kürüşge içýänçäler mesaýy gürrüňler edip «ümmüldeşdiler». Şondan soň Oraz Taganow sen-men ýok, düýnki goýan gürrüňiniň yzyna başlady.

— Howwa inim, menem bir wagtlar tüýs manysyndaky ýazyjy bormukam diýýädim. Bolmady. Ine, görüp dursuň, öýlänim geçip barýar. Ikindi bilen

agşamyň aralygynda näme edersiň? Hiç zat. Bary gutardy. Hemmesi durmuş hysyrdylaryna siňdi. Ýigrimbäşdekäm, otuzda ederin entek wagt bar, diýdim. Soň, kyrkda at alýanam az däl-le, diýdim. Kyrk bäşe ýetmänkäm çaga basdy. Eklenç hemme zatdan öňe düşdi. Saçymdan öň süňňüm agardy. Ine, indem Oraz Taganow bir ýükçi eşek. Ýazmak küje, zat küje. Ýazyjy däl, pr-rosto işgär. Redaksiýanyň işgäri. Çykardamda näme üç-dört sany kitap. Ol kitaplar ili-hä däl, meň özümi hem kanagatlandyranok. How-wa-a, men bir indi ýükçi eşek. — Oraz Taganow barmaklaryny büküp başlady. — Öýde un ýokmy? Oraz sen hojalyk başy — tap! Et ýokmy? Tap! Nirden tapsaň şondan tap! Öňürti pul tap, onsoň o zatlary tap. Sekiz sanjak jüýje-de agzyny açyşyp oturandyr. Galamyňy taşlap galybirsiň ýerinden.

— Seki-i-z?! — Sapanyň agzy açyldy. Boşan kürüşgeleri şakyrdadyp eline aldy-da, guýdurylýan ýere tarap ýumlukdy. Oraz Taganow oňa:

— E-eý, pul äkit! Me-e! — diýip gygyrdy. Sapa az salymdan kürüşgeleri dolduryp geldi. Oraz Taganow oňa igendi. — Sen entek ýaňy işe başladyň. Piwäni men alaryn.

Sapa utandy:

— Aý, hiç-laý, bu dagy. Kh-he! Alyň! Häk...

— Çagaň bamy inim?

— Bar. — Ol iki barmagyny görkezdi. — Iki sanysy. Häk...

— Kwartirantmy özüňem?

— Hm-m.

— Ine bir ýagyňam şu jaýsyzlyk bor. Belki bäş ýyl, on ýyl jaýsyz ýaşarsyň. Jaý alamsoň işlärin diýdigiňem işiň gaýdar. Ýaňkyja ikiňem alty-ýedi bor. — Sapa ýene-de «häk» etdi-de sag çignine bakyp burnuny ýygyrdy. Müdir dowam etdi. — Howwa, şumatdan gözüňe urlan ýaly işläbermeseň suw gysymlan ýaly bolarsyň. Bu wagytkyja birdir, ikidir hekaýajyk beýleki çykardanňa seretme. Kitap çykardanňa-da seretme. Öňe seret! Öňe tarap dyza! Ýöne eklenç üçin ýazan zadyň soň saňa hossar bolmaz. Şuny berk belle. Kynam bolsa, mümkinçiligiň ýogam bolsa gaýrat et-de tüýs ýürekden işle! Döret! Ine, mende häzir hemme zadam bar. Jaýam bar, içiniň zadam bar. Uluja ogluma maşynam äberdim. Hemme zat bar. Emma men ýok. Oraz Taganow ýok. Utdurdym. Wagtymy utdurdym. ömrümi ogurlatdym.

Ine, meniň janymyň ýanýan ýeri. Men muny näme üçin aýdýan? Saňa dirije sapak bolsun diýip aýdýan. Maňa zeýrenjeň diýjek bolýanlaram bar. Nädeýin. Janym durman aýdaýýan. Aýtmasamam bor welin, özüň ýaly hyjuwly oglanlary göremde aýtman durup bilemok. Siz entek durmuşyň ol oýunlaryny göreňizok. Şoň üçinem öňünden duýduryp goýýan. Soň yzyňyza garap bir «ah» çekersiňiz welin, ahyňyzdan ödüňiz ýarylar. Peýdasy bolmaz. Men özümden mysal getirip aýdýan. — Ol gasyk jübüsinden dört eplenen birlik çykardy. Me, inim, ýene dolduryp gel. Al, al! — Sapa sypajaklap gidiberjek boldy welin, Oraz Taganow berkine tutdy. — Gel diýýän bäri! Gel hany, me! — Sapa birligi alyp gybyrdyklap gitdi. Oýa batyp oturan müdir Sapa gelenden silkip başyny galdyrdy.

Daýaw göwresi bilen Sapanyň üstüne abandy.

— Ýüregiňe düşäýdimmi inijik?

Sapa ör-gökden geldi.

— Ýok, ýok! Ba-a... Men-ä gaýtam diňläp hezil etdim. Häk.

Oraz Taganow gözlerini süzüp, dişinden syzdyrdy:

— Hm-m... Sen hezil etmeli däl, ýanmaly. Ýanmaly

bu gürrüňleri diňläp.

Sapa näme diýjegini bilmän buruljyrady. Çepiksije göwresi hasam kiçelen ýaly boldy. Dodagyny ýalap, kürüşgäni agzyna ýetirdi. Sesini çykarmady. Oraz Taganowam bir meýdan ak ýelken ýaly howalanyp duransoň, öňündäki uzyn, tegelek dikdurma stola bileklerini goýdy. Aýaklaryny, göwresini birneme gowşatdy. Şonda ol Sapadan kän bir uly hem görünmedi.

— How-wa-a — diýip, ol ýene-de gözlerini süzüp Sapanyň üstüne abandy. — Sende hyjuw bar. Şoň üçinem men bu zatlary saňa aýdyp durum. Bizdenem çyksyn-a ägirt bir neme... — Ol ýumrugyny düwüp ýokary galdyrdy. Kükregini ýelden dolduryp daraklygyna galdy. O-uwf, etdirip ýelini çykardy. — Çyksyn bir ogul! A siz nätýäňiz? Sähel ýola düşeniňiz aragyň başyna çökäýýäňiz. Şol ýerde hem çüýräp galýaňyz. Çynym meniň. Köpleri görendnr bu gözler. Terk et, terk et şu dünýäniň bor-bolgusyz aldawçy keýpi sapalaryny! Içme! Zynhar içme sen şuny! Şundan başga-da saňa päsgel berjek zat az däldir. Jaýym ýok diýdiň. Şeýle dälmi? Bolmazam ýene esli wagtlap. Öýüň welin açyk gapydyr. Gelen bor, giden bor. Olara ýatara ýer tapman bir kösenersiň. Aýlyga ýetmänkäň gelseler harjysyzlyk ýakar. Onda-da bir kösenersiň. Özem bu ýagdaý bir ýa

iki bolmaz. Ýakyn-u daş öýüňe gelip: «Men myhman» diýip otursa, «gaýdyberiň» diýibem-ä bilmersiň. Gowuja nahar, bir çüýşejik arajyk, artybir aladaň. Şeýtmeseň obaňa baraňda seniňem olaryň ýanynda ýüzüň bolmaz. Myhman bolsa gelip durandyr. Ownuk zat ýalydyr welin, ikatýok deý ömrüňi ölçäp oturan zatlardyr bu zatlar. Eýläňe-beýläňe owsunyp wagtyň geçenini bilmersiň. Bir seretseň çagalaryň ýetişendir. Şonda bilersiň utulanyňy. Ine, dost men muny öz mysalymdan aýdýan. Sen bir aldawa düşme diýjek bolýan. — Ol ýene-de sermenip oturşyna ýylgyrdy. — Ind-ä aýlyga el uraýmasak öýden getirenjämiz gutarypdyr.

— Men getirin-läý — diýip, öňküdenem beter sesi inçelen Sapa jyňňyldap kürüşgelere elini ýetirdi.

Oraz Taganow oňa bakyp barmagyny çommaltdy:

— Çüş-ş! Gowuja bol! Go-owuja bol! Me! — Ol üçlük uzatdy. Sapanyň: «Mende köpügem-ä bardy» diýenine gulak asman üçlügi eline tutdurdy. — Bar, bar. Köpügiňe kemput al-da, çagalaryňa äkit! Özüňem şu iň soňky içişiň bolsun. Bormy?

Sapa:

— Bo-or — diýip uzynrak edip aýtdy welin, müdir Sapanyň gaýdyp içmejekdigine ynanmaýan terzde

başyny ýaýkap ýylgyrdy.

Gürrüň indi has gyzyşdy. Oraz Taganow Sapa gezek bermän gürlese-de, entek-entekler içini egser ýaly däldi.

— Fundament edingin — diýip, ol ýene-de Sapanyň üstüne abandy. — Çilim çekýän dälsiň senem?

— Ýo-o.

— Aý, birini çekäýjekdim. Bolýa-da. Oňaryslaý, Içmesem-ä çekemogam weli... — Müdir ýene bat aldy. — Fundament edingin. Ýosam alan galaň bolmaz. Şumatdan başlamasaň soň eýgertmez. Sen inim, maňa seret-de, bir sönen ody ýatlap aglaber. Men näme üçin janygyp-janygyp saňa şu zatlary diýýän? Hä? Sebabi meň göwnümde bir zatlar bardy. Başarmadym. Kim günäkär? Ýaňy men saňa durmuşyň ownuk aladalary günäkär diýdim. Olam o welin, esasy günäkär meniň özüm. Ras, şol kynçylyklardan baş alyp çykyp bilmedimmi, diýmek men günäkär. Aňsat zat gözleseň aňsatlyk bilenem ýitersiň. Howwa, baryna özüm günäkär, Oraz Taganowyň ýoklugy üçin günäkär men! Honha, meň deň-duşlaryma seret! Men bir hatardan galan ner boldum dost jan! Ölen günümiz it ölenden enaýy bolmarys. — Onuň sesi goýaldy, sözler damagyny dyrnap geçdi. — Howwa dost, şeýle bu zatlar. — Ol bir

meýdan aşak bakyp durdy. Birdenem başyny silkip göterdi. Nemlenen gezlerini Sapadan gizlemek üçin gabaklaryny goýberip süýji ýylgyrdy. — Ýöne welin men alty ogul bilen iki gyz kemala getirdim. Şunuň özi hem az iş däl-le diýip, käte öz-özümi köşeşdirýän. Göwnüme teselli berýän, ýazylmadyk eserlerimi şolarda görýän. Soňam ýene-de, çagaly-çugaly bolubam-a dünýäň işini edip giden adamlar bar, diýip, öz boýnumdan dolap alýan. Mende arzuw bolandyr-da, talant ýok bolan bolaýmasyn, diýip oýlanýan. Şeýdip ýene bar günäni öz üstüme ýükleýän. Bu hut şeýle dost! Kynçylykdan, keselbentlikden asgyn gelýän talant— talant däldir. Biz özümiz ejiz. Arakhor köpimiz. Aýdýan men şuny! Şuny boýun almajak bolup dürli bahanalara ýüz urýas. Öz-özümizi aldap, köräp duran odumyzy piwe bilen öçürýäs. Hemmesine özümiz günäkär. Men-ä diňe özümi günäleýän. Kynçylyk bar, gaty kän kynçylyk bar. Ýok diýjek däl. Ýaňky diýenlerim dagy ýüzden biridir. Ýöne ýeňmeli. Zynhar sen ýeňginiň şu zatlary. — Oraz Taganow bir gapdala bakyp, sesini ýuwaşatdy. — Seni gowy gördümde aýdaýdym bu zatlary. Jan durmazlyk-da biziňkem bir. Ýöne häzir bol. Soň giç bor. Gi-iç bor. Adam ogly ham bolma! Pursadyň goldaka haýda! Ömrüň ýele gidensoň öküňçden peýda bolmaz? Gören ýerde

geplener ýörersiň, diwana ýaly. Ýa-da bolmasa aýdaly, ine, men ýaly. Çünki ýüregiňde çöküp galan arzuwlaryň bardyr. Il bolsa saňa zeýrenjeň diýer. Iliň ýanynda-da, öz ýanyňda-da müýnli bolmaz ýaly şumatdan atyňy berkje eýerle. Eýerde berk otur. Döwüş et! Ine, inim meňňä saňa sargydym şü. Galannam özüň gör. Sende bir hyjuw gördümde aýdaýaýyn diýdim. Gerejigňi al, gerekmejegini gulagyň duşundan geçirip goýber. Ýöne sende bir uçgunjyg-a bar. Ölmesek göreris. Gaýrat et! Işle! Bizdenem çyksyn-a bir gerçek ogullar. — Ol ýene-de ýumrugyny düwüp ýokary galdyrdy. Müdiriň ýumrugy depesinden inäýjek ýaly, Sapa kürüşgesiniň düýbündäkijesini içip durşuna gözlerini gypyrjyklatdy. Gapdalyna seretdi. «Ýapylypdyr-ow!» diýip gultundy. Çermegini çekip müdiriň ýüzüne bakdy. Dodagyny ýalady. Oraz Taganow: «Besdir indi dost jan, gideli!» — diýdi-de, başdakysy ýaly Sapanyň golundan tutup ýöräp ugrady. Piwohanadan daşlaşansoňlar Sapanyň gulagyna pyşyrdady:

— Alty ogul bilen iki gyz ýetişdiräýmegem aňsat däl ekeni Sapa jan. Hm-m? Dogry gerek? Şonuň özi hem bir ullakan poeziýa dälmi? Bu bir eletmez simfoniýa ahyry. Hä?! — Ol Sapany ogşady. Çalarak hamsykdy. — Ýöne welin, ýürekde arman galsa bildirer durar ekeni. Dogrup

bilmän ejir çekýän zenany gördüňmi? Görmedik bolsaň dost, olar dogrup bilmese ýaş üstünden ölýärler. Biz welin dogmazak ogullary garnymyzda göterişip ýörüs. Üstündenem piwo içýäs, arak içýäs. Sen bir arman çekmeli bolma! — Ol Sapanyň goluny dostlukly silkeledi. Zarp bilen gepledi. — Sende hyjuw bar. Sen inim hyjuwly! Şu günden başla! Ertir giç bor. Çynym! — Oraz Taganow töweregine garanjaklady. — Hany bir taksi tutaly.

Müdir bilen Sapanyň ýoly bir däldi. Şonuň üçinem Sapa Oraz Taganowy taksä mündirip hoşlaşdy. Oraz Taganow göýä Sapa bilen ömürlik hoşlaşýan ýaly, taksiniň içine girensoňam oglany çekip alyp ogşady.

— Şu günden başla! — diýip, ýene-de sargady.

Taksi ugrap bäş-on ädim arany açansoň, maşynyň penjiresinden Oraz Taganowyň ullakan kellesi göründi. Ýogyn sesi Sapanyň ýanynda ýaly eşidildi.

— Meňňem simfoniýam kiçi-girim däldir, Sapa-a! Watana ýagşy-ýagşy ogullaram gerek ahyryn! Hä-ä?!

Sapa maşynyň yzyndan seredip gyýylyp galdy. Ertire çenli Oraz Taganowy görmejegine gynandy. Başga bir taksi tutagada müdiriň yzyndan gidesi, onuň bilen uzyn gije gürrüňleşip oturasy geldi. Balagynyň daşyndan

jübüsindäki aýlygyny mynçgady. Birdenem onuň gulagyna müdiriň: «Şu günden başla, ertir giç bor!» diýen sözleri eşidildi. «Arakhor köpimiz...» diýen sözi hem gulagynyň düýbünde ary ýaly wazzyldap, gider ýerde gitmedi. Sapa öz-özüne igendi: «Şu wagt goltugyňa arak salyp şoňka baraýsaň: «Bar aýdanym biderek bolupdyr-ow — diýip, buduna urmazmy?» Şol wagt Oraz Taganowyň adresini hem bilmeýändigi ýadyna düşdi. Köçeden geçdi-de, gül-gülgüzarlygyň arasy bilen öýüne tarap ugrady. Sagadyna seredip ädimini has ýygjamlatdy. Ol bir garry är-heleýiň howlusynyň burçundaky koridorly ýekeje jaýda çagalary bilen kireýine ýaşaýardy. Sagat ondan soň bolsa howla girmek bolanok. Howlugan bolup barşy hem şonuň üçin. Öýe oduk-buduk almagy unudandygy ýadyna düşendenem göwni buz ýaly boldy. Emma indi giç. Ekiz owlakly geçi ýaly ýeňsesini ýaýkyldadyp barşyna: «Bardygym geçen hepde taslap goýan hekaýamy gutaraýyn» diýip, göwün ýüwürtdi.

Işikden atländen törde eplenişip ýatan iki sany gara pyýada gözi düşdi. Zoraýakdan ýylgyrdy. Salam berdi. Myhmanlaryň öňünde ýüzük gizlän ýaly jikgerilip otursyna iş stoljygyna seredip gultundy. Koridorda güýmenip ýören gelniniň ýanyna bardy-da, burnuna

salyp sorady: «Kimler-ä bular?» Ýüzi salyk gelin ilk-ä sesini çykarman egnini gysdy soňam: «Bally kakaňdan adresiňi alyp gaýdypdyrlar öýüdýän, ýaňy şoň adyn-a agzaýardylar. «Sapa beg bäş-üç gün Aşgabada aýlar, biziň-ä bilýän ýerimiz ýokdur» diýibem-ä ýaňzytdylar — diýdi. Hor ýüzüni hasam akjardyp zaryn gepledi. — Men-ä nirde ýatjagymam bilemok. Her gün biriniňkide ýatyp goňşularam irizdim. Kiçiňem uzyn gije gyzdyryp çykýa. Aýlygyňy bir aldyňmy? Hiç zadam-a getirmänsiň. — Gelin ellerini serip hasam ýaýdandy. Men-ä oba gidäýmesem...»

Sapa uludan demini aldy. Demli çäýnekleri göterip myhmanlaryň ýanyna geldi. Saçagyň gapdalynda onymuny goýuşdyrdy. Myhmanlar bilen çaý içişip gyşaryp ýatyşyna olar bilen gürleşen bolsa-da, esasan ýazjak hekaýasynyň pikirini etdi. «Belki powest bolar. Roman hökmanmy-aýt! Gep göwrümde däl. Esasan pikiri güýçlendirmeli. Hm-m... Ýogsa-da şu, baş gahryman: öldüräge-de...»

Ol şo ýatyşyna-da irkilip galdy. Gijäniň bir mahaly oýansa, myhmanlaryň hem hersi öz oturan ýerinde gyşarypdyr. Sapa olaryň üstlerine ýorgança taşlady. Koridora çykanda gelniniň iki çagasyny gujaklap,

akyr-ukurlaryň arasynda uklap ýatyşyny görüp, oňa nebsi agyrdy. Ýüregi gyýyldy. Başuçlarynda çommalyp oturdy. Sagadyna seretdi. Bäş. «Daňdanky otlam-a geler...» Ol zöwwe ýerinden galdy-da, daş çykdy. «Hojaýyny oýadaýmaýyn» diýen gorky bilen howlynyň içinde usuljakdan o ýan, bu ýan gezmeledi. Haçan beriljegi näbelli janyň pikirini etdi. Işe gelen günleri bir ýoldaşynyň: «Dokuz ýylda jaý aldym» diýeni ýadyna düşüp, öz-özünden hopukdy. Bir üýtgeşiklik döräp, basymrak jaý berilmeginiň arzuwyny etdi. Basym beriljegine ynanasy geldi. Ýuwdundy. Ara daş hem bolsa wokzala gelip duran otlynyň zogy gaty golaýda eşdildi. Sapa öýe girdi. Çagalaryna, aýalyna ýene bir gezek seretdi-de, içki jaýa geçdi. Myhmanlaryň biriniň ýatan ýerinden gozganjyrap: «Otly geläýdi öýdýän, Myşşy agadam-a gelmelidi» diýen sözlerini jogapsyz galdyryp, diwaryň düýbünde gyşardy. Ýene-de gözüniň öňüne koridorda çagalary bilen gysylyşyp ýatan gelin, ýazylmadyk hekaýasy geldi. Ýüregi jigläp gitdi: Şol wagt hem gulagynda Oraz Taganowyň: «Şu gün başla, ertir giç bor!» diýen sargydy ýaňlandy. Beýlesine agdaryldy. Pyşyrdady: «Bu gün-ä bolmady». Bir zat ýadyna düşen ýaly garaňkynyň içinde öz-özi ýylgyrdy. Şol ýylgyryp ýatyşyna hem uklady. Düýşünde giň jaýyň içinde oturyp

gowy bir hekaýa ýazdy. Heziller edindi.

1981 ý.

## GULLUK BORJY

Gije ýarymdan agyberende ýadaw halda burawdan gaýdyp gelen ýigidiň gözi bimahal çagy öýüniň deňinde duran ak «Žigulä» düşenden süňňi bir ýakymsyz zady syzan ýaly ýüregi howlugyp, dem almasy kynlaşmaga başlady. Dessine-de öl-suw bolup derledi. Işigi itdi. Açylmady. «Amangül, Amangül» diýip aýalynyň adyny tutup gygyrdy. Içerde hysyrdy köpelen hem bolsa işik wagty bilen açylmady. Şondan soň ýigit hasam gyssandy. Beýleräkde, üýşmek odunyň ýanynda ýatan paltany alaga-da gapy bilen söýäniň arasyna salyp gaňyrdy, oňa çenlem jaýyň arka ýüzündäki äpişgäniň şarkyldap açylany eşidildi. Paltany elinden goýman gelýän ýigit tamyň ýeňsesinden aýlanýança bolsa äpişgeden patlap gaçan başga bir daýaw pyýada esli ýere çenli omadaklap gitdi. Ho-ol, aňyrrak baransoňam ýerinden turup ylgaşlady. Ýüzüniň ugruna-da hälki «Žigulä» münüp, çyrasyny zadynam ýakman ilerligine tarap tutdurdy. Ýigit yzyna dolandy. Işige gelendenem gapy zarp bilen açyldy-da iç işikde bulam-bujar bolup

duran aýalynyň: «Näme boldy? Näme işläp ýörsüň gijäniň içi hars urup?! Ýa ýene-de içip geldiňmi? Hä?! Hany üfle!» diýýän şerimsiz, şarry sesi gulagyna geldi. Ýöne onuň näme diýip näme aýdanyny welin aňşyrmady. «Ganjyk guýrugyny bulamasa, köpek yzyny eýermez, ilki bilen şuny bir alaýyn» diýdi-de, iki eli bilenem paltaň sapyndan ykjamlap tutaga-da ýokaryk göterdi. Gelin jynssyz gygyryp gaýra çekildi. Töre ylgady. Ýüzüniň ugruna-da ýaňky pyýadanyň çykyp gaçan penjiresinden towsup daşaryk bökdi. Şol ýerdenem göni aýak ýalaň, baş açyk, digdenekläp, it baryny örüzip äriniň çagalyk dosty, uçastok milisioneri Gullynyň üstüne eňdi. Barybam işigiň agzynda arwah ýaly bolup durşuna:

— Dat ýetiş! Özüňem çaltrak ýetiş! Söýün meni paltalajak boldy. Zordan gaçyp gutuldym. Çaltrak güm edip ýygnaýmasaň gyrjak ol barymyzy. Men-ä hiç welin tas ukuda ýatan çagajyklarymyň ýüregini ýarypdy o ganym — diýip, demi-demine ýetmän, agzyndan ak köpük saçdy. Gullynyň: «Näme dawaňyz bar?» diýen sowalyna bolsa: — Wah, wah-e-eý, özi «was-was» bolarda başga dawasy bormy onuň? Şol bir öňki heňidir-dä. Içibilenini içip gelipdir-de gözüne görünýärmi, nämemi, üstüme dyzap dur: «Hany tap!»

diýip. Elinde-de ýalaw ýaly palta. Heý toba — diýip, hamala Gully özüne näbelet ýaly çyna berimsiz ýalan sözler bilen jogap gaýtardy. Ýaňyja ýyly goltukdan çykandygy mesaňa-mälim bildirip duran, ýöne entek o diýen mähri ganmadyk dikgije durkuny gamyş kimin galdyradyp Gullynyň eýlesine bir geçdi, beýlesine bir geçdi. Bolubilenini boldy. Dylmyldady. — Ýöne meni bir eltme indi o ýerik. Bardygym öldürer. Onsoň saňa-da gowy bolmaz. Häzirem şu töwereklerde bir ýerde garawullap duran bolmagam ahmal o ýezidiň.

Gully sesini çykarman eşiklerini geýdi. Dessine-de işiklerinde duran üç tigirli motoryny otlap Amangüli oba sowetiniň jaýynda ýerleşýän uly bolmadyk kabinetine getirdi. Öňünde kagyz bilen galam goýdy. Henizem ukynyň yzy bildirip duran ýüzüni aýalary bilen owkalap, indi birneme deminden düşen geline görkezme berdi.

— Hany, şu ýerde otur-da men gelýänçäm howlukmanjyk düşündiriş ýaz. Näme boldy, nämeden başlandy, sebäbi neme?..

Ygtybarly ýere gelendigine gözi ýetensoň Amangül eýýäm-haçan munuň özi bilenem dawalaşyp başlady.

— Düşündiriş ýazjak-gä, arza ýazjak. Basdyrjak. Şirin

janymdan gowumyşynmy? Gelmeze gitsin! Jähenneme gitsin! Şonsuzam öz günümi görerin. Çagalarymam eklärin. Häzir-ä arza ýazjak. Ertirem raýona baryp barlajak. Dostsuran bolup arzamy neçennige bermäýseň dagy menden gaty görme.

Gully: «Aý, näme ýazsaň şony ýazsana» diýip, eşidiler-eşidilmez hüňürdedi-de, özi şol ýerden göni Söýüniň ýanyna gitdi. Ýol boýam Amangüliň şeýle şermende bolup döreýşiniň sebäbini agtardy.

Dogry. Amangül başda gaty bir erbet maşgala dälem ýalydy welin, elbetde boljagydyr-da bir ady belli tüpbozar, puldar bilen baş goşdy-da nebir ýigidiň ýüzüne atanak çekdi oturyberdi. Adamsynyň ýuwaşlygyndan peýdalanyp soňabaka-ha halys göze-başa-da düşäýdi. Öten ýyl-a çagalarny adamsyna goýup şonsy bilen kurorta-da gitdi. Aýalynyň bet ýola baş goşandygyny uly il bilse-de, Söýüniň özi wagty bilen bilmedi. Aňyp başlansoň bolsa telim wagtlap ynanjagyny-ynanmajagyny bilmän, güman içinde gorsanyp gezdi. Belli bir tutarygy, subutnamasy bolmansoň açyk bir zat diýip pyşgyrybam bilmedi. Ur-tut aýrylyşmaga-da bogny ysmady. Çagalaryna dözmedi. Güman güýjerläp telbelik hetden aşyberenden soň bolsa içip başlady. Aragyň garasyny görse ögäp ýören arassa jahyl çüýşäň

başyna bir çökse turmany bilmedi. Aýalynyň ýanynda ugurly-utgasyz: «Sen eýlemişiň, sen beýlemişiň» diýip geplenibermänem çykardy. Haýbatam atdy. Gara ýer ýaly ýuwaş ýigitden beýle zada garaşmadyk gelin onuň bu bolşuny juda ýokuş gördi. Haýalçyraýmaly halyna gaýtam: «Içýä, urýa, hiç zat ýok ýerden gabanýa, maňa azar berýä» diýip, oňa-muňa arz edip başlady. Gully baryp-ha şol mahallar: «Sen şunyň bilen aýrylyş-da dyn. Senem dyn, bizem dynaly. Ýogsam ahyr bir gün seniň öz başyňa ýeter şü» diýip, dost maslahatyny beripdi. Söýüniň belli bir netijä gelibilmän ikirjiňlenýändigini görensoň bolsa: «Onda gardaş özüňden gör. Soňky gün pylan diýme» diýip, gahar edip çykyp gidipdi. Gahar edip gitse-de Amangülüň bolup ýörüşi ýüregine sygman, obanyň ähli guramalaryny ýygnap, Amangülüň bütin oba ysnat getirýändigi hakynda, ony ýok edip obadan çykaryp kowmak, juda bolmasa başga çäre görmek hakynda mesele gozgady. Degerli deliller getirdi. Söýüniň ahyr bir gün bir zadyň üstünden baraýmagynyň ahmaldygynam, ony eýdip-beýdip jenaýata barýan hatarly ýoldan sowmalydygynam ýaňzytdy. Ýöne oturanlaryň hiç haýsy hem belli bir netijä gelip bilmediler. Asyl nähili hereket etjeklerini hem bilmedi. Amangülüň özüni çagyraga-da göni:

«Sen şunyňy goý!» diýmäge bolsa çekindiler. Eger şeý diýäýseler, Amangül oturanlaryň hersiniň gözüne ýeke-ýekeden iki barmagyny diräge-de: «Özüňizi oňaryň! Öz heleýiňize buýruň, gyzyňyza buýruň, bajyňyza buýruň. Meň bilen näme işiňiz bar?!» diýäýjek ýaly boldy durdy. Raýon ýolbaşçylary bilenem, milisiýa naçalnigi bilenem gepleşip gördüler. Bolmady. «Üstünden şikaýat bolmasa, doktordan hat bolmasa, hiç hili çäre işlerini geçirmäge, onuň göwün islegini gadagan etmäge, «gezme» diýmäge kanun boýunça biziň hakymyz ýok. Içip aýalyna yzygiderli azar berip ýören bolsa gözi bilen görmän tutaryksyz ýerden gabanyp goltuldap ýören bolsa ol ýigide çäre görmezlige-de hakymyz ýok» diýdiler. Gully görgüli şonda: «Wah gözi görensoň giç bor» diýip şunça özelendi welin bolmady. Hatda: «Onda näme öten ýyl: «moral taýdan bozuk, pylany bilen gezýä» diýip Annadurdyny sistemadan çykaryp goýberdiler?» diýibem gördi. Şonda: «Äý senem-ä! Ol bir erkek adam, onsoňam gullukçy. Sen aýdýan zadyňa bir düşün-ä» diýip gaýtam al-petinden aldylar. Şondan soň Gully Amangülüň goňşularyndan düşündiriş aljak boldy. O-da bolmady. «Başyna ýassyk goýamyzok» diýdiler. Gorkdular. «Depegenden daşyrak» diýenlerini etdiler. Şeýdibem bet iş rowaç boldy ötägitdi. Halys

paltasy daşa degen Gully durup-durup ýene-de Söýüne gahar etdi. «Gözüň çyksyn» diýip kesanasyndan kän ýola kine bilen käýindi. Oturyp-turubam ýene-de oňa nebsi agyrdy. Eziz balalarynyň hatyrasyna Söýün görgüliniň döz gelip ýören şu muşakgatly ahwalatlarynyň mertlikdiginem bilebilmedi, namartlykdygynam. Ýöne çagalyk dostunyň gylygyna gaty belet bolansoň bu zatlaryň oňňullyk bilen gutarmajakdygyny welin, ol illere görä has irräk göz ýetirdi. Çünki Amangülüň bolup ýörüşi äriniň gözüne iläýmekdenem gaty bir daş däldi. Gully ýalňyşmady. Ine, ol hut şonuň pikir edişi ýalam boldy.

Gapy açylaryna mähetdel Söýün gap böwürde arkan düşüp ýatan ýerinden laňňa galdy-da, burçda ýatan palta tarap topuldy. Gireniň Amangül däldigini bilensoň bolsa kürtdürdi. Bir gapdala bakyp sögündi. Sandyrap duran uzyn barmaklary bilen pejiň aşagynda ýatan ýarty gap «Pamirden» birini sogrup aldy. Otlady. Uly gam-gussa hem agyr ahwalat astynda sojaýa-sojaýa tüsse ýuwdup oturşyna her-hal, däbi bozmajak bolup gelene mürehet etdi.

— Geç, Gully. Otur, çaý iç. Çörek iý.

Gully usullyk bilen aşak çökdi. Özüne uzadylan

tegelek, bitin nanyň ujundan pisse ýalyjagyny döwüp aldy. Agzyna atdy. Şu çöregi Amangülüň bişirendigi ýadyna düşende welin, agzynyň içine zäher atylan ýaly boldy. Bokurdagy bitdi. Çeýnäp oturan çöregini agzyndan çykaryp zyňaýasy geldi. Emma Söýüniň hatyrasy üçin, duzuň hatyrasy üçin, galyberse-de däbiň, mukaddes çörege bolan ajaýyp dessuryň hatyrasy üçin ýuwdup goýberdi. Şu iki arada-da çaýyň aladasy bilen hysyrdanyp ýören Söýüni sessiz-üýnsüz synlap otursyna ara düşen dymyşlygy oňaýsyzlyk bilen bozdy.

— Söýün, gitmeseg-ä bolmaz.

Söýün aşak bakyp çilim kükedip oturşyna, başam barmagynyň dyrnagy bilen gyzgyn pejiň gapagyny bir gapdala süýşürdi-de, çekip oturan çilimini oduň içine oklap goýberdi. Gullyň ýüzüne seretmän, çagalaryň biri dagy eşidäýmesin diýýän ýaly, ýuwaşlyk bilen seslendi.

— Şol aýbygadymyň läşini sermän hiç ýere-de gitmen.

Gully aşak bakyp ardyndy. Söýüniň bir gysym bolup galan syrdam göwresine bakyp, onuň süýt deý ak, asman deý temiz çagalyk ýyllaryny, mekdep ýyllaryny ýatlady. Uzynakdan gelen ýuwaş, ölemen pökgüçi, gyz gylyk, ýuwaş oglan şuş-şu wagtam Gullynyň

ed-dil gözüniň öňünde dur. Söýün şol döwürlerem ýuwaşlygyna ýuwaşdy-da, ýöne setanda-seýranda bir zada gahary geläýse dagy welin, tüýs zynjyrlaýmalydy. Asyl wagty bilen köşeşmezdem. Gaharlanyşan adamsy bilen ömür-ömür gepleşmezdi. Ýaraşdyrjak bolsaňam etmezdi. Amangüli dagy onuň haçan, haýsy gün alyp gaçanyna çenli Gullynyň hut şu günki ýaly ýadynda. «Ulalarys. Şeýle-şeýle tukat wakaly kyn günler başymyza geler, gülüp, oýnap şat bolan göwünler şeýle gabahat, gowgaly wakalara sezewar bolar» diýip, şol wagt olaryň, heý, biriniň bir kellesine gelipmidi? Gelmändi. Eger bilen bolsadylar, onda olar ol bigam çagalykdan çaltrak çykjak bolup, oglanlygyň gök-gyrtyç gülälekli tekiz meýdanyndan müdimilik baş alyp gaýtmazdylar. Kämilligiň bu hupbatly ýollaryna tarap howlukmazdylar.

Ýatlamalar ýegşerdip barýan ýaly Gully zordan ýerinden galdy. Haýpygelijilik bilen dostunyň ýüzüne garady.

— Gitmesek bolmaz Söýün. Soň birneme sowaşansoň düşünersiň.

— Şony kerçemesem özümem sowaman, içimem sowamaz. Ömürem sowamaz. Haçan şonuň etini çişe

düzerin-ä, ana şondan soň içim sowar. Bildiň gerek?

— Ýeri bolýa-laý, hany ýör, gideli!

— Ýok gitjek-gä!

Gully ýene-de aşak çökdi. Uludan demini aldy. Söýüniň ýüzüne seretmän gepledi.

— Meniň saňa ýamanlygym-a ýok, Söýün. Seni göz-görtele çukura iteklemäge-de wyždanym çatanok. Şu ýagdaýda goýup gitmäge-de hakym ýok. Bol geýin, gideli.

— Näme etjek meni äkidip? Näme edipdirin men?

— Haçan bir zat edersiň diýip garaşyp oturyp bolmaz-a. Ýa-da çagalaryňdan ömürlik aýrylasyň gelýämi!

Söýüniň bokurdagy doldy.

— Çagasyna dözýän eşek bolsam şeýdip binamyslyga saljak ýörjekmi men oba arasynda. Şular üçin dälmi!.. Şular diýip dämi nä...

Gullam hapa boldy. Esli wagtlap gepläp bilmedi. Her-hal özüni ele aldy. Papagyny ýeňsä süýşürip maňlaýyny sypalady. Gözüni gypyrjaklatdy.

— Hany ýör gideli!

Söýüniň birhili ýüregi egsilen ýaly boldy, Sandyramasam galdy.

— Basarlarmyka?

— Basmasalaram arak goýdurylýana-ha ibärler. Üçünji gezek düşüşiň. Ýadyňda bolsa öňki gezek duýdurypdym. Aý, aňyrsy alty aýdan ýa bir ýyldan dolanyp gersiň-dä. — Ol Söýüniň paltasyna garap baş atdy. — Bu oturşyňa gitseň gelmeze gidersiň. Düşdüňmi. Onçasynam näme, ine, baraly. Ýagdaýlaryňy düşündir. Gepleş. Matlabyňy aýt. Olaram adamdyr düşünerler.

Söýün birazajyk böwrüni diňläp oturdy-da, usullyk bilen ýerinden galdy. Howlukmanam geýindi. Bir-ä gapa, birem dünýeden bihabar «Hys-hys» edişipjik hatara ýatan çagajyklaryna seredip, olardan gözüni aýrybilmän ezilip durşuna Gulla bildirmän barmaklarynyň ujy bilen gözüni süpürdi. Çilimiň ajysy çykan sargylt barmaklar nemli gözi awuşatdy. Ýaşartdy. Ýigit ellerini serip ýaýdanyp, ýuwdunyp durşuna zordan gepledi.

— Onda sen meni hiç ýere-de äkitme, Gully. Jähennem aýrylyşaýaryn. Dek häziriň özünde öýden çykyp gideýin. Sesimi çykarmaýyn. Ýöne şujagazlaryň dyrnagyna zar etme. Iki günlügem bolsa aýyrma sen

meni şulardan. Oba arasynda görüp daşlaryndan guwanyp ýörenimem her zada degýä. Tapmadym diýäý.

— Gitmesek bolmaz, Söýün. Aýalyň arza ýazdy. Düşündirişem ýazyp otyr. Menem bu zatlary protokollaşdyrmaly. Saňa-da düşündiriş ýazdyrmaly. Özüň bilýäň, iş ýagdaýy... Baryp ýolbaşçylara arz etse onsoň maňa käýýärler. Öň hemmesi aýdyldy ahyry saňa. Aýrylyşjak bolsaň şo wagt aýrylyşmalydyň. Indi giç. Indi üçünji gezek düşüşiň şu mesele boýunça. Özüňem içgili.

Söýün janyndan syzdyryp zarynlady. Ýürejigi bilen ýandy.

— Ýeri, gel-gel indi şunda-da men günäkärmi? Elim bilen tutup, gözüm bilen göremsoňam... — Söýüniň demi içine düşdi. Sesi guýa gaçan daş ýaly bokurdakdan garna tarap güw gitdi. Gaýdyp zat eşdilmedi. Içindäki közler bagryny ýakyp gutarmanka daşyna çykarjak bolup ýigit şunça jan çekdi welin bolmady. Ýandy. Onda-da tüsseläp ýandy. Birdenem içinde edil köz basylan ýaly ýiti bir agyry peýda boldy. Ol elleri bilen içini tutup boş halta ýaly iki eplendi. — Onda ejelerini bir öýe getir bularyň! Ýeke ýatmasynlar. Gorkarlar.

Ol gözünden paýrap çykan ýaşlary aýasy bilen

süpürdi-de, ukuda ýatan çagalaryny ýeke-ýeke ogşap çykdy. Telim wagtlap olardan gözüni aýrybilmän, gidibem bilmän şo-ol, iki ýana elendi durdy. Bu ýagdaýa uzak seredip durmaga Gullynyňam gözi gyýmady. Ol gapa tarap ýöneldi-de, ýuwaşlyk bilen Söýüni gyssady.

— Bol, Söýün! Gideli.

Gidip barýarkalar Gully ýüzüniň ugruna kontora baryp Amangüle: «Bar, oýanmankalar çagalaryn arasyna bir bar. Äriňi äkidýän» diýdi-de, özi şol ýerden şähere döndi. Gije sagat üçe on dört minut galanda bolsa Söýüni raýon milisiýa bölüminiň nobatçysyna tabşyrdy.

Ertesi irdenem öz uçastogynda ýüze çykan agşamky ýagdaý boýunça milisiýa naçalniginiň ýanyna girdi. Söýüniň ýagdaýlaryny bolşy-bolşy ýaly edip aýtdy. Amangülüň arzasyny, düşündirişini görkezdi. Söýüniň hiç hili düşündirişiniň ýokdugyny, ýazmaga namys edýändigini, onuň şu güne düşmegine bolsa hut şol aýalyň sebäpkärdigini çekinmän gürrüň berdi. Şu gezek sypdyrsalar Söýüniň gaýdyp şolar ýaly ganygyzgynlyk etmejekdigini, çünki barybildigi aýaly bilen aýrylşyp, günäsini öz boýnundan sypyrjakdygyny, oba arasynda, günde-günaşa çagajyklaryny görüp ýörse oňa başga

dünýe malynyň derkar däldigini hem naçalnige düşündirdi. Şu zatlara özüniň kepil geçýändiginem syzdyrdy. Naçalnik oturan kürsüsiniň üstünde arkan gaýyşdy-da, Gullynyň ýüzüne çiňerildi.

— Saňa arza düşdümi?

— Düşdi.

— Düşündirişem aldyňmy?

— Aldym.

— Şonuň aýalyna palta alyp topulanam çynmy?

— Çyn.

— Eger gaçyp seň ýanyňa barmadyk bolsa onuň öz aýalyny öldüräýmegi ahmalmy?

— Ahmal... — Gully bir azajyk pikirlendi-de, hamala Söýün eýýäm aýagyny sallap gidip barýan ýaly ýene-de onuň günäsizdigini delillendirmäge çalyşdy. — Neme... ol öýünden-ä çykmandyr, ýoldaş naçalnik. Köçä çykybam kowalamandyr. Umuman ony eli paltaly görenem ýok. Onsoňam näme, elbetde... gözi bilen görensoň... bir bada... gyzgynyna... Gaty ýuwaş oglan bolmaly öz-ä. Mundan bu ýana-ha indi asylam işi bolmaz. Aýrylyşýa.

Naçalnik elleriniň hereketi bilen onuň sözlerini

tapba kesdi.

— Bolanok! Bu diýýän zatlaryň birem bolanok. Wessalam! Günäkäre çäre gör. Işini çig etme. Birden paltalaýdy-da! Hä?! Ýeri şonda nätjek? Birden gyzgynyna paltalaýdy-da! Hm? Bir iş etse eder oturybirdä. Ýüregi ýukalyk edäge-de ullakan bir jenaýata ýol berseň sendenem bir halkyň goragçysy bolarmy? Bular ýaly işde sowukganlylyk gerekdir. Dogrumy şol? Dogry bolsa haýal etmän ýygna! Ýygnadyňmy! Ýygnan bolsaň gowy edipsiň. Indiden soň bir zat bolsa sen özüň günäkär borsuň. Sypdyrma. Olar ýaly herdem hyýallara bil baglap bolmaz. Aýrylyşjak diýäge-de al bilen eliňden sypyp, barybam etjegini etse, ber onsoň habaryny. Onsoňam il-ä dert-azar barlyşdyrjak bolýa, sen bolsa aýrylyşdyrjak bolup... Öňki gezekki düşenlerinem nazara alyp. Hemme zat düzgün boýunça bolsun. Soňky gün özüňe gep gelmez ýaly et. Bar!

Gully naçalnigiň pikiri bilen bir bada razylaşan hem bolsa, niredendir ýüreginiň töründe bir ýerde onuň bilen razylaşmady. Söýüniň halyna gynandy. Naçalnigiň şu zatlardan sowukganlylyk bilen baş alyp çykybilşine gözi gitdi. Söýüniň gözüne görünmekdenem çekinip, naçalnigiň ýanyndan çykyşy ýaly göni oba gaýtdy. Oba golaýlaşdygy saýy hem onuň kalby daralyp, tukatlyk

basmarlap ugrady. Amangüle bolan ýigrenç bir ýerlerde garasar sürüsi ýaly şaglap geldi-de, ozaldanam hüňläp duran ýadaw beýnä berk-berç doldy. Özüni Söýüniň ýerine goýup gördi. Şonda onuň beýnisi çat açan ýaly bolup erbet şatlady. Ol: «Ýuwaş adamlar gaty çekimli bolýar ekenler — diýip, içinden pelsepe otardy. — Ýöne şol ýuwaşlyk olara gör nähili kyn düşýän ekeni. Ýok, bu iş meniň işlejek işim däl». Ol ertiriň özünde arza berip işden çykmagy ýüregine düwdi.

Obanyň çetinden giriberende bolsa, öňünden çykan ak «Žiguliniň» yzynda ýeserje ýylgyryp oturan Amangüli görüp, Gullynyň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Häzir onuň Amangüli hut özüniň paltalap öldüräýesi geldi. Gazaplandy. Togtady. Gaharyny daşyna çykaryp bilmän titräp durşuna dişini syzdyryp: «Howwa, biz-e gije ýatman ärleriňizi ýygnaly, sizem munda gören bilen şaýradyň ýörüň» diýdi. Gullynyň deňine gelende maşyn tizligini artdyrdy. Tozan köpeldi. Tozana ýetdirmän barýan içi agyr günäli ýeňil maşynyň yzyndan garap durşuna Gullynyň öňküdenem beter keýpi gaçdy. Zehini ýandy. Öten agşamdan bäri gör näçinji gezekdir Söýün görgüliniň (ýeke bir Söýüniň däl, asyl hemmesiniňem) hiç zatdan bihabar, bigam çaglaryny, oglanlygyň şirin keýpinden

başga hiç bir aladasy, gowgasy bolmadyk küpürsäp ýatan boz günlerini ýatlady.

Şondan soň-a ol Söýün bilen hoşlaşman gaýdandygy üçin hasam hapa boldy. Utandy. Häziriň özünde yzyna, şähere tarap dönesi, baryp Söýün bilen hakyky dostlarça hoşlaşasy, tüýs ýürekden göwünlik beresi, eger gerek bolsa naçalnigiň ýanyna ýaňadandan girägede dim-dik durup: «Ýoldaş naçalnik! Şeýle, şeýle... Biz näme üçin bir apbasy ogurlan ogrulara çäre görýäsde, iliň öýüni ýykýan, çagalaryny zir-zöwran edip, onuň tutuş bir ömrüni talaýan namys ogrularyna, namysyny satýan söwdagärlere jeza beremizok?» diýesi geldi. Juda bolmasa-da naçalnigiň ýanyna ähli oba ýolbaşçylary bilen bilelikde baryp, Söýüniň geljekki ykbalyny öz boýunlaryna kepillige alasy, şeýdibem nähak ýere çoçgara çolaşan, «...çagam, çagam» diýip namysdan, ardan aýrylan, emma şonda-da äsgerilmän inçe duýgulary zalymlyk bilen basgylanyp, gül ýüzüne kül sepilen bir bigünä ýigidi mähriban obasynyň, eziz çagajyklarynyň uzak aýraçylygyndan elinjek dyndarasy geldi. Söýüniň ýerine eltäge-de Amangüli, ýok, ýeke bir Amangüli däl-de, ýaňky onuň bilen bile gapdalyndan süwümsiz syrtarylyp geçen ak maşynly gara ýigidem bilelikde gözenege dykaýasy geldi. Ol

kellesiniň gyzgynyna: «Dogry-da walla! Oglanda näme günä bar? Günäkär ho-on-ha-a, ho-ol biziň ýörejek ak ýolumyzyň üsti bilen gaýşarylyp, heşelle kakyşyp barýan näkesler!..» diýip, gygyranynam duýman galdy. Dessine-de yzyna, şähere tarap öwrüldi. Ýaňky geçip giden hapysa adamlar arassa şäheriň süňňüne siňip ýetişmänkäler olardan öňürtmek islän dek motory iň soňky tizlige geçirdi. Dazlap barşyna özüniň hälki işden çykmak baradaky pikirini hem goýbolsun etdi. Gaýtam adam ykbaly bilen iş salyşylýan bu jogapkärli, çylşyrymly kärde diňe bir kagyz boýunça däl-de, käte ynsan, ýürek emri boýunça hereket etmekligiň zerurdygyna-da, şeýle etmekligi başarýan adamlaryň bu işde gaýtam has gerekliräkdiklerine-de aýdyň düşündi. Özüniň ýürekden syzdyryp aýtjak ähli gürrüňleriniň hemmejesine naçalnigiň birkemsiz düşünjekdigine-de ol pugta ynandy.

1982—84 ýý.

## NOWGÜL

Nowgülüň adyny tutsaň, ýedi obanyň ýigitleriniň barysy birden yraň atardy. Hemmäniň ýetip bilmeýän arzuwy, islegi şoldy. Özümiň ondan iki ýaş kiçidigime

garamazdan, ol gyzyň yşgynda menem bir entäp alypdym. Sekizinji klasy gutaran ýylym, raýon merkezinde orta mekdep okuwçylary üçin açylan lagere dynç almaga gaýtdym. Nowgülüň lagere terbiýeçi bolup gelýändigini eşidenimde bolsa, guran bokurdagymy arçap, töweregime garanjaklaberdim. Çünki, her gezek şähere gelenimde ony daşyndan görüp, köýüp, ýuwduna-ýuwduna giderdim. Kolhozara festiwal ýa sport ýaryşlary bolaýsa dagy, hemmäniň gözi Nowgüldedir. Ol aýdym aýdardy. Saçlaryny hallanladyp aýlana-öwrüle tans edende welin, aklyňy aparyp, yşkyňy joşdurardy. Eger-de şol ýyl tötänden lagerde gabat gelişmedik bolsak, meniň ony daşyndan söýüp ýörendigimi özümden başga hiç kim bilmezdem, eşitmezdem.

Ol lagere günaşadan gelerdi. Özem her gelende bir dürli köýnek geýip gelerdi. Gök sowsany-da geýerdi, ýaşyl keteni-de. Ýöne meniň üçin iň owadany, iň enaýysy onuň mämişi köýnegidi. Şol köýnegini onuň özem gowy görýän bor-a çemeli. Ilki günem şony geýip geldi, iň soňky günem. Aralygynda-da birnäçe gezek geýip geldi. Men bolsam heniz-henizlerem mämişi köýnekli gyz görsem tolgunman durup bilemok. Ýatlaýan, Nowgüli ýatlaýan. Ýaşlygymy, tüýs ýürejigim

bilen ter gyz söýen, tämiz günlerimi ýatlaýan. Ol wagtlar biz ýaşdyk, bigünädik. Päkdik. Terdik. Arassadyk. Kirkimirsiz göwünlerimiz biziň sadalygymyz, ýaşlygymyz zerarly köp gezekler kösenen hem bolsalar, goý, bizden närza bolmasynlar.

Howwa, men bir aýlap raýonda belli, owadan, aýdymçy gyzy ýakyndan synlap gezdim. Ýeke synlamak däl, men ony çyn ýürekden söýdüm. Örtenipler söýdüm. Gysga tomus gijelerini krowadymda gorsana-gorsana geçirerdim. Irden turanymdanam işikdäki bagyň aşagynda Nowgül bilen gürleşip, gülüşip oturan bedenterbiýe mugallymyny görüp, öz-özüm hapa bolardym. «Bu kim, men kim?» diýip, öz ýanymdan kemsinerdim. Onuň Nowgül bilen söýüşmäge-de, gezmäge-de haky bardy. Meniň welin hakym ýokdy. Kiçiligimi hasap etmäniňde-de, ol meniň terbiýeçimdi ahyry. Onsoňam okuwçy baraga-da, terbiýeçisine: «Men seni söýýän!» diýse nähili bor? Birhili bor. Ony golaýyndan görüp ýörmegem meniň üçin tükeniksiz lezzet. Men ony hyýalymda öpýärdim, gujaklaýardym. Özüni görenimde welin, sussum basylyp, dilim tutulýardy. Nowgül mende ilkinji bolup yşk oduny döretdi. Belki, ömür boýy ony ýatdan çykarybilmän ýörmegimem şonuň üçindir. Ol bir şäher gyzy, men

bolsam sada oba oglany. Şonuň üçin Nowgül menden olar ýaly zada garaşýanam däldir. Näbilsin ol meniň içimde harasat gopýandygyny.

...Bir gezek bizi derýa boýuna, jeňňele gezelenje äkitdiler. Ýanymyz bilen Nowgül we şol bedenterbiýe mugallymy gitdi. Gür jeňňelligiň içinden geçýän derýanyň boýunda düşledik. Her kim bir ýana dagady. Nowgül bilen mugallym bolsa güzere suwa düşmäge gitdiler. Gözümde okum bolan bolsa, urjakdym şol wagt şolaryň ikisinem. Garama-gara yzlaryna düşdüm. Olar çykaryndylar, suwa düşdüler. Suwuň içinde-de, gyrasyna çykybam kowalaşyp, basalaşyp oýnadylar. Bu ýagdaýy görüp meniň bolmajym boldy. Özüme erk edip bilmän agladym. Men Nowgülden beýle zada garaşamokdym. Juda beýder öýdemokdym. Aýtmanymda-da ol meniň söýýänimi bilmeli dälmi? Sarpamy saklamaly dälmi? Ýüregim gyýym-gyýym bolup gitdi. Özümi ejiz duýdum. Şu çaka çenli Nowgüle hiç zat duýdurmandygyma puşman etdim.

Agşam, şähere gaýdyp gelenimizden soň, bir çete çykyp, Nowgüle hat ýazdym. Ýazdym, söýýän diýip. Öňki-soňky ahmyrymy iki tagta kagyzdan çykardym. Ertesi irden haty bereýin diýip barsam, ol mugallymjyk eýýäm Nowgüli alkymlap otyr. Meni görüp gaýra

süýşen boldy. Beräýeýin diýdim oturgyç bilen depesine. Näme diýjegimi bilmän ýaýdanyp durşuma: «Ertir öýe gidip geleýin-le, mollum!» diýen boldum. Sesim welin özümiňki däl. Şeýle bir ebeteýsiz çykdy welin, özüm utanyp gitdim. Olam: «Ertir başga-da gidýän köp, sen birigün gidäý» diýdi. «Hoş!» diýip, çykyp gaýtdym. Gapynyň agzynda durup, Nowgüliň ýeke galaryna garaşdym. Emma, ol gün näçe garaşsamam, haty oňa berip bilmedim. Ertesi ir bilen maşk edip bolanymyzdan soň, ýuwunyp durkam, Nowgülüň ýeke özüniň jaýa girip barýanyny gördüm. Ylgap gidip tumboçkadan haty alyp geldim. Işikden çykjak bolup durka, haty eline tutdurdym-da, özüm ýatýan jaýymyza tarap ylgadym. Ertirlik nahar başlanmanka bellisini bilesim gelip, damagym gurap barýar. Krowadyň gapdalynda köwejekläp durkam, «ýyrş-ýyrş» edip Nowgül geldi. Elinde-de meniň hatym. Aşak bakyp durşuma hatly eliniň maňa tarap uzanyny bilýän. Bütin süňňüm bilen galdyrap durun. Zordan ýüzüne seretdim. Ýylgyrdy. Azajygam gyzardy. Al ýaňagyna gözüm düşenden bildim men onuň gyzaranyny.

Söýmedik bolsa-ha gyzarmazdy diýip, soň-soňlaram göwnümi hoşladym ýördüm. Diňe bir gyzarmak däl, sesem sandyrady:

— Neme... Al munyňy... Sen menden kiçi ahyryn, Muhy jan. Ýöne men senden gaty göremok, senem menden öýkeläýme... Onsoňam...

Soňuny eşidemok. Eşidesimem gelmedi. Nädeýin eşidip. Bolmady. Bolmajagyny-ha aňýadymam welin nätjek-dä. Indi ýöne masgara bolanymy hiç kim bilmänkä göterilmeli. Şeýle bir ýüzüm gyzýandyr welin, hoşuň gelsin. «Lap-lap» edip howur berişini özümem duýýaryn. Özümi ele alyp bilmän kän kösendim. Jaýdan çykyp barýarka Nowgülüň:

— Gamlanma, Muhy jan, sen gowy oglan... — diýenini çalaja eşidip galdym. — Nahardan gijä galaýma! — diýeninem bilýän.

Nahar işdäň alarmy ondan soň. Köp pikirlenip durman, zatjagazlarymy, çalşyrgyç üçin saklap ýören köýnejigime düwdüm-de, ýatakhananyň köçe tarapky penjiresinden böküp, yzyma garaman oba tarap eňdim.

Şol gün agşam öýde, ýüňleri çykyşyp duran, köne ýorganyň içinde ýatan ýerimde: «Bolup ýatyşyň şü, ýene-de Nowgül ýaly gyzdan hantama bolýaň» diýip, öz-özümden utandym. Gaýdyp Nowgülüň gözüne görünmezligi ýüregime düwdüm.

Şondan soňam birnäçe gezek Nowgüle gabat

geldim. Her gezegem ýüzüne seredibilmän, aşak bakyp geçerdim. Ol welin: «Muhy, gurgunmyň, hany salamyň?!» diýerdi. Geçip gidensoň onuň yzyndan seredip, köneje welosipedime ýaplanyp kän durardym. Egninde mämişi köýnegi bar bolan wagty-ha garasy ýitmese gözümi aýyrmazdym.

Soň-soňlar ol täze gullukdan gaýdyp gelen, ştangaçy, daýaw, Gulberdi diýilýän bir oglan bilen tirkeşip ugrady. (Bedenterbiýe mugallymy bilen uzak gezmedi). Ol oglan diýseň kiçi göwünli, sada ýigit ekeni. Bir gezek raýon merkezinde mekdebara spartakiada boldy. Şol gün oýunlar gutaryberende ol meniň ýanyma geldi-de:

— Salam, dost, şäher oglanlary seni urjak bolýalar, häzir bol. Ýöne gorkma, men seni oba barýançaň ugradaryn — diýdi.

Şondan soň Gulberdi bilenem dost bolup gitdik. Bir ýola men ondan: «Nowgül hatyňy birinji gezek bereniňden aldymy?» diýip soradym. Ol güldi. «Ýok, üçünji gezekde aldy». Men içimden: «Häý, menem beriberen bolsam boljak eken-ow!» diýip ahmyr etdim. Ýene-de öz gowşaklygymdan göwnüm galdy. Nowgül ýaly gyzyň söýgüsini gazanyp bilen ýigidi gözümiň gytagy bilen synladym. «Bu dogrudanam

şoňa mynasyp» diýip öz-özüm tassykladym. Gulberdi menden şo-ol bedenterbiýe mugallymy hakynda hem sorady. «Şeýle-şeýle diýýäler welin şol dogrumy?» diýdi. «Ynanma!» diýdim.

Gulberdi bilen dostlaşyp tirkeşip ýöremsoň Nowgül bilenem öwrenşip gitdim. Men öňki Nowgüli, mämişi köýnekli Nowgüli henizem söýýärdim. Häzirki Nowgüli bolsa dostumyň gelinligi hökmünde hormatlaýardym. Bir wagtky meniň beren hatym hakynda Nowgülüň oýundan, çyndan ýekeje gezek hem agzamandygy üçin, men oňa ömürlik minnetdar. «Duýgusyny äsgermezlik etmäýin» diýendir-dä.

Şol ýylyň tomsy men mekdebi gutaryp, Aşgabada okuwa gitdim. Gulberdi bilen Nowgülüň toýuny hem görüp bilmedim. Gulberdi neressäniň ömri gysga ekeni. Nowgül bilen ýyl ýaryma golaý ýaşaşyp-ýaşaşmanka, tarpa-taýyn ýogaldy. «Ýürek agyryly ekeni» diýdiler. Ýöne men-ä onuň: «Ýüregim agyrýa» diýenini eşitmändim. Nowgüli hem şondan soň göremok diýen ýaly. Okuwy gutarybam Aşgabatda işe galdym-da, oba hem käwagt bir barylýa. Onda-da gabat geleni-hä görýäň, gabat gelmedigem galyberýä.

Ine, seredip otursam, ondan bäri eýýäm ýigrimi

ýyl geçipdir. Ýyllar biziň deň-duşlarymyzyň, dost-ýarlarymyzyň birnäçelerini özleri bilen alyp gitdiler. Galanlaryny bolsa üýtgetdiler. Daş keşplerini, hüý-häsiýetlerini üýtgetdiler. Dek düýnüň özünde men Nowgüle gabat gelmedik bolsam, bu zatlar barasynda belki, henizem çynlakaý oýlanmasam oýlanmazdym. Durmuş bir akyp ýatan derýa. Onuň öňünden sowlubam bolanok, sowubam bolanok. Men ony görenimden tanadym. Heý-de tanamanmy?! Egninde mämişi köýnegi ýok diýäýmeseň, ol henizem şol birwagtky ter Nowgüli ýadyňa salyp dur. Siňe seredäýmeseň, geçen ýyllaryň goýan yzlary kän bir bildiribem duranok. Şol bir dykyzlygy, alçaklygy, çalasynlygy.

— Ýagdaýlaryň niçik?! — diýip beren soragyma:

— Aý, biziňkem bir dul mydarydyr-da — diýip gümürtik jogap berdi.

Onuň häsiýetinde uly özgerişligiň bolandygyny derrew aňdym. Öňki Nowgül heý-de, şeý diýermi? Diýmez! Ölse-de diýmez. Ol buýsançlydy, merdemdi.

— Nowgül, ýör öýe baraly, duz dat, çaý iç, çagalary, gör! — diýdim.

Ol ýüzüni ynjyly çytdy.

— Men howlukmajyrak. Agşamky otly bilen gaýtmaly. Ýör, bolmasa myhmanhana baraýaly. Şol ýerde ine-gana gürleşeris, könäni ýatlaşarys. Soňam meni ugradyp goýbärsiň...

Nowgül meniň golumdan tutup diýen ýaly, myhmanhanadaky bir adamlyk otagyna eltdi. Çaý goýdy. Başga-da oduk-buduk getirip, orta goýdy.

Nowgül meniň gabat garşyma geçip oturdy. Häzir içgin synlap men onuň ter ýaňaklarynyň diýseň, diýmeseň, könelişip başlandygyny, alkymynyň sallanyp, dişleriniň az-kem saralyp ugrandygyny gördüm.

Bir mahalky hallan atýan gara saçlaryň indi menzili gysgalypdyr. Bolsa-da, entek özüni gaty bir elden bermändir. Belki-de, meniň göwnüme şeýledir, kim bilýär.

— Ýigit bary yzymdaka men özümi dünýäde iň bir bagtly adam hasap edýärdim — diýip, ol turuwbaşdan könäni ýatlap başlady. — Emma men kembagt ekenim, Muhy jan. Kembagt bolmasam, iki ýyla ýetmänkä bagtym suwa çökermidi? Şol gidişi-gidişi boldy. Ilki-ilkiler-ä göwnüme ýalan ýaly, ol geläýjek ýaly boldy durdy. Soň bildim çyndygyny. Bileňde nätjek diýsene? Başga hiç kime göwnüm urmady. Ýekeje gyzymy saklap

oturdym. Borjumy haklap oturdym. «Ýigit ýasy ýedi ýyl» diýip, ýedi ýyl ýedi aý oturdym. Bir görsem ömrüm köýüp barýar. Ýigit barynyň arzuwy Nowgül dünýeden bipaý geçip barýar. Gizläp nädeýin, Muhy jan, ýaryldym. Ahyr ýaryldym. Nädeýin. Menem janly-jandar ahyry.

Nowgül ýaşaran gözlerini süpürdi. Maňa gezek bermän gürledi. Menem sesimi çykarman diňläp oturdym.

— Seniň ýagdaýlaryň nähili?! — diýip, ahyry menden sorady. — Durmuşyňdan razymy?

— Gül ýaly, kem zadym ýok.

Men muny hamala Nowgüle gyjalat bermek üçin aýdan ýaly, ol ýüzüni çytyp, aşak bakdy. Dodagyny dişläp, ýürekgyýdyryjy görnüşde ýylgyrdy. Köýneginiň üstünden buduny sypalap oturşyna, gaşyny galdyrman sorady:

— Könäni ýatlaýaňmy, Muhy?

— Heý, onam bir ýatlaman bormy?

— Maňa hat bereniňi bilýäňmi?

— Howwa-la.

— Näbileýin, ýatdan çykaraýdyňmykaň diýdim.

Şol gezekki utanyp ýüzümiň gyzaryşy, Nowgülüňem gyzaryp, sesiniň sandyraýşy şu günki ýaly ýadyma düşýär. Häzir welin ol zatlary arkaýyn ýatlaýa.

Gürleşip ep-esli oturypdyrys Birdenem Nowgül humaý gözlerini süzüp maňa seretdi. Üýtgeşik bir hyrydar nazara duçar boldum. Beýle ahmyr gatyşykly maýyl gözleri men şondan öňem göremok, soňam. Onuň sesi sandyrap çykdy:

— Ahmyrdan çykasyň gelenokmy?

Men aňk-taňk boldum. Bu sözler meni iki gulagymdan tutup getiräge-de, ýeriň biline çalnan ýaly etdi. Agyr töhmediň astynda galyp barýan ýaly demikdim. Meniň ýakmaz bir zat aýdaýmagymdan howatyr eden Nowgül howlukmaç gürledi.

— Ine men, ine-de sen. Şu jaýda ikimizden başga janly-jandar ýok. Göwnüňde arman galmasyn. Sen birwagtlar meni söýüpdiň, ýaşlygyň päk söýgüsi bilen söýüpdiň. Men seni hiç wagt ýatdan çykarmandym. Ýüregiňde arman galannam bilýän. Al, göwün solpyňdan çyk!

Ajal deri diýýänleri hem şondan sowuk däl bolsa gerek, meni şeýle bir der basdy, Hudaý saklasyn, ömrümde beýle zulum gören däldirin. Ýatyrkam gara

basanda oýanmanyň tärini tapýardym. Häzir welin, turup ötägitmäge göwrämde gurbat tapmadym. Hyýalymda Gulberdi neressäniň keşbi peýda boldy. Onuň berdaşly göwresi eplem-büklem bolan köne demir ýaly elhenç, naýynjar göründi. Bileje iýlen tagamlar, gyzgyn gatnaşyklar, galyberse-de, onuň köýen ömri ýadyma düşdi. Bu alabeder dünýäniň ýakasyndan tutaga-da, maňlaýyna beräýesim geldi. Usullyk bilen ýerimden turdum-da gapa tarap ýöneldim. Gulply gapyny açjak bolup, dyzap durşuma yzyma bakyp ysgynsyz ses bilen: «Açary ber!» diýdim. Nowgül şol bir oturşyna sag elini ýaňagyna diräp, maňa bakyp, ýylgyran bolup otyr. Nä ýygyrmak. Ine-de, ol ýerinden turup başyndaky ýumşak ýaglygyny aýryp taşlady. Ýakasynyň tylla bendini ýazdyrdy, öňküsinden sähelçe-de mizemedik ak alkymyny sypalap goýberdi.

— Men bu gapa ýalňyşyp gelipdirin, Nowgül! Aç gapyny. — Men oňa golaý bardym. Ýalbardym. — Haýyş edýän, aç gapyny. Men seni söýüpdim, Nowgül. Mämişi köýnek geýen Nowgüli söýüpdim. Emma ol öwsen şemallar bu wagta çenli ýeriň daşyndan gör, näçe gezek aýlanandyrlar. Meniň maşgalam bar, öýüm bar, çagalarym bar. Ikimiziň aramyzda bolsa, Nowgül, dost sarpasy gala bolup dur. Men ol galany ýumrup bilmen.

Men şol gezek senden öýkelemän gidipdim. Senem menden öýkeleme. Saňa sapak berip biljek däl. Öz eliň, öz ýakaň. Isleýşiňçe ýaşa. Ýöne meniň bilen dostlarça hoşlaş, Nowgül!

Ol ýene-de stoluň başyna geçdi. Iki elini kükreginiň üstünde çalşyryp goýdy-da, uludan bir sowuk demini aldy.

— Durmuş bir ýolagçy otlusyna meňzeýär ekeni, Muhy jan. (Ol özüniň bary-ýogy iki ýaş uludygyna buýsanyp ömürboýy maňa: «Muhy jan» diýip geçdi.) Ýolda duşýaň, ýolda-da aýrylyşýaň. Ol otludan bir düşen bolsa, gaýdyp oňa münmeýär. Gulberdi neresse gözümiň öňünden gidenok. Ýygy-ýygydan düýşüme girýär. Emma indi ol ýok...

Nowgül ýuwaşlyk bilen ýerinden turdy. Gelip gapyny açdy. Ýuwaşlyk bilenem yzyna dolandy. Baryp, diwanyň üstünde, goşa dyzyna bakyp kän oturdy. Göz ýaşlaryny sylyp, başyny galdyrdy. Penjireden uzaklara seretdi. Howwa, penjiräniň ed-dil agzyndaky gök şahalara, onuň üstündäki jürküldeşýän serçelere däl-de, has aňryk, has uzaklara seretdi.

Men usullyk bilen otagdan çykdym. Hoşlaşman gaýdanyma birhili boldum-da, ýene yzyma öwrüldim.

Gapydan boýnumy uzadyp bu biçäre aýala, bir mahalky ýetibilmeýän arzuwyma: «Hoş, sag bol, Nowgül!» diýdim. Ol tisginip bärsine bakdy. Birdenem sandyraýan elleri bilen ýüzüni tutup, aglap başlady. Göwresini diwanyň üstüne taşlap, ýüzüni ýassyga berdi. Onuň ýanan ýüreginiň agyr nalasy ömür gulagymdan gitmez. Gitmejegi çyn şonuň. Hernä, açyk howa birneme özüme getiräýdi. Barýançam agyr pikirlerden açylar ýaly, öýe pyýada gitmegi ýüregime düwüp, köçäniň ol tarapyndaky trotuara düşdüm. Kükregimi ýelden dolduryp, öýkeniminň howasyny täzeledim. Myhmanhananyň onlarça penjireleriniň içinden Nowgülüň bolýan jaýynyň penjiresini agtardym. Şol wagt açyk penjireden bäri seredip duran Nowgüle gözüm düşdi. Ol aglaýardy, gollaryny ysgynsyzlyk bilen bulaýlaýardy. Egninde bolsa şo-ol bir mahallarky ýaly al ýaňaklaryna al goşýan ýukajyk, mämişi köýnegi bardy.

1969—81 ýý.

## INDI AGLAMA, DÜRJEMAL!

*(satiriki hekaýa)*

Halyk ýarygijeler gorkup oýandy. Dik oturyp, töweregine diň saldy. Daşardan aýallaryň, çagalaryň

aglaşýan sesleri eşidildi. «Goňşulardan-a biri ýogalypdyr-ow» diýip, içini gepletdi. Başujunda duran çärýek çüýşe aragyň hemmesini käsä guýdy-da, başyna çekdi. Ýüregi ýerine geldi. Daşardaky gykylyk, agy, goh zym-zyýat boldy. Şondan soň ol rahat ýatdy. Ertir irden ýene-de kellesi agyryp oýandy. Erbet azarlady. Arak gözledi. Ýok. Jübülerini sermenip zordan iki manat tapdy. Ejesindenem üç apbasy diläp aldy. Ejesi gan eňräp: «Içme! — diýdi. — Öýüň-ä ýykdyň. Indi bir goý, şunyňy». Halyk: «Bor eje, goýaýyn» diýdi. özi welin, hopul-sopul geýindi-de, yraň-daraň edip dükana, çakyr almaga gitdi. Öýden çykan badyna, bu dünýäniň öňkülerine görä has üýtgändigini görüp gaty geň galdy. Hemme zat, daş-töwerek birhili goýy, tylla sary reňke öwrülipdir. Adamlaram, baglaram, daglaram geçip barýan maşynlaram, bar zat jylk sary. Halyk bular ýaly hadysany öňem bir gezek synlapdy. Ol aýaly aýrylyp gitmeziniň öň ýany bolupdy. (Aýaly bir ogluny hem alyp çydaman gitdi.) Şol gezegem Halyk gaty azarlady. Turup içere zat tapmady. Gulagyna her hili sesler eşidilip, gözüne her belalar görnüp başlady. «Dürjan gel, meniň dişimi sogurýalar» diýip, aýalyny çagyrdy. Sesine ejesem geldi. Halyk olara: «Duruň, galmagal etmäň, ine häzir sogurýalar, wraçlara päsgel

bermäň, ine, ine anha... A-an-ha-a!» diýip, hamaly dişi sogrulaga-da, özem zarp bilen itilen ýaly bolup, özüni ýeňseleýin diwara bir urdy welin, hälem kellesi diwara kakylan mähnet çüýden bir sere ýaly aşak degäýdi. Halyk hakykatdanam dişi sogrulan ýaly bolup usurgap esli ýatdy. Turup: «Hany doktorlar gitdimi?» diýip sorady. Şol gezek Dürjemal äriniň öňünde meseläni kesgitli goýdy. «Besdir, indi goýmasaň men-ä mundan bu ýana çydap biljek däl. Adam sanyndan-a çykdyň. Şonda-da şol bir heňiň. Şunça garaşdym, indi besdir. Çagamam alyp gitjek!» diýdi. Halyk şol gezek «Goýaýyn» diýip söz berse-de, goýup bilmän köp horlandy. «Islän wagtym goýaryn!» diýip ýören adam, aňsat goýaýmajagyna göz ýetirdi. Arak goýdurylýan ýere gitmänem namys etdi. Içmän çydajak bolup, azarlap ýatan wagtlary, assyrynlyk bilen içerä gözüni aýlap içer ýaly zat gözledi. Eliniň barmaklary bir ýumulsa açylmady. Damarlary çekdi. Bir eli bilen beýleki eliniň barmaklaryny açyp, aýnaň öňünde duran, ýarty çüýşe odekolony zordan aldy. Suw getirmek üçin, wanna barýança ýöräp bilmän masgara boldy. Nädip ýöremelidigini ýatdan çykarypdyr. Aýaklary pružinaly ýaly tagaşyksyz hereketler bilen, iki ýana hallan atdy. Ony diýseň ellerem, bütin göwresi ýaňy ýöremäni öwrenýän çaganyňky ýaly giden ugry

özüniňki bolup dur. Ahyry hem ýöräp bilmän ejesini çagyrdy. «Suw getirip bersene!» diýdi. Ejesi suw getirip oglunyň öňünde goýdy. «Git-de, goýaý senem iliň goýýan ýerinde, jan guzym!» diýip, ogluna ýalbardy. «Şony suwa garyp agzyma tutsana jan eje!» diýip, bu-da ejesine ýalbardy. Şony içensoň azajyk özüni dürsedi. Ýerinden turup, dik oturdy. Şol wagt aýaly geldi. Boşan odekolony görüp, sessiz-üýnsiz zatlaryny ýygnaşdyrdy. Ogluny geýindirdi. Çykjak wagty gaýyn enesiniň gujagyna özüni oklap aglady. Ikisem bir zaman aglaşdylar. Razylaşdylar. Ene-de gelni günäkerlemedi, gelinem gaýyndan kinedar bolmady. Bu aýralyk pursaty olaryň ikisi hem algyr nazarlaryny öýüň ortarasynda dişindäki ýok gyly sogurjak bolup dümtünip oturan Halyga dikdiler. «Ozalebetde döremän geçseň bolmyýamydy...» diýen ene yzyny sözläp bilmän aşak çökdi. Gelnine ak pata berdi. «Bolýa guzym, gitseň bar aman! O dünýe, bu dünýe men senden razydyryn. Gitseňem bir ýyl, iki ýyl otur gyzym. Belki buda bir adam syýagyna geläýedi-dä!». Gelin-ä biragyzam sözläp bilmedi. Saýlap-seçip barany, eginleri dag ýaly pälwan sypat bu ýigidiň bir owurt şerap üçin özüni şeýle kiçeldip oturşyna tüýs ýüreginden gynandy. Gitdi. Yzyna gözläpler gitdi. Oguljygy hem: «Ene-ä-ä» diýip

eljagazlaryny sere-sere gitdi. Halyk bolsa zoňtarylyp oturşyna: «E-eý, çypyňmy-eý, seniň, goýaryn men, gitme entek» diýdi. Aýaly çykyp gidensoň ejesine ýüzlenip: «Eje, şu dişimiň arasynda bir gyl bar welin, hiç sogrup bilemok, şuny aýyrsana!» diýdi. Garry gazap bilen gargyndy. Haly-ys, zandyndan ötensoň gargyndy. «Dişiňem gursun seniň, özüňem üstesine gurasyn. Dişleriň dökülipler geçse bolmyýamy? Hunaba-ha ýutdurdyň maňa ahyr ýaşymda, döremän geçen. Bu bolşuň bilen ýulunmaza gidersiň sen. Maýa gelnim bozlap gitdi, tokar guzym mäläp gitdi. Ýürek ýagym gitdi, ysgynym, mydarym gitdi... Nalajedeýin men?..» Garry iki günläp ýerinden galmady. Halys degnasyna degen Halyk, şondan son bir aý ýaly içmänem gezdi. Ölümiň bärsinden gaýtdy welin, goýdy. Maşgalasynyň yzyndanam gitdi. Gelni hem: «Hany entek bir ýyl, ýarym ýyl göreli näme bolýanyny» diýdi.

...Ine üçünji hepdäniň içidir ol ýene-de içip ýör. Işem ýok, güýjem ýok. «Içme» diýip päsgel berýän Dürjemalam ýok. Hezillik. Ejesem nätsin, şol Taňrysyna gargap otyr. Halyk düýrügip, halys heläk boluberse, gaýtam oňa dözmän, galan-gaçan şaýyjyklaryny hem çykaryp berýär. Nätsin-dä!

...Hawa, dükana çakyr almaga barýan Halygyň

gözüne dünýe jylk sary göründi. Dükana girdi welin onuň içindäki asylgy suratlara gözi düşüp, gülküsi tutdy. Ol suratlardaky adamlaryň ýüzleri kä çep tarapa, käte-de sag tarapa gyşaryp, süýnüp gidýärdi-de, ýene-de ýerine gelip duruberýärdi. Halyk bir zat ýadyna düşen ýaly, tapba gülküsini kesip, adamlaryň ýüzüne seretdi. «Adamlaryň ýüzi dogry, ýöne sary. «Beh!». Şol wagt «wazt» etdi-de bir ary Halygyň dulugyna kakyp geçdi. Bu-da elini salgady. Baryp bir çüýşe çakyr aljak bolanda ýene-de şol ary «wazt» edip kakyp geçdi. Sesini eşitse-de, ol hiç hili ary görmedi. Dükandan çykansoň hälki «wazt-waztlar» has hem köpeldiler. Halyk: «Ile bir görünmäýin» diýip, çet ýere bardy-da, çakyryň ýarsyny içdi. Galanny ýantorbasyna saldy. Arylar azaldy. Çakyryň täsiri ýetensoň düýbünden ýok boldular. Öýüne gelensoň irkiljek boldy. Bolmady. Ejesem öýde ýok. Sähel wagtdan ýene azarlap başlady. Galanja çakyrynam içensoň gijäniň aladasyny etdi. Eger içere zat tapylmasa, gije ony her hili gorkunç belalar ýatyrmaz. Ony özem bilýär. Gaty gowy bilýär. Ýene-de goňşular aglaşarlar, itler uwlaşarlar. Örän aýylganç uwlaşarlar. Bir topar şübheli adamlar Halygy gözläp öýüň daşyndan ters aýlanarlar. Ol gözüni tegeläp töweregine seretdi. Ejesem geler ýerde gelmedi. Çörek

dükanyna giden bolmagy mümkin.

...Halyk gije dogrudanam azarlap oýandy. Kellesiniň içi jymyrdap alyp barýandygy sebäpli, derrew başujuna el uzatdy. Çüýşe boş. Öýüň içine birlaý göz gezdirdi. Ejesiniň gelenini ýa gelmänini hem pikir etmedi. Şol wagt goňşularynyň öýünden ýene-de aýallaryň, çagalaryň aglaşýan sesleri eşidildi. Gitdigiçe-de güýjedi. Halyk zöwwe ýerinden galdy-da: «Eje-e!» diýip, çirkin gygyrdy. Yrgyldap gelen garrynyň sesi nadyl çykdy.

— Näme?

— Kim ýogald-a şu ýerde?

Garrynyň solgun ýüzi hasam agardy.

— Nirede?

— Ine, goňşulardaky yzan-da-çuwanlygy eşideňokmy? Haýsy goňşyňkydan çykýa şü?

— Men-ä ses eşidemok — diýse-de, olam durup-durup diň saldy. — Äý, ýok. Hemmeler ýatyrlar. Ýat, senem.

Garry çykyp gitdi. Ses welin ýatmady. Güýjerledi. Onsoň diwaryň aňyrsyndan Halygyň adyny tutup dükürdeşip başladylar. «Çyksaň-a çyk, bolmasa-da hökman şu gije seni alýas!» diýişdiler. Muny ol hakyky

gulagy bilen eşitdi. Ýene-de ejesini çagyrdy. Bu gezek garry oglunyň öz ygtyýarynda däldigine göz ýetirdi. «Gorkma guzym, hiç zat ýog-a» diýip, oglunyň ullakan kellesini kükregine gysdy. Daňdana çenli şeýdip oturdy. Halyk welin, şol «ziňkildedi» ýatdy. Käte hem: «Eje, ikimiz-ä bulary eýgermeris» dindi. Aýak ýoluna turmaga hem gorkdy. Soňabaka gorky has basmarlady. Düwdenekläp turup gitdi-de, ortaky jaýdaky telefona ýapyşdy. Şol ýerdenem ejesine gygyrdy: «Eje sen şolary azajyk güýme, men milisgä jaň edeýin!». Milisiýa habar edip ýetişmänkä-de gapa seredip: «Wä-ä-ä!!! — diýip, uly ili bilen gygyrdy. Çünki, üç-dört sany hyrsyz pyýada eýýäm haçan gapyny açyp, Halygyň üstüne topulyşyp gelýärdiler. Özlerem: «Ýok, et sen milisgä jaň! Bol et!» diýşip muňa gyjalat berýärdiler. Dişlerini gyjaýardylar. Halyk atylyp otagdan çykdy. Ellerini serip gelýän ejesiniň duşundan şowurdap geçdi. Balkona bardy. Guşaklygyna ýetip duran germewden säginmän böküp, özüni aşak oklady. Halygyň jaýy ikinji gatda ýerleşýärdi.

Ol özüne gelende, diwarda görnüp duran reňkli suratlara geň galdy. Edil kino gören ýaly. Köçemi, yranşyp oturan baglarmy, trotuar diýermiň asyl awtobus duralgasy-da bar. Honha, şol duralga-da eli sumkaly Dürjemalam dur. «Dürjan, Dürjan, men bärde-e, bäri-

ik, bärik gel!» Birdenem diwardaky suratlar aýryldy-da, Halygyň nazary açyk penjireden görünýän köçä dikildi. Dürjemal asyl şol ýerde ekeni. Halyk turup bilmäni üçin, ýatan ýerinden göwresini galdyryp, duralga tarap elini uzatdy, zowlatdy oturdy. «Dürjan ge-el! Men bärde!».

Halygyň sesine wraçlar geldiler. «Ýeri-ow, ussa näme gördüň?» diýşip, hoşamaýlyk bilen soradylar. Halygam: «Honha duralgada aýalym dur, meni gözläp ýör. Baryň aýtsaňyzlaň, men-ä turup bilemok. Tapman heläk bolýar ol» diýdi. Wraçlar: «Bor, bor hökman aýdarys» diýşip, Halygy köşeşdirip gitdiler. Gowy ýatar ýaly uky dermanyny berdiler. Birneme ýatdam. Daňdan ara oýansa radioda Halygyň adyny tutup, tankyt edip duran ekenler. Halygyň özem haýran gala-gala galmaz boldy. Asyl diktoram şol günde-günaşa gepläp ýören diktorda. «Pylan edaraň ussasy Halyk diýilýän daýaw pyýada günüň-gününe arak içip, işe gelmän bolgusyzlyk edip ýör. Aýaly hem gitdi, oglam gitdi. Özem nirede bir bolgusyzlyk bolsa şol ýerde. Ýeke enesinem idedenok. Öýüne garakçylar çozanda-da ejesini taşlap özi samolýoda münüp gaçypdyr...» Tankydyň yzy tükenmedi. Şol wagt derman paýlap ýören bir ýaş oglam jaýa girdi. Halyk oňa: «Inim, şol radiony ýa öçür ýa-da ýok edip durky bilen aýyr. Wraçlara özüm aýdaryn.

Besdir-dä indi! Adamy öz gününe bir goýuň-a» diýdi. Ol oglan töweregine garanjaklady: «Agam, şu içerde-hä radioň ady hem ýok».

Üç-dört günden soň Halyk gowy özüne geldi. Şonda ol dogrudanam diwarda hiç-hili radioň ýokdugyna göz ýetirdi. Indi diwarda kino hem görünenok. Hemme zat ýerbe-ýer. «Ýeri, gowulaşdykmy?» diýip, ýyljyraklap gelýän wraçy görenden Halyk myssa ýylgyrdy. «Bu nähili boldy-a?» diýip, öz ýagdaýyndan habar aldy. Wraç oň ýanynda oturdy-da gara çyny bilen şeý diýdi:

— Hemme zat özüňe bagly ussa! Geçeni ýatlap oturmaly. Ýöne iň güýçli derman seniň öz durnuklylygyňdyr. Biz seni tut ýaly ederis. Aýagyňy bejäris. Gül ýaly bolup gidersiň. Bagtyňa böken ýeriň ýumşak gum ekeni. Howwa, biz seni bejerip, ýörite arak goýdurylýan ýere geçiris. Goýarsyňam. Ýöne welin, galany ýene özüňe bagly. Içme şony! Maşgalaňdan, çagaňdan, eneňden gowumy? Bu jahana ilden üýtgeşik iki-hä gelmersiň. Şujagaz berlenjäni bir harlama.

Halyk agyr düýşden oýanan ýaly, böwrüni dişläp köp oturdy. Wraçyň ýüzüne seretmän gürledi:

— Indi bizar-la. Ölsemem agzyma alman. Häýt, şu göwnüme islän wagtym goýup biläýjek ýaly boldum

ýördüm-dä. Bilmändirin. Owsarymy eline beräýen ekenim.

Halygyň gözlerine ýaş aýlandy. Göz öňüne eljagazlaryny galgadyp giden ogly, aglap giden aýaly, ejesi geldi. «Ejem nädýärkä?».

— Ejem nädýärkä?! — diýip, ol daşyndan seslendi. Wraç ýerinden turup:

— Ejeň öýňüzde. Garaşyp otyr. Aýalyňam öňňünden bäri gapyny alyp dur. Häzir geler. Elinde ne gözel oguljygam bar — diýdi.

Bu hoş söze Halygyň süňňi ýeňledi. Beýnisi süzgüçden süzülip arassalanan ýaly boldy. Jaýyň içi giňeldi. Ýürek hoşwagt gürsüldedi. Mukaddes ojagyna ýene döwran dolanjakdygyna, öňküsi ýaly il deňinde aýalynyň, çagasynyň boljakdygyna, garry ejesiniň oglundan nalap Hudaýa nalyş etmejekdigine, garaz öňünde şeýle gowy günleriň ýene boljakdygyna begendi. Şol wagt hem işikde ogluny göterip duran Dürjemal göründi. Halyk dikeldi. Horlanany mese-mälim bildirip duran aýalynyň ýaşly gözlerine müýnli bakdy.

— Indi aglama Dürjemal!

Dürjemal ogluny adamsynyň eline berdi-de, Halygyň

krowadynyň gyrasynda oturdy. Başyny aşak salyp aglady. Öten günleri üçin, hasratly günleri üçin, goç ýaly ýigidiň ejizläp düşen günleri üçin aglady. Hemem şol pajygaly günleriň gaýtalanmajagy üçin, dönen döwranyň dolanandygy üçin, sönen ojagyň köräp başlandygy üçin begenjine aglady.

1981 ý.

## GUDUMAN BAGŞY

Ikindi namazyny okamaga howlugyp gelýän kerwenbaşy barha ulalyp barýan kölegesinden nazaryny sowdy-da, ýoldaşlaryna ýüzlendi:

— Gurbany gitdigim Saragt babaň galasyna ýetjek bolsag-a gijä galarys, şu obaň deňesinde düşäýeliň! Hol-ha, guýam bar ekeni.

Obanyň gyrasynda düşlediler. Kerwenbaşy aralaryndaky ýaş oglana çaý-suw bilen bolmagy tabşyrdy. Beýleki üçüsine-de: «ýükleri ýazdyryň!» diýip buýruk berdi. Özi hem ho-ol, beýleräkdäki şyr ak takyra bardy-da, namaz okamaga durdy. Ýaş oglan ot ýakyp çaý goýdy. Arasynda ylgap gidip ýükçilere-de kömekleşdi. Gelip ýene-de çaýy bilen boldy. Kerwenbaşynyň uzyn kölegesiniň geň-enaýy hereketlerine seredip, keýp etdi.

Gülesi geldi.

Birdenem oba tarapdan hem-ä uzyn, şol bolşy bilenem diýseň eginlek, etli-ganly, dolmuş ýüzli, bir söz bilen aýdanyňda uçursyz daýaw bir kişiniň donuny ýelbegeý atynyp, assa ýuwaş ädimläp, özlerine tarap gelýänini gördi. Kerwenbaşa seretdi. Özünden habar alynsa, näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Ýükçilerem öz işleri bilen başagaý. Ýaňky adam golaý geliberensoň, bu oglan onuň nurana ýüzüne, gyrçuw sakgalyna siňe syn edip: «Kyrk ýaşlarynda dagy bardyr» diýip oýlady. Salam berende sesi sandyrady. Daýaw adam şol äwmän gelşine oda goýulan tüňçeleri aýagy bilen pyzyşdyryp goýberdi. Üstüne suw dökülen közler «wasyrt, wast-wast» edip ala-burugsy boldular. Soňam tüsseläp başladylar. Ýüzünde ne gahar, ne gazap hiç zat bildirmeýän bu adam, ýüzüni ýerden galdyrman ylgaşyp gelen ýükçileriň salamyny aldy, parahat sesi bilen:

— Haýsyňyz kerwenbaşy borsuňyz? — diýip sorady.

Oňa eglip-galyp duran ýerinden gözüniň gytagyny bäri aýlaýan kerwenbaşyny görkezdiler. Daýaw adam kerwenbaşy namazyny okap bolýança sesini çykarman garaşdy. Kerwenbaşynyň bäri ugranyny görüp oňa garşy ugrady. Ony özünden uly görüp, salam berdi.

Kineli gürledi.

— Näme, ýaşuly, meýdana geldiňizmi?

Kerwenbaşy guşagyny guşanyp, eşiklerini düzedip durşuna bu hansypat, hökmürowan owazly kişiniň öňünde aljyrajak boldy.

— Hä, näme?

— Töweregiňde gara-gura görünýämi ýa çölmi tozap ýatan?

— Töweregimiz-ä, Hudaýa şükür, giden obalyk.

— Onda bu nä boluşdyr, bi?!

— Hä, näme?

— Şu giden obada size bir käse ýyly suw beren tapdyrmaz öýtdüňizmi? Bu näme etdigiňiz boldy? Oba gelip, obaň gyrasynda guma bulaşyp ýatmak türkmençilikde bolýanmydyr? Ýa siziň obalarda şeýleräkmi?

Kerwenbaşy kyn güne galdy. Hasam aljyrap ýoldaşlarynyň ýüzüne seretdi. Olaram aşak bakdylar. Kerwenbaşy näme diýjegini bilmän:

— Aý, Mara barýadyk-da, gyssag bo...

Daýaw adam gelen yzyna tarap öwrüldi. Dag süýşen

ýaly bolup ýöräp barşyna, ikuçsyz gürledi:

— Nirä barýanyňyz bilenem işim ýok, nirden gelýäniňiz bilenem. Paty-putyňyzy göteriň-de, meň yzym bilen, ho-ol, ýanaşyk oturan iki öýe baryň, derrew!

Kerwen ýerini üýtgetdi. Kerwenbaşy baran batlaryna kömekleşmek üçin ylgap çykan iki sany ýetginjegiň birinden:

— Öý eýesine kim diýerler? — diýip sorady.

— Guduman bagşy diýýäler!

— Oh-ho-ow! — diýip, töweregine ýuwaşlyk bilen göz aýlan kerwenbaşy içini gepletdi. — Asyl şo diýsene? Hm-m... Beh, mundan çykd-ow.

Myhmanlara çaýam berildi, naharam. Her dürli gürrüňlerem edildi. Öý eýesi hem daşyndan seredeniňdäki ýaly gaty bir tutuk hem däl ekeni. Her dürli gürrüňler tapyp, myhmanlary gülüşdirdi oturdy.

Hatda, Tejen derýasyna Saragtyň deňinde çümüp, çykanda Tejeniň deňinden çykyşyna çenli gürrüň berdi. Kerwenbaşy ara maý düşen wagty gozganjyrady-da, häliden bäri aýtjak bolup, aýdyp bilmän oturan sözlerini dile getirdi:

— Bagşy! Biz-ä siziň adyňyzy eşidip daşyňyzdan

guwanyp ýördük welin, ine, näme, bü-de bir nesibedirdä. Saý-sebäp bilen hut öýüňizde otyrys. Bäş-üç sany aýdyma isleg bildiräýsek biedeplik bolaýarmyka? Oba arasy gowulykdyr-la hernä?

Bir gowy çynar ýaly howalanyp oturan bagşy myssa ýylgyrdy.

— «Käşgä myhman suw dilese» diýipdirler — diýdide, töweregine göz aýlady. Hälki ýetginjekleriň birini «oňa-muňa aýt» diýip oba arasyna iberdi. Soň ýene myhmanlara ýüzlendi. — Hudaýa şükür, obada köpden bäri agramçylyk ýok.

...Meýlisiň örüsi kem-kemden giňäp başlady. Guduman bagşynyň sesi çykyp ugrandan işigiň kiliminiň açylyp-ýapylmasy ýygaldy. Hä diýmän oturara ýer galmady. «Özüniňkilerem muny şu gün görýän ýaly-aý» diýip geň galan kerwenbaşy gijäniň bir mahaly daş çykanda, öýüň ýeňsesinden tä mal ýatagyna çenli garasar gonan ýaly bolup oturan gelin-gyzlary görüp, gara öýden çykýan aýdymyň gudratyna doly göz ýetirdi. Ol dolanyp öýe giren wagty bagşy iň bir çeküwli aýdymlaryň birine gygyryp otyrdy. Bagşy beýik perdä galmak üçin, uçjak guş ýaly bolup ilk-ä bir düýrükdi, yzyndanam öýkenini howadan dolduryp boýnuny içine

çekdi. Iki çignini hem galdyraga-da, şeýle bir gygyrdy welin, kelle iki çigniň içine girdi ötägitdi. Tep-tekiz. Des-deň. Bir salymdan soň ýaňky kelle haýallyk bilen çykyp başlady. Şol gelşine-de bokurdakdan şeýle bir enaýy owazlar çykardy welin, ony göz bilen görmeseň, gulak bilen eşitmeseň ynanar ýaly hem däl. Mahmal deý ýumşak bogazdan çykýan säkdirmeler, öwrümler, hiç bir garyndysyz, Guduman bagşynyň hut özünüňkidi. Ol bir erkana saýraýan bilbil kimin, aýdymlaryň kekejinden tutup şeýle bir çeýneýärdi, hatda käbir yşgyň kesewileri aýdym gutarara çydap bilmän, para-para bolup, dillenmäge mejbur bolýardylar. «Säkdir-r!», «Säpjet!», «Hä-ä, hä-ä!».

Biri bardy. Annanyýaz yşgy diýerdiler. Ol aýdym-saza yşk edip, elmydama bagşylar bilen gezip ýörensoň, «yşgy» diýen lakamy hem alypdy. Ine, ol häzirem älem-jahany unudyp, aýdyma berlip, gözünden ýaş döküp otyr.

— Wah zalym pelek, şunam gara ýere rowa görersiň bir gün! Ine, görüň-de duruň dykar bir gün holtumyna şunam. Men bir senden öň öleýin how, inim!

Guduman bagşy bolsa gapdalynda duran bedreden käte bir käse suw içip, şo-ol, belent heňlere gygyryp

otyr. Kerwenbaşy onuň bar neşesiniň gara suwdugyny görüp, hasam geň galdy.

«Adam öz ygtyýaryna-da beýle joşar eken-ow!»

Daňa golaý aýdym gutardy. Iki sagat ýaly irkilip turansoňlar, ýolagçylar ugramakçy bolup öý eýesinden rugsat soradylar. Guduman bagşy ellerini terezilendirip oturyşyna:

— Rugsat Alladandyr, adamlar — diýdi. — Ine, öý, ine-de gapy. Men bar, ýok diýmän geliberiň, ötseňiz, geçseňiz. — Ol azajyk sägindi-de, düýnki kinesini ýatlady. — Ýöne hiç mahal, oba ýetip ýolda düşlemäň! Obaň namysyna degersiňiz.

Kerwenbaşy ýene bir gezek bagşydan ötünç sorady. Ýene bir gezegem taňryýalkasyn aýtdy. Hoşlaşyp, ugrajak bolup duran wagty çekine-çekine öý eýesine ýüzlendi:

— Bagşy, sizem soramadyňyz, bizem aýtmadyk, bu kerweniň kimiňkidigini.

— Taňry myhmanynyň hemmesiniňem derejesi deňdir ýaşuly. Kimiňki bolsa şoňky bolsun. Öz adyňyzy bildik, şo bolýa. Sag-aman baryň! Biziň garyp adamyzy soranlara, bizi tanaýanlara köp dogaýy salam aýdyň.

— Saglykda görşeli bagşy! Hoş galyň adamlar!

— Hoş, Taňry myhmany!

Bagşy kerweniň garasy ýitýänçä garap durdy.

Bu adam — ady külli türkmene ýaýran, türkmen halkynyň bilbili, meşhur Oraz Salyrdy.

1981 ý.

## SARPA

Nazaryň öýdedigini bildigi bes, garryja enesi çygşyldapjyk onuň ýanyna geler. «Otyrmyň guzym?» ýa-da: «Geldiňmi oglum?» diýip, ýuwaşja seslener. Iç işikde arkasyny tama ýaplar-da, kütelişen gözlerini agtygyma diker. Nazar kitap ýa gazet okap oturan bolsa-ha enesi sesini çykarmaz. Oturar oturar-da turar ötägider. Niçikmi, Nazar boş oturan bolsa ýa-da çaýjagaz içýän bolsa welin ýuwaşjadan pysyr-pysyr gürläp başlar. Garry adam-da. Oňky şol göreninden, eşideninden ýagşy-ýagşy öwüt-ündewler etmek. Öz düşündigindenjik aýdyp otyr. Sen soraýaňmy ýa soraňokmam diýenok. Nazaram näme, enesi bir zat diýse «ýok» diýsinmi, «bor» diýýä, «hoş ene» diýýä. Enesi yzyny yzarlap ýörmi soň o zatlaryň. Adam pahyr garrasa edil çaga ýaly bor

ekeni. Ýüregem halys ýukalaýýamy, nämemi...

Garry ho-ol günem Nazaryň ýanyna gelip birtopar öwüt-nesihat edip gitdi. Şondan bäri Nazaram birhili bolup ýör. Telim gün geçdi welin, henizem enesiniň sözleri gulagynda ýaňlanyp, göwni bir täsin bolup dur. «E-eý, Nazzym! Bäş gün diýýädiler welin bäşem ýok ekeni bi ýalançy... — diýip, garry şol gün gelşi ýaly dünýewi gürrüňlere tutduryberdi. — Düýn ýaljakdy gulpagmyzy tasadypjyk ylgap ýörenimiz Akbäbek dagymyzyň. Ine-de eýýäm bolup oturşymyz. Eý-ho-o! Hany o janlar?! Deňi-duşlarmyz hany? O-ol, apalap, sapalap saklap ýelden-günden gorap, «ýerde goýsam ys bolar, gökde goýsam pos bolar» diýşip, aýagmyza ýekeje tikeniň batanna dözmän, daşymyzy dolap, başymyzy orap kemala getiren mähremlerimiz hany?! Hany?! Ýok! Birem ýok. Biz aklymyzy bilibem baý-ba-a, nijembir adamlar gitdi... Şo-ol, tapgyr-tapgyr gidip otyrlar, gidip otyrlar... Ataň pahyr daga buw-w, baryp nä wagtlar gitdi. Hany göreýin... M-m... Kalhoz-salhoz-a ýokdy welin, Nazzy jan, ýöne şo wagtlar hököwmed-ä bardy. Hököwmedem bardy, bir çetinde şol, baýnaman geçen baýlaram bardy. Hököwmediň ýaňy gelen uçurlary bolaýmasa şol. Sebäbi «palçabige goşulypsyň» diýip, ataň pahyram şu, täze gelen hököwmetden içi ýanyp

ýören baýlar öldürdi-dä. Kakaň ýapy bir joňkuldapjyk ylgap ýören oglandy şonda. Ine, ýetim diýdirmän, ýesir diýdirmän guzujygymy ýaňy bir il hataryna goşup öý-işik etdimem welin şu ýandan bir uruş turdy diýdiler. Ana, şol sowuk habaryň gelen gününiň ertesem kakaň dagy bäş pyrgun jahyl bolup pronta gitdiler. Meňkiň-ä şo gidişi-gidişi boldy. Şol bäş araba oglandan göreýin hany... — Kempir gözlerini süzüp barmaklaryny bükmäge başlady. — Hm-m... Begjan, Nurmämmet, ilerki Aýtmyradyň inisi, Ata goturyň ortanjy ogly... — Ol galanny içinden sanady. — Aý, şolardan gaýdyp geleni men-ä bäş-alty oglandan kän dälmikä diýýän. Kakaň gidenine ylaýyk bir aý, kyrk gün diýlende-de sen bolduň. — Nazar bu gürrüňleri öňem telim ýola eşiden hem bolsa enesiniň göwni üçin ýaňy eşidýän ýaly üns bilen diňledi oturdy. Muňa monça bolan garry hasam ornaşykly oturdy. Şu gürrüňleri özem hut birinji gezek aýdýandyryn öýtdi. — Uruş gutaryp gerçekler gelişip ugransoň il hatary ejeň ikimizem ýola garap otyrys welin, bir gün guzyma derek sygryň dili ýaljak hat getirip berdiler. — Kempir hamsykdy. Gyňajynyň ujy bilen gözlerini süpürdi. — Öläýen ekeni asyl ol-a neressäm. Haty getirip beren oglana: «Jan jigi, uruş gutard-a indi. Seň munyň başga zat bolaýmasyn,

bir ýalňyşlyk bar bolaýmasyn» diýýän welin, dur o görgülem kibtini gysyp. Ana, şo hat geldem welin hakyt kyýamat gopar, asman ýere inip bi çal göz dünýäde hut iki gapyşar öýtdüm. Häk, Nazzy jan adam ölmese her zada kaýyl bor ekeni. Hiç gowga-da gopmady. Ine, elimden şol goçgar guzymy aldyrybam-a gezip ýörün otuz ýyl bäri. Öli bilen diriň arasyna her gün bir depik gum düşermiş diýýädiler welin, şo çyn ekeni şol. Hm-m... — Garry ýene-de agtygynyň ýüzüne dikanlady. — Urşuň yzyndanam turdy bir açlyk. Sen, dagy: «ene na-an, eje na-an» diýip zeýrenipler oturşyň şu günki ýaly ýadymda. Ýekeje gysym arpa uny ýog-a göge garyp bulamak edere. Indi bir görkezmesin şo zatlary. Görenem biz bolaly eşidenem. Şu wagtlaram siziň gaty-gutyňyzy zyňman çorba dograp iýýänimi geň görmäň. Bir owuntygyna zar boldug-a, gurbany gitdigimiň. Zar bolan zadyňy harlasaň bolmaz. Har tutan zadyňa zar edäýmesem bardyr, Hudaý saklasyn. — Garry gobsundy. — Şu mesçilikde-de ilat ölüsini ýatlap degsin etmäni beýlekini bilenok-da! Heý, toba! Bolýamy onsoň şu zatlar?! Hä?! «Ölüsi bolmadygyň dirisi bolmaz» diýipdirler. Pahyr bolan bendeler yzynda galanlardan umydygär bormuşlar. Birenteginiň dagy ömür garny doýman gitd-ä! Açlygyndan öleniň-ä hetdi-hasabam

ýok. Ine, şo bendeler hantama bolup her juma agşamy, aýatda, baýramda hossarlarynyň gapysyndan gelip, daş işikde ymsynypjyk durarmyşlar. Şonda hossarlary özüni ýatlaman oturan bolsalar dagy gelen bende gaty nägile bolup yzyna gaýdarmyş. Öwlüýäň çetinden girende-de ýaraly keýik ýaly agsaklap, towsaklap gaty gözgyny görnermişin. Şonda töweregindäkileriňem hiç haýsy oňa ýüz bermezmiş. Perişdelerem ugruna seretmezmiş. Eger oba gelende özi ýatlanyp oturylan bolsa welin oň ruhy şat bolup, yzyna gidende guş kimin uçup bararmyş. Şonda onuň depesinde altyn tas görnermiş. Hemmeler onuň daşyna ýygnanyşyp, şady-horram bolup begenişermişler. Perişdelerem onuň maňlaýyndan sypap, dillerine ýagşy senalar getirip «omyn» diýermişinler. Ana, şonda pahyr bolan bende yzyndakylardan gaty razy bolarmyş. «Hüw» diýse asmana uçup, «Hak» diýse ýere düşermiş. Ine, şular ýaly oglum bu zatlar. Bu zatlaryň hiç aýby bolmaz. Ölüni ýatlanyň bilen tersa bolmarsyň. Olaram bir özüň ýaly adamlar-a, obasy başga diýäýmeseň bendeleriň. Şu öň görüp, gatnaşyp ýören, öň bile iýişip, içişip ýören adamlaryň-a olaram. Uly bir tereke tutmasaňam her iýip içeňde: «Bagyş etdim umydygär bendelere» diýseň şolam bolýa. Bir käse suw içibem: «Bagyş etdim atam

pahyryň ruhuna, ýa kakam pahyryň ruhuna» diýseň şolam bolup dur. Kän bir zat hantama-da däl olar. Ýöne ýatlamaly. Ýatlap durmaly. — Kempiriň azajyk sesi peseldi. — He-eý, yza galmak ýaly ýaman zat ýok ekeni guzym. Giden-ä gidýä, senem munda ser-sepil. Balaňdan yza galmak ýaly zulum iş bolmaz ekeni. Wah, şol goçgar guzym gitdem, nury didäm gitdi. Gözümiň röwşeni gitdi, bilimiň kuwwaty gitdi. Men maňlaýy gara şonda-da ölmändirin-ä. «Adam başy daşdan gaty» diýleni-dä. Size umyt bagladym oglum. Nazzym ýetişer, ýeke dikrarymdan galan ýekeje daragtym ýetişer. Dumly-duşa gol uzadar, bag berer, miwesi süýjär, bu gam basan garyp göwnüm teselli tapar diýdim. O diýenlermiňem Hudaýa şükür barjasy boldy. Çowluga-da ýüzüm düşdi. Indem näme, şu öz agramjygmy özüm göterip aýak üstünde yrgyldapjyk ýörkäm, ogla gyza ýük etmän, ýek görünji görkezmän berenje amanadyny abraý bilenjik alsa men Hudaýdan müň-de bir razy. Tabydymyň bir ujundan tutup: «Waý, janym enem!» diýip ýekeje gezek gygyrsaň maňa şo bes. Ana, ömür boýy edip gelen arzuwym, ýetip bilmez derejäm şol köşejigim meniň...»

Enesi turup gidensoňam Nazar esli wagtlap birhili bolup oturdy. Enesiniň halys ýüreginden syzdyryp,

göwni bir ýaly pessaýja edýän gürrüňleriniň, şeýle täsirlidigine geň galdy. «Hemmelerem şeýdip ýürekden, öz aýdýan zadyna ynanyp gürläýse!» diýip oýlandy. Günde aş bereninde-de ölüniň datmaýanyna doly gözi ýetip duran hem bolsa göwnüne kakasy her gün agşam mazarlygyň bärsinden girip, guburyna tarap agsaklap, towsaklap barýan ýaly, ýüzi gözi salyk, oglundan, yzyndan nadyl, beýleki başy altyn tasly şat merhumlaryň ýanyna barybilmän, bir çetde kibtini gysyp, mugruljyrap oturan ýaly bolup göründi. Ýüregi awady. Uludan demini alyp ýerinden turdy. Penjiräni açdy. Ýaz paslynyň goýy, ýylymsy howasy içerini doldurdy. Howlynyň içinde hasasyny tyrkyldadyp towuklara däne berip ýören enesini birinji gezek görýän ýaly ony üýtgeşik bir üns bilen synlady. Bir wagtlarky ölüp giden balasyna, ondanam has ir giden ýan ýoldaşyna, şu günki dokmäde, şagalaň hem şatlykdan doly eşretli durmuş üçin ençeme kynçylyklary başlaryndan geçirip, ýow güni janlaryny orta goýan obadaşlaryna, deň-duşlaryna bolan yhlasyny, sönmez söýgüsini heniz-henizlerem gursagynda göterip ýörendigi üçin enesine köp-köp sarpa goýdy. Ýesersiräp enesiniň kejine gaýtmandygy, onuň duýgularyny äsgermezlik edip göwnüne degmändigi üçin bolsa öz ýanyndan diýseň begendi.

Iňrik doly garalmadyk hem bolsa baryp çyrany ýakdy. Içeri ýagtyldy.

1981 ý.

## BAKYLYK

Güýzüň şol güni sapak başlanmanka, klasdaşlarymdan biri ylgap ýanyma geldi-de, has-has edip durşuna: «Ejeň bilen eneň uruşdy, eneň öýňüzden gitdi!» — diýip habar berdi. Enemi öler ýaly gowy göremsoň bu sözler meniň çaga kalbymy lerzana getirdi. Enemiň göwnüne degendigi üçin ejeme bolan gazabym gözýaşa öwrüldi-de, gözümden paýrap döküldi. Şol aralykda men ýaňkydan: «Nirä gitdi?» diýip soramaga ýetişdim. Ol: «Nowhanadan geçip, bäş gatla gidýen ýola-ha bir düşdi» diýdi. Bäş gatlada daýym gatla saklaýardy. Ähtimal enem şolara giden bolmaly. Men güýjümde baryny edip gumak ýol bilen ylgap başladym. Topur şeýle bir galyň welin, aýagym her gezek ýere degende, dabanmyň astyndan: «wast, wast» edip topur iki ýana çüwdürilýär. Ýolboýy aglap baramsoň kimin öňümden çykanyny, kimiň näme diýenini hem bilemok. Bäş gatla gidýän ýol bilen esli ýere çenli ylgamsoň, enemiň tasap barýanyna gözüm düşdi. Golaýragyna bardym-

da, sesimde baryny edip: «Ene-e!» diýip, öňküdenem beter agladym. Ol sakga durdy-da, yzyna öwrüldi. Meniň bu ýere nädip gelenime geň galýan ýaly ýekeje dişi somalyp duran agzyny açyp töweregine seretdi. Ýanyma geldi. Meň bilen deňleşmek üçin dikejegine oturdy. Ýüzümden sypalap ysgynsyz seslendi:

— Bar guzym yzyňa gaýt!

— Ýok, senem bile git meň bilen!

Şeý diýenimden enem ýerinden turdy. Bir zatlar diýip hümürdedi. Aňyrsyna öwrüldi-de, ýene öňküsi ýaly tasanjyrady ötägitdi. Başga alajym bolmansoň topuryň içine özümi goýberip aýaklarymy däbşenekledip aglaberdim. «Ene-e, ga-aýt!» diýip agynyň arasy bilen kän gygyrdym. Enem bir dönjek ýalam etdi-de, sag eliniň aýasyny maňa tarap ýaýdy. «Ýok, ýok guzym, ýok!».

Gitdi. Menem şol oturşyma otyryn. Aglaýaryn. Enem häli dolanar, şindi dolanar, diýen umyt bilen arasynda gözlerimi etegime süpürip ýola seredýärin. Dolanmady. Ýöne welin garasy ýitýänçä yzyna gaňryla-gaňryla gitdi. Enemi gözden ymykly ýitiremsoň ýerimden turdum. Ýumruk ýaly bolan gözlerimi owkalaşdyryp, şol ýerden göni mekdebe gaýtdym. Öýe baryp ejemiň üstüne

dyzaberesimem geldi. Emma elimden zat gelmejegini bilip duramsoň bar gazabymy ýuwutmaly boldum. Enemiň göwnüne degdirýändigi üçin kakama hem gaharym geldi. Şonuň telekdigini çaga-da bolsam bilýän şo wagtlar. Kakamyň öz üstüne-de gygyryberýär ejem. Häzir menem baryp bir zat diýsem, «Bar, owarra bol, sen ne güjüg-ä!» diýse, men ýere gireýinmi?!

Birnäçe gün geçdi. Kakam gidi-ipjik enemi getiräýer öýtdüm welin, hiç o tamam çykmady. Özüm-ä aýdybilemok hiç haýsypa, özlerindenem bilenoklar. Kakamam bir hili enemden iren ýaly. Girip çykyp ýör. Iň ýamany indi enemiň geljegini, gelmejegini anyk bilemizok. Özümden üç ýaş uly uýam bilen käte enemiň gürrüňini edýäs-de, uludan demimizi alşyp oňaýýas. Ol-a käwagt: «Mämmet agam eşegini berse enemiň yzyndan Gurt daýymlara baryb-a gelerdik» diýip agzaýardam. Ýöne neme, ululardan birugsat gymyldap bolýarmy.

Şeýdip serimsal bolup ýörkäk birden enem pahyryň özi gelipdi. Durup bilmändir. Men-ä ol gelende mekdepdedim. Enem: «Mele janyň yzymda gum garbap galany hiç göz öňümden gitmedi, ýüregim para-para boldy durdy» diýip gelen badyna uýamyň ýanynda aýdypdyr. Enem gelensoň ejemem gaňňasyny gaýşardyp

durmandyr. Adam ýaly gürleşipdir. Gurt daýymlaryň içersini soraşdyrypdyr. Çaý demläp beripdir. Mämmet agamlardan bir käse zawut ýag alyp gara çorba edipdir. «Gury dile düşenimiz galdy» diýip, öz-özi geplenipdir.

Men enemiň gelenini eşidenimden öýe tarap daz ýasadym. Gelşim ýaly enemiň boýnuna zyňdym. Ol meni gujaklady, ýüzümden, gözümden öpdi. Hamsygyp gözüniň ýaşyny süpürdi. «Ýürejigim oglum, görejigim oglum!» diýdi. Menem hamsykdym. Bokurdagym dolup hiç zat diýip bilmän dyzynyň üstünde otyryn. Damagym dolmakdan ýaňa bokurdagymdaky ýumruja zat agrady gitdi. Olam oňly gepläp bilenok! Sesini çykarman girip çykyp ýören ejeme seretdim. Onuň ýüzünde hiç hili kine nyşany görünmänsoň uludan demimi alyp, ýene enemiň ýüzüne bakdym. Enem kentlewügi bilen dodagyny dişläp, böwrüni diňläp birmeýdan oturdy-da, kynlyk bilen elini donunyň ýeňine sokdy. Bir düýp sogan çykardy. Kynlyk bilen ony maňa uzatdy. Ol şony şeýle bir kynlyk bilen uzatdy welin, özüm birhili bolup gitdim. Henizem şona birhili bolup ýörün. Men bilýän, enemiň maňa süýji beresi geldi. Ýöne ýok-da! Ýok. Süýji ýok. Bolmasa nätsin-dä, o garabagyr? Ajy sogany maňa bereni üçin ol gaty ynjady. Ynjandygy görnüp dur. Emma näme-de bolsa bir zatjagaz bermese ene

ýüregi ondanam beter ynjajak. Men begenjimi eneme bildirmek üçin saçakdan nan alyp sogan bilen hezil edip iýdim. «Ýaman süýji eken» diýip, ýarysyny uýama bölüp berdim. Enemiň dolanyp gelendigi üçin uýam ikimizem şeýle bir begendik welin, hiç aýdyp diýer ýaly däl. Bize şondan başga zat nämä gerek. «Enem gelmedi» diýip gyýylyp ýörmeden-ä dyndyk. Boldy şol. Şol gije men-ä ememiň sag goltugynda, uýamam çep goltugynda heziller edinip ukladyk. Biz öňem her gije ememiň goltugynda şeýdip ýatardyk.

...Ondan bäri otuz ýyl geçdi. Oglanlygyň höziri sowulmanka enemden ömürlik jyda düşdüm. Ony agaç ata mündürip, bakyýa ýurduna hemişelik äkidenlerinde hem şo-ol gezekkim ýaly ezilipler agladym. Gelmejegini, dolanmajagyny bilsemem: «Ene-e, gitme-e!» diýip ýene-de topurly ýol bilen yzyndan ylgadym. «Mele janyň mäleýşine dözmedim» diýip gaýdyp geläýjek ýaly telim günläp giden ýoluna garadym. Çagalykda galan duýgular adama ömür ýoldaş bolar ekeni. Çünki heniz-henizlerem ýola seretsem enem pahyr ak gyňajyny galgadyp gözýetimden görünäýjek ýaly bolup dur.

Ýogsam ondan bäri näçe ýyl geçdi?! Gaty kän ýyl geçdi. Otuz ýyl geçdi. Men bolsam henizem eneme

garaşyp ýörün.

1982 ý.

## ENE ÝÜREGI

Kä ýyl bahar aýlary daglardan sil gelip, derýalary joşdurýar. Suwuny hanasyna sygdyryp bilmedik derýalar öz kenarlaryny üznüksiz ýykmak bilen derýa boýundaky oturan obalaryň mal-garalaryna, oglan-uşaklaryna ullakan wehim salýar. Uly adamlardan, çopan-çoluklardan has-da hüşgär bolmaklygy talap edýär. «Pylanynyň sygryny sil alypdyr, pylan at kenar hopanda derýa gidipdir, jüňňüldäki aýlaw tas pylanyny alan ekeni...» diýen ýaly gürrüňler obada häli-şindi eşidilýär. Eneler çagalaryny bir pursat hem gözden salmazlyk üçin ol öýden ol öýe bikararlyk bilen ylgaşýarlar. Çünki ýaş çagalar eneleriniň gözüne güýdüşip, sypyndyklary derýa tarapa eňýärdiler we äpet-äpet kenarlaryň çyzyk aça-aça, ahyrsoňy hem haýallyk bilen agyp, uly pagşyldy bilen gümmürdäp suwa gaýdyşyna, haýbatly, bulançak suwuň bolsa köpürjikläp däli-porhan bolup, dolup-daşyşyna çaga höwesi bilen syn edýärdiler. Öz duran kenarynyňam ine-ine hopup gaýdaýmagynyň gaty ahmaldygyna,

hemme çaganyň akly ýetip hem duranok.

Uruşda ýogalan äriniň yzynda galan ýeke dikrary Begmyratjygy saklap oturan Hesel görgülini aljyradan şol mylaýym güneşli günem derýa tarapdan yzyny üzmän gümmürdi gelip durdy. Begmyrat ir bilen-ä işiklerindäki eşegarka kepbäniň gapdalynda Akbaý bilen oýnap otyrdy. Birdenem gürüm-jürüm bolaýdy. Işikde ýüň boýap oturan Hesel ilki-ä: «Aý, goňşulara dagy barandyr-da», diýip, ogluny kän bir ýoklabam durmady. Gunortanyň öň ýanlary boluberende welin, enäniň ýüregine birden-kä howsala düşmäge başlady. Kalby bir zat syzan ýaly edip oturan işini taşlap zöwwe ýerinden galdy. Ilk-ä ýüreginiň gürsüldisine, soňam dynuwsyz güwwüldeýän derýa tarap diň saldy. Ylgap baryp aşak ýanlaryndaky goňşusy Tuwak daýzadan: «Begmyrat jan sizde-hä däldir?» diýip sorady. Hopukdy. Ýoklugyny bilensoň aňyrky goňşulara tarap ylgady. Arasynda: «Akbaý, Akbaý!» diýibem gygyrdy. Obanyň içinden kelteräk bir öwrüm etdi-de, tam kepbesiniň güneşinde sakgal-murtuny bejerip, her gümmürdi eşidilende-de: «Haý, pylan güzeriň kenary gitdi-ow. Aýuwly güzer-ä bu ýylam kenaryny sile bermäýse gerek. Ana, indem pylan kenar ýykyldy» diýip, geplenjiräp oturai Isaguly agaň gaşyna geldi. Isaguly aga Heseliň içki harasadyndan

bihabar: «Hesel, bi nä, eliň ýüňli aljyrap ýörsüň? Ýa reňkiň almadymy?» diýip, loh-loh gülen boldy. Elinde bir penje ýüňüň bardygynam Hesel diňe şondan son bilip galdy. Penjelerini açanda ýere gaçan ýüň ýuwaşja öwüsýän ýaz şemalynyň badyna käte bir öwrüm edip inçejik ýodadan eslije daşlaşdy. Baryp bir düýp ýandaga bagryny beribem togtady. Hesel ysgynsyz ses bilen: «Begmyrat jany-ha gören dälsiňiz, Isaguly aga» diýip sorady. «Weý, ol-a ynha meniň ýanymda-la» diýmegini isledi. Isaguly aga bolsa birazajyk böwrüni diňläp oturdy-da: «Be-e, şon-a görmedim-ow men» diýdi. Şeý diýende özüniňem birhili ýüzi köpelip gitdi. Ýerinden turup otyrýerini kakyşdyrdy. Ýelbegeý atynan ýektaýyny çekişdirdi. Derýa tarap assyrynlyk bilen göz aýlady. Şol dem derýadan yzly-yzyna iki gezek güňleç, elhenç gümmürdi eşidildi. Son ýene, ýene... «Haý, bir uly kenara ýykyld-ow — diýip Isaguly aga ýüzüni çytdy. Kenaryň haýsy kenardygyny biljek boldy. — Çary başlygyň güzeridir-ow şu, öňem telim sil alybilmändi, bu gezek güýçli bor-a çemeli». Ol ýüzüniň ganyny gaçyryp derýa tarap hyýallanyp duran geline: «Öňürto oba arasyny bir gör, gyzym gowuja. Howsala düşüp ýörme!» diýdi. Özi welin nazaryny güwwüldiniň gelýän tarapyndan sowup bilmedi. Hasyr-husur donuny egnine geýdi,

işikdäki agaç haçja ildirilgi duran çöwürmesini alyp urtut başyna sokdy. Ýaňky sözüni ýene-de gaýtalady. «Sen oba arasyny görüşdir, gyzym, menem o ýan bu ýan bir köw-söw edeýin. — Ol derýa bilen obanyň aralygynda garalyp ýatan jeňňellige tarap başyny atdy. — Häli barsaň toraňňynyň tanapyndan uçup ýörendir-le, peläket!» Isaguly aga sözüni soňlap soňlamanka Hesel derýa tarap haýdap başlady. On-ýigrimi ädim arany açansoň bolsa sakga durdy-da, köwşüni çykaryp eline aldy. Özem topuň agzyndan sypan ok ýaly bolup şeýle bir ylgady welin, Isaguly aga onuň bir-ä köwden aşak inenini, birem köwden çykyp jeňňele özüni uranyny görüp galdy. Soň görünmedi. Hesel şol ylgap gelşine jeňňelligi kesip geçdi-de, derýanyň ýakasyna bardy. Sakga durup töweregine seretdi. Güzerden saga ýa sola gitjegini bilmän bir salym o ýan bu ýan delmurdy. Howlukdy. Çepe gitse Begmyrat jan sagda ýaly, saga gitse bolsa çep tarapda ýaly bolup duýuldy. Ahyram göwnüni bire baglap jüňňüle tarap ylgady. Ep-esli ylgansoňam: «Çary başlygyň güzerinde bolaýmasyn?» diýdi-de, sakga durup yzyna ylgady. Güzere gelip ýene saklandy. «Ýok, jüňňüldedir!» Ol ýene-de ilki giden tarapyna tutdurdy. Ýadady. Demi ýetmän gözleri peträp hanasyndan çykaýara geldi. öljeren çägäniň

üstünden öwsen bir salkynjak şemalyň badyna az-kem özüni dürsedi. Henize çenli bir elinde göterip gelýän köwşüniň her taýyny bir tarapa zyňdy-da, derýanyň boýy bilen jüňňülli güzere tarap haýdap başlady. Aýagyna girýän çöplere, owunjak daşlara üns bermän ylgady. Jüňňüle ýetmäge bir öwrüm galanda bolsa özüne tarap ýüzin salyp gelýän Akbaýa gözi düşdi. Hesel sakga durdy-da, ondan: «Hany Begmyrat?! Begmyrat jan hany?!» diýip edil oba çagalarynyň birinden soraýan ýaly aglamjyrap sorady. «Waý işim gaýtdy, bagtym ýatdy!» diýip, gollaryny öňe serip uly ili bilen aglady. Begmyrat hut sile akandyr öýtdi. Akbaý Heseliň edil öňüne geldi-de, onuň ýüzüne seredip çyňsady. Badyny gowşatmanam yzyna öwrüldi. Dilini sallap «has-has» edip baryşyna: «Bol çaltrak, yzymdan galma!» diýýän ýaly Heselden birjigem gözüni aýyrmady. Eýesiniň öz yzyna eýermeýändigini görüp birnäçe gezek saklandy. Bir ýerde durmaga karary ýetmän, duran ýerinde aýlanyp, aýlanyp ýene-de aňryk, gelen ugruna tarap ylgady. Jüňňüle ses ýetim aralyk galanda ed-dil kenaryň gyrasynda aýagyny sallap oturan ak köýneklije oglana Heseliň gözi düşdi. Gollaryny serdi.

— Begmyra-a-at!

Onuň sesi edil gabat garşysyndaky kenaryň

gümmürdisine garyşyp gitdi. Begmyradyň oturan kenarynyň bir garyş ýaly çat açandygyna özüniňem herdem saýy ulalyp barýandygyna gözi düşensoň-a Heseliň öňküje ysgynam gaçdy. Iň ýaman ýeri hem jaýryk Begmyradyň arka tarapynda bolansoň çaga ondan bihabardy. Hesel-ä indi gygyrybam bilenok, öňküsi ýaly ylgabam bilenok. Diňe kem-kemden açylyp barýan jaýryga elini serip samrap barýar.

— Waý balam! Waý çagam! Çagajygym-eý! Oguljygym-eý! Zalym derýa, ýuwutma! Ganym kenar, gaýtma! Alma guzymy. Ýa Gaýtarmyş ata, gaýtar guzymy! Ýoluňa başym gurban!

Howp has golaýlaberende eýesine garaşmaga şondan artyk karary galmadyk Akbaý tirsek boýy açylan jaýrykdan böküp geçdi-de, Begmyradyň köýnejiginden dişläp çekmäge başlady. Begmyrat kertden aýagyny sallap, opurylýan gaýalara seredip, keýp edip oturşyna ilk-ä Akbaý oýun edýändir öýtdi. Haçan-da Akbaý has dözümliräk darap özüni kenardan bir ädim ýaly yza çekenden soň welin onuň oýun etmeýändigine göz ýetirdi. Hasanaklap yzyma öwrülende ep-esli bolan jaýryga gözi düşüp ýüregi ýarylara geldi. Näderini bilmän gyssagara: «ejä-ä-ä!!!» diýip uly ili bilen aglamaga durdy. Akbaý bolsa agzyndan ak köpük saçyp jaýrykdan

bir aňryk, bir bärik bökmäge başlady. Özem şeýle bir naýynjar çyňsaýar welin, hiç uwnup-çydar ýaly däl. Ol ýetip gelýän enä seredip jaýrykdan bir ädim beýlede togtady. Guýrugyny ýamzyna gysyp, sandyrap, çyňsap durşuna: «ýetişermikä, ýetiş- mezmikä» diýýän ýaly bir enä, bir ogula, birem ikisiniň aralygyndaky jaýryga seretdi. Agyp barýan kenary saklamakçy bolýan ýaly penjeleri bilen dyrnaçaklady. Hesel güýjünde baryny edip zoraýakdan jaýrykdan böküp geçdi. Haraý isläp, aglap duran ogluny garbap aldy-da yzyna, jeňňele tarap gaçdy.

Otuz kyrk ädim çemesi geçibem togtady. Saňňyldaşýan injikleriniň üstünde durup bilmän özüni ürgün çägäniň üstüne goýberdi. Oguljygyny bagryna basyp oturşyna uçuk gaýnan dodaklaryny ýalap gözüni ýumdy. Edil şol wagtam Begmyradyň ýaňky oturan kenary gümmürdäp derýanyň içine gitdi. Hesel gözüni ýalpa açdy. Äpet kenaryň eýýäm öňki ýerinde ýokdugyny görüp, tarsa ýerinden turdy-da, Begmyrady goltugyna alyp oba tarap aýak aldygyna gaçmaga başlady. Gaçdy. Durman gaçdy. Akbaýam gaçdy. Orta ýolda Isaguly aga öňlerinden çykyp Begmyrady halys tapdan düşen Heseliň elinden aldy. Keýinen boldy.

— Häýt, garagol! Näme ejeňi kösäp ýörsüň?! Aýtsaň

bolmyýamy nirä gitjegiňi. Beýdip ýörseň men saňa şemala pyrlanýanam ýasap bermen. Päheý, sen-ä!

Öýüne gelensoňam Hesel ertire çenli ogluny bagryna basyp, dilsiz, agyzsyz galman ýatdy. Eger ýene-de ýekeje pursat gijä galaýan bolsa balasyndan ömürlik jyda düşjek ekendigini welin hiç aklyna sygdyryp bilmedi. Derýanyň bolsa henizem şo-ol sag kenaryny ýumrup gidip oturşydy. «Gümmür... Gümmür... Gümmür...»

...Heseliň ýüregine dowul düşüp başlan wagty, Begmyradyň oturan kenary ýaňy bir çalaja çat açyp başlapdy.

1983 ý.

## GARA KELLELER

Omar urşa ugrajak bolup durka, dört çagasyny daşyna üýşürip kemşerip duran aýalyna:

— Bujagaz garaja kelleleri hor edäýme, Gülendam! — diýdi. Yzyndanam gelniň gabaryp görünýän göwresine gözi bilen ümläp şadyýan ýylgyrdy. — Işallasa, ýene-de köpelersiňiz, onsoň-a aladaň hasam artar.

Gülendam: «Horlaman» diýdi-de, ärini gujaklamaga ejap edip, ýanbaşyna göterip duran çagasyny bagryna

basdy. Ogşady. «Sag aman geliň!» diýdi. Başga diýere söz tapylmady. Hoşlaşdylar.

Uly iliň başyna düşen kyn pursatly agyr ýyllar başlandy. Omaryň gidenine dört aý diýlende Gülendamyň ekiz ogly boldy. Alty çaganyň keşigi tejribesiz gelniň ýeke özüniň başyna düşdi. Iki-üç ýyl nägerek-eýle dyrjaşdylar. Şu soňky gyş welin...

...Çakyr aýazly şol gyşyň gelmegi bilen urşuň ýowuzlygyndan ýaňa halys tapdan düşen hojalyklara açlyk aralaşdy. Gülendam ýaly çül-çagaly hossarsyz aýallaryň başyndan bolsa agyr synaglar indi... Bu wagt indi ekizler Kowus bilen Kyýasam «eje nan» diýmäge ýarapdylar. Saçakda welin şol arzyly nan ýokdy. Ine, indi telim günden bäri çagalarynyň «na-an, na-an» diýip, üznüksiz iňňildeşýän sesleri Gülendamyň bagryny gara suwa dönderdi. Hersiniň ýanyna bir baryp, uzak gijäni zowzuldap geçirdi. Öz açlygy ýadyna-da düşmedi. Bularyň halyna duýgudaşlyk edýän ýaly, uzak gije daşardan gyş şemalynyň zaryn şuwwuldysy eşdildi durdy. Daňa golaý gar ýagyp başlady. Ertesi goňşulary Sapar aga iki öý arasyny gardan arçap ýol ýasady. Gülendamyň halyndan habar aldy. Bir topar çaganyň açlykdan ejir çekip ýatyşlaryny görüp, gojanyň gözüne ýaş aýlandy. «Biziňem ýagdaýymyz öwerlikli däl» diýdi-

de, gidip öýünden ýartydan ulurak gyzdyrma getirip berdi. Alty çaganyň hersine bir dişlem ýetdi. Aňyrsy aldanan çagalar öňküdenem beter nan dileşip başladylar. Sapar aga damarlak ellerini serdi: «Wah, ýok-da! – Ol başyny ýaýkap, Gülendama duýgudaşlyk etdi. – Seňki kyn, gyzym. Çagalaryňam ýaş özüňem ýeke. Hiç kime-de aňsat däl welin... Häýt, Ärnazar bir basym geläýse, oba şuňňaly gaty gytçylyk düşende bäş-on gün o ýan, bu ýan ulag alyp giderdi-de, tapyp geläýerdi bir zatlar. Ýeri ýarýamy, gögi dilýämi, bilmersiň» diýip, üç aý bäri merkezi keselhanada syrkaw ýatan kolhoz başlygyny ýatlady.

Sapar aga gidensoň Gülendam ekizleriň biri Kyýasyň ýüzüne çiş ýöräp başlandygyny duýdy. Hopukdy. Hasyr-husur Sapar aganyň eşegini diläp aldy-da uluja ogly Akmämmedi şoňa mündürip goňşy obadaky daýysynyňka dilege iberdi. Aýaza saň-gaty bolup, agşamaralar dolanyp gelen oglunyň goltugynda ýekeje kädiden başga zat görmänsoň ojagaz umydyndanam el üzdi. «Daýym şuny gaýnadyp iýäýmeseňiz başga zat ýok diýdi» diýen oglanjyk sowuk pejiň aňyrsyna geçdi-de, sessiz-üýnsüz süýndi ýatyberdi. Uzyn gije samrady. Gyzdyrdy. Gülendam kädiniň ýarsyny gaýnadyp çagalaryna iýdirdi. Olam nanyň ýerini tutmady. Ertesi

irden turan badyna Kyýasyň ýüzündäki çişiň endamyna ýaýrap başlanyny gören Gülendamyň zähresi ýarylara geldi. Agşamky ýatyşyndan galman ýatan Akmämmede:

— Jigileriňe häzir bol, oglum! – diýdi-de, özi howlukmaçlyk bilen orunbasary görmäge, kontora gitdi.

Ärnazar aga ýaly dogumly bolmasa-da, ýüregi ýuka, ýetim-ýesire mährem Allaguly aga Gülendamyň näme üçin gelenini eşidenden ýeke elini galgadyp, jöwrenip başlady.

— Ýoklugy-ha çyn, Gülendam. Ysgylatda-da ýokdur. Ärnazar gelmese men-ä nätjegimi bilýän däldirin. Döwledem kömek berýä welin, şu aždarha ýuwdup ýatyr-da bar zady. — Ol şeý diýende günbatara tarap elini salgady. — Ýöne kömek ederis. Etmeli bor. Ýok welin, tapmaly bor. Frontçylaryň çagalaryna hökman kömek etmeli. Bir gysymdan ýygnarys welin taparys. Sen öýüňe gaýt! Öýlän men özüm ibärin. Az-köp diýme, gyzym!

Oýlänara Gülendamyňka Allaguly aganyň özi geldi. Ýüzüni sallap iç işikde oturşyna, goltugyndan çärýek nan çykardy:

— Sen şuny bir al, gyzym! Obany ters aýlandym.

Hemmelerem «meni gör-de, seni gör». Şu ýerden turşuma Ärnazaryň ýanyna gitjek. Bir alaç etmesek halk gaty horlanýa. Oba arasyna agramçylyk düşjek. Işanguly agaň aýaly pahyram ýogalypdyr. Mätjan keliňem endamy çişip ýatyr. Sen, gyzym, ýene-de bäş-üç gün gaýrat et!

Allaguly aga turup gitdi. Gülendam onuň getiren nanyny galanja kädi bilen çagalaryna iýdirdi. Ol gije-de şeýdip geçdi. Ertesi ýene-de ajykdylar. Gülendam uruna-uruna halys nätjegini bilmän, ädimlerini zordan ädip, özüniň hem, Omaryň hem deň-duşy, skladçy Hekimberdiniň ýanyna gitdi. Onuň ýüregine rehim geler öýdüp, jany-teni bilen ýalbardy. Gülendamyň göwnüne skladda un bar ýaly, eger Hekimberdi rehim etse, hemme zat düzeläýjek ýaly bolup göründi.

— Çagajyklarymyň endamyna çiş ýöräp başlady. Ajal ara düşjek bolup dur, kömek et! Omar gelse ýagşylygyňy müň esse edip ýerine salar.

Hekimberdi tilkisiräp gepledi.

— Wah, Gülendam, zat ýok. Ine, ysgylat, gir! Tapsaň, özüňki. Bolsa, men nä... Ýaňyja Gurt agaň agtygam gelip gitdi. «Enemiň ýylyny berjek, ýarmalyk zadyň ýokmy?» diýip. Ýok-da! Nädeýin?.. Zady bolsa, kolhozyň özi

gizlejekmi sizden...

Özi welin «ger-ger» gägirip durşuna gözüni Gülendamdan aýyrmady. Gülendam ýene ýalbardy. Naçaryň boýun burup gelmeginden onuň halys ejizländigini bilen Hekimberdi gözlerini oýnaklatdy:

— Kim saňa ysgylatda un bar diýip iberýä?

— Hiç kimem diýenok. Ýöne hemişe şundan alamyzsoň şunda bar ýaly bolup dur göwnüme.

— Göwnüňedir ol!

— Aňrujy ýagdaý bolsa-ha...

— Wah, ýok-da!

Gülendamyň gözi garaňkyrady. Ýykylaýmakdan gorkup, duran ýerinde aşak çökdi. Ýüregi akyp baransoň halys gurbaty bolman, iki elini hem ýere diräp, aýak üstüne galdy. Yraň-daraň edip zordan öýüne ugrady. Yrgyldap gelşine öýündäki çagalaryny ýatlady. Baransoň olaryň öňküdenem beter ulalan gözleriniň boş ele düşjekdigini ýatlap, hasam gynandy. Öýüne gelensoň öňňinden bäri galman ýatan Akmämmediň turup oturanyny görüp, az-kem begendi. «Gutuldyňmy, oglum?!» diýdi. Akmämmet ýarty nany jigilerine bölüp berip oturşyna: «Me, eje, senem şujagazy iý, ýaňy daýym

getirip gitdi» diýip, ejesine dört barmak ýaly nany uzatdy. Dokuz ýaşlyja oglunyň uly adam ýaly bolup oturşyny görüp, Gülendamyň göwni galkdy. «Jigiň ýüzündäki çişler köpeläýipmi» diýip, bir towsanda çagasynyň üstüne howala boldy. Elläp gördi. Çagasynyň buz ýaly bolup galan endamyna eli degenden: «Waý, işim gaýtdy-eý, balam-e-eý!» diýip uly ili bilen gygyrdy. Akmämmet gulagyndan çekilen ýaly bolup, zöwwe ýerinden galdy. Tasap öýden çykdy-da, Sapar agalara tarap ylgady. Çagalaryň beýlekileri bolsa, näme-näme bolanyny hem aňşyrmadylar. Ýöne, ejeleri ýer dyrnap bagyryp ýatansoň olaram ugrubir aglaşdylar.

...Şondan soň üç-dört gün geçdi. Ara-çola döwüm-dişlem nan tapdyryp duran hem bolsa mähriň ganar ýaly zat dişe degenokdy. Oba arasynda: «Pylanynyň ýüzüne çiş ýöräpdir, pylankes açlykdan ölüpdir» diýen ýaly gürrüňler seýrek hem bolsa eşdilýärdi. Kyýasjygyň jaýlananyna dördülenji gün diýlende Kowusyňam ýüzi çişip başlady. «Bagtym ýatdy, bu-da gitjek! Ýeke-ýeke gidibirmikä bular?!» diýip, Gülendam zary-girýan aglady. Muny görüp Akmämmedem aglady. Beýleki üçüjigem aglaşdylar. Akmämmet: «Eje, gar eräp ugrady, kürüm gözläp geleýin, düýn Mäligem tahýasyny dolduryp getiripdir» diýdi. Gülendam hossar tapynan

dek begendi. Aglamasyny goýdy. «Gidäý, oglum, ýarasaň, belki, Hudaý namarda zar etmäýedi-dä» diýdi.

Akmämmet kürüm köwlemäge gitdi. Syçanyň kürümini. Öýlänler zire-zire bolup duran arassa bugdaýdan etegini doldurup geldi-de: «Eje, sen muny bişirde jigilerime beriber, men ýene getirin» diýip, özi yzyna, kürüm köwlemäge gitdi. Garaňky düşüberende ýüzüni gök-dalak edip, boş gaýdyp geldi. Ysgynsyz seslendi. «Ýaňkydan maňa goýmadyňmy, eje?» Gülendamyň bagry para-para boldy. «Wah, jan oglum, men guraýyn, ýene getirin» diýeňsoň, doýsunlar diýip baryny beräýdim-dä jigileriňe. Akly ýeten çaga dawa-jenjel etmedi-de, oturan ýerinde içini tutup bir gapdala gyşaraýdy. Uzak gije aç ýatdy. Ertesem şol açlygy bilen turdy-da, ýene kürüm köwlemäge gitdi. Ýene-de boş geldi. Oňa çenli kiçilerem: «Nan-da nan» bolşup, yzlaşyp başladylar. «Beýder ýaly biz Hudaýa näme ýamanlyk etdikkäk?» diýende, Gülendamyň bokurdagy doldy. Donunyň ýeňinden çykaryp, çagalarynyň hersine bir sany sök berdi.

Akmämmet:

— Söki nireden aldyň, eje? — diýip gultundy.

Sapar aga getirip berdi ýaňy, sen ýokkaň. O bendä-

de aýakbagy bolduk. «Şujagazyňy bir aldyraýma» diýip gitdi ýaňam. Muňňam-a çişi gaýdarlykly däl. — Ol ýene-de bir söki Akmämmede uzatdy. — Sen oglum, şujagazam jigiňe ýumşadypjyk iýdir, men orunbasar gelmedimikä, bir görüp geleýin. Senem-ä düýnden bäri duz dadan dälsiň.

— Men hiç-le! – diýip, Akmämmet çişip ýatan jigisine seredip aglap goýberdi.

Gülendam kontora baryp orunbasary sorady. Oňa Allaguly aganyň şol gidişidigini, özüniň welin juda paltasy daşa degäýmese aňsat boş gelmejekdigini aýtdylar. «Ol-a bolaýypdyr» diýip, bir bada begenip gaýtsa-da, özüne iýer ýaly zadyň şu gün, häzir gerekdigi ýadyna düşüp, ýüregi süýşen ýaly boldy. Ikinji çagasynyň hem elden gidip barýandygyny ýatlanda süňňi elendi. Ol öz işigini ýaýdana-ýaýdana zordan açdy.

— Jigiň nähili, oglum? – diýip, Akmämmetden gorka-gorka sorady.

— Ýatyr öz-ä. Sökem ýumşadyp berdim. Hezil edip iýdi.

Bor oglum, demi bar bolsa bolýa. Gelýänçäm gara janym galmady. Ertire bir çykaly hany.

Ysgynsyz aýaklary ony ertir ýene-de Hekimberdiniň gaşyna getirdi.

Skladda dogrudanam zat ýokdy. Bolaýanda-da oň ygtyýary Hekimberdiniň elinde däl. Aňyrsynda bir zady bolsa ony Hekimberdiniň aýdyşy ýaly kolhozyň özem ile paýlajak. Ýöne Hekimberdi Gülendamyň horlanýanynam, halys ugur tapman, öz ýanyna gelýäninem bilýär. Ol şu pursatdan peýdalanmak isledi. Şonuň üçinem: «Ind-ä çykalgasy galan däldir-dä» diýip, oýlandy-da, ýüzüni ýerden galdyrman durşuna, halal maşgalanyň elýetmez şahasyna dil ýetirdi. Özem ol muny şeýle bir bihaýalyk bilen syrtarylyp aýtdy welin, gahardan ýaňa ýüregi ýarylara gelen päkize maşgala gapanyň üstünde duran çekim daşyny alaga-da Hekimberdiniň depesinden inderdi. Degmedi. Tasap daşaryk çykdy. Kürtdürdi. Ajyndan ölen Kyýas, çişip ýatan Kowus boýunlaryny galdyryp bilmän, içerde pytraşyp ýatan gara kellelije çagajyklary göz öňüne geldi. «Kyýas jany Omar görüp bilmedi. Kowus janam görüp biljek däl öýdýän» Gülendam aýaza galdyrap durşuna nätjegini bilmän ýaýdandy. Hekimberdiniň haýasyz keşbi göz öňüne gelende: «Çagalarymy gujaklap aç öleýin welin...» diýip gözünden ýaş dökdi. Käte bir ädim ädip barşyna skladyň daşky derwezesine ýetip

haýaty yklap durdy. Pikir etdi. Içinden geçip barýan aýaz naçar maşgalany egreýdip, alyp barýardy. «Ärnazar aga ertir geläýende-de, Kowusjygyň ertire galjagyna ynamy bolmadyk Gülendam bagryny elek edip yzyna döndi. Bagyr awusy gitmedik gelin ertirem Kyýasyň taýyny jaýlamaly bolaýmagynyň ahmallygyndan ýaňa näderini bilmän gözünden ýaşyny saçyp sklada ýaňadandan girdi. Özünden öňürti köwsarlap içeri giren gyş şemalyndan hem sowuk ýüzüni ýerden götermän dillendi:

— Kyn söwdany meniň başyma salma, jan dogan! Erte Omar gelse...

— Wah ýok-da, Gülendam!

— Onda nä...

— Aý, gaty zerur bolsaň öýdäkiden bäş-üç kilo... getirip beräýmesem.

— Gaýrat et, jan dogan. Ärnazar aga gelse, üzeýin — diýip, Hekimberdiniň ýüregine rehim gelendigine begenen Gülendam göz ýaşlaryny süpürdi. Begenjine eýýäm onuň ýaňky gödekligini hem bagyşlady. Ýigrenjiň ornuny minnetdarlyk eýeläp ýetişmänkä, köw-söw edip duran Hekimberdi buz ýaly sowuk sözlerini şagyrdadyp gelniň öňüne dökdi.

— Nememi osoň, nähili, ýaňky aýdanmyz boljakmy osoň?

Aç gözlerinde gazap ody täzeden ýanan gelniň göz öňüne ýene-de çişip ýatan çagasy geldi. «Asly toprakdyr şuňňam, erär-le» diýip, ýene-de birmeýdan Hekimberdä ýalbardy. Hekimberdiniň şeýle agyr sözlerini eşidip, çekip durup bilşine özem haýran galdy. Halys bolmansoň ysgynsyz, ýöne ýürekden syzdyryp şeýle diýdi.

— Sen ýalkanmarsyň, Hekimberdi! Sen ýalkansaň men hudaýdan närzadyryn...

Hekimberdiniň sesi güňleç çykdy:

— Ýok-da!

Gülendam çapgyn şemala duwlanyp öýüne geldi. Garaja kelleler yrgyldaşdylar: Ejeleriniň iki eliniňem boş gapydan girenini görüp barmajyklaryny sormaga başladylar. Gülendam bu boluşda uzak oturyp bilmejegini bildi. Sandygy açyp, gymmat bahaly şaý-sepinden näme galan bolsa bir ýaglyga düwdi-de, gelen yzyna tarap gitdi. Öz-özüne göwünlik berdi. «Bolmaly. Heý ysgyladam bir boş bormy. Ol elindäki düwünçegi Hekimberdiniň öňüne oklady. Hekimberdi gözüni tegeledi.

— Bu näme?

— Şaýlarym. Gyzkam dakynan ysyrgamam, şakäkilimem şunuň içinde. Hemmesinem alaý. Bir bişirlik berseň bolýa. Un bolsa-da, bugdaý bolsa-da. Ertire çyksak bolýa. Belki ertir geläýedi-dä birinden biri.

Hekimberdi sowuklyk bilen şaýlary elleşdirdi.

— Ýadyma düşýä. Şuny dakynýanyňy bilýän. Gyzdyň sen o wagtlar. Owadandyň. Sen şumadam owadan. — Soňra ol ýaglygy emaý bilen düwdi. Yzyna uzatdy. — Me, ýygna. Kolhozyň maly meň öz zadym däl. Onsoňam aýtdym-a ýok diýip. — Hekimberdi ýüzüni kese sowdy. — Bir käse ýaly sary ýag-a bar. Bugdaýam özümiňkiden beräýmesem...

— Karz beräý! Şularam al! Hem-ä şulary bereýin, hemem alan karzymy üzeýin. Şu gün-erte oňňut bolsa bor. Ärnazar aga...

— Özüň razymy osoň?

— Karzamy?

— Ýaňky aýdanma? Gorkma, hiç kim bilesi ýok.

Gülendam ýüzüni tutup çykyp gaýtdy. Çagalar ejeleriniň elindäki düwünçek çöreklidir öýdüp

ýerli-ýerden topuldylar. Şagyrdaşyp ýatan gymmat bahaly bezegler bir döwüm çöregiň ýerini tutmady. Gülendam seretse, Kowusyň çişi köpelipdir. Birhili ýüzi gögerenem ýaly. Akmämmediňem haýy gaçyp barýar. Ortaky üçüjigi-hä nämüçindir başlaryny ýerdenem göterenoklar. Käte bir gözlerini açýarlar-da, ýene ýatyberýärler.

Akmämmet ýatan ýerinden çalaja pyşyrdady:

— Eje, Sapar aganyňam ýüzi çişipdir. Ýaňy agtygy gelip gitdi. «Gülendam tapan bolsa iki barmak ýalyjak nan bersin, dadyp bir öleýin» diýipdir.

Gülendam içigip, içigip aglady. Göwnüni bire baglap ýerinden turdy. Kimdir biriniň öňünde özüni aklamakçy bolýan ýaly, dik duran ýerinde kükregine uruplar aglady:

— Nädeýin-dä! Nädeýin onda men?! Gyraýynmy bulary?

...Bir zatlara güýmenen bolup duran Hekimberdiniň ýanyndaky iki-ýeke adamlar gidişýänçä, Gülendam daş işikde aýaza gerňelip garaşdy. Hiç kimiňem arkasy haltaly çykmaýanyny görüp uludan demini aldy. Sklady ýapjak bolup durka muňa gözi düşen Hekimberdiniň: «Maňa garaşýaňmy, Gülendam?» diýenini eşidip,

gabaklaryny götermän, çalaja baş atdy. «Çaga-ha gidip barýa» diýip delmurdy. Gulpa sokan açaryny towlajagyny, towlamajagyny bilmän duran Hekimberdi syrtyny bir gapdala burdy. Ýüzüni eňşetdi.

— Ysgylatda-ha, Gülendam ýaňky aýdanym, ýel öwüsýä. Bersemem çagalarymyň agzyndan kesip özümiňkiden beräýmesem... Biziňkilerem özüň bilýäň, az-küş däl. Gaýnymam meňkide. Gahatlyk ýeke seň başyňda däl. Çyda! Ärnazar aganyň ýanyna giden bolsalar oň özi bir ýol salgy biýr-dä.

— Wah, maňa şu gün gerek, şu wagt, şu pursat gerek. Düýnkijämiň mazary kepänok, beýlekimem çişip ýatyr. Onymam öljek. Çagajyklarym gidip barýa ýeke-ýekeden. Näme diýseň kaýyl boldum, indi bir boş goýberme, zalym!

Hekimberdiniň gözleri ýiteldi. Ýaş balasyny gorap, özüni oda-suwa urmaga taýyn bolup duran bürgüde meňzeş bu gelniň halyna gynanjak boldy. Ýene-de isleg ökde çykdy. Ýuwdundy. Çalaja seslendi:

— Bärik geç-äý onda!

Hekimberdi sklady daşyndan gulplady-da, Gülendamy arka ýüzündäki gapydan saldy. Özem girdi. Gapyny içinden ildirdi. Sessiz-üýnsüz dowam eden

hysyrdylardan soň agyr söwda başlandy. Gara el ak gerdenden ötdi. Gülendam yzyny üzmän aglap ýatyşyna Hekimberdiniň demi ýüzüne urandan, sesini kesdi. Onuň iki görejine gazap bilen dikanlady. Göreçlerden uçgun syçrady.

— Bu güzer seň injek güzeriň-ä däldi welin... — diýdi-de, yzyny aýdyp bilmän eňräp goýberdi. — Bol basym, çagam ölmänkä öýe bir ýeteýin!

...Ýüzüni hüýt-gara edip, Hekimberdiniň uzadan düwünçegini goltugyna gysyp, üstündenem hiç kim görmez ýaly donuny büräp, yrgyldap barýan Gülendamyň gözi häzir ýeri-gögi saýgaranok. Onuň aňynda diňe «Kowus jan ölmäge ýetişmedik bolsa ýagşydyr» diýen oý bar. Öýe gelensoň ol görgüli çagasynyň diridigini görüp begenibem bilmedi. Işikden ätländen Akmämmet böküp öňünden çykdy.

— Eje, ýaňyja Allaguly aga gelip gitdi. Ine, ýarty halta unam getirdi. Ýene bir hepdeden Ärnazar aganyň özem geljekmiş. Hemmelere-de bugdaý berjekmişler.

Ozalam ümürde ýöreýän ýaly äm-säm bolup gelýän Gülendamyň iç işikde duran ýarty halta uny görüp, barja ysgynam gaçdy. Haltany sypaň-sermeň eden boldy. Maňlaýyny bogdagy çözülmedik halta diräp,

demi-demine ýetmän aglady. Goltugyndaky düwünçegi çagalarynyň göräýmeginden gorkup, saňňyl-saňňyl edip ýerinden turdy. Şol turşuna telim ýola gatnap torç eden ýoluny şor ýaşy bilen eze-eze sklada bardy, goltugyndaky düwünçegi çykaryp, henizem bir zatlara güýmenen bolup duran Hekimberdiniň öňünde goýdy. Göwni bir ýaly parhsyz gepledi.

— Men-ä ýulunmaza gitdim welin, herne Hudaý neresse çagalara haram aşy rowa görmändir. Ejiz boldum... Aljyradym... Şu gara kelleler diýip... Wah garamaňlaýym!

Ol gazap bilen düwünçegi silkip goýberdi. Düwünçekden şagraşyp dökülen sübse darylaryny görüp, Gülendamyň dili tutuldy. Gözüniň öňi ümezläp, injikleri saňňyldady. Ýykylmazlyk üçin ganatlaryny ýaýdy.

Ol soňky gezek öýüne gelende iňrik garalyp ugrapdy. Haltanyň bogazyndan ellerini sokuşyp, un iýip, ýüzlerini ak urba edişip oturan çagalarynyň seredibilmän, galpyldap, aýak üstünde kän durdy. Ölesi geldi. «Wah, ýetişjegem ekenler» diýip, köňlüni daglaý-daglaý halys ýere siňdi. Kem-kemden endamynyň hapasy köpelip barýan ýaly, töweregine çalt-çalt garanjaklady. Suw

ýylydyp ýuwundy. Oň bilenem synasy päk bolmady. Gulagyna kimdir biriniň, ýöne Omaryňky-ha däl, sesi eşidildi, «Indi nädip ile görünjek?» Gülendam gyssanjyna özüni aklajak boldy. «Il bilenog-a!» «Il aýnaňdyr. Muny il-ä däl, derýadaky balyklaram biler. Çagalaryňy gujaklap şehit ölen bolsaň abraýyň artardy Merdiň jaýyna namardy salandan-a...» Iň ýamany şondan soň boldy. Işikde hakyt Omar peýda boldy-da, Gülendamyň üstüne direndi duruberdi. «Heý, Gülendam, beýdeniňden-ä hemmejesinem eltip gara ýere duwlan bolsaň, gowy bolardy!» diýdi. Başyny ýaýkaý-ýaýkaý götinjekläp çykyp gitdi. Gülendam: «Dur!» diýip jynssyz sesi bilen gygyrdy. Omar başyny ýaýkady. «Durarlyk galan däldir». Kelebiň ujuny ýitiren gelin äriniň yzyndan ellerini serip, gözünden boýur-boýur ýaş dökdi. Ysgyny gidip ýykyldy. Şol ýatyşyna ýarym gijeler üşäp oýandy. Turup peje ýalaňy odundan salyp öýüň içini birazajyk ýylatdy. Daň atmanka çagalaryna bulamak bişirip berdi. Unaşam bişirdi. Sapar aga-da bir käse aş iberdi. Pytraşyp ýatan gara kelleler dikeldiler. Öýüň içinde hereket başlandy.

Şondan soň bir hepde geçmänkä Ärnazar aga gutulyp geldi. Halk ýeňillik bilen dem aldy.

Bu habara hemme begense-de, Gülendam begenip

bilmedi. Ol indi hiç zada begenip hem bilenok, gynanyp hem. Ol gije-gündiz bir zada, urşuň gutararyna, Omaryň oba gaýdyp gelerine garaşýar.

Bahar gelip, töwerek al-elwan öwsen mahaly, sapaly bahar bilen bile uly iliň uzak ýyllar garaşan ýeňşi hem ýetip geldi. Gerçek ýigitleriň, ner atalaryň birnäçesi jeň meýdanlarynda müdimilik galdylar. Ölmedikleri bolsa başlaryny dik tutup, är kimin öýli-öýüne gaýdyp geldiler. Ýüzünden nur saçyp, Omaram geldi. Çagalaryny bagryna basyp öwran-öwran ogşady. «Hany, ekiziň taýy şümi?» diýip, ajalyň agzyndan sypyp galan Kowusjygy eline alyp telim gezek bökdürdi. Gülendama göwünlik berdi:

— Beýlekini aldyrdyňmy? Zyýany ýok, gamlanma. Galanam bor. Şularyň jany sag bolsun. Hany, özüň nähili? Ynjaman, agyrman otyrmyň?

Gül ýüzi bir eýýäm solan Gülendamyň bolsa, ganaty döwülen guş ýaly şol bir ýygrylyp oturşy. Edil doňdurylan ýaly. Omaryň gözüne-de seredip bilenok. Aglaýar. Omar bolsa hiç zat aňanok. Şol pessaý-pessaý gürläp otyr.

— Goý aglama. Ine, Hudaýa şükür, abraý bilen duşmany ýeňdik. Sag-aman siziň araňyza gaýdyp

geldik. Senem, tüweleme, çagalara är kimin seredipsiň, ekläpsiň...

...Çagalar gaty giç ýatdylar. Jürrüldeşip halys ýadansoňlar ýatdylar. Gülendam düşek saldy-da, daşky eşiklerini çykaryşdyryp oturan adamsyna:

— Omar, hol sandykdaky ýaşyl elbukjaň içinde bir hat bardyr. Sen prontdakaň birinden gelipdi. Menem ýygşyryp goýdum. Şony oka, oňa çenli menem bir daş çykyp geleýin... — diýdi.

Omar sandygyň üstündäki ýorganlary aýryşdyryp, haty tapýança esli wagt geçdi. Daşy bukjasyz, dört eplenen kagyzy açdy-da, okap başlady.

«Omar, altyn gapyň açyldy. Kümüş uýanyň üzüldi. Şir awuna şagal degdi. Seniň bilen bir düşekde ýatmaga meniň hakym ýok. Şu gara kelleleri ölümiň agzyndan alyp galjak bolup, seniň tylla käsäň bilen özgä suw içirdim. Günämi bilýän. Şoň üçinem gidýän. Kyýamat magşar güni gabat gelseň, meniň ýüzüme otly kesindini basarsyň. Senden bir haýyşym bar, olam bolsa özleri üçin ejeleriniň şeýle pes güne düşendigini çagalar bilmesinler. Ýene bir zat, onam aýdaýyn. Çagalaryň şol haram aşy iýen däldirler. Olar arassadyrlar. Nädeýin, ejiz boldum, başym egildi, pudagym döwüldi. Indi

özüň geldiň. Çagalary hor etmersiň...»

Omar ylgap daşary çykdy. Birdenem bir zat göwnüne gelen ýaly işiklerindäki eşegarka kürsäp urdy. Ortarada sallanyp duran aýal göwresine gözi düşenden, depe saçy düýrükdi. Çözlenen gara saçlaryň şemalyň ugruna tar-mar bolup ykmasy, aýyň şöhlesi çala düşýän garaňky ýerde hasam perişan bolup görünýärdi. Omar bir bada nätjegini bilmän ýaýdandy. Ýaňyja sowap başlan göwräni sesini çykarman, emaý bilen çözüp aldy. Usullyk bilen gujagyna gysdy. Aý ýagtyda gapysy garalyp görünýän öýüne öwran-öwran seretdi. Ýaňyja-da ene-atasynyň arasynda jürrüldeşipjik oturan jüýjejikleriň eýýäm enesiz galandyklaryna ynanasy gelmedi. Çagalarynyň ýetim günleriniň başlanmagyny hiç bolman ertire çenli bir uzaltmak isleýän ýaly, öýe-de girmän, goňşularyna-da duýdurman, baharyň mymyk howaly bu hoştap gijesini, jebri-jepalara göýdük bolan kembagt aýalynyň başujunda oturyp geçirdi. Şol gije ol dört ýylky çekmedik jebrini çekdi. Içinden bolsa şol bir sözi gaýtalady oturdy: «Beýdäýmelem däl ekeniň, Gülendam! Bir topar garakelleleri ýetim goýmaly däl ekeniň. Maňa görä-de bulara sen has gerekliräk ahyry! Oňarmansyň, Gülendam! Edil beýdäýmeli däl ekeniň.

Şular üçin ýaşabermeli ekeniň-ä... Oňarmansyň...»

1981 ý.

## MEÝDAN

Uruş gidip durdy. Şol haý-haýly ýyllarda biziň obamyzyň demirgazyk çetinde ýerleşýän at ýataklarynyň birinde indi garrap çapuwdan galan, Meýdan diýen owadan bir gara at durardy. Oba adamlary ötende, geçende oňa bakyp: «Bir wagtlar munuň öňüne at geçenokdy» diýişýärdiler. Käbirleri bolsa onuň ömründe ýekeje gezek ýaryşda ýeňlendigini, şol gezek hem onuň öz ýeňilenine namys edip gözünden ýaşlar döküp aglandygyny, guwanç bilen ýatlaýardylar.

Seýisimiz Gandym aga-da ala-böle şol ata üýtgeşik bir mähir bilen serederdi. Onuň sandan galandygyna, bazarynyň sowulandygyna garamazdan, ir-ertir, giç agşam onuň daşynda pelesaň urardy. Käte idip ony birmahallarky toýnagyndan uçgun syçradyp, ýüpek ýalyny boz şemala ykjadyp gezen ýerlerine aýlardy. Göwnüni götererdi. Hiç kim ýok wagty bolsa onuň bilen gürleşerdi.

Şeýle günleriň birinde onuň ýanyna ýuwaşja ýöräp kolhozyň başlygy geldi. Ol salam berdi-de, atyň

ahyrynyň gyrasynda çommalyp oturdy. Çilim ýasandy. Ony çekip bolýança ýaýdana-ýaýdana bir-ä ýatagyň içinde hysyrdanyp ýören Gandym aga, birem Meýdanyň ýaşaryp duran gözlerine, jaýrylyp başlan toýnaklaryna siňe-siňe syn etdi. Torbasyndaky iými kynlyk bilen hütürdedip iýşini görüp başyny ýaýkady. Çilimiň tüssesine düwünip esli mahal üsgürüp duransoň, ýaşaran gözlerini ýaglyk bilen süpürdi. Ýene-de alada bilen bir ata, birem seýise taýly gezek seretdi. Üýtgeşik bir zat diýmänem turup gitdi. Gijara ýüzüni sallap ýene-de geldi. Kiçijik jaýyň kölegesinde çaý içip oturan Gandym aga başlygyň köwlenip ýörüşinden ýüregi bir zat syzan ýaly, ýanyna gelenden elini sandyradyp oňa bir käse çaý uzatdy. Oňa ýeňillik bolsun diýip özi söz açdy.

— Sen bir zadyň-a aladasyny edýäň, başlyk. Eýgilikmidir?

Başlyk:

— Aý bu wagt aladasyz adam barmy Gandym aga? — diýip, ýüzüni iki ýana sypajaklatdy. Soň ýene-de ondan, mundan her dürli gep açan boldy. Ahyry hem ertirden bäri aýdyp bilmän ýören zadyny kynlyk bilen ýaýdana-ýaýdana aýdyp başlady. — Gandym aga, men-ä kyn bir

ýumuş bilen gelendirin. Munuň saňa ýokuş degjeginem bilýän. Ýeke saňa däl, bütin oba ýokuş degjeginem bilýän. Ýöne başga çykalga ýok. Uruş gidip dur. Hemme zat front üçin. Belki, meniň diýjek bolýan zadymy aňsaňam aňýansyň. Ýaňy ertir ir bilen gelenimde-de aýdyp bilmän gitdim. Şu... — Başlyk ýuwdundy, ýerinden turup jübüsini sermendi. Çilim ýasandy. Onsoň ýene-de oturdy. Gandym aga bolsa sakgalynyň ujyny dişläp, gözüni süzüp oturyşyna gürrüňiň yzyna garaşdy. Başlyk aýtjak bolýan zadyndan özi basylyp halys ýegşerdi. — Şu Meýdany ulanmaly boljak. Iş üçin. — Şeý diýensoň ol agyr ýüküň astyndan çykan ýaly sojap-sojap dem aldy. Käsäniň düýbünde galan çaýy zarp bilen owurtlady. Çiliminiň galan ýarysyny bir demde sorup düýbüne eltdi. Köz barmagyny bişiriberensoň bolsa bir gapdala oklap goýberdi. Ýerinden turup ädigi bilen basgylady.

Gandym aga esli wagtlap aşak bakyp oturdy. Içini hümletdi. Ýuwaşlyk bilen ýerinden turdy-da, köwşüni geýdi.

— Çaýyňy içip bolan bolsaň, ýör hany, inim! — Ol başlygy yzyna tirkäp Meýdanyň ýatagyna getirdi. — Sen başlyk. Ygtyýar sende... Ýöne seret, sen neneň edip muny ýüke dözjek, ýa malaň yzyna goşjak? Toýnaklaryna seret, gözlerine seret, hiý ady-owazy külli

türkmene dolan bedewi hem bir ahyr ýaşynda beýtmek bolarmy?

Başlyk duran ýerini torç etdi.

— Wah, öňki-öňkülik bolanda men şu zatlary dilime aljakmy? Özüň gördüň. Işe ýaraýjak mallaryň-a hemmesini diýen ýaly fronta iberdik. Indem näme... Aý, bolýa-da... Bu bir haýwanyň, ynsanyň başyna inen bela boldy ahyryn, Gandym aga!

— E-eý inim, ol aýdýanlaryň-a dogrudyr. Gepläre ýer goýmadyň. Özüme her neneň kyn iş buýursaň-da ýokuş görmezdim, garrylygy bahana etmezdim. Şu janawary welin...

Gandym aga sözüni soňlap bilmedi. Göwni bozuldy. Çygşyl-çygşyl edip Meýdanyň ýanyna bardy, onuň maňlaýyny mähir bilen sypady. Saňňyldap durşuna atyň boýnundan gujaklap, başlyga eşitdirmän pyşyrdady.

— Hawwa-da, uruş bolmasa kim seni garran mahalyň gara işe rowa görerdi. — Soň bärisine öwrülip başlyga ýüzlendi. — Äkidiň, ýöne men ýokkam äkidiň!

Meýdany gijara, Gandym aga ota giden mahaly gelip äkitdiler. Agşamaralar garaňky gatlyşyberende garry seýis durup bilmän Meýdanyň ýatagyna bardy.

Boş duran ýatagy görüp, süňňüni saklap bilmän, ahyra ýaplanyp, söwer dosty üçin aglan dek çyn ýürekden aglady. Atyň esbaplaryny ýygnap durşuna öz ýanyndan: «Sen dälmidiň bedew at, meniň adym, abraýym! Sen dälmidiň meniň ganatym, perim! Senem bir perzendim dälmidiň?! Ýürekdeşim, syrdaşym dälmidiň?!» diýdi. Ömrüni atşynaslyk bilen geçiren goja Meýdanyň uçganaklap duran jahyl günlerini ýatlady. Uzakly gije-de o çigninden bu çignine döne-döne azar çekdi. Örtendi. Sowuk jaýyň içinde köneje çäkmenini ýüzüne ýapyp ýatyşyna, şol ýeňilen gezegi Meýdanyň öz ýüzüne seredibilmän çar tarapa buruljyrap duruşyny göz öňüne getirdi. «Haý, janawar, edil adam ýaly-ow» diýip pyşyrdady.

Gandym aga telim günläp beýleki ýatakda duran iki sany ýaş taýyňam ýüzüne seredibilmedi.

Şondan iki-üç gün geçensoň, Gandym aga Meýdany kültä goşup sürmek üçin Nyýaz aganyň on dört ýaşly ogly Bäşşä tabşyrylandygyny eşitdi. Şol ýerdenem ýüzüni sallap göni ekinçilige tarap gitdi. Bäşşe şüdügärligiň gyrasynda Meýdany kültä goşup durka onuň daşyna töwerekden başga-da bäşdir-üçdür adam üýşdi. Bu hemmeleriň gez guwanjy bolan çyn bedewe duýgudaşlyk etmegiň ýönekeýje nyşanydy. Her kimiň

bu atyň edermenliginden, şan-şöhratyndan söz açasy, oňa guwanasy gelýärdi.

Ertirden bäri çiliň gyrasynda çommalyp oturan Gandym aga ýerinden turup geldi-de, gataňsy elleri bilen Meýdanyň endamyny sypalaşdyrdy, barmaklary bilen ýalyny darap sagrysyna çalaja kakdy. Edil gapdalyndaky duranlaryň biri bilen gepleşýän ýaly ýuwaşlyk bilen şeýle diýdi:

— Gaýrat et, janawar! Bar, Alla saňa kuwwat bersin!

Meýdan seýisiň diline düşünen dek, garry göwresindäki galan soňkuja güýjüni jemläp, hokrandy-hokrandy-da, agyr demri süýräp, keşiň içine girip gitdi. Şol wagt onuň gözlerinde ýaş göründi. Gapdalda syn edip duranlaryň biri:

— Haý janawar, ýokuş görd-ow — diýip, gamgyn seslendi. Beýlekilerem ýüzlerini sallaşyp birhili susluk bilen dagaşdylar. Urşuň öz boýnundan ildiren agyr labyryny çekip barýan bedew ata tarap seretmäge hiç kimiň bogny ysmady.

Meýdan beýik ýeňşiň şatlykly habary biziň uzak ýaýladaky uly bolmadyk obamyza gelip ýetýänçä ýanyny ýere bermedi. Ýazyň ajaýyp bir güni bolsa oba tarapdan ýüzin salyp gelýän, ak köýnekli oglan göründi. Elini

bulaýlap, bir zatlar diýip gygyryp gelýän oglan, külte urup ýören Bäşşäniň deňinden ylgawuny ýazdyrman düşelgä tarap geçip gitdi. Onuň yzyny üzmän gaýtalap gelýän sözleri welin öz deňine gelende Bäşşä örän aýdyň eşidildi.

— Ýeňi-iş! Ýeňi-i-iş! Uruş gutardy-y-y! E-e-eý, uruş gutarypdyr-e-eý! Biziňkiler ýeňipdirler-e-eý!

Ep-esli wagtlap aňk-taňk bolup duran Bäşşe kültäni taşlady. Bir demde ýaňkynyň yzyndan ýetdi-de, egnini egnine deňläp bu-da ugrubir ylgaberdi. Bäşşe ylgap barşyna iki gözünem ol oglanyň agzyndan aýyrman, käte bir:

— Çynyňmy? Dogryňm-eý? Aýdaýsana, dost jan!— diýip, sojap-sojap soraýardy.

Ol oglanyn bolsa şol eňip oturşy. Muňa barmysyň hem diýmän, şol bir sözleri gaýtalap barýar.

— Uruş gutarypdyr-e-eý, biziňkiler ýeňipdirler-eý!

Öňbaýraga goýberilen ýaly eňişip gelýän oglanlar düşelgä ýetip aýak çekdiler. Ondan-mundan eňişip gelýän kolhozçylaryň barysynyň berýän soraglary birmeňzeşdi.

— Çynyňmy?

— Kim aýtdy?

— Kimden eşitdiň?

Ahyry çynlygyna göz ýetirensoňlar bolsa bir-birlerini gujaklaşyp, telpeklerini ýokary zyňyşyp, ala-goh boluşdylar. Aýallaryň bolsa aglanyna, gülenine düşüner ýaly bolmady. Şatlykly habara içi byjyklap, ýüregi ýarylyp barýan Bäşşe köpçülikden sokga sogruldy-da, aýak aldygyna Meýdany goýup gaýdan ýerine tarap ylgady. Ol bardygy Meýdany külteden boşatmakçydy. «Gaýrat edibildiň, jan atym, är işini bitirdiň, ine, uruşam gutardy, indi sen hem bu kyn işden boş!» diýjekdi. Hatda ol öz ýanyndan Meýdan ýatakda durka oňa günde bir gezek gülli körpe ýygyp getirip bermegi hem ýüregine düwdi. Goý, Meýdan ondan kine etmesin. Ony öňüne salyp şüdügärligiň içi bilen günuzyn iki baka dynuwsyz sürendigi üçin Bäşşeden gaty görmesin. Başlykdanam, Gandym agadanam. Hiç kimdenem gaty görmesin.

Şu çaka çenli uzynly gün ýüzüni ýerden galdyrman atyň yzyna düşüp ýören çaga ylgap gelşine, hamana, Meýdan özünden: «Ýaňky oglanyň aýdanlary dogrumy, ugrunda barmy? Urşuň gutarany çynmy?» diýip soraýan ýaly, atyň boýnundan aslyşyp, eýlesine bir geçip, beýlesine bir geçip, begenjine böke-böke, köpden

bäri özüne-de ýat bolan şadyýan bir owaz bilen, arassa, saýyrdyň ses bilen saýrap başlady.

— Çyn! Çyn! Gutarypdyr. Uruş gutarypdyr. Biziňkiler ýeňipdirler. Bu gün-ä ýetişmezler welin, ertir dagy hökman gelerler. Adamlaram geler, atlaram geler. Ýene-de öňki-öňkülik bolar. Çyn şü.

Düşündi. Ynsan kimin duýgur bedew bu çaganyň diýjek bolýan zatlarynyň hemmesine düşündi. Syzdy. Urşuň gutaranlygyna-da, şu bökjekläp duran oglanjygyň agalarynyň, kakasynyň, obadaşlarynyň uçursyz uzaga çeken hupbatly uruşda üstün çykandyklaryna-da, olaryň urşa giden men diýen ençeme jahyl bedewler bilen bir hatarda, hä diýmän gaýdyp geljekdiklerine-de ynandy. öz ornuny tutjak çyn bedewleriň mundan bu ýana jeň meýdanynda ýa şüdügärligiň içinde däl-de, elmydama agyr märekeli toýlar içinde, tomaşa meýdanynda boljakdyklaryna-da ynandy. Ol gürre silkindi-de, başyny dik asmana tutdy. Gulaklaryny üşerdip goç ýigitleriň, ýüwrük atlaryň jeň meýdanyndan gaýdyp geljek ýollaryna tarap algyr nazaryny dikdi. Iki art aýaklaryna daýanyp, öň aýaklaryny ýokary göterdi. Sekräp-sekräp asmana zyňdy. Uçjak boldy. Demir tirkegi bolmadyk bolsa, belki, ol uçardy hem. Emma agyr labyr onuň göwnündäkini etdirmedi. Güýjüniň,

kuwwatynyň kemsiz kemelenine gözi ýetip duran ynsanýürek agras at şondan soň gaty bir gudurajagam bolmady. Ýöne ýüreginden syzdyryp, öýkenini, bagryny sogurara getirip, çar töweregi ýaňlandyryp şeýle bir uzak, şeýle bir haýbatly kişňedi welin, onuň owazyny ýeke bir biziň ýaýlalarymyzda-ha däl, ondan has uzaklarda hem eşitmedik galmandyr. Meýdanyň sesi ilki bilen-ä köne galalara, ilerki daglara düşüp ýaňlandy. Soňam obamyzyň ýokarsyndaky ýumşak gum gerişlerine düşüp birazajyk peseljek ýaly etdi-de, ýene-de çägä siňmän asmana göterildi. Asmana düşüp ýaňadandanam bir ýaňlandy welin, şondan soň-a ony bütin jümle-jahan eşiden bolsa gerek. Şol sesiň zarbyna tas asman çüýşesi çat açyp, jygda-jygda bolup ýere dökülipdi. «Uruşdan gelýän ýigitler Meýdanyň sesini şol gezek ýoldakalar eşidipdirler» diýşip, kolhozçy aýallar soň-soňlaram gürrüň etdiler ýördüler. Aýallaryň arasynda: «Pirli golak dagy Gyrmanýaň içinde gizlenip galan iň soňky nemisi kowalap ýörkäler Meýdanyň sesini eşidip ýoldaşlaryna: «Häk, biziň, obaň atyna bir zad-a boldy, sesi ýaman zaryn çykdy» diýşipmişinler» diýip gürrüň edenleri hem boldy. Bedew ata bolan söýgä ýugrulgy şol howaýy gürrüňlere biz buwagt ynanmasagam şol wagtlar ynanypdyk. Her gün, her

sagat, her öýde Meýdan hakynda şeýle gürrüňleriň köpräk edilmegini isläpdik.

Meýdanyň şol gezekki teşne owazyny kimleriň eşidip, kimleriň eşitmänini-hä bilemzok welin, Gandym aganyň eşidip, obadan haýdap gelenini özümizem gördük. Meýdanyň şeýle üýtgeşik, şeýle badyhowa kişňändigine-de güwä geçip biljek. Asyl, ol-a şol gezek ýagty jahan bilen hoşlaşan ekeni, janawar. «Hoş gal, ýagty jahan, sende bäş gün gezdim, namart gezmedim. Tükeniksiz ömür barmy? Şu güne ýetjek bolup bar güýjümi sarp etdim. Indi rogwatym ýok. Ýogsam toýhananyň agzyndan näler uçganaklap geçesim gelýär. Emma indi bary gutardy. Hoş, eziz adamlar! Siz menden hiç wagt müýnli bolmaň. Men sizden çigit ýaly hem gaty göremok. Hemmesine uruş günäkär» diýen ekeni. Munuň şeýledigine bize soň Gandym aga aýdyp berdi. «Gandym aga atlaryň diline düşýärmişin» diýip il-gün ýöne ýere aýdanok ahyry. Ýöne ol azajyk gijä galyp geldi. Ýetişmedi.

Meýdan kişňäp bolansoň dumly-duşuna keýerjekläp, birhili öňe, yza owsun atyp, aýaklary bilen ýeri gazap başlady. At tirkegden boşamak isleýändir, bu toý güni begenjine iki ýaňa ýüzin salyp çapasy gelýändir öýden Bäşşe: «Häzir, häzir, jan atym! Ine, derrew» diýip, atyň

esbaplaryna ýapyşdy. Hatda onuň özüniňem şol dem hut şu atyň üstüne münüp, heniz habar baryp ýetişmedik alys obalara şeýle köp garaşylan şu şatlykly habary, ýenşiň habaryny elinjek eltesi geldi. Oňa çenlem at dyzamasyny goýdy-da, birhili titremäge, sandyramaga başlady. Sähelçe wagtdanam endam-jany öl-suw bolup derledi. Birdenem göwresine erk edibilmän dyzlaryny ýere berdi-de, güpürdäp keşiň nçine ýykyldy. Boýnuny çalaja galdyryp, töwereginde aljyrap, eýýäm-haçan aglamjyrap ýören ýaş oglana seretdi. Şonda ol göýä Bäşşeden utanýan ýaly, bolup ýatyşyny özüne uslyp bilmän, namys oduna örtenýän ýaly bolup göründi. Birdenem Meýdanyň gözleriniň öňi dumanlady. Soňra ol dumanyň öňüni galyň bir sary perde tutdy. Balkyldap duran bäbenekler ýumuldy. Dem almasy kynlaşyp, hassyldysy has artdy. Çişip başlan garnyndaky damarlaryň her biri uýluk ýaly boldy. Bäşşe allaniçigsi bolup özüni atyň üstüne zyňdy we boýnundan gujaklap öňküsindenem beter aglamaga başlady. Bir mahallarky külli türkmen topragyny baglan, şan-şöhraty dünýä ýaýran ajaýyp bedewiň şeýle uzak garaşylan toý güni bu şüdügärligiň içinde, ýalyna demirtiken çolaşdyryp ýatyşy oglanyň ýaş ýüregine sygmady. Ol göz ýaşyna etegini ezip, «hork-hork» edip durşuna Meýdanyň

tirkegini aýyrdy. Agynyň arasy bilen bir zatlar diýip hümürdedi. Meýdan gözlerini çalaja açdy. Kem-kemden özüni rastlap iň soňky gezek boýnuny galdyrdy. Turjak boldy. Gurbat tapylmady. Diňe ysgynsyz ses bilen: «Hiýh» etdi-de, boýnuny şalkyldadyp ýere goýberdi. Ýatan ýerinden özüne tarap ylgaşyp gelýän kolhozçylary çalaja saýgardy. Şondan son ol hiç zady saýgarmady. Başdan-aýak ýeňiş bilen geçen şöhratly at ömri şeýdip ýeňiş bilenem tamamlandy.

Kolhozçylar Meýdany göterip diýen ýaly ekiniň içinden çykardylar. Şol wagtam gara dere batyp Gandym aga ýetip geldi. Meýdanyň başujunda oturyp ýuwaşja: «Heý, çagam-eý...» diýdi-de, iki eli bilenem ýüzüni tutup hamsykdy. Onuň ýalyna, guýrugyna çolaşan çöp-çalamlary aýryşdyrdy. Ýüzüni ýerden galdyrman, töweregindäkiler eşider ýaly edip: «Adamlar, Watanyň başyna agyr iş düşen güni jeňden gaçyp, dagda-düzde, çölde-gyrda gizlenip ýören Hyrdy ýaly pedernenälet näkeslerden şu at müň esse ynsandyr» diýdi. Şondan soň ol oba adam iberip başlygy getirtdi. Başlyk gelýänçe bolsa ýanyndakylara Meýdanyň geçmişine degişli her hili gyzykly gürrüňler edip berdi. Bu atyň taýçanaklygyndan bäri öz elinde önüp-ösendigini, onuň bilen ömürbaky edil ataly ogul ýaly ýagşy görüşendigini

ýatlap gaýta-gaýta bozuldy. Hemmelerem bozuldylar.

...Gandym aganyň haýyşy boýunça Meýdany bir çetde adam jaýlan ýaly edip jaýladylar. Başlyk bolsa Meýdanyň mazarynyn gapdalynda ýeňişe bagyşlap söz sözledi.

1983 ý.

## MENIŇ OGLUM DEREKSIZ DÄLDIR

Garagumyň güne göýdük bolan gerişlerine urşuň ýelgini çabran mahaly Akgül eje gawun üstündedi. Agtygy Hangeldiniň ilkinjileriň biri bolup urşa ugraýandygyny eşitdi-de, şol ýerden aýakýalaň, baş açyk çöp-çöňürleriň arasy bilen oba tarap gönüläýdi. Gele-gelmäne şaýyny tutup ýören agtygyna kömekleşmäge başlady.

– Gyýylýandyr diýme, guzym. Watanyň başyna düşen müşgil iş seňňem müşgiliňdir. Muny ata-babalarymyz aýdypdyr. Sen Göroglynyň neslisiň. Pederiň mertdir. Heder etmän ed-dil iki gözüniň ortarasyna urgun duşmanyň.

Akgül ejäniň bolup ýörşi ogluny uzak wagtlyk jeňe däl-de, iki günlük oduna iberýän ýalydy. Göwrümini

giň tutup gepleýşinden onda erkek adamlaryň hem hemmesine ýetdirip durmaýan mertligiň bardygy aýdyň göründi. Ýogsam, ýeke agtygyňy, onda-da ata-eneden ir galyp özüň eliňde bökjekläp kemala gelen agtygyňy me saňa diýäge-de ajalyň üstüne iberäýmek aňsat zatmy? Ýok, Akgül eje zenan hem bolsa ejizlemedi. Agtygy ugrap barýarka hem gapdaly bilen gyňajyny gös-göni edip barşyna şo-ol öwüt berip gidip barýar.

— Men-ä gaýgy etme guzym. Sag-aman gelýänçäňiz günümi görerin, kolhoza-da kömekleşerin. Akgüliň agtygy bijaý mert ekeni diýdirseň bolly. Ataň pahyram, baý, gaýratly adam-da. — Akgül eje guwanç bilen başyny silkip goýberdi. — Atlanha-atlan bolsa hemmäň öňündedir gylyjyny bulap.

Garry gyňajynyň ujy bilen nemsiz gözlerini süpürdi, ýüzüni ynjyly çytyp, böwrüni diňledi. — Haýt, ýöne öýlendirip ýetişmedim-dä guzujygym seni.

Hangeldi güldi.

— Uruşdan gaýdyşyn birini alyp gaýdybirin, ene. Bolmyýamy?

Garry gyssandy.

— Ýog-e-eý! Ýok, oglum, ýok. Beýtseň meni Çary

goturlaryň ýanynda ýüzügara edersiň. Zygyr-zygyr gatnabam, ahyrynda beýdäýmek bomy?

Hangeldi ýene-de hezil edip güldi. Çünki Çary goturyň gyzy Ogultuwak bilen ol öten agşam wadalaşyp hoşlaşypdy.

— Bor-da onda ene. Zygyrdyňy goýman gatnaber bakaly.

— Goýman oglum. Goýup näme.

...Ogul gitdi. Ene galdy. Telim ýyllap söweşen ýigidiň «dereksiz ýitdi» diýen habary ýeňşiň habary bilen bile geldi. Dört ýyl bäri haty-habary gelip, arslan ýaly urşup ýören agtygyna birden-kä «dereksiz» diýilmegi namysjaň garra gaty ýokuş degdi. Ynanmady. Eli hatly elewräp, bütin obany aýlanyp çykdy. Baran ýerinde hem «Heý iner ýaly ogulam bir dereksiz ýitermi» diýdi. Oba Sowetine, başlygyň ýanyna bardy. Olaram näme diýsin? «Hat gelen bolsa şeýlerdir-dä. Çykaýdyklaram-a bardyr öz-ä bir ýerden» diýdiler. Akgül eje gijelerine dik otyrdy. Gündizlerine çar tarapa perwaz urdy. Oturyp-turup şol bir sözi gaýtalady: «Dereksiz diýmeler-ä bolmandyr. Dereksiz ýitjek ogul meň Guldurdymyň bilinden önmez. Ölse-de, mert ölendir. Ölen bolsa, öldi diýip ýazaýmaly dämi? Terekesini bir sowsam. Wah, «Ýekeje enem bar»

diýip kemendirine aýdandyr çagam ozal. Kemendirem meni gynandyrmajak bolup, «öldi» diýmäni kyn görüp, şeý diýip ýazandyr. Olam bir Hangeldi jan ýaly ýeke ýigit bolsa bildiňmi? Hm-m... Şeýledir şü...»

Şol ynama kalbyny gapladan ene ertesi obadaşlarynyň biriniň maslahat bermegi bilen raýon merkezine, harby komissariýatyna gitdi. Baryp giren agzyndaky stoluň aňyrsynda çilim kükedip oturan bir harby eşikli ýigide elindäki haty görkezdi. Ol ýigit Akgül ejäni tanady. Obasy başga bolsa-da, raýonlary gaty bir uly bolmansoň, ildeşleriniň köpüsini tanaýardy. Hangeldi bilen-ä ýakyndanam tanyşdy. Akgül ejäniň soňky ahwalatlaryndan hem habarly bolansoň, elindäki hata seredip oturşyna: «Urş-a gutardy welin, onuň salan ýaralary haçan biterkä?» diýip içini gepletdi. Uludan demini alyp, ýerinden turdy. Akgül ejäniň getiren kagyzyny özüne görkezdi:

— Akgül eje, ine şu kagyzda «dereksiz ýitdi» diýip ýazylypdyr. Biz-ä...

Oňa sözüni soňlara maý bolmady.

— Wah, meniňem janymyň ýanýan ýeri şo-da köşek. Heý ner ýaly ýigidem bir dereksiz ýitermi? Dört ýyllap: «Ene söweşýäs, ene söweşýäs» diýip haty geler durar-

da, oba gaýdyşlyk bolanda dereksiz ýitäýermi? Ol-a bolanok, çagam. Sen maňa şu ebserleriň iň ulusyny görkez. Bir gümürtiklig-ä bolmaly munda.

Ulusynyň ýanyna eltdiler. Olam düşündirjek boldy welin, telim eşiden zadyny eşitmekden bizary çykan garry ileri-ileri omzaberdi.

— Sen, çagam, bir zada düşün. Ýa ölenini bilmesem, ýa diriligini bilmesem nädip gol gowşuryp oturaýyn men? Ýeke guzymy iberemde gaşymy çytmadym, indem çytman. Ýöne «dereksiz» diýen gürrüňiňizi goýuň! Bellisini bilsem bolýa. Ölen bolsa aýatsyz-gurhansyz müzül bolup ýörmesin guzujygym. Sag aman gelen bolsa ordenlerini ýalpyldadyp dakdyraga-da, elinden tutup, oba bir aýlajakdym. Ine, meň agtygym atasyna çekipdir diýjekdim. O diýenim-ä bolmady. Hi-iç, hiç. Jan gaýgyr ýaly boldumy bu. — Akgül eje has-da aýgytly gepledi. — Sen çagam, ýokary bilen gepleş-de, garry eneňe bir kömek et!

Garrynyň göwnüni ýykmadylar. Merkeze hat ýazdylar. Birnäçe wagt geçensoň öňki mazmundaky hat geldi. «Dereksiz ýitdi». Her gezek şu sözi eşidende, Akgül ejäniň bagry para-para bolýardy. «Dereksiz ýitdi» diýilmeginiň «sana geçmän ýitdi» diýildigi

däldigini, ýöne käwagt käbir urşujynyň nirede ölüp galany bilinmän ýa başga hili betbagtlyk zerarly şeýle ýagdaýyň bolýandygyny oňa düşündirjek hem boldular. Şonda ol örtenipler şeý diýdi:

— Wah bilýä-ä-n! Ony bilýän. Ýöne şu serimsal bolup ýörmek ýaman. Diri bolsa dirisi gelse, ýogsam ýok bolsa, habary gelse. Iňňe däl-ä meň goçgar guzym ýitip gidiberäýer ýaly. Heý, obaň o çetinde görnüp duran jahylam bir dereksiz ýitermi? Höwün Meretgylyç lagyr agzyny dolduryp müňküldedip: «Hany, bi, o tarapa geçip dereksiz bolanam-a barmyş» diýip ýüregime ot saldy oturyberdi. Meň balam beýtmez-ä, beýtmez! Ind-ä bellisini bilmesem asylam bolmaz.

Özüniň uzak ömrüniň ählisini päk ýaşap geçiren arly-namysly garry ahyr ýaşda soňsuz alada batdy oturyberdi. Iki ýyllap şähere gatnady. Onuň şunça güýji nireden alýanyna haýran galaýmalydy. Ahyry öz goly bilen Moskwa hat ýazdy. «Şol oglan Meretgylyç lagyryň aýdyşy ýaly adyny hapalap «dereksiz» boldumy ýa urşup ýörkä nirede öleni bilinmän ýitgek boldumy?» diýip ýazdy. Birnäçe hepde geçensoň, şol harby komissariýata ilki barandaky gabat gelen oglan (köp çekýän borly, häzirem elinde çilimi tütäp dur) eli bukjaly gelip, salam berdi. Içişikde çommalyp oturdy-da, çilimini çekip

gutardy, Akgül ejäniň uzadan çaýyndan bir käsäni üç owurtda içip, pessaýlyk bilen gürrüňe başlady.

— Ogluň uly söweşde, agyr bir söweşde gurban bolupdyr. Hangeldi hasam gaty urşupdyr... M-m... Şeýle maglumat bar diýip seň hatyňa jogap geldi. Köpçülikleýin gyrgyna düşüpdirler-de, birbada birentegini anyklap bilmändirler. Howwa-a... Seň ogluň hemmedenem zor urşupdyr.

Akgül eje ýaşa dolup ugran gözlerini ur-tut süpürdi-de gyňajyny çigninden ýokary taşlap goýberdi. Burnuny çekdi. Ölüm habarynyň sürnüp gelen harasatynyň öňüne agtygyna bolan buýsanjyny galkan etdi.

— Wah-wah, şeýder ol neressäm, şeýder. Mertden bolan-a ol. Atasy pahyram şoňňalydy. Iliň öňündedi atlan-ha-atlan bolsa. Bolýa-da, guzym, bellisini bilen bolsaň. Hakyt öldi diýip takyk ýazylypmy?

Täzeden çilim oranan ýigit başyny galdyrman jogap berdi.

— Howwa.

Akgül ejäniň göwresi titräp gitdi. Bokurdagy doldy.

— Bolýa-da guzym, bellisini bilen bolsaň. — Oglundan tamasy düýbünden üzülen garrynyň injikleri

buz ýaly boldy, dünýäni ýaňlandyryp aglasy geldi. Emma myhman ýigit gidýänçä aglamazlygy ýüregine düwüp çydady. Ol oglanam gitjek-gitjek ýaly etse-de, bir zatlary aýtjak bolup, aýtmaga çekinýän şekilli şol köwlendi durdy. Ahyram daşary seredip durşuna üzlem-saplam şulary diýdi:

— Akgül eje, neme... o tarapa geçenlere «dereksiz» diýlenok, «dönük» diýilýä. Seň ogluňa şyltak atyp, seniň ýüregiňi çişireni üçin Meretgylyç lagyry äkidip, hökümede tabşyrjak. Hat ýüzünde arza berjekmi?

— Ýog-e-eý! Beýtmäň, köşek, beýtmäň! Tohumymyzda adam ýamanlap, gapy kakan ýokdur. Degmäň, degmäň. Ahyr ýaşymda o güne bir düşmäýin. Her kim ýaman bolsa, özi Hudaýdan tapar. Men guraýyn, şu bellisini bilmesem ynjalmadym-da. Umytly gezip ýören bolsam gowy boljak ekeni. Ölýänçäm ýoluna garap, garaşyb-a oturardym. Namardyň gepi günüme goýmady-da. Şo günümem köp gördüler-dä. Gözläbersem çykaýjak ýalam boldy durdy, çagam bir ýerden. — Akgül eje myhmana bildirmän gözýaşyny syldy. — Indi bolsa köşek, sen git-de, oňa-muňa aýdyp gel. Bolýa, çagam dereksiz bolmasa bolýa.

Ýigit gapydan çykyp, Akgül ejäniň öýjagazyndan

saýlanyberende yzyndan guzy mälän ýaly, zaryn bir ses eşidildi.

— Balam-e-eý, balam-e-eý... Nirde galdyň, guzym-eý!

Bu ses ýaňky ýigidiň aýagyndan ýüp salnan ýaly aşak çökerdi. Ellerini sandyradyp, çilim ýasandy. Jübüsinden hälki getiren hatyny çykaryp, kim bilýär, näçinji gezek göz gezdirdi. Ol hatyň hem mazmuny edil öňki hatlaryňky bilen deňdi. «Nähili we nädip ölendigi barada maglumat ýok. Dereksiz ýiten». Öňkülerden bir üýtgeşik ýeri olam bolsa, Hangeldiniň urşuň başyndan tä aýagyna çenli söweşendigi, hiç bir ýazygynyň ýokdugy barada giňişleýin aýdylýardy.

Akgül ejäniň öýüne goňşy-golamlar üýşüberende, ýigit özüniň düzedip bolmajak ýalňyş goýberendigini duýdy. Emma indi giç. Hangeldi hakda belli bir zat biljek bolup, garrynyň ýyllarboýy tükeniksiz jepalar çekip ýörşüne dözmän, onuň ýüküni ýeňletjek bolup tapan çykalgasynyň düýbünden ters çykandygyna indi düşündi. «Birden Hangeldi bir ýerden çykaýsa näme?» Bu sorag kellesine gelende zöwwe ýeriden galdy. «Gelse gowy-da» diýibem öz-özüne jogap berdi. «Garryňam islegi şo-da. Ýa özi gelsin diýýär, ýa-da öldi habary

gelsin» diýýär.

...Akgül eje agtygynyň söweşde gurban bolanyna gözüni ýetirip, şondan soňam dört ýyl kyrk gün obada başyny dik tutup gezdi. Oglundan razy bolup, dünýeden arkaýyn ötdi. Öljek wagty hem şol wakany ýatlady.

— Meretgylyç lagyra aýdyň, Akgül gözüni ýumup, armansyz ötdi diýiň. Il-güni gorap döşüni ajalyň öňüne ýaýdanman tutan goç guzynyň enesi bolan heleý, baý, arkaýyn gider-ä! Tohumy şeýle biziňkileriň...

Soň-soňlaram gelenler boldy. Hatda, on-on bäş ýyldan soňam gelen boldy. Hangeldi welin, henizem gelenok.Gelmese-de gelerçe boldy. O-ol, Akgül ejäniň öňünde ýalan sözläp o pahyryň arkaýyn ölmegine sebäp bolan ýigidiň «ýalany» hem «mukaddes ýalan» bolup çykdy. (Gepiň gerdişine görä aýtsak, şol oglanam bir wagtlar öýken keselli bolup ýogaldy).

Ine, şol wakalardan soň bir är ömri geçensoň, has takygy otuz ýyl geçensoň, Hangeldiň mazary tapyldy oturyberdi. Ony Germaniýada birnäçe wagtlap bolup gelen bir žurnalist oglan urşuň iň soňky aldym-berdimli günleriniň bolan ýerinden tapypdyr. Obadaşlary Akgül ejäniň elewräp ýörşüni ýatlap, uludan demlerini aldylar. Kolhozyň partiýa guramasynyň sekretary oba

adamlaryny kluba ýygnap, dabaraly mejlis geçirdi.

Çary goturyň gyzy Ogultuwak eje bolsa bir janly soýup, Hangeldä degsin etdirdi. Çünki indi bu obada Akgül ejäniň öýi hem ýokdy, ojagy hem. Olaryň ikisinem uruş ogurlapdy.

1981 ý.

## PYÝADA KAZYLAR

*(satiriki hekaýa)*

On üç ýylyň duly, altmyş bir ýaşly Mäterguly aga ýekelikden zeýrene-zeýrene ahyry ilerki obadan özi ýaly gazygynda ýeke galanyň birini tapyp getirdi. «Garry bolanda göwni ýokmy?» diýip, goňşularyna gün bermän ýören çaşy, çypar horazyny soýaga-da ýumşajyk palow bişirdi. (Käşir tapman içine palow kädi saldy.) Bir wagtky dosty heserdeşi Haknazar aganyň uly ogly Pirlini we duldegşir goňşusy Mäligi çagyryp üýşmeleň etdi. Bir çüýşe arak aldy. «Etmän ýören zadymyz däl-le» diýip, iki käse aragam ýelmedi. Dili açyldy.

– Haknazar pahyr bilen iýenimiz aýry gitmezdi – diýip, Pirliniň kakasyny öwdi. – Tüweleme, senem kakaňa çekipsiň. Seni görsem, şony gören ýaly bolaýýan.

Seni gowy görýänimem şoň üçin. – Mäterguly aga uzyn göwresini ýaýkyldadyp gitdi-de, kümeden bir sany gyş gawunyny alyp geldi. – Me, şunam iýiň, Pirli jan, palowyň ýany bilen. Ýagşy zada niýetläp ýördüm. Gowy bolaýdy. – Onsoň öz ýagdaýlaryna geçdi. – Sallahlygam näme, Mälik jan, özüň bilýäň ýaman zat bi...

Mäligem aýaly ýogalyp üç ýyl bäri dul gezip ýör. Şonuň üçinem ady tutulandan: «Hä?!» diýdi-de, hyrçyny dişläp başyny ýaýkady: Mäterguly aganyň sesi peseldi.

– Çagalar-a ýokuş görýäler welin, olaram näme, dura-bara düşünşerler-dä.

«Howwa-da, howwa» boluşdylar. Mäterguly aganyň özüne höwür tapynyp gowy iş edendigini öwran-öwran nygtadylar. «Jan-jan, her kimiň öz jany» diýişdiler. Bu meselede birneme tejribesi bolansoň, Mälik has-da jibrindi.

– Çagaňam bolsa jany jany başgalygyny edýä how. Pylankesi alaýaýyn diýseň dagy: «Şu öýe-hä getirmersiň!» diýşip, bagryňa hanjar sokýalar oturyberýäler. Özlerine-de bir iş buýursaň bahanalary taýyn. Onsoň nirede bir ýyly-yssydan garnymy doýrup bilerkäm-ow, diý-de ysyrganda ýör! Bir doýsaňam indikiň gaýgy. Wah, aýal

gerek-le! – Mälik çaga ýaly boýnuny burup, «mynny-mynny» etdi. – Aýal bar wagty-ha göwnüňe şu islän aýalyňy alyp bolaýjak ýaly bolýa durýa ekeni. Niçikmi, aýalyň ýokmy, çöl ekeni bi bela.

– Iý, Mälik jan, palowdan iý! – diýip, Mäterguly aga tabagy Mäligiň öňüne süýşürdi. – Pirli jan, guýsana ýemedenem...

Pirli boşan çüýşäni pejiň aşagyna tigirläp goýberdi.

– Mäti kaka, munyň-a boşady. Şunça öýlenibem alanyň ýekeje şişemi?

Mäterguly aga ýeňsesini gaşady.

– Alyb-a ikisini aljakdym welin, gel-aý, ajy zat täk bolsun diýdim-dä.

– Onda üçüsini alaýmaly ekeniň.

– Adama birini içip how, onsoň o täze geleniň gözüne görünmek gerekgämi? Gelenim-ä bir arakkeş ekeni diýip gider-dä ýok bolup. Öýüne ýetmänkä-de Mälik ýalyň biri kakar.

Gülüşdiler. Pirli gürrüňi has gyzyşdyrmak üçin bilgeşländen sorag berdi.

– Mäti kaka, bi getireniňi nädip tapdyň onsoň? Öňürti hat-pat dagy ýazansyň-da?

– Saňa oýun gerek. Me, ondan-a dükana git-de ýene bir çüýşe arak getir! – diýip, Mäterguly agadan öňürti Mälik seslendi. Ýelbegeý atynyp oturan güpbüsiniň jübsünden on manat çykaryp Pirlä uzatdy. – Şu pul toýa ýarasyn. Yrym edýän. Belki maňa-da ýokaýady-da. Irdim men şu sallahlykdan! Arman men utanjaň bolýan. Üh-he! Bar, Pirhan getir! Bir göwün açyşalyň. Toý günüdir bi. Adam pahyr iki gelýäm-ä bi dünýä? Mäterguly aga: «Özüm alardym-la!» diýip, gozganjyranam boldy welin, Mäligiňem: «Yrym edýän, yrym edýän!» diýip şol bir eňip oturşy bolansoň dükana şoň on manady gitdi.

Pirli gidensoň Mälik tirsegine gyşardy-da, Mäterguly aga ýüzlendi.

– Ýaş oglanyň ýanynda soramany birhili gördüm-de... Nememi o-soň? Haçan ýanyna girjek?

Sülmürän bolup oturan Mäterguly aga çyny bilen gatyrgandy:

– Ýanyna girmek hökmanmy-aý, gümürdi bolsa bolýada ýanyňda.

– Nužil ýagdaý ýog-aý?! – diýip, Mälik iki buduny biri-birine berk gysdy. – Onyň-a bolmaz!

– Goýsana-how, biderek gürrüňiňi! Tertip, düzgün

diýibem bir zat bor-a. Bolmaz-a sen-men ýok, barybermek...

Mälik dertdeşiniň alkymyna dykyldy.

– O ne düzgündir-aýt ol?

– Nika diýdi, pyýada kazy diýdi, birazajyk delile getirmesek bolmaz. Boýnuma goýlandyr Mälik goňşy. Özem bir mollaçyr bir zat bi.

Mälik boýnuny kibtiniň içine gysdy-da, iňkise gitdi.

– Bä-ä! Dogrudanam-aý! Onda molla-solla çagyrmaly bor-ow. Pyýada kazam gerek bor. Irräk aýtmal-a bi zatlary, ýak...

– Adam çagyrmarys han ogul artykmaç çykdajy edip. Pirli ikiňiz hemmesini oňararsyňyz.

– Seň çynyňmy, ýa oýun edýäňmi?

– Çynym.

– Başym çykmaýan zadyny, goňşy, men-ä boýun alybilmen. – Şol wagt «haş-haş» edip Pirli geldi. – Ine, Pirliň özem geldi. Şu oňaraýmasa men-ä...

– Näm-aý ol? – diýip, Pirli her goltugyndan bir çüýşe çykaryp oturşyna sorady. – Dawaňyz näme?

Birmeýdan hiç haýsyndan ses çykmady. Esli wagtdan

soň Mälik gözlerini güldürip Pirlä seretdi.

– Muň-ňa, mollasam, pyýada kazysam ikimiz ekenik.

Pirli «luk-luk» etdirip käselere arak guýuşdyryp oturşyna:

– A-aý, bolsak bolubiris, Mälik kaka! – diýdi. – Hany, şuny bir içeliň!

– Maňa-ha guýma, inim! – diýip, Mäterguly aga ysgynsyz seslendi. Boýnuny burdy.

Mäligem ýöwselledi.

– Kazy boljak bolsak bizem-ä... Soň osoň... Masgara bolup durmalyň...

– Al, hany! Hiç zat bolmaz.

Pirli göterdi. Mäligem göterdi.

– Palow bilen içmek kyn bolýa – diýip, Mälik ýüzüni kürşertdi. – Täze «gelin» börek-sörek bişirip bilenokmyka?

Pirli agzyny şapbyldadyp barmagyny ýalady.

– Gelen güni börek bişirdiberseň bormy olam bir. Mäti kaka, şu täze açylanyndanam bir gezek içmelidiň welin, oňarmadyň. Bi süýji ekeni öňkülerden.

– Hä-ä, iýişiňizdenem bildirýä süýjüligi. Hany,

«willi-wüllüňizi» az ediň-de, basymrak etmeli işleriňizi edişdiriň. Soň oturyberiň, geliňde. Haçandy günüň ýaşany.

«Oho-da, oho!» boluşdylar. Mälik gyjalat berdi:

– Hany, ýaňy ýaman arkaýyn görünýädiň-le. Ýa aragyň keýpi ýetdimi?

«Boluň, boluň!» diýip, Mäterguly aga bulary gyssaberdi. Mälik bilen Pirli ikisem iki ýerden:

– Bol, onda näme etmeli bolsa öwret! – diýişdiler.

Mäterguly aga-da ýagdaýynyň ýetdiginden öwreden boldy:

– Bärden baryňdamy, «Nika wekilçiliginikime berdiňiz» diýip soraň...

– Şon-a özüň soraýsana – diýişdiler.

Mäterguly aga böwrüni diňledi.

– Be, bormukan-aýt, ol?

– Ýene adama bäş gram ursak bor, näme bolman – diýip, Pirli ýene-de birlaý arak guýuşdurdy. Bu gezek üçüsem sessiz-üýnsiz içdiler. Mäterguly aga käsäni goýdy-da, agzyny süpürip ýolbars kimin arlady:

– Bo-or-la-aý, iniler! Özüm soraýaryn ýaňkyny.

Berkime tutsam böregem-ä bişirderdim men oňa welin. Üh-he! Ine onsoň «wekilçiligi pylan baýa berdik» diýip, biriňiziň adyňyzy tutar welin, «Siz öz teniňizi Mäterguly Eminagzam ogluna bagyşlaýaňyzmy, sythy-yhlasyňyz bilen onuň ýarpy göresi bolmaga razymysyňyz?» diýip soraň. «Howwa» diýer welin yzyny özüm oňararyn. Küh-he!

– Belki Hudaý, bize-de ýokaýady-da! – diýip Mälik tamşandy.

Pirli çüýşesini somlady.

– Onda ýene bir ýola ýelmäliň!

– Soň, soň! – diýip, Mälik ellerini kelemenletdi.

Ýerlerinden turansoňlar üçüsem öz ýagdaýlarynyň öwerlikli däldigini duýdular. Mäterguly aganyň her goltugyndan biri girdi. Şondan soň, öňe, yza hallan atyşyp, «gelinli» jaýa tarap ýöneldiler. Mäterguly aga Mäligiň gulagyna pyşyrdady:

– Soňkusyny ismeli däl ekenik!

– Hemmämizem köp isipdiris – diýip, Mäligem öz gezeginde agzyny Mäterguly aganyň gulagyna golaýlatdy.

– Gapydan girenlerinden, hebeşi ýaly hüýt-gara

bolup oturan betgelşik, sary diş bir aýaly görüp zähresi ýaryldy. Pirli usullyk bilen Mäterguly aganyň gulagyna çawuş çakdy:

– Mäti kaka, şümi getiren zadyň?

Mäterguly aga geplese syry açylar öýdüp, «howwa» diýen manyda gözlerini gypyrjyklatdy. Pirli o diýeni bilenem oňmady-da, hemmeler eşider ýaly edip:

– Mäti kaka, galan ömrüňi ýürek edip şuň bilen geçirmäge özüň bir razymy? – diýdi.

– Wah, men razy-la! – diýende, Mäterguly aganyň bokurdagy doldy.

– Bol, onda sora.

Mäterguly aga bularyň goltugyndan sogrulyp çykdy-da, ýykylmazlyk üçin elini işigiň söýesine diredi. Zarp bilen gepledi:

– Eý, meniň çarşenbe güni çäş wagty ilerki obadan äkelenim! Şu meniň umytly ojagymda otyrkaň aýt, sen nika wekilçiligini kime berýäň? – Ol şemalyň ugruna ygşyldaşýan hyşşagulpaklary ýaly, biri-birine degip, gaýdyp, zordan aýak üstünde duran ýoldaşlaryna tarap elini uzatdy. – Ine, Mälik baý bar, Pirli baý bar.

Öň telim äre baryp, bu zatlara suw içen ýaly ökdelän

«gelin» iki aýtdyrman:

— Pirli baýa berdik — diýdi.

Içinden: «Meniň adymy bir tutmabilseýdir» diýip, basga aglyp duran Pirliniň dulugyna ýelmenen ýaly boldy. Başga çykalga ýokdugyna gözi ýetensoň bolsa, bir ädim öňe süýşdi-de, ýarak ite haýbat atýan ýaly, «täze gelniň» üstüne heňkirdi:

— Siz, bagyşlaň welin adyňyzam bilemok! — Pirli öz badyna entirekläp gitdi-de, «gelniň» daşyndan bir öwrüm etdi. Ahyram ýoldaşlarynyň birinden ýapyşyp saklandy. Barmagyny çommaltdy. — How-wa-a, «it üýrer, kerwen geçer» diýipdirler, ýeňňe! Siz öz organizmiňizi Mäti kakama bagyşlaýaňyzmy? Şoň bilen...

Ol sözüni soňlamanka Mäterguly aga onuň böwrüne hütületdi.

— Ýör, o tama!

O tama geçensoňlar Mäterguly aga Mälikden ýapyşyp durşuna Pirlä sökdi.

— Köpeý ogly diýsänim, bilgeşleýin etýäňmi? Hä?! Nirden tapýaň o gürrüňleri?

Pirli ellerini serdi:

— Öz öwreden zatlaryň-da, Mäti kaka.

— Arganizm diý, diýdimmi men saňa?

— Onda näme diýmeli?

— Aý, eşşekataly, aýtdyma ýaňy men saňa: «teniňizi diý» diýip. Üýtgeşik söz aýdyp jynyny tutdyrsyň sen oň, gör-de dur!

Pirli kellesini ýumruklady:

— Wah-heý, men guraýyn! Mäti kaka, ýör, hany, ýaňadandan aýdaly. — Içki tamyň gapysyndan ätlemänkäler, Pirli Mäterguly aga ýüzlendi. — Mäti kaka, seň munyň jynlammy?

— Şuny menden öňki alanlar-a şeý diýdiler how. Häzir bol!

Ýene-de girdiler, «güpür-de-tapyr» boluşyp. Pirli urtut soraga başlady:

— Siz öz organizmiňizi Mäti kakama bagyşlaýaňyzmy ýa ýok? Hä?! Bir agyz söz!

— Häk, seniň bir — diýdi-de, Mäterguly aga Pirliniň elinden tutup, süýräp diýen ýaly çykardy. Tumşugyna ýapaýarly göründi, bokurdagy harlady. — Seň atańdan ýaňa inim-boýum ýazylan däldir. Şolam hernä şuňňaly zat bolsa bir bolgusyzyny tapyp bulaşdyrardy. Senem

şuny bilgeşleýin edýänsiň. Beled-ä men seň tohumyňa. Atań bilen otuz iki ýyl tirkeşdim. Görgümi görkezendir. Wah, aňdymam-la şeýle boljagyny. Sen, it ataly, düzüw geplejekmi ýa ýok?! — Ol gyssanjyna Mälige ýüzlendi. — Bolmasa Mälik jan, seň özüňjik aýdaýsana, inim!

Öňem aladanyň öz başyndan aňsatlyk bilen sowulanyna ýüzde-müň şükür edip duran Mälik bu sözi eşidenden elewräberdi.

— Bolmaz ol, goňşy, bolmaz! Wekilçiligi Pirlä berd-ä ol.

— Olam-a şeýledir öz-ä — Mäterguly aga Pirlä bakyp, çyny bilen ýalbardy. — Jan, inim, guluň bolaýyn düzüwje aýdaýsana!

— Wah, ynan, Mäti kaka, bilgeşleýin aýdamok. Özi agzyma geläýýä.

— Näm bolmaly ol arganyzm diýýäniň?

— Aý, neme-dä, şü, adamyň organizmi-dä. Hemme ýerem girýä oňa. O diýmek neme-dä, adamyň durky, teni diýmek-dä.

Mäterguly aga birneme köşeşdi.

— Be, olam-a ugrundan barýan ekeni öz-ä. Aý, şonda-da aýdylanjasyny aýdaýsana, agzyňdan kireý isleýäňmi?

— Bor, Mäti kaka indi ýalňyşmajak bolaýyn. Bolmasa şo ýerinem özüňjik aýdaýsana.

Mäterguly aga ýer depip gygyrdy:

— Içimi ýakma diýýän men saňa!

Üçünji gezek girdiler. Pirli hetjikläp başlady:

— Siz, ýagny, Mäti kakamyň soňky alany! Siz öz... — Şol wagt Mäterguly aga Pirliniň gulagyna: Teniňizi diý, betbagtyň çagasy, teniňizi diý!» diýip, pyşyrdady. Pirli hem wagtynda ýadyna salnany üçin begendi. Dogumlandy. – Siz öz teniňizi şu bolşuňyz bilen Mäti kakama bagyşlaýaňyzmy? – Ol aýalam aýdylaryna mähetdel: «Bagyşlaýarys. Näme bagyşlaman? Munça ýoklara-da bagyşlaý-bagyşlaý gelinendir» diýdi-de, «myş-ş» edip, uludan bir demini aldy. «Yzyny aýt, yzyny!» diýip, Mäterguly aga gyssaberensoň, Pirli indiki aýtjak sözlerini ýadyna salmak üçin dik depesine garady. «Sydky-yhlas» sözüni aýtjak bolanda, näme üçindir, göz öňüne obalaryndaky ady belli arakkeş Sytdyh Ylýas geldi. – How-wa-a, siz öz teniňizi Mäti kakama bagyşlaýanyňyz bilen oňarmysyňyz ýa ýarty halyňyza Sytdyh Ylýas ýaly biri bilen...

Ýüregi agzyndan çykara gelen Mäterguly aga Pirliniň ýakasyndan tutup, idirdedip ugrady.

– Boldumy, Mäti kaka, dogry aýtdymmy? – diýip barşyna, Pirliniň gözi Mäterguly aganyň adamçyl erkegiňkä dönen gözüne düşdi. Onuň bolşy Pirliniň hekirtmeginden alarly göründi. Birdenem töweregini sermenip, eline iler ýaly zat gözläp başlady. Rejäniň geň däldigini aňan Pirli, işikden zymdyrylyp çykdy-da, zut gaçyp gitdi. Pirliniň yzyndan ýetip bilmejegine gözi ýetensoň Mäterguly aga agzyndan ak köpük saçyp Mäligiň üstüne gygyrdy:

– Bar, senem ýok bol, sallah işigaýdan! Git, garnyňy doýur bir ýerden ýyly-yssy tap-da! Içigara diýerler size. Iýseňiz, içseňiz, başga zat gamyňyza däl, siziň! Ýet, ýaňkyň yzyndan! Me, äkit bi ýarty çüýşe aragyňam! Häýt, çüýşän başujyňda dikilsin!

– Bor, goňşy, gidäýeris – diýip, köwşüni geýip oturşyna Mälik närazylyk bildirdi. – Sallahlygymy-ha goňşy aýtmasaňam bilýän. Hudaýyň salanydyr, nädeýin? – Mälik hamsykdy. – Men-ä yrym edip geläýdim, senden ýokuşsyn diýip.

– Yrymy, ýomy bilýän eşeklermi siz?! Içigara siz! Görünmäň gözüme! Häý, aragyňyzam başyňyzy iýsin, böregiňizem. Böregem iýjekdiňiz siz! Gel men saňa börek bereýin! – Ol ýarty çüýşe aragy eline aldy-da

Mäligiň üstüne topuldy. – Iýjekmi?! Beräýeýinmi şu çüýşe bilen iki gözüň ortarasyna! Sen dämi şu soňkulary getirdip meň toýumy bulan!

Mälik şol bir diýenini gaýtalady durdy:

– Nädeýin, goňşy yrym edäýdim-dä.

...Mäterguly aganyň öýlenenligi baradaky habar oba ýaýrap ýetişmänkä, «soňky alany gidipdir» diýen gürrüň ýaýrady. Kim: «Mäterguly aganyň soňky alany çagalary bilen oňuşman gidipdir» diýdi, kim bolsa: «Özi bilen oňuşmandyr» diýdi. Birentegem: «Pyýada kazylary oňmandyr, şoň üçinem ýyldyzlary sataşmandyr» diýdi. Bisähet sapar aýyna ýoranlaram boldy. Ýöne bar belanyň şol üç çüýşe arakdygyny welin, hiç kim bilmedi. Nämäň nämedigini iller diňe şondan bir hepde geçenden soň, Pirli bilen Mäligiň ýüzlerini garaňka tutup ilerki obadan şol, öýkeläp giden sary diş, hüýt gara aýaly ýüz-müň ýalbar-ýakarlar, höre-köşeler bilen yzyna getirip, onuň öňünde galan ömürlerine agyzlaryna arak almajakdyklaryna ant içip, awy ýalap Mäterguly aganyň eline gowşuranlaryndan soň bilip galdylar. «Häk, bir ýalňyşlyk boldy-da welin, göwnüňize almarsyňyzda, hernä...» diýip ellerini owkalap, «täze gelniň» daşyndan hozanaklap, öýüň

içinde iki ýana ylgap ýören Mäterguly aga bolsa: «Ine, iniler muny oňardyňyz, ine iniler munyňyz boldy. Ine, indi siziň bar günäňizi geçdim. Pirhan seňň-ä kakaňam tapylgysyz gowy adamdy. Otuz iki ýyllap bile işledik bende bilen. Baryň, indi bolsa gidiň... Basymrak gidiň... Boluň çaltrak!..» diýip, has beterem Pirlini gyssady. Eýýäm haçan gapydan çykyp barýan Mälik bolsa yzyna gaňrylyp dili bilen dodaklaryny ýalady.

– Belki bize-de ýokuşaýady-da!..

1982 ý.

## SYGYR SÖWDASY

«Şalar sygryny satjakmyş» diýen habary işi mal alyp mal satyp ýörmek bolan Myşşy aga düýn agşamaralar, işden gelen badyna aýalyndan eşitdi. Eşidişi ýalam onuň öýüne baryp tarjagazlaryna tyrňyldadyp gördi. Sygryň gaty hordugyny öwran-öwran gaýtalap, üç ýüze dagy berse-hä bazara çykyp ýöreninden, oba arasynda-da aljak adamyň tapylaýmagynyň ahmaldygyny ýaňzytdy. Ýigidiň sadalygyndan peýdalanyp her hili hileler gurdy. Ýöne Şalaram edil ant içen ýaly: «Bazara barda bagtyňy syna» diýipdirler, Myşşy aga. Çykaryp bir göreli. Bolmasa soň nemedäýmeli bor-da» diýip, şo-

ol bir diýenini gaýtalap dişiniň suwuny çekdi oturdy. Myşşy aganyň bolsa muňa girre gahary geldi. Içinden: «Hany bazara çykyp gönenşiňi bir göreli seň» diýdi-de, gabakman gözlerini mekirlik bilen gyrpyldatdy. Lopbuş duluklaryny tirpildetdi. «Onda ertir ikimiz bazara bileje gideli, neme jan. Bormy? Men seň şu sygryňy satyşaýyn. Ýöne men näme diýsem, şonuň bilen bolgun, bazara baransoň. Hoşmy! Özüňem meni tanaýandygyňy adam ogluna bildiräýmegin! «Myşşy aga pylan zat pylanmy?» diýip köpçüligiň içinde synymdan salyşyp durma» diýdi. Öz ýanyndan eýýäm-haçan Şalaryň sygryny alyp işiginde daňana döndi. «Bäş ýüz diýip duran malyny ertir al salyp üçe dagy alybilsem, häzir-ä iki ýüz manat peýda görýän. Iýmini mugt düşüräge-de gowuja seredip semredibilsem gyşa golaý müňe dagy gider. Bir müňdenem başky beren üç ýüz manadymy aýyrsam mugt ýerden ýedi ýüz manat jübä pat!» Ol öýüne baryp ýatansoňam jübüsidir öýdüp ukyň arasynda iki gezek dagy gapdalynda ýatan aýalynyň garnyna patlatdy.

Ertesi irden Şalaryň durşuna süňk bolup duran ýeke şahly malyny hor sygryny teležka ýükläp obadan ýigrimi kilometr uzaklykda ýerleşýän şäher bazaryna äkitdiler. Ozalam bir çalajan mal, üstesine-de düýnden bäri işikde saklanyp öňüne-de zat oklanmandyr.

Çapgyn aýaz bilen ýolam eňkini mazaly aldy. Asyl eltip teležkadan düşürenlerine mähetdel, sygyr janawar dik duran ýerinden şalkyldap gaýtdy-da, ýanyny ýere berdi ýatyberdi. O bolşy bilenem aýaklaryny döşüne ýygnap sygyr ýatan şekilli kellesini dik tutup ýatsa bolaýjagam welin bu onam etmedi. Bir gapdalyna gyşardy-da, essi giden adam ýaly başyny ýere goýdy, dört aýagynam jüpläp gös-göni öňe uzatdy. Ýeke şaham ýere direlýärde ýatyşyny şeýle bir gözgyny görkezýär welin, Şalar-a ilden utanjyna ur-tut teležkanyň yzyna geçip gizlenmek bilen boldy. Bolsa-da Myşşy aga bir köpi gören adam, töweregindäkileriň birinden ot, birinden suw alyp sygry nägerek eýle ýerinden galdyraýdy. «Gel haw ýigit! Munyňa eýelik et» diýip Şalara gygyryp, käýinen boldy. Özem abşanaklap gitdi-de, derrewjik bazaryň ýagdaýyny bildi. Gelibem: «Bäş ýüzden aşak düşäýmegin!» diýip Şalaryň gulagyna öwran-öwran pyşyrdady. Şeýdibem geçmejek baha bilen Şalaryň halys degnasyna degiresi, ony bazardan boş çykarasy, ahyram ýigidi oba baryp üç ýüze beribilse-de kaýyl bolar ýaly derejä ýetiresi geldi.

Şatlama aýaza çydaman geleli bäri galdyrap oturan Şalar bolsa Myşşy aga ýanyndan gideninden aşaklyk bilen sygryna göz aýlady. Illeriňkä-de seretdi. Sygryň sowukdan ýaňa ýegşerilip bir tarapa agyp ugranyny

görübem ylgap baryp onuň böwrüne symsyklady. «Indi bir ýykylmaýbilseýdir» – diýip uly basga düşüp oturşyna uly bazaryň içinde gözleri bilen Myşşy agany gözledi. Edil şol wagtam başy sary gulakjynly, salpy dodak, jüýk burun biri gözüni ýaşardyp sygryň daşyndan aýlandy-aýlandy-da, keýpinemi ýa çyny bilenmi sowuga gök dalak bolan ýüzüni küsserdip sygryň boljak ýerini sorady. Şalar egnindäki pagtaly, galyň güpbüsiniň ýakasyna bukulyp, hababaýlap durşuna näme diýýäninem oňly düşündirmän zoraýakdan gepläp başlady. Uzyn göwresi bilen gürrüňdeşiniň üstüne eglip durşuna suwly ýabyň ortarasyndaky gamyş ýaly titir-titir etdi.

– Bahas-a halypa bäş ýüz. Soraber! – Soňundanam edil Myşşy aganyň öwredişi ýaly diň gögüne bakdy-da, sakyrdap başlady. – Satjagam däl welin zerur bolýan. Agalarymyzyň biri toýjagaz edýäde pul gerek. Arada iki aýlap Aşgabada okuwa gitdimde, yzymda seredere adam bolmansoň horlanaýýypdyr. Alsaňa al. Ýogsam elden çykarasym gelenok şuny. Tohum mal.

Oňa çenli Myşşy aga-da ýetip geldi. Özem öň bir bahalaşyp oňuşman giden adam hökmünde omzy bilen Şalaryň çignine kakyp iňňildän boldy.

– Aşak düşjekmi how sen?!

– Aşak düşer ýaly bu ýerde geçmän ýatan mal ýok, ýaşuly. Ine bu adam diläp dur bazaryň göterýän nyrhyna.

– Diläni bormy oň? Ilki bahalan men ahyryn. – Myşşy aga sary gulakjynlydan kine eden boldy. – Sen inim ara düşme. Ara düşseň ýagşy bolmaz. Eger nyrhyny galdyryp aljak bolsaň ol hijem bolmyýa. Dört ýarymdan geçdigiň eýýäm meň söwdamy bozýaň. Özüň-ä bir kemallyja ogul ýaly welin... – Myşşy aga ýaňkyň gowy haýyny alansoň Şalara seredip sesine bat berdi. – Beräý how dört ýaryma!

– Ýok! Bäş ýüz.

Şol wagt başga-da bir-iki sany üşän pyýada ýaltaklaşyp geldiler-de, sygryň o ýerini, bu ýerini elleşdirip gördüler. Olaryň biri gara çyny bilen beýlekisine ýüzlendi.

– Muny görkezmäne getirdilermikä ýa satjakmykalar?

– Satjakdyrlar-la welin... – diýip, beýlekisi sygryň bitaý şahyndan tutup yralap gördi. Yzyna geçip guýrugyndan dartdy. – Baý intirisni zat ekeni öz-ä. Päheý!

Myşşy aga-da ur-tut gapdaldan at goşdy.

– Bäş ýüz diýip ýer depip dur-da. Ýogsam dört ellä berse almajagam däl men şuny. Birazajyk seretseň

neme-dä... Üh-he! Gyşdan alyp çykmaly-da muny. Bir ýaza ýetse...

– Haý, näbileýin – diýip, ýaňky nyrh soran nas atdy. – Gysdan çykazyp bolaýsa boz welin...

– Iýmiň bolsa gatam çykarsa bor, näme bolman – diýip, Myşşy aga kellesiniň gyzgynyna öz zyýanyna gepleýäninem unudyp dazaryldy. Ýene-de kibti bilen Şalary gyltyzrak kakyp goýberdi. – Ber how şunyňy maňa dört ellä. Dileý-dileý dilime tüýler bitdi. Aňrujy satjak bolsaň ýetdi şuň bahasy. Ýöne satmajak bolsaň bilemok. – Ol ýene-de yzyna dolanyp ýaňkylara agyz urdy. – Sizem halypalar söwdaň arasyna goşulmaň. Türkmençilikde gaty aýyp zatdyr şu zatlar.

– Bizaz how hanypa bizä sundan – diýip, ýaňky adam gyýtaklap gitdi-de, baryp haýatyň düýbüne nasyny pürkdi. Agzyny aýasy bilen süpürip, çykalga tarap ýegdenekläp barşyna nasyň badyna damarlary çym-gyzyl bolan gözlerini Myşşy aga tarap alartdy. – Bize-hä şo sygry mugt berseňizem gerek-gä. Ýöne geň gördük-de soraýdyk.

Olar şeý diýip gidensoňlar ýaňky sary gulakjynlam kän eglenmedi. Myşşy aganyň tüýs diýeni geldi.

Ol gaýşarylyp güne seretdi-de, ýene bir ýana

ýitirim boldy. Gitjek wagtam ýeňsesini Şalara öwrüp durşuna: «Darykma, satarys. Ýöne birden aljyrap aşak düşäýmegin. Sen gowuja dursaň munyňy bäş ýüze satarys işalla» diýip pyşyrdady. Bazar sowluberensoňam: «Häk, ötägidibermesek boljak däl öýdýän neme jan!» diýip, ýüzüni sallap gynanan kişi bolan bolup gaýdyp geldi. Edil şol wagtam hälki sary gulakjynly ýerden çykan ýaly bolup geldi-de, gara çyny bilen sygry dört ýaryma diledi. «Bäş diýip durma. Şuňa dört ýarymam bolýa. «Biraz iýmim bardy-da, seredip iýäýer ýaly arzanrak mal gözleýän. Ýaňam öýe aşmazmyka diýip diläbilmän gitdim. Berseň-ä bagta çapaga-da aljak. Ýöne dört ýarymdan bir manat geçse-de men ýok» diýdi. Şalaryň ikirjiňlenmän berjegine gözi ýetip duran Myşşy aga atylyp geldi-de, sary gulakjynlyň alkymyna dykyldy.

– Ertirden bäri bu oglanyň ýan tazysy ýaly bolup ýanyny alaryn durarynda, indi men muny saňa ber goýberäýerinmi? – Ol Şalara seredip gözüni alartdy. Yşarat etdi. – Sen inim diýen nyrhyňdan çykma, çyksaň ýalňyşarsyň. Dört ýarymdan geçse-hä şuňa ber, men razy. Bolmasa-da maňa ber.

Sary gulakjynly ýüzüni kürşetdi.

– Şondan geçse-hä siz sag, men salamat. Mala-da bir serediň-ä. Ýöne agzyňyza gelenini urup otyrsyňyz. Hakyna seretseň-ä bu dörde-de degenok. Men ýöne halys zat tapmamsoň diläp durun muny. Ýogsam ýürek edip obaň çetindenem girer ýaly däl-le muň bilen dogrusy.

Myşşy aganyň ýene-de oky onluga degdi. Halys aljyran Şalaryň üstüne hasam herreldi.

– Sen şuny dört ýaryma maňa berjekmi ýa ýok? Hä? Ýa-da men ertirden bäri bahalap oturan malymy bi soňky gelen soňkuldyga berjek oturyberjekmi? – Ol sary gulakjynla-da azm urdy. – Sen inim namart ekeniň. Ara bozar ekeniň. Utanaňokmy söwdaň arasyna goşulmana. Ak bazaryň içinde durkaň halal iýip ýören birine ikilik etmek aýyp bor. Hm-m...

Bu söwdany görmek üçin ahyr bazaryň bar mähellesi bir ýere üýşdi. Indi olaryň hemmesi birigip Myşşy aganyň tarapyny tutmaga, Şalara igenmäge başladylar.

– Sen dost sygryňy satmaga getirdiňmi, ýa gezelenje çykardyňmy?

– Satmaga getiren bolsaň-a ber şu ýaşula dört ýaryma.

– Ýetdi how şo sygryň bahasy! Aňry ýany bilen ýetdi.

– Şondan ýokary nyrh ýok şoňa!

Şalar ýaýdandy. Myşşy aganyň ýüzüne naýynjar seretdi.

– Näme buruljyrap dursuň. Ber şu ýaşula. On bazar gatnasaňam şu nyrhyňy gaýdyp tapmarsyň. Seňki çüwdi. Giň ýerde üç ýüzden aňry geçmeýä munyň. Bolmasa-da aňyrky ýigde ber! Ikisem deň baha urýa dälmi. Hä? Haýsy öň diledi? E-eý ýigit haýsy öň diledi şularyň?

– Öňürti dilän-ä men! – diýende Myşşy aganyň sesi gaty garjaşyk çykdy. – Ýöne bu ýigidem «bäş ýüz» diýip şol gelendäki nyrhyny urup dur-da. Edil bazar görmedik ýaly. Ahyr bazar bor, ir bazar bor, ortasy bor, munuň bolsa şo bir tutan ýerini tutup oturşy. Garaz muň niýeti bäş ýüz manady öýüne dury äkitmek. Olam näme, öz işi. Ýagdaýyna seretsin. Muňa bazar diýýäler. Bermese men nä urup alaýynmy? – Ol sary gulakjynla tarap barmagyny çommaltdy. – Ýöne bu halypanyň goşulmasy bolanok. Öz dilän nyrhyma-ha men muňa berdirmerin. Şol-a açyk. Eger bahasyny galdyryp alsa-da oňky namartlyk bolýa. Hm-m...

Sary gulakjynly adam beýläk bökdi.

– Aý ýok. Galdyryb-a ýekeje köpügem galdyrjak-gä.

Bar alýan bolsaň alyber.

Töweregiň gohy hasam artdy.

– Ber how indi şol ilki dilän ýaşula.

– Ä-äl berenog-aý! Beh!

– Tüýs netikaza ekeni-ow... Öljek welin bäşden bäri berjekgä-dä... Häk...

– Berer, berer. Näme bermän.

– Ber how şoňa!

– Aý aýalyndan gorkýandyr bi. «Bäş ýüzden az getirseň öýe salman» diýendir, şoň üçin görgüjigini görüp durandyr bedibagt.

Şalar halys aljyrady. Ýüzünde-gözünde gymyldaýan ýeri bolsa herekete getirip «Agşam näme diýdim men? Berk bol. Ýan beräýme. Azajyk saklanybilseň şu sary gulakjynla bäş ýüze ýelmeýäs» diýen manyda müň dürli yşaratlar edip duran Myşşy agaň ýüzüne gorka-gorka seredip:

– Wah men berjekle-e... – diýip zarynlady.

Ýeňsesinde duran biri oňa has dözümli darady.

– Ber-dä, onda berjek bolsaň. Näme sähet isleýäňmi?

– Ber, how!

– Ber!

– Öldüräýesi ýok seni elli manat. Nesip edeni bor. Şu gün satmasaň ömürem satmarsyň. Akmak bolma. Indiki bazar getirseň eýýäm: «Öňki bazar geçmedik sygyr» diýerler. Düşdüňmi. Ber şoňa! Ber eliňi! Kak! Hany ýaşuly sen özüň öňürti eliňi uzat! – Gepläp duran adam Myşşy agaň goşaryndan şapba tutdy-da onuň çüýrük töňňe ýaly bolup duran elini Şalara somlady.

– Ine, elini berýä.

– Kak anha, elini berýä.

– Bol sypdyrma.

– Aý, muňky çüwdi, how adamlar! Ahyr bazarda şeýle gyzgyn söwdaň bolanyny henize çenli gören däldirin.

Şalaryň halys howy basyldy. Onuň aljyranyny bilip kimdir biri: «Aý bu oglan öň bazar görmändir, ine şeýdäýmeseň bolmaz» diýdi-de onuň goşaryndan tutup sowukdan ýaňa göm-gök bolan penjesini Myşşy aganyň derläp duran aýasyna şapladyp urdy. «Ana boldy» diýibem keýpihon gygyrdy. Hemmelerem: «Bolaýdy-da, bolaýdy» boluşdylar. Diňe şol sary gulakjynly pyýada sesini çykarmady. Kimdir biri Myşşy aganyň söwdasynyň şowanyna daşyndan guwanyp:

«Pahyr ertirden bäri şu sygyryň daşynda kän aýlandy. Allanäme bolaýdy şüý-ä. Nesibeli adam ekeni» diýdi. Myşşy aga Şalaryň çeňňek ýaly penjesinden aýasyny sypdyrybilmän durşuna: «Bu nätdigiň boldy? Hä?» diýýän manyda Şalaryň ýüzüne-gözüne seretdi. Uzakly gün aýaza germelip dura-dura halys degnasyna degilen Şalar bolsa ertirden bäri elinde saklap duran ýüpünem usulluk bilen Myşşy aganyň eline tutdurdy. Onuň ýüzüne-de seretmän, töweregindäkiler eşitmez ýaly ýuwaşja gepledi.

– Al Myşşy aga, nesip etsin. Bu märeke ikimize alladar ýaly däl.

El urulansoň nyrhyň üýtgemeýändigini örän ýagşy bilýän Myşşy aga hälem bolsa: «Mundan oýun bolmaz, mundan oýun bolmaz, al ýüpüňi yzyna» diýip gygyraýsa-da ahmaldy welin, edil şol wagt ýörite iberilen ýaly obadaşlaryndan üç-dört sany adam alawagyrdy bolşup bazaryň derwezesinden giräýdiler.

– Ýeri-ow, Myşşy aga sygyr aldyňmy? – diýşip, keýplije pyýadalar uly şowhun bilen sygryň daşyna üýşdüler. – Şalaryň sygry ýaly-la how bi. Häh-häh-häh! A muny sen obada alyp bileňokmy nä Şalardan, bu ýerlere gelip alyp ýörsüň?

Myşşy aga sypara ýer galmady. Ol bir zatlar diýip eşidiler-eşidilmez hüňürdedi-de, ýüpüň ujuny usullyk bilen eline orap sygry idip ugrady. Agşamyň aýazyna ýegşerilip duran Şalara bakyp alaryldy.

– Hany, yzyndan bir kowuş indi pisiňi aşyryp durmada. – Ol soňky sözleri aýtjak bolanda bokurdagy dolup zordan gepledi. Ýuwdundy.

– Ýanymda pulum-a ýok. Öýe baryp beräýmesem...

– Bor goňşy haçan bereňde nä. Uzyn günki emgegi ýerine düşen ýigidiň şondan soň hasam dili açyldy. – Zerurlyk gursun Myşşy aga, ýogsam şuny satjagam däl men. Arada iki aýlap Aşgabada okuwa gitdim-de... Özi tohum mal. Guzlaýança sagdyrýa... Guzlansoňam sagdyrýa... Ine görersiň, janyň hezil edäýer...

Şondan soň telim wagtlap Myşşy aganyň sygyr görse ýüregi bulandy ýördi.

1983 ý.

## ÝAŞASYN ORTA GÜRP!

*(satiriki hekaýa)*

Men turuwbaşdan ýalňyşypdyryn. Ýagny, işe başlanymdan çekýän suratlarymy özümçe işläp

başlaberipdirin. Onsoň şunuň maňa nähili zyýan edendigini siz bilýäňizmi? Elbetde, bileňizok. Ýöne bilesiňiz welin gelýändir. Eger-de hakykatdanam bilesiňiz gelýän bolsa gulak salyň, men munuň baryny size ähli jikme-jikligi bilen gürrüň bereýin. Nähilelik bilen ýalňyşandygymy, soňundan bolsa, soňundan bolsa özümiň nädip dogry ýola düşendigimi, umuman şu hupbatly sungat ýolunda özümiň nä günlere sataşandygymy gizlemän gürrüň bereýin. Belki, size-de peýdasy deger.

...Men okuwy gutaryp gelşim ýaly gyzgynym bilen bir ullakan kartinany düňküldedäge-de sergi komissiýasynyň dykgatyna hödürledim. Birinji gezek bolansoň özümem edep saklap, bir çete çekildim-de, barmaklarymyň bogunlaryny boşatmaga başladym. Arasynda-da diňşirgenýän. Tolgunýan. Komissiýanyň çlenleri tutuş ýarym sagat dagy işe seredip seslerini çykarman, dymyp oturdylar. «Şu oglany nätmeli? Öwmelimi ýa döwmeli?» diýýän manyda biri-birleriniň ýüzüne köpmanyly seredişdiler. Şu oturanlaryň içinde maňa arka durjak adamyň ýoklugyna gözi ýetensoň, mydama lagyr-lagyr edip diliniň keýpini görüp ýören, ýaşyna seretmezden saçy çuw-ak, kelte boýly, çaşyrak biri howlukman ýerinden ýerinden turdy. Komissiýanyň

başlygynyň ýüzüne seretdi. (Komissiýanyň başlygy adatça hemmeden soň gepleýär. Ýöne ol nätmelidigini beýlekilere üm bilen düşündirýär.) Ätiýaçdan beýlekileriňem ýüzüne birlaý göz aýlap çykdy. Birdenem reňkini agdyryp gürläp başlady.

– Umuman bir seredeniňde iş erbedem däl ýaly. Uly iş. Gaty uly iş. Ýöne neme... – Ol çermegini çekip ýene-de başlygyň ýüzüne seretdi. Başlygyň makullaýjy nazaryna gözi düşensoň hasam ekezlendi – ...entek işlemeli-dä. Risunogyna seretmeli. Kompozisiýasyny birazajyk üýtgetmeli. Düýpleýin üýtgetseňem bolup dur... Reňklerem gatybir ýerbe-ýer-ä däl. Çeperçilik taýdanam o diýen kämil däl. Onsoňam temasam nemeräk... Bu tema bilen... Men-ä...

Şondan soň meşigiň bujagy çözülen ýaly boldy. Aç arslanlar kimin hersi ýerli-ýerden topulyşyp şeýle bir dalap ugradylar welin, men bir eser ýazana däl-de, hut jenaýat edene döndüm.

– Muňňaly uly iş nämäňe gerek, jijim? – diýip mydama agzyndan aragyň ysy aňkap duran mongolsypat bir ýaşuly gybyr-gybyr edip ýanyma geldi. Edil alkymyna gelip aňkady. – Kiçiräk iş edeniňde bolanokmy? Nirä howlukýaň? Näm-ä howlukýaň? Ýaşyň näçe seň jijim?

– Ýigrimi ýedi.

– Hm-m... – Ol birazajyk meni synlap duransoň ýüzüni bir gapdala sowdy. – Ýaşam ekeniň. Güýjüň çatdygyndan ownuk-uşak işjagazlar edibirler. Düýn gelip, bu gün meşhur boljak bolup durmazlar. Päliňi pesräk tutarlar jijim.

Al, saňa gerek bolsa. Meniň oňa: «How, jan agam, ýigrimi ýedi ýaş az ýaş däl. Bu ýaşda iliň ogly dünýäni endiredip ýör. Ýigrimi bir ýaşynda sungatyň mekgesine münüp ötenlerem bar. Şu ýaşda etmesek haçan edeli. Göwnüňde bir zat bolsa edibermeli-dä, ir diýmän, giç diýmän» diýäýesim geldi welin, bilip durun eger şeý diýäýsem ýerli-ýerden: «Baý-ba-a, muňňa otyrýeri kül üstünde, göwni Kap dagynda gezip ýör-ow!» diýjeklerini. Gaýtawul bermejegimi bilib-ä olar hasam üstüme çöwjediler. Bir-ä gözüni akjardyp gelşine tas ýüregimi ýarypdy. Ol ogluna käýinýän gaharjaň ata ýaly üstüme abandy. (Bu-da içgili ekeni.) Herreldi.

– Sen kartina ýazýaňmy ýa başga zat edýäňmi? Hä?! Sered-ä muňa. Seret! Hiý, beýle-de bir zat bolarmy?!

Onuň näme diýjek bolýanyna-ha kes-kelläm düşünmedim welin, ýöne şondan soň kartinany it alan sanaja dönderdiler. Abat ýerini goýmadylar. Soňabaka

öz işimden özümiňem göwnüm geçdi gitdi. Şol işi edenime-de, getirenime-de ýüz-müň puşman etdim. Atly-abraýly adamlary käýindirip durmaklygyň nähili oňaýsyzdygyny elbetde, siz menden gowy bilýänsiňiz. Hersem öz işleýşi ýaly işletjek bolup dert-azar. Biri «klassyklardan öwren» diýse, beýleki biri «sungatyň soňky «izm»-lerine köpräk seret» diýdi. Üçünji biri bolsa «hemmesinem ret et-de, özüňçejik işle» diýýä. «Ine, özümçe işlänim-dä şü» diýip elimi ysgynsyzlyk bilen eserime uzadýan welin: «Ýok, munyň bolanok!» diýip olam al petimden alýa gaýtam. «Hany, hany onda maňa bir reseptjik beriň-dä onda beýle bolsa» diýibem aýdyp bolanok. Biri gelip gulagyma pyşyrdady. «Ine, maňa seret. Men nädýän? Görýäň-ä meniň ediberşimi. Men henizem gözläp ýörün. Mende entegem gözläre güýç kän. Ymgyr kän. Men günbataryň sungatyny gündogara getirjek bolup ýörün». «Wah, seniň ýaly her işimde bir hudožnige öýkünip, göreniň gepini çekip ýörenimden-ä şu günki günüm müň paý gowudyr». Men muny içimden aýdýan şeý diýip. Onsoň ýene-de töweregimdäki barha artyp barýan gowura gulak asýan. Özümiň nirede durandygymy biljek bolup kösenýän.

– Öňdäki figurany ýok etmeli.

– Yzky ikisinem aýyrmaly. Geregi ýok.

– Peýzažy aňyrrak süýşürmeli.

– Ähli figurany aýryp peýzažam ýaňadan çekse gowy peýzaž bolmagy mümkin.

– Haý, näbileýin. Bu gidişine gitse çagalaryny aç goýaýmasa. Çagasy-çugasy bir barmyka munuň?

– Çagany iş başarýanlar ekleýändir.

Mundan artyk durara sabry-kararym galmady. El ýalyjagam abat ýeri galmadyk eserimi gara dere gark bolup yzyna äkitdim. Ussahana gelip seredýän-de, nämesini üýtgedip, niresini düzetjegimi, ýaňkylaryň haýsynyň aýdanyny edip, haýsynyňkyny etmejegimi bilemok. Hemmesiniňkini welin eder ýaly däl. Ine, onsoň kartinany ümsümjek aňyrsyna öwürdim-de goýaýdym.

Ikinji gezek sergä iş seçilşik bolanda bir kiçiräk iş eltdim welin, «Sen indi kiçi-girim çaga däl. Birneme çynlakaýrak, düýplüräk iş etjek bol. Tüweleme ýigrimi ýedi ýaşapsyň. Bu ýaşdan soň degdim-gaçdym edip ýörseň gelşiksiz bor» diýdiler. Üstesine: «Akyl satjak bolma, täzeçilsireme»-de diýdiler.

Üçünji gezek iş eltenimde «açyljak sergä işiň temasy gabat gelenok» diýdiler.

Dördünji gezekde: «Temasy bolýa-da, çeperçilik derejesi pes» diýdiler.

Garaz, näme diýseler agyzlaryna gelşip dur. Özlerem: «Biziň-kä bir maslahat how» diýýärler. Maslahat-maslahat welin şol maslahatdan geçmese eseriň ýoly ýapylýar. Ganaty gyrylýar. Ýaşap bilenok. Halka ýetenok. Degerli maslahatlar bilen işi unap goýberýän bolsalar onda başga mesele. Ýa-da ara çola bolsa...

Bir görsem aý yzyna-aý, ýyl yzyna-ýyl geçip barýar. Öz-özümi subut etjek bolup, çeken suratlarym bolsa ussahananyň içinde üýşüp ýatyr. Sergide, beýlekide işiň görünmese tanyş-bilişlerem: «Işläňok öýdýän. Adyň soruň çykanok» diýişip igenişiberýäler. Ýaltalykda-da aýyplaberýäler. Menem: «Be, şu sergä nähili iş edeňde ylaýyk bolýarka?» diýip, her gezek baryp, asylgy duran işlere siňe-siňe syn edýän. Şolaryň üsti bilen öz kemçiligimi gözleýän. Ýöne özümiň gaýtarylan işlerimden kän-kän gowşak işleriňem asylgy durandyklaryny görýän-de, geň galýan. Men ylaýta-da başga bir zada geň galdym. Sergide bir-ä komissiýaň çlenleriniň we şolaryň dostlarynyň (işiň gowy bolmagy hökman däl) birem şolara öýkünýän, özbaşdak ýörelgesi ýok hudožnikleriň işleri asylýardy.

Ine, şu ýerde meniň bu amanat başyma irde-giçde geljek bolsa geläýmeli bir akyl geldi duruberdi.

Men şol ýerden göni ussahanama gitdim-de, başlygyň işleýşine meňzedip çaklaňja bir surat çekdim we şondan soňky ilkinji sergä hödürledim. Ýene-de birmeýdan dymyşdylar. Ýöne bu gezek dymyşdylar-dymyşdylar-da: «Bolýa» diýdiler. Bolýa diýmänem bir görsünler! Bolanok diýdikleri başlyga: «Sen işläp bileňok» diýdikleri boljak ahyry. Ine, şondan soň işler ugrukdy gidiberdi. Edenim geçip dur. Asyl heziller edinäýdim. Arasynda bir kösenjek boldum. Sebäbi başlygy çalyşdylar. Menem ur-tut işleýşimi üýtgetdim. Birentekläb-ä meniň işlerime täze başlygyň işidir öýdübem gezdiler. Diňe zalda asylyp, aşagynda adym peýda bolansoň bilip galýalar meňkidigini. Soň dodaklaryny dişleşip başlaryny ýaýkaşýalar welin näme, peýdasy ýok-da, men etjegimi edemsoň. Bir gezeg-ä bilgeşlinden komissiýada görkezmän göni sergi açylmazynyň öň ýany getirdim-de asaýdym işimi. «Tüweleme, başlyg-a çeňk ýalyjak bir täze iş edäýipdir-ow, kemi ýok!» diýişip, daşynda pyr-pyr aýlandylar. Ertesi bildiler welin, bilende nä? Maňa näme! Elimi arkama tutup zalyň ugrunda ýyrşaran bolup ýörün men. Meni görüp täze başlygam ýylgyrýa. Olam ýylgyrýa, menem ýylgyrýan. Ikimizem ýylgyrýas.

Biziň ýylgyryşýanymyzy görüp beýlekilerem ýylgyran bolýalar. Goý, ýylgyrsynlar! Ýylgyrybersinler! Maňa näme?

Ine, men-ä şeýdip indi telim wagt bäri sergi bolsa sypdyrman ýörendirin. Başlyk çalyşdygam işleýşimi üýtgedýän. Ýa-da leji çykan temalary işläp eltýän. Gepem bolanok, gürrüňem. Garaz, şolar sungaty menden gabanmaz ýaly edýän. Asyl hemme-de şeýdýän ekeni. Eger döredijilik işgäri bolsaňyz, sizem şeýdiň. Halys goruňyz gutarsa ýa düýbünden gorsuz bolsaňyz bolsa göçüribermeli. Ýöne onuňam öz ugurjygy bar. Bahasyndan gaçman daşary ýutly hudožnikleriň suratlary ýerleşdirilen kitaplardan alybileniňi almaly. Haýsynda seretseň seret! Taýyn kompozisiýa, reňk, islendik haldaky adam şekilleri näçe diýseň dolup ýatandyr. Göçür! Göçür şaglat-da! Şlýapasyny ýa silindrini aýyr-da, telpek geýdir. Palto deregem don geýdir. Aňyrky planam bulaşdyryp goýber. Risunoga ejizräk bolsaňam kartinany hüýt-gara edäge-de, predmetleriň gyralaryny dumanladaýmaly. Eger-de çekýän kartinaňyza at gerek bolsa, ana şony welin hergiz göçüriji bolmaň. Ahal-teke atyň hut özüni çekiň. Ýogsam käbir ýoldaşlar ne gözel türkmen ýigitlerini italýan ýa iňlis atlarynyň üstünde joňkardyp

goýaýýalar. Ine, şol welin bolanok. Şony komissiýa-da kän halanok. Umuman, özüni oňarýana ýol kän. Kän ekeni. Bilmän ýörüpdiris. Esasy zat her gezekki sergini sypdyrmazlyk. Sebäbi sergiden işiň satyn alynaýmagy mümkin. Çagalara çörek bolaýmagy mümkin. Iň hezil ýeri şol oň. Şeýdibermeli. Hemme-de şeýdýä. Sizem şeýdiň. Indi menem şeýdýän. Nä azarym özümçe işläp ilden gep eşidip. Wah, kakam pahyr hemişe aýdardyla: «Oglum, hergiz iliň öňüne-de geçjek bolma, yza-da galma, şu orta gürp bilenjik gidiber» diýip. Ine, seredip otursam şol pahyr gaty mamla ekeni. Şol orta gürp bilen gidibermeli ekeni. Ýaşasyn orta gürp!

...Ýöne welin men şeýdip ala-güpürdi bolup ýörşüme özümi ýitirdim oturyberdim. Ine, indi telim ýyldyr men ýok. Dogrymy adýan, men ýok! Kimden sorasaňyz soraýyň. Şu jelegaýlarda meni gören bolmaz. Ýogsam ine, işlerimem orta gürpden geçip dur, ilden yza-da galamok, öňe-de gidemok. Kem zadymam ýok. Onda-munda adymam tutulyp dur, il hatary. Çagalaram şükür, hor-zar däl. Ýöne men welin ýok. Hut özüm ýok. Şonuň üçinem şu zatlary halys ýüregime sygdyryp bilmän käte-käte ussahanama girip içinden mäkäm gulplaýan-da, şo-ol, bir wagtlarky özümi, alyslarda galan özümi ýatlap zaryn-zaryn aglaýan. Onda-da

içimi egsip bilmän şol öňküje, öz ýüzüm görnüp duran işlerimi açyşdyryp sagat saýy synlap oturýan. Olary kyn günde taşlap gidenim üçin, olardan müň mertebe ötünç soraýan. Şonda-da içim egsilmese arassa, heniz ellenmedik kendir matany alýan-da şol erkana günlerimi ýatlap, bütin dünýäni unudyp, däliporhan bolup bir surat çekýän. Bolanymdan soň onam aňryk öwürýän-de, diwara söýäpjik goýýan. Şondan soň birneme ynjalýan. Üstümden agyr ýük aýrylan ýaly süňňüm ýeňläp beýnim hem süzgüçden geçen dek durlanýar. Onsoň men ýene-de birnäçe wagtlap orta gürp bilen ýadaman gidip bilýän. Men edil şu wagtam orta gürpde, ýaşasyn orta gürp! Sizem uruň özüňizi orta gürpe! Hor bolmarsyňyz. Geldiňizmi?

Hany, onda gitdik! Çep aýakdan başlaň! «Gürp! Gürp! Gürp! Gürp! Gürp!».

1983 ý.

## OTURLYŞYK

*(satiriki hekaýa)*

Sagat ýedä çagyrylan myhmanlar öňli-soňly sekiziň ýaryna çenli doly ýygnanyşdylar. Boýny galstuklyja, tämiz geýnen jahyllar biri-birleri bilen örän sypaýy,

asudaja gürleşýärdiler. Olar şeýle bir köpçüligem däl. On-onki sany. Öý eýesine hem Kakajan diýýärler. Oturlyşygyň sebäbinem aýdaýaýyn. Ogul toýy.

Öňe nahar çekilip, jenjel suwundan doldurylan pyýalalar arada gaýmalaklaşýança oturanlaryň köpüsi geplemedi diýen ýaly. Howa hakda, iş hakda, çalarak bir gürrüň eden boldular. Oňa-da goşulan goşuldy, goşulmadygam aşak bakyp çaý «şirpildetdi» oturdy. Äpişgäniň gabadynda oturan, burny paşşyk, gyzyl ýüzli ýigid-ä asylha-da geplemedi. «Has-has» edip kim geplese şoň ýüzüne seretdi oturdy. Bir burunlagyrak, geplände bokurdagynyň ýumrusy gelip-gidip duran hortaň pyýada başdan dilewarlygyny bildirip ugrady. Ýöne ol gelmänkä bir ýerden birazajyk ýelmäpdir. Ol:

— Baý, maşynyň resperduwaly gymmat eken-aý! — diýip başlaýşyna, haýsy planetada ýaşaýşyň bar-ýoguna çenli baryp ýetdi.

Çüýşeler boşaberdigi saýy, ýaňky siňek uçsa ganatlarynyň sesi eşidilip duran jaýyň içindäki gowur artyp başlady. Ýaňky geplemän oturan burny paşşyk ýigidem ilk-ä kim bir gülküliräk zat aýtsa, şoňa gülüp, öňkije düzgüni bilen boldy. Özem «şyg-g-şyg» edip şeýle bir geň gülýär welin, ýüzüne seretmeseň adam

gülýändirem öýütmersiňiz. Soňabaka onuň özem şorta sözler aýdyp ugrady. Ýöne ol diňleýjileri gaty basym ýadatdy. Oňly diňlemedilerem. Umuman indi hemmäniňem gepläsi, içini egsesi gelýär. Içilen araklar damarlardaky ganlary gyzdyryp, akyşyny çaltlandyrdy. Beýni öýjükleri ýagyda galan ýaly böküşip başladylar. Birentegi «Duruň-eý, duruň! Gulak asyň entek!» diýip, özüniň diňlenmegini haýyş edýär. «Bizi-hä adamam hasap edenoklar» diýip öýkeläp turup barýanam bar. «Şunam diňläň how!» diýip Kakajan oturanlardan haýyş etdi-de, ýaňky öýkeläp barýany saklap ýerine geçirdi. «Dogry-da walla! Padar geplände men geplemeli dälmi?» diýip, olam ýeň berer ýaly däl. «Men dagy bir wagt modadan galdym-ow!» diýip başda köp gepläp oturan burunlak «jykyr-jykyr» güldi. Oň özüniň welin şol bir bolşy. Beýlekiler onuň deňinden bir wagtlar ýetip geçdiler. Hälki tämiz ýakalaryň aşagynda doňup duran galstuklaryň rejesi gitdi. Ezenekler agdy. Agyzlaryň parawuzy söküldi. Biri tost aýdanda: «Asmanymyz arassa bolsun, uruş bolmasyn!» diýdi. «Şo bir bolmasyn how» diýişdiler. Şondan soň bir meýdan halkara temasyndan jedel etdiler. Biri jedelde basylyp aglady. «Ispisalnyý meni kemsitmek üçin baryňyz bir bolýaňyz» diýdi. Köşeşdiler. Aglamasyny

goýsa-da goýdy welin, hernä ara wagt düşende: «Ispisalnyý, ispisalnyý...» diýip gaýtalady oturdy. Gyşarylyp ýatan galstugynam aldy-da düýrläp jübüsine dykdy. «Şemallasa gowy bor» diýip daşary çykardylar welin öňküdenem beter boldy. Kakajanyň goňşusynyň mellegindäki gülli körpä gözi düşdi-de: «Men şuny orjak» diýip özeleniberdi. Kakajany çagyrdylar. Olam ör-gökden geldi. «Şu goňşym bilen ozalam ugrum ýok, seňki näme-aý!» diýip gatyrgandy. «Ol obadan bul oba gelibem bir atyz ýorunja ormanmy?» Munuň çynydygyny bilensoň Kakajan gidip goňşusyndan rugsat alyp geldi. Köpçüligiň içinde syr bilidräýmäýin diýendir-dä, Kakajan baryp: «Bir del myhman bar welin şo seniň ýorunjaňdan bir gysym orsun-la, höwes edýä» diýse, goňşusy bende: «Oraýsyn!» diýipdir. Ine onsoň ýaňkyň eline orak berdiler. Şunça goh turuzyp oran zadam bolmady. Hindi towugy ýaly her ýerden bir ülňäp barşyna derrew aňyrsyna çykdy. «Şow-şap, şow-şap» diýip, bäriligine-de bir gaýtdy. Şoň bilenem orak gutardy. Öýe girdiler. Öýdäkiler şeýle bir gaty gygyryp gürleşýärdiler welin, sag bolsaň ýanlarynda bir pursat durmak mümkin däl. Kakajanam: «Baý, oturlyşyg-a gyzyşdy-ow!» diýip, öz hyzmatyndan özi hoşal, ýyrşaryp otyr. Ol öý eýesi bolansoň kän içenok. «Sen bir saklanjak

bolaweri» diýip, gapdalynadakam ony zol dürtgüläp otyr. Ortadaky naharlary wagtlaýynça aýryp, birmeýdan çilim çekmeklik teklip edildi. Muny «kelte töwir» diýip atlandyrdylar. Şondan soň orta giňedi-de, üç-dört sanysy kart oýnap başlady. «Goýuň, how şo kartyňyzy!» — diýip, indi birneme araga özüni basmarladan, hälki burunlak haýal-ýagalraga-da, haýbat atdy. — «Kart oýnamaga geldiňizmi bu ýere?!» Türkmeniň ata-babasyndan galan senedi şundan soň ýatlaryna düşdi. Ýerli-ýerden: «Dutar ýokmy-aý?» diýişdiler. Kakajanam: «Men-ä tapmadym — diýdi. — Nepes çüýrügiň oglunda bar welin, olam bermez. Özüni çagyran bolsag-a...» «Aý, bolýalaý, özi geljek bolsa dutaram gerekgä». «Beh, indi obada dutar tapmagam kyn-aý — diýip hälki burny paşşyk «myşlady». — Şondan dagy her öýde biri durmaly dämi?» Beýlekilerem: «Hökman edinmeli birini — diýişip başlaryny ýaýkaşdylar. — Goý, asylgy dursun törüňde. Çalsaň, çalmasaň dursun. Gelen bor, giden bor, ýa şuňňaly oturşyk bor». «Küldanam edinmeli — diýip, ertirden bäri gürrüňe goşulmaga gorkýan ýaly ýaýdanyp oturan biri ýüzüni ak-tam edip söze goşuldy. — Çilim çekmiýänem bolsaň edinmeli. Gelen bor, giden bor, ýa şuňňaly oturşyk bor». «Bu gürrüň nireden çykdy-aý?» diýýän terzde

biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Soňam gürrüň düýpden başga ýana sowulyp gitdi. Arak alyp gaçmaga başlady. Gepde, gürrüňde ugur-utga galmady. «Goýuň diýdim how şo kartyňyzy! — diýip, ýaňky aýdan ýene-de: «tu-uz, wale-e-e-et» diýşip, galgap oturanlaryň üstüne heňkirdi. — Kakajan, seretsene bulara, ýöne kart oýnaşan bolup otyrlar». Kakajanam bilmedim nirede uranyny eýýäm iki-üç gezek ýelmäpdir. Ozalam bir çalajan, hor işigaýdan, içgem gowy degipdir: «Ýeke zürýadymyň toýunda kart oýnamalymy siz?!» diýip bu-da aglap otyr. Şondan soň karty goýdular. Kakajanam bir daş çykyp geldi-de, açylyşdy. Gapynyň agzynda dik duran ýerinden ellerini galdyrdy: «Häzir ikinji gelýär. Kakmaç!»

Kakmaç bilenem urdular. «Turuzuň-a o ýatanam» diýip, bir burçda garynjygyny otuz ýedi köpüklik pökgi ýaljak pökgerdip, synçgyryp ýatana tarap ellerini uzatdylar. O ýatan gelende-de geplemedi, soňam geplemedi. Iýjegini iýdi, içjegini içdi, garynjygyny doýurdy-da ýatyberdi. Her synçgyranda pökgüje garny towsup, towsup gidýär. Häzirem «tur-tur» diýişdiler welin, turup bir bölek kakmajy eline aldy, şer suwundanam bir pyýalany dolduryp ýelmedi-de, beýlesine agdarylaýdy. «Muňky hezil ekeni» diýişdiler.

Şondan soň «bölünişik» başlandy. Her kim öz gapdalynda oturanyň ýakasyndan ildi. Ikibir-ikibir ümmüldeşdiler bir meýdan. Sag wagtyň edilmejek gürrüňler başlandy. Içgi adamlaryň inçe damarlaryny yzarlap ygtyýaryny ellerinden aldy. Bir başbozar tapylyp, «goňşusy» bilen tersleşdi. «Bilýäňmi men kim?» diýip üstüne süründi. Tutdylar. Tutjaklaryny bilip hasam dyzady. «Seni ataryn!» diýdi. Beýleki giň ekeni: «Bar, pulemýodyňy guraber» diýip, bärsine öwrüldi. Ýyrş etdi.

Dyzmajy iki bolup äkitdiler. Ýarym sagatdan soň: «Öýüne elten bolup heleýinden eşitmezimizi eşitdik» diýşip gaýdyp geldiler. — Hany guýuň-aý, ýaňky heleý bar neşäni aldy albassy ýaly bolup. «Içirip, içirip getirýäňiz sandan çykansoň» diýýär-aý, ýüzüňe bakyp. Ýatyryp agzyna guýýan ýaly biz oň. Heleýine gözi düşensoň-a ýaňky haýbatyndan nyşan galmady.»

Beýni öýjükleri aşa ýadap haýdansoň, kem-kemden ýadawlyk, sussupeslik başlandy. Gabaklaryň inip çykmasy kynlaşyp, bäbenekleriň agyp dönmesi haýallady. Diller öwrülmejek boldy. Aňlar bulaşdy. Ýagdaýy ýeten-ä gitdi. Ýagdaýy ýetmedigem saçagyň başyndan süýşmäge-de ýaraman, ýykylyp galdy. Diňe iki sanysy çüý ýaly bolup, daň atýança galman, içip oturdylar. Gitjek gidip, ýatjak ýatansoň Kakajana:

«Hany, şu zatlary aýryşdyr. Bir okara nahar galsa bor, galanyny aýyr, özüňem gel, otur, özli-özümiz bolubam bir içeli» diýdiler. Kakajanam inçe paýapyldan geçýän ýaly, gollaryny galgadyp, hallanlap ýörşüne zatlary ýygnaşdyrdy. Arasynda gidip oguljygyny görüp geldi. Aýalyna mylaýym sözler aýtdy. «Sen ýatyber gaplary ertir ýuwarsyň» diýdi. Aýal hem äriniň göwnüni göterdi: «Tüweleme, gowy toý etdiň, sag-aman sowduň, naharyňyz ýetmese aýdaý, ýene bişirin» diýdi.

Kakajan hoş bolup gaýdyp geldi. Aýaklanmadyk köşek ýaly ýaýkyldap gelşine, ýatanlaryň içini gyjyklap başlady. «Turuň-eý, tursaňyzaň, içeliň-le!» diýdi. Oturan ikisi: «Ýatanlara degme!» diýensoň gaýdyp degmedi. Şol ikisiniň ýanyna geldi-de, arak guýuşdyrdy. Gepläp başlady: «Siz meniň söwer dostlarym! — ol şeý diýdi-de, öz aýdanlaryna müňkür bolýan ýaly, durup, böwrüni diňledi. — Howwa-a, sizden başga töweregimde adam galmady. Taşladylar. Ýalňyz goýdular. Men ýeke. Ýetim bolsaň bildir durar ekeni. Meniň hossarym siz ekeniňiz — Kakajan ýene-de aglady. — Siz meniň arkadagym, howandarym! — Ol elindäki pyýalany goýdy-da, oturanlaryň ikisinem ogşady. Olar jüblerinden ýaglyk çykaryp, Kakajanyň ogşan ýerini süpürdiler. Şondan soň Kakajanam birhili özüne gelen ýaly boldy. — Siz-ä

peýan bolaňyzog-aý, hany, içeliň!» — diýdi. Yzyndanam bulaşdy.

Ýaňky burçda ýatan: «Öwh» edip beýlesine agdaryldy. Yzyndanam: «Hä-ä!» diýip arlady. «Bela-a!» diýip bärde ýatanyň biri ukyň arasynda jogap berdi. Oturanlar hikir-de-hikir gülüşdiler. Hä diýmän Kakajanam ýykyldy. Ol-a ýatyrka-da gepläp ýatyr. Indi galan bir ýaňky ikisi. Olaryňam biri sagadyna seredip: «Daň-a atdy!» diýdi. «Onda öýe ir gözündenjik baraly» diýip beýlekisi ýene hikirdedi. Ikisem hezil edip gülüşdiler.

— Hany onda guý!

— Al onda. Zakulçitilniý.

Içdiler. Bularyň biri käsäni ýerde goýdy-da, iňkise gitdi.

— Turalymy?

— Turaly.

— Meň bir aýagym agsak bolmaly welin, şoň haýsylygyny sen bileňokmy?!

— Çep çüýjügiň pistoletli ýaly tümmerip dur welin şonyň agsak bolaýmasa.

— Dogry! — Ol barmagyny çommaltdy. — Prawilno!

Ol sag tarapyna öwrüldi. Sag aýagyna daýanyp ýerinden galdy. Ikisem ýerinden turup ýatanlara birlaý göz aýladylar. Sergi bolup ýatan pyýadalara bakyp, garynlaryny sypalaşdyrdylar. «Rahat ýatsynlar!» diýip, ýaňky agsak çyrany öçürdi. «Goý, ýatan ýerleri ýagty bolsun!» diýibem beýlekisi çyrany ýakdy. «Hikir-hikir» gülüşip koridora çykdylar. Köwüşlerini geýip durkalaram hikirdeşdiler. Köçä çykansoňlar gümürdileri, hikirdileri eşidildi durdy. Kem-kemden sesler uzaklaşdy. Soň hiç zat eşidilmedi. Jahan mazaly ýagtyldy.

1981ý.

## ÝÜZSÜZ HUDOŽNIKLER

*(Ýarym fantastiki satiriki hekaýa)*

Günlerde bir gün Aşgabatda ýadyňa-oýuňa düşmejek bir ýagdaý boldy. Ylymlar akademiýasynda ürç edip işleýän alymlaryň biri, her bir döredijiniň (ýazyjy bolsun, hudožnik ýa kompozitor bolsun tapawudy ýok) öz döredijilik ýüzüni görkezýän täsin bir maşyn oýlap tapypdyr-da, ony hem ilki bilen hudožniklerde synap görmek isläpdir. Hudožnikler soýuzyna günibirin gelip ýeten bu habar kimi begendirse, kimi gynandyrdy.

Öňünden gaçyp uzak ýerlere komandirowka gidenlerem boldy. Üç adam keselhana ýerleşdi. Garaz «gaçan gutular, duran tutular» diýenleri boldy. Synag iki günläp dowam etdi. Halk hem görsün diýip synagy şenbe hem-de ýekşenbe günleri geçirdiler. Şert şeýle: «Öňe çykýaň-da ullakan aýnaly, dörtburç kameranyň içine birnäçe işleriňi salýaň. Özüňem şol kameranyň çep burçunda ýörite ýasalan münbere münüp halka garap dursuň. Kosmonawtlaryňky ýaly güberçek skafandory hem depäňde düňderip berk ýapýaň. Endam-janyňam ýöne sim bolup dur. Ine, onsoň ýaňky alym maşyny usullyk bilen işledip goýberýär welin, suw içer salymda seniň döredijilik ýüzüň hut öz ýüzüňe çykýar duruberýär. Bu şeýle bir täsin, şeýle bir gülkünç welin özüň gözüň bilen görmeseň ynanar ýaly hem däl. Münbere ilki çykan bendäň-ä asyl ýüzem görünmedi. Edil repide ýaly tep-tekiz bolup dur. «Muň-ňa ýüzem ýok ekeni» diýdiler. Oň bolsa bir durşy. Gyzaraýýnam diýenok. Iň gyzykly, has geň ýerem münberde duranyň özi ýüzüniň üýtgäninden ýa-da düýbünden ýüzsüz duranyndan hiç habary ýok. Ine şo geň. Ikinji biri çykdy welin, apparat işläp başlandan oturanlar gürre ördüler-de, el çarpyşyberdiler. Sebäbi münberiň aňyrsynda dünýä belli meşhur hudožnik Dawid Alfaro Sikeýros durdy.

Göwresi türkmen, ýüzi meksikaly. Apparatdan işlerini çykardylaram welin ýaňky görgüli öňki keşbine gelip, öz ata-babasyna meňzäp dur. Soňabaka oglanlar tribuna münmäge ýaýdanyberdiler. Ýogsam olar ýygnaklarda zatda tribuna çykyp geplemäni gaty gowy görýärdiler. Islänini ýamanlap, islänini öwüp, garaz bolubilenlerini bolýardylar. Bu ýerde welin hakyky ýüzüň görnüp dur-da! Ýöne welin näçe ýaýdansaňam nobar boýunça gezegiň gelende hökman çykaýmalydy. Gitjek ýeriň ýok. Meniň-ä adym iň yzda bolansoň otyryn arkaýyn: «Gezek gelýänçä ýa apparat döwüler ýa iş wagty gutarar» diýip. Ine, onsoň münbere ýene biri mündi welin, muňa-ha oturan halaýyk güle-güle kese ýykyldy. Sebäbi oň ýüzi bellibir adama meňzemän, her ýeri birininkä meňzeýärdi. Mysal üçin, ýüzüniň çep bölegi italýan hudožnigi Renato Guttuza meňzese, beýleki tarapy ispan hudožnigi Pablo Pikasso meňzeýärdi. Ýüzüniň başga bir ýerleri Tuluz Lotrege, kä ýeri Wan Goga, kä ýerleri bolsa Armando Piseiato meňzeýärdi. Şol wagt ol bir sebäp bilen aňyrsyna bakdy welin ýeňsesi edil amerikan hudožnigi Anton Referejýeniň ýeňsesi boldy duruberdi. Güle-güle kese ýykyldyk. Umuman şeýle bir güldük, asyl özümiziňem şol ýere barjakdygymyz ýadymyza-da düşenok. Garaz her kim öz gezegi gelýänçä

gülibileni özüniňki. Soň gülere ýagdaý galanok. Her kim girere deşik tapsa girjek. Şonda-da utanman: «Bu apparat daşary ýurduňkydyr. Şoň üçinem daşary ýurduň hudožniklerini görkezýär» diýip gor-gor edip oturanam bar. Edil şol wagtam biriniň ýüzünde Bäşim Nuralynyň ýüzi görnüp gitdi welin, ýaňky hüňürdäp oturan «lak» bolaýdy. Başga biri kellesiz göründi. Boş göwre dur. Kelle ýok. Garaz, şeýdip hemmeler birlaý tribuna münüp-düşdüler. Hormat üçin başlygy mündürmediler. «Işgärleriniň ýanynda özüni oňaýsyz duýmasyn» diýdiler. Akyl etdiler. Sylag-hormat diýlen zadam şuňňaly ýerde gerek. Ine şeýdip hemmeler geçip gutardy-da, iň soňunda gezek maňa ýetdi. Mündüm. Elbetde, men özüm-ä näme-näme bolanyny bilemok. «Mün» diýdiler mündüm. «Düşmeli» diýdilerem düşdüm. Soň näme-näme bolanyny gapdalymdaky oturanlardan sorasam: «Sen tribuna müneniňde bardyň-da, soň hiç görünmediň. Bir seretsek seň eliň kagyz-galamly daşarda aýlanyp ýörsüň. Äpişgeden bir gelýäň, işikden bir gelýäň hiç girip bileňok. «Bu näme beýdip ýör?» diýip, pultda oturan alymdan sorasak ol: «Bu entek döredijilige doly girişibilmändir. Öz ýüzüni görkezere mümkinçilik bermänsiňiz» diýdi. Onuň saňa gaty nebsi agyrdy» diýdiler. Meniň bokurdagym doldy.

Tas aglapdym. Şeýle dogruçyl, päk ýürekli maşyny gujaklaýasym geldi. Emma aýaklarym duşaklanan ýaly ýerimden gozganybam bilmedim. Synag gutardam welin, gazap donuny geýen hudožnikler alymyň özüne: «Hany, sen özüňem münsene şol münbere, göreli bakaly nädýä-kä!» diýişdiler. Alym: «Bor, oglanlar siziň göwnüňiz ýykylandan şeýtanyň boýny süýnsin» diýdi-de, çyzgylaryny howlukman apparatyň içine salyp münbere çykdy. Başga birem maşyny işledip goýberdi. Ine, onsoň ýaky alymyň çigninde birnäçe adamyň kellesi peýda boldy. Göwre bir, kelle kän. Ýöne hemmesiniňem öz ýüzi, öz gözi bar. Bar zat ýerbe-ýer. Kelläniň köpdügine garamazdan ýaňky alymyňam öz ýüzi aýyl-saýyl görnüp dur. Beýlekilerden artyk görünmese kem görnenok. Özem şadyýan, wagtyhoş. Müýni ýokdur-da elbetde. Ol münberden düşende-de ýeňillik bilen düşüp gitdi. «Şu apparaty köpeldip ähli döredijilik edaralaryna paýlajak, sergi zallarynda, konsert zallarynda, kitaphanalarda goýjak» diýdi. Hudožnikleriň hasam keýpi gaçdy. Özaralarynda hümürdeşdiler-de, basymrak bu ýerden çykyp gitmek bilen boldular. Alym apparady ýygnaşdyryp durşuna synaga gatnaşanlary üçin olara tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi we kiçijik bildiriş yglan etdi.

— Indiki şenbe güni ýazyjylary synag etjek, soňam kompozitorlary. Görerin diýseňiz geliberiň, gapy açykdyr!

Muny eşidip sus barýan hudožnikler dirjendiler. Hekgerişdiler. Biri-birine: «Hökman geleliň!» diýişdiler. Öz yzalaryny eýýäm ýatlaryndan çykardylar. Iliň üstünden gülmek üçin indiki şenbäniň basymrak gelerine howlukdylar.

1983 ý.

## MAKULATURA

Garajanyň niýeti obadan gelip awtobusdan düşüşi ýaly öz hususy maşynyna şaý almak üçin göni jygyllyga gitmekdi. Ýöne ol duralganyň çat maňlaýyndaky giň meýdançada hatara duran dükanlary görüp ol pälinden el çekdi. «Gel-aý, aýlanyp göreýin-le, bazaryň gaçyp gidýän ýeri ýok» diýdi. Şol aýlanyp ýörşüne-de ol kitap satylýan dükanyň üstünden bardy. Rejelenip goýlan kitaplary ýekän-ýekän synlap başlady. Birdenem ho-ol aňyrky burçda aýratynja goýulan üýtgeşik, tapylgysyz kitaplara gözi düşdi. Maýn Rid, Jek London, Aleksandr Dýuma, Dostoýewskiý... Ol «Oh!» diýdi-de, tekjä tarap elini serdi.

Şol kitaplaryň birine güýmenip oturan, maýa ýaly daýaw, gara gözli ak gelin asyl gymyldamadam. Ol oturan ýerinden gabaklaryny çalaja galdyrdy-da, «Sen näme, asmandan düşdüňmi?» diýýän manyda sesini-üýnüni çykarman kirpikleriniň ujuny Garaja gezedi. Jogap bermänem ýene-de gabaklaryny aşak goýberdi. Özem edil öňküsi ýaly, elindäki kitaby bilen boluberdi. Garajanyňam özüni edil beýtdiräýesi gelmedi.

— A gyz! — Garaja uzyn göwresi bilen ýaňky gelniň üstüne dartylan ýaý kimin egreýdi. Titräp başlan barmaklary bilen tekjedäki kitaplary görkezdi. Sesem sandyrady. — Görkeziň maňa şo kitaplary. Siz näme «Obadan gelen-ow şü» diýip adamy äsgermezçilik etjek bolýaňyzmy?! Ýa obalylar kitap okamaýandyr öýtýäňizmi?

Gelniň kirpikleri ýene-de Garaja gezeldi. Owadanja, ýazgyn gaşlar çytylanda çaklaňja çatma meňzedi.

— O kitaplar talon boýunça berilýär. Talon boýunça. Näme göreňokmy. Hon-ha, ýazylgy dur-a!

— Talon?

Ýene-de jogap bolmady.

— O nähili talon? Nämäň talony?

Halys bolmajagyny bilen gelin dyp-dykyz budunyň üstündäki kitaby siltenjiräp ýapdy-da, tasanyp ýerinden turdy. Ellerini tagta diräp possujak dodaklaryny çalaja gymyldatdy.

— Kagyz ýygnap alynýan talon. Düşdüňizmi? Makulatura!

— Ä-hä! — Garaja süýem barmagy bilen eňegini dyrmalady. Bu geline nähak gatyrganandygyna ökünmekden ötri sesi öňküsinden has pessaý çykdy. — Her kitap üçin näçeräk kagyz ýygnamaly borkan-aýt?

Munça bolanyna görä gelin onam aýtdy. Şondan soň bu kitaplary alyp bilmejekdigine Garajanyň doly gözi ýetdi. Wagt geçirmän göni jygyllyga depmek üçin beýlesine öwrülip gaýdyberjek boldam welin dükana eli talonly biri gelip girdi-de, Garajanyň el ýetirip bilmän emenip duran kitaplaryndan birnäçesini arkaýyn aldy-da ötägitdi. Artykmaç gepem bolmady, gürrüňem. Garaja hasyr-husur ýaňky kitap alanyň yzyndan ýetdi-de alkymyna dykyldy.

— Ýaşuly, nähili kagyz tabşyrmaly şuň üçin?

— Kagyz kagyzdyr-da. Nähilisi bormy oňňam bir.

— Neme... Men neme diýjek bolýan. Juda köne

zyňyndy kagyz gerekmi, ýa... täzerägem bolsa bolýamy.

— Tapawudy ýok.

— Gazetem bolýamy?

— Bolýa.

— Kitap nädýä? Täze kitap?

Garajanyň gürrüňdeşi: «Bir bela sataşaýdym öýdýän» diýýän ýaly ýüzüni ynjyly çytyp töweregine garanjaklady. Yzyndanam geçirimlilik bilen zoraýakdan ýylgyrdy.

— Onçasyny bar-da özlerinden soraýsana. Biz-ä entek täze kitap tabşyryp göremizok.

Ugrady. Onuň bilen egnini deňläp barşyna Garaja ondan kagyz tabşyrylýan nokatlaryňam birnäçesiniň salgysyny aldy. Eglenmänem şol salgy alan ýerlerine ýerlerine tarap eňdi. Baryp olardanam täze kitabyň tabşyryp bolýanyny, bolmaýanyny sorady. Ýarym sagat ýaly wagt geçip-geçmänkä-de gara der bolup ýaňky dükana gaýdyp geldi. Şol elýetmez kitaplaryň sag we sol taraplaryndaky bölümlerde telim ýyl bäri alynman, çaň basyp baslygyp ýatan kitaplara barmagyny çommaltdy.

— Şolaryň birini görkezseňizläň maňa. — Ol kitaby eli bilen sallarlap gördi. Içini hümletdi. — Hm-m... Maňa şundan bir elli sanysyny beriň! — Satyjy oňa

oýun edýändir öýtdi. Emma bu ýigidiň durşuna alada öwrülen ýüzi oýun edýäne-de meňzänok. Gaýtam satygçyny birsyhly gyssap alarladyp barýar.

— Boluň, ýeňňe boluň! Men bu gün yzyma-da gaýtmaly. Entek ýene telim gatnamaly boljak. Wah maşyn bolan bolsa bolaýjak ekeni. Oňňam şu wagt döwlüp durşuny diýsene. Haý içigara! Ýeňňe, o-ol ýukajyk kitapdanam ýüz sanysyny ber! Gaty kän ýatdy şol sizde. Aşakylaryň-a hemmesini beräý! Şolar-a men öýlenmänkämem bardy şu dükanda. — Satyjy nätjegini bilmän aljyrady. Ýöne bermezlige-de onuň haky ýokdy. Kitab-a harytdy, bu duranam alyjydy. Beräýmeli. Başga alaç ýok. Satyjy üçin harydy geçse oňa başga näme gerek? Garawul däl-ä ol. Satyjy! Garaja düňküldäp gitdi-de köçeden taksi tutdy. Alan kitapalrynyň hemmesini şoňa ýükledi. Entegräkdenem gara der bolup gaýdyp geldi. Elindäki talony hälki owadan gelniň öňünde gütledip goýdy: «Graf Monte Kristo!» Bahajygynam töläp kitaby ymykly eline alansoň bolsa: «Nätdim?» diýýän terzde gaýşarylyp gelne seretdi. Gelin ýylgyrdy. «Ýylgyraýarsyň — diýip, Garaja-da içini güldürdi. Öz bolup ýörşünden öz göwni hoş boldy. — Tapdyň bu taýda... Häý...»

Ol ýene-de ýaňky ilki kitap satyn alan bölümine bardy. Bir giden kitap aldy. Onsoň beýleki bölümlerden alyşdyrdy. Mazaly ýüküni tutansoň gitdi-de, olaram tabşyryp ýerine ýene-de talon alyp geldi. «Jek Londony bäri alyň» diýip herreldi. Başda satuwa kelleleri gyzan satyjylar soňabaka nätjeklerini bilmän dükanyň müdirini çagyrdylar. «Bir-ä şeýdip ýör welin, biziň şeýdişimiz dogrumyka?» diýdiler. Müdirem näme etjegini bilmän o ýan, bu ýan jaň edip başlady. Oňa çenlem Garaja bu dükany eňňere edip, başga bir kitap dükanynyň gapysyndan baryp girdi. Ondanam mazaly ýüküni tutdy-da, göni makulatura tabşyrylýan ýere eňdi. Makulaturaçy garry aýalam munuň heniz gaty açylmadyk kitaplary daşap ýörşüne nätjegini bilmän iňirdäp ugrady welin, bu-da başga bir kagyz kabul edilýän ýere ötägitdi. Şeýdip ol dükanlar ýapylýança öýden getirenje pullarynyň baryny sowup gutardy.

Ullakan toruny «dünýä edebiýatyndan» dolduryp, Garaja agşamaralar iň soňky awtobus bilen oba gaýtdy, ýol boýy hem öýlerine baransoň aýalyna näme jogap berjekdigi hakda oýlandy. Çünki o şu günki öýden alyp gaýdan pullaryna bazardan şaý almalydy we köneje maşynyny bejerdip indiki juma güni aýalyny atasy

öýüne äkitmelidi. Toýa çagyrypdylar.

1983ý.

## BILIMSEK

*(satiriki hekaýa)*

Maý baýramyna gyssagly bir surat çekip ýetişdirmeli boldy-da Nazar dynç günüdigine garamazdan, ussahanasyny açyp işläp başlady. Ussahananyň ýerleşýän ýeri şowhunly şäher bazarynyň gyrasy bolansoň, äpişgeden görünýän ibirtde-zibirtlik birhili işden eliňi sowatmanam duranok. Seniňem çykyp şol akyma goşulyp ötägidesiň, gerek bolsa-bolmasa şowhunly dükanlardan nämedir bir zatlary gözlän bolup duş gelýän tanyş-bilişlere aladaçyl görünesiň gelýär. Açyk äpişgesinden daşardaky mähelläni ýarym sagada golaý synlap Nazar kynlyk bilen bärsine öwrüldi. Şol dem ussahananyň işigi «jy-yk» etdirip çalaja açyldy. Nazar çekjek bolup duran suratyndan bir ädim gaýra süýşdi-de, gapa seretdi. Gapydan boýnuny uzadyp duran hortaň, kellesi uly, gytyk saçly, burunlak, obadan gelendigi elindeki köneje ýantorbasyndanam bildirip duran kyrk bäş-elli ýaşlaryndaky alagöz kişi Nazara seredip baş atdy. «Mannykmysyň?» diýdi. Mürähede

garaşmanam içeri girip gapyny eliniň tersi bilen ýuwaşja ýapdy. Çekinjeňlik bilen gözlerini ýiteltdi.

— Arma-da!

Nazar elini süpürişdirdi:

— Bar bol ýaşuly. Geç, otur!

Myhman çetki stullaryň birine geçip oturdy. Aýagyny çalşyrdy. Howlukman ussahanany birlaý gözden geçirdi. Burnuny çekdi. Şonda onuň burny durşy bilen gowy gymyldady.

— Ýeke özüňm-aý, munda?

— Howwa.

Nazar içinden «Häzir reňk dilär-ow şu» diýip oýlandy. Emma myhman düýbünden başga hörpden gopdy.

— Inçedir-ow öz-ä. Aýlyk-günlügi nähiliräk onsoň siziň munyňyzyň?

— Edip almaly.

— Potrat-da, onda.

Nazar egnini ýygyrdy.

— Potrat şol. — Myhman oturgyja oýkandy. Suratçynyň bilmeýän sözüni aýdany üçin monça boldy.

— Bilmeýän bolsaň bilip goý, şoňa şeýle diýilýär. Üh-he. Nememi onsoň, ýeke özüm diýdiňmi? Şonyň gowy ekeni. — Ol ýene-de töweregine garanjaklady. Ýantorbasynyň agzyny jyrladyp açdy. — Şunda bir ýemejik bar welin, ýemedeli-le... Issikanyň ýokmy? Piwenoýa barmaýyn-la men. Şunyň-a bir gowy zat ekeni... Ýekeligiňem gowy. Ýöne ýelmäp oturmaly. Potrat bolsa işle diýip üstüňi alyp duranam bolmaz. Tüweleme äpişgäňdenem oňatja zatlar geçişip durlar.

Nazar şunça sypaýyçylyk edip sypjak bolsa-da bolmady. Myhman halys alyp ýatdy. «Kelläm şatlap dur, ýekeje issikan ýelmesem bolýa, osoň, gitjek, assabusa münüp oba gaýtjak. Biz bir oba adamsy piwenoýda entäp ýörmäli» diýdi. Nazar edep bilen käse berdi. Myhman ýantorbasyndan bir çüýşe çakyr çykardy. Açdy. Aýynyň gany ýaly gyrmyzy çakyrdan bir käsäni dolduryp: «Al onda, saglyga!» diýdi-de ýelmäp goýberdi. Hezil etdi. Burçak-burçak derledi. Göwrümi giňedi. Dili gijedi. «Köneräk ekeni öz-ä» — diýip ussahananyň diwarlaryna seretdi. — Sen işläber. Häýt, sana myşaýdam-a etdim weli... Aý, häzir turýan men. Men inim ötegçi. Bazarlaýaýyn diýip obadan geldim. Indem gaýtjak. Ýumşumam bitmedi. Çagalara bir oduk-buduk alaýjakdym. Zat ýok. Be-e, bü-ýä gowy boldy-

aý. — Ol ýene-de bir käsäni dolduryp içdi. Şondan soň dünýe gözüne käsedäki çakyrdanam gülgün göründi. Torbasyndan bir gap «Pamir» çykaryp çilimem çekdi. — Elli gap dagy aldym — diýdi. — Şü-de gyt how, gabat gelen wagty alaýmasaň tapdyranok».

Ertirden bäri myhmany alkymlap oturan Nazar munuň bir käse bilen goýmajagyna gözüni ýetirdi. Ýerinden turdy. Işiň başyna baryp sypaýyçylyk üçin ötünjem sorady.

— Ýaşuly, gaty görme, men gyssag.

— Işle, işle! — diýip myhman ýerinden turup ellerini kelemenletdi. «Tarp» etdirip aýagyny ýere urdy. Jaýyň içi sarsyp gitdi.

— Baý siziň işiňizem-ä kyn iş-ow. — Ol çekilgi duran suratyň birini eline aldy. — Tüweleme edil öz-aý, maladis. Allaň özi üşük bermese her kim edibilmiýä bu zatlary. Üh-he.

Nazar gyzardy. «Basymrak bir ýok bolsady» — diýip içinden kejikdi. Başda ýüz berensoň indi gödek bir zat aýdaýmaga-da ynsaby çatmady. Myhman bolsa Nazary öwüp, öwüp halys ýadansoň galanja çakyrynam guýup içdi. Soň ol Nazaryň işläp duran ýerine has golaý geldi. Başky çekinjeňliginiň nirä gidendigi belli däl, ol gaty

badyhowa gürledi.

— Başlygyňyz kim onsoň, inijik? Ol neme-hä däldir?

Nazar dişini gyjady.

— Aý, olam bir ýaş oglan. Özümiz ýaly.

— Hm-m... Tüweleme ýaşlar zor. Men ony çalarak tanyýamykamam diýýän. Onuň soňky alan aýalynyň kakasy uruşdan öň biziň obamyzda alty aý ýaly oturyp gaýdan bolmaly. Öňräk bir gulagyma degdi şü. Oglanam bolsak çalarak bilýäs. Hyýrsyz adamdy pahyr. Gyzam şoňňaly bolsa-ha...

Ol birden-kä dymdy. Elini jübüsine sokup aşak bakyp durşuna içini hümletdi. Nazar oňa: «Bolan bolsaň gidäý indi» diýen terzde bir zat aýtdy. Emma ol onuň bilen hyýalam etmedi. Gaýtam: «Inim, men bir daş çykyp geleýin» diýip mytdyllap gitdi-de, ýene bir çüýşe çakyr alyp geldi.

Nazar sesini çykarman öz işi bilen boluberdi. Ikinji çüýşäniňem ýarysyny içensoň myhman has haýbatlandy. Nazaryň çekip oturan suratyna lak atyp başlady.

— Şunyň erbedem däl welin, şu oba görmedigiňi edýäň-dä. Keýigiň arkasy beýle çökgün bolmaz haw, inim. Araba goşulýan ýaby ýaly bulaňňa seň. Üh-he,

üh-he, beý şu çilimem alyp ýatjag-ow. Edaraňyzda iň ökdäňiz haýsyňyz? Başlykmy? Zor bolmasa başlyk edesleri ýok-la. Kömek gerek bolsa-ha aýdaý. Horlanma. Başlygyňyzy görüp bereýin. Üh-he, khm-m, ine şu çeken adamlaňňam bolanok. Ýüzi-gözi dagy nähili-aý bulaň?!

Nazar aşaklyk bilen çüýşä gözüni aýlady. «Ýeňsesinden südürläp kowaýsammykam?» Emma beýdäýmäge-de dözmedi. «Başda ýüz bermeli däl ekenim welin...»

Myhmanyn bolsa indi bir ýerde oturyp karary ýetenok. Ol elini arkasyna tutup ussahananyň içini ters aýlandy. Äpişgeden geçip barýanlary synlady. Dönüp-dönübem Nazaryň çeken suratlarynyň üstünden düşdi. Sesini çykarmaýanyny bilip hasam süründi:

— Siz suratçylar bar zady ýoýduňyz. Düşünilmeýändir öýdüp kelläňize geleni otaryşyp ýörsüňiz. Gatam düşünilýändir. Meskewiň muzeýlerindäki suratlary bir gör. Her tüýüne çenli bildirip, gözüniň ýaşyna çenli bulduraр dur. Şoňňaly çekmeli, çekjek bolsaň. Bolmasa-da taşla! Meňňem höwesim bardy şuňa başda. Ýagdaýym bolmady. Okap bilmedim. Daýhançylyga ulaşdym. Ýöne goşgy goşýan. Suw tutup ýörkäm goşýanam, aýdym edibem aýdýan. Çüri bagşyň esasy

aýdymlary meň goşgularymdyr. Ýöne olam men ýaly ýanama gygyrýar.

Nazar indi gaharyny gizlejegem bolmady.

— Sen ýaşuly, ulagdan gijä galaýma?

— Näme diýdiň?

— Gijä galaýma diýýän!

— Galman. — Ol aşak bakyp yranjyrap oturdy-oturdy-da birdenem başyny silkip galdyrdy. — Näme, kowjak bolýaňmy? Ýakmadymy? Basyldymy baryp! Dogry söz ýakmaz size. Edeniňizi edişip ýörsüňiz baryňyz. Arada siziňkiler obamyzyň köşgüne bir topar surat çekip eltdiler. Bary it ýandakdan böken ýaly. «Tüf» diýdim men-ä. Saparnazar aga-da «tüf» diýdi. Ol-a bu zatlara hasam gowy düşünýä. Seňňem çekenleriňden bolmagy mümkin şo suratlaryň içinde. Pämilýäň näme seň?!

Nazar bu gün iş bolmajagyny bildi. Onsoňam ertirden bäri içip oturan myhmanyň özüne ýalandanam bir gezek hödür etmändigine geň galdy. Nazar, ölse çakyr içýämi ýogsam. Arpaň suwunam içenok. Ol «Bir çüýşe arak getiregä-de şuň bilen deňleşäýsemmikäm» diýip içini gepletdi. Ýene-de işiniň gyssaglygyny ýatlap, ol

pälinden el çekdi. Eýdip-beýdip myhmany ugratmaly diýen netijä geldi. Aýgytly gepledi.

— Ýaşuly, besdir indi. Gaýtjak bolsaň-a gaýt. Bolmasa-da ussahanadan bir çyk. Hon-ha bazar, honha-da duralga. Maňa bir päsgel berme, men gyssag.

Myhman birbada köşeşdi. «Gissag, gissag — diýip çalajadan Nazaryň agzyna öýkündi. — Mydama yzyňyzdan ýagy ýetip gelýän ýaly siziň. Gepleme diýseň geplemäýeris. Ýöne her zat etmeseňem sen Meret çişigiň kiçi oglyça çekip bileňok. Şu ýyl altynjyda, okap ýör. Başga okan ýeri ýok. Biriňizem şonça çekip bilmiýäňiz. Kakasynyň ýatýan kerebadynyň arkasyna bir üç atlynyň suratyny çekip kakypdyr welin, buw-w, hoşuň gelsin. Üh-he...

Garaz ol Nazary işletmedi. Kowsa-da gitmedi. Şondan soň ykjam tersleşdiler. Ahyry Nazar ony südenekledip çykarjak boldy. Olam dert-azar garşylyk görkezdi. Şu içeriden maslygym çykar welin, özüm çykman» diýip gygyrdy. Söýeden ýapyşyp germelip durşuna, çym gyzyl bolan gözlerine ýaş aýlap Nazaryň ýüzüne dikanlady.

— Sungaty ýoýýaňyz! Biderek şo çeken suratlaryňyzyň barysy. Häýt, Saparnazar aga bolaýsa şu wagt. Kimiň jaýdan çykmalydygyny aýdardy saňa. Hm-m. Indi

gelemde onam getirin. — Yzyndanam gara çyny bilen ýalbardy. — Sen inim, göwnümde arman galmasyn elimi bir goýber, galanjasyny içeýinem gideýin. Wagtam bolandyr.

«Wagtyň-a bir wagt boldy seň!» diýäýmeli welin, näme, Nazaram bir ýüregi ýuka oglan. Ýene-de ynandy. Goýberdi. Galanja çakyryny içensoň-a myhmanyň ýagdaýy hasam agyrlaşdy. Nazara barmagyny çommaldyp bir zatlar diýdi. Düşüner ýaly bolmady. Boşan çüýşelerini ýantorbasyna saldy-da, nägeräk-eýle ýerinden turup ugrajak boldy. Ýene-de barmagyny çommaldyp bir zatlar diýdi. Nazar onuň: «Sungaty ýoýýaňyz, sungaty» diýendigine çen bilen düşündi. Gitse kaýyl bolup sesini çykarman synlap durdy. Emma bu çagyrylmadyk myhmanam aňsat-aňsat gidäýmedi. Ilk-ä gapyny tapmady. Soňam gidere ýagdaýy bolman şalkyldap yza serildi. Nazar: «şul-a kemem bolmady» diýip, ony ussahananyň burçunda duran agaç sekiniň üstüne geçirip ýatyrdy. Diňe şondan son işläp başlady. Ukynyň arasynda bir topar zatlary samrap, iki gezek sekiden gaçan myhman dört sagada golaý ýatansoň hüýt-gara bolup ýerinden galdy. Ýylgyryp çaý içip oturan Nazaryň ýüzüne gözi düşenden ütükläýmeli bolan ýüzi öňküdenem beter gara-ört boldy.

Utandy. Sesini çykarmaga bogny ysman, nätakyk ädimler bilen ýaýkanjyrap gapa bardy. Nazaryň ýüzüne seredip bilmän aşak bakdy.

— Inim, bagyşlaweri, birhil-ä bolupdyr bi. Sagat näçe? Duralga gideýin. Çagalara-da oduk-buduk almalydym. Bor onda! Hoş sag bol!

Nazar ýene-de ýylgyrdy.

— Sag aman bar.

Myhman gapydan çykansoňam ýaňadandan boýnuny içerä uzatdy. Nazaryň gözüne welin seredip bilmedi.

— Ýöne bagyşlamaşakdyr-how, inim. Biz bir oba adamsy-da, kän bir biziň bilen deň bolup durmaň.

— Bor, bor. Al, çaý iç!

— Aý ýok, bu wagt çaý keşdim çekenok.

Gitdi. Gapy ýapylansoň Nazar ýerinden turup äpişgäniň öňüne bardy. Myhmanyň yzyndan synlady. Myhman ussahananyň gapdalyndan geçýän ýola çykdy-da ikiýana garanjaklady. Mähellesi azalan bazary synlady. Onsoň saga, duralga tarap bir hyýallandy-da, ýene oňa tarap gitmän, çepe öwrülen ýerindäki arpa suwy satylýan meýhana tarap ýöneldi.

Onbäş, ýigrimi minut geçensoň bolsa Nazar ýaňkynyň bir lýotçik bilen dawalaşyp gelýänini gördi. Myhman derini syryp ýantaklap gelşine lýotçigiň ýeňinden ýapyşyp oňa samolýodyň nädip uçýandygyny düşündirýärdi. Äpişgä golaýlan wagtlary Nazar öz myhmanynyň sözlerini has-da aýyl-saýyl eşitdi.

— Men her bir zady bilmesem ömür ynjalamok. Ine, sen lýotçik. Şeýle dälmi? Şeýle. Emma sen şol samolýodyň nädip uçýanyny bilýän dälsiň. Eliňe oňaryp berýändirler. Senem sürüp ýörensiň. Çary körüň maşyn sürüşi ýaly. Men welin sürmesemem samolýodyň nädip uçýanyny bilýän. Sebäbi bilesim gelýä. Bilesim gelýän zadymy bilmän nädip ynjalyp gezeýin men onsoň? Hä?! Özem üç hilidir siziň onyňyzyň. Perlisi bardyr. Ana ol-a şo-ol howany dolap alyp, dolap alyp ýüzüp gidip oturandyr. Ony uçurýan zat şojagaz peri. Perini döweýin şoň. Uçuryp bilşiňe uçur. Häk... Tejribede-de synadym men ony. Garajaň güzerine suwa düşmäge baramda iki golum bilen kelemenläp bir ýüzýän welin şo-ol, okdurylyp öňe gidip barýan. Şonda bildim men ony. Howwa-a! Beýleki gurbalyň bar, ana ol bolsa howany iterip uçýa. Nesibäň çekip bir jüňňülli ýere suwa düşmäge barsaň düýbüne çümäge-de aýagyňy kerte diräp bir dyzap gör. Dazlar ötägidersiň, ýüzüň

ugruna, olam edil şo-da. Howwa-a. Şoňňaly bu zatlar. Onsoň üçünjisi nemedip uçýa...

Üçünjiň nädip uçuşyny Nazar eşdip bilmedi. Gürrüňdeşler äpişgeden daşlaşdylar. Ho-ol aňyrrak baransoňlar bolsa aýrylyşdylar. Myhman duralga garap ýüzlendi. Bäş-üç ädim ädensoň sakga durdy-da, lýotçigiň yzyndan gygyrdy:

— Bar olar-a bildiň diýeli, a raketa nädip uçýa Hä? Aýa çenli nädip uçýandyr öýdýäň? Howasyz ýerde. Hä?! Bilmersiň. Asyl biläýmersiň. Men bolsam bilýän — Lýotçik elini salgap ötägitdi. Bu welin şonda-da sesini kesmedi. Duralga barýança samrap gitdi. — Howwa bilýän. Sebäbi bilesim gelýän bir zady bilmesem hiç oňup bilemok. Siz welin bileňizok. Sürýäňiz, emma nädip uçýanyny bileňizok. — Ol yzyna öwrüldi-de, Nazaryň ussahanasyna tarap herreldi. — Üstesine sungatam ýoýýaňyz. «Tüf» diýýän men size. Saparnazar aga-da «tüf» diýýä. Ol-a mendenem gowy düşünýä bu zatlara. Indiki gelemde şonam alyp gelmesem bolmaz...

Myhman öwrümden aýlanyp gözden ýitensoň Nazar başyny ýaýkap çalaja ýylgyrdy. Äpişgäni ýapdy. Eşiklerini çalşyrdy, ussahanany daşyndan gulplady-da agşamyň salkyn howasyna hoşwagt bolup öýüne

ugrady. Iş gutardy.

1982 ý.

## «IGRIKMI ÝA ÜGRIK?»

Altynjy klasyň hasap mugallymy bir sebäp bilen iki-üç günlük bir ýana gidipdi-de, şol gelýänçä okatmagy dokuzynjy klas okuwçysy Täçmyrada tabşyrypdylar. Mekdep direktory ony ýörite ýanyna çagyryp şeýle diýdi!

— Sen şo sapaga ýitiräk, başga mugallymam ýok, gaýrat et-de, iki günjik girip çyk! Oňa çenli ol oglanam geler.

Täçmyrat ertesi üçünji sagat altynjy klasa girdi. Şunça özüne zor salsa-da, günde-günaşa kowalaşyp ýören oglanlarynyň öňünde agras durup sapak geçmek Täçmyrada ýeňil düşmedi. Ýaňy öýlenen dul ýaly şol böwregi bökdi durdy. Okuwçylaram goh edişip, biri-birinden beter.

Täçmyrat sapak geçip başladam welin iň yzky partada oturan Sazak sesiniň ýetdiginden zowladyp goýberdi.

— E-eý, ügrik dä-ä, igrik!

Täçmyrat gahar hem haýýş gatyşykly nazaryny

Sazaga dikdi:

— Näme gygyrýaň-aý?!

— I-i-i, a sen igrige ügrik diýip dursuň-a. Ügrik diýýäniň ügrik däl-de, igrik! Igrik bolmaly.

Täçmyrat ýaýdandy. Elindäki heki çommaldyp durşuna:

— Bolýa-laý — diýdi-de, ýene tagta tarap öwrüldi. Bir meýdan sessiz-üýnsüz ýuwdunyp durdy. Şol durşuna-da bärsini bakman Sazaga gatyrgandy:

— Näme bolanda saňa näme, çözlüşine seret-dä!

— Şonda-da igrik diýdä-raý!

Täçmyrat gaharynyň gelenini duýman galdy.

— Igrig-ä diýlenok şoňa.

— Igrik şol-a!

— Ügrik diýýän!

— Igrik!

— Men ügrik diýjek!

— Ügrik diýme, igrik diý!

Täçmyrat çym-gyzyl bolup durşuna, özüne zor salyp, sapagyň yzyny aýdyp başlady. Şondan soň klasyň

gowury hasam artdy. Asyl bary ýöne «igrik-de, ügrik» boluşaýdylar. Şol iki söz agyzdan agyza zynjyrly halka bolup düwüldi, özleri ýadap, özleri goýdular. Täçmyrat her hal jaň bolýança sapagy geçip gutardy. Içindenem: «Bir çyksam şu Sazagy it ýenjen ýaly ýenjeýin» diýdi. Sazagam il goýansoňam goýaýman, şol igesini sürtdi oturdy. Her gezek Täçmyrat «ügrik» diýýär welin olam towy azalan patefon ýaly: «Ügrik del-e-eý, igrik!» diýip zowladyp otyr.

Klasdan çykyp zalyň ugry bilen barýarka Täçmyradyň gulagyna yzyndan edilýän gürrüňler ildi. Sazak eýýäm beýleki klasdan çykanlara-da «igrik» hakynda gürrüň edip berýärdi. Jibrinen bolýardy.

Hemme sapaklar gutaransoň, Täçmyrat mekdepden çykdy-da, ho-ol aňyrrakda, ýoluň gyrasynda Sazaga garaşyp durdy. Sazak ýoluň ortarasyndan gelýärdi. Her tarapynda hem iki-üç sany taraptutary. Kitap salynýan bukjalaryny ellerinde hallanladyp, ýaýkanyşyp gelişlerine olar Täçmyrada ogryn-dogryn seredýärdiler, bir zat-bir zatlar diýişýerdiler. Sazak deňine gelýänçä Täçmyrat içi kitaply düwünçegini, egnindäki pagtaly donuny çykaryp, bir çetde, eräp barýan garyň üstünde goýdy. Sazagyň öňünden zompa çykdy-da ýakasyndan tutdy.

— Näme kän jyňňyldaýaň sen? Hä?!

Sazak Täçmyratdan iki-üç ýaş kiçi hem bolsa dogumlyjady.

— Telpegiňi towugyň maslygy ýaly edip özüň näme diýsene!

Täçmyrat hasyr-husur başyndaky telpegini çykaryp eline aldy-da, oňa geň galyp seretdi: «Ýaňy çykardymmykam diýdim welin». Ol telpegini donunyň üstüne zyňyp goýberdi. Bir pursat ölen towuk ýaly bolup ýatan telpegine syn etdi. «Beh, dogrudanam, meňzeýär-aý». Öwrülip ikinji gezek Sazagyň ýakasyndan tutdy. Dişini gyjady.

— Hany, ýene bir gaýtala, igrikmi, ügrik?

— Igrik!

Sazagyň gulagynyň düýbi gyzyp gitdi. Elindäki kitaplary garyň şypyljyrap duran ýerlerine gaçdy-da hapalandy. Çep elinde saklap duran syýa çüýşesi tigirlenip gitdi. Sazagyň özi welin ýykylmady. Täçmyrat ur-tut soragyny gaýtalady:

— Igrikmi, ügrik?

Sazagyň jany ýandy.

— Igrik how, şol-a, igrik! Ölseňem igrik! — Ol

gazabyna bäs gelibilmän hamsykdy. — Janyň çyksa-da igrik!

— Igrikmi?

— Igrik!

— Al, igrik bolsa!

Ikinji gezek şarpyk dadan Sazak özüni Täçmyradyň üstüne zyňdy. O ýerinden, bu ýerinden agyz urdy. Arasynda-da «Igrik şol, öl ölseň, igrik, igrik!» diýip bokurdagyny harladyp bolubilenini boldy.

— Igrikmi?

— Igrik!

— Al, igrik bolsa!

Geçip barýan bir mugallym bulary gördi-de, ikisinem şol duruşlaryna eltip direktoryň kabinetine saldy. Direktor olara düşündiriş ýazdyrdy, meseläni mekdebiň umumy ýygnagynda goýjakdygyny aýtdy.

Täçmyrada aýratyn igendi:

— Biz-ä saňa ynam bildirip... hil bir adammykaň öýdüp... päheý... marş hany...

Täçmyrat ertesi okatmaly bolmady. Iki günlük giden hasap mugallymy şol günüň ertesi işe geläýdi.

Ol arakesme wagty Täçmyradyň ýanyna geldi-de, ony yzyna tirkäp mekdebiň güneş tarapyna geçdi. Jaýyň nowasyndan şarlap akýan gar suwuna syn edip durşuna Täçmyratdan bolan wakany jikme-jik sorady.

— Oňarmansyň, gyzmalyk etmeli däl ekeniň — diýdi.

— Gowuja düşündirjek boldum-da, ýoldaş mollum!

Mugallym ýylgyrdy. Çilim otlandy, başyny ýaýkady. Gözlerini güldürip, uzak wagtlap Täçmyrady synlady. Täçmyrat bolsa aşak bakyp, ýyrtyk köwşüniň burny bilen ýumşak gary şol mynçgady durdy. Mugallym çilimini ýere taşlady. Gara çümen çilim «wass» edip söndi. Jaň kakyldy.

— Bolýa, Täçmyrat, bar, sapagyňa bar!

Täçmyrat ertirden bäri aýdyp bilmän duran zadyny ýaýdanjyrap mälim etdi:

— Umumy ýygnaga goýmaňda bolmazmyka, ýoldaş mollum?!

Mugallym «Göreris!» diýip gysgajyk jogap gaýtardy. Täçmyrat mugallymy gapdallap barşyna mekdebiň agzyna ýetäýmänkä şeý diýdi:

— Ýoldaş mollum, şol dogrudanam, igrikmi ýa

ügrik?

— Igrigem däl, ügrügem däl. Igrek! Ikinji bogny «e» bilen ýazylýa.

— Ügrik bolaýmasyn?

Mugallym birazajyk böwrüni diňläp durdy. Yzyndanam hezil edip güldi-de, mekdebe girip gitdi. Täçmyrat duran ýerinden öňe gitjeginem bilmedi, yza gaýtjagynam. Onuň şu wagt bir çet ýere çykyp bir özüniň ýalňyz galasy geldi...

...Täçmyrat mekdepden soň uniwersiteti gaýybana gutaryp, hasap mugallymy bolup ýetişdi. Ýöne şol wakany ýatlasaň welin ol şindi-şindilerem heziller edinip gülýär. Onuň gülküsini tutdurjak bolsaň, başga hiç zat diýmän, diňe: «Ügrikmi ýa igrik?» diýip soraýmalydyr.

...Hawa-da, bize şol elwan ýaşlygyň lezzetli ýatlamalaryndan başga nämesi galypdyr?

1980 ý.

## GÖWÜN

Dördünji klasyň okuwçysy Baýmyrady çeper höwesjeňleriň toparyna kabul etmediler. Seçilişik

bolanda diňläp gördüler-de: «Buw-w, bu sesiň bilen seni iliň öňüne çykaryp aýdym aýtdyryp bolmaz» diýdiler. Baýmyrat muny öler ýaly gaty gördi. Gyssanjyna baryp kakasyna arz etdi. «Menem aýdym aýtjak!» diýdi. Näme üçin almadyklarynam aýtdy. Kolhozyň saraýynda ýükçi bolup işleýän Agaly çagasynyň dolup-daşyp durşuna dözmän, agşamaralar ýüzüni garaňka tutup aýdym mugallymynyň öýüne bardy. «Şeýle-şeýle» diýip näme üçin gelendigini düşündirdi. «Aňrujy bor ýaly bolsa aýtdyryň, boýnuny burup otyr, çaga gaty höwes edýä» diýdi. Aýdym mugallymy şunça düşündirjek bolsa-da, Agaly bir tutan ýerini tutdy oturdy. Mugallym birmeýdan böwrüni diňläp oturdy-da, çykalga tapan ýaly «ziňk» edip Agala seretdi.

— I-i... Horda duruzaýaly-la şony bolmasa!

— Horda durulsa nirde durulýa? — diýip, Agaly mugallymyň özüne sorag berdi.

— Neme-dä, köpçüligiň arasynda durup aýdybermeli-dä.

— Aýdym aýtmaly dämi özi?

— Hawwa-la.

— Bor şol. Bir ýerde durup aýtsa bor.

— Ertir sapakdan soň gaýtalamagymyz bardyr, baraýsyn, şonda-da bir synap göreli hany.

Ertesi Baýmyrady horuň iň yzky hatarynda oturgyjyň üstünde duruzdylar. Ýaňy bir aýdyma başladylar welin aýdym mugallymy Baýmyrada elini serip «uwlaberdi».

— Goýaweri, goýaweri! Düş! Düş jigim, düş! Bütin hory bulaşdyrýaň. Seňki boljak däl. Sesiň düýbünden bolanok. Düş, düş!

Baýmyradyň bokurdagy doldy. «Nämesi bolanokmyş şunuň? Hä? Nämüçin bolmyýamyşyn?» diýip gygyryberesi geldi. Emma ýekeje agyzam gepläp bilmedi. Burnuny sallap barşyna özüniň «hatardan» çykarylanyna öler ýaly namys etdi. Öýe baransoňam iýip-içip ugry bolmady.

— Neneň, bu gün aýdym aýtdyrdylarmy? — diýip, kakasy işden gelşi ýaly sorady.

Baýmyrat aşak bakyp oturşyna sesini çykarman keçäni dyrmalady. Kakasy soragyny gaýtalansoň: «juk» etdi-de, burunjygyny çekdi. Çygjaran gözlerini galdyryp, kakasynyň ýüzüne mölerildi. Agalynyňam barja keýpi gaçdy. Ynjap gürledi.

— Nämüçin aýtdyrmadylar?

Baýmyrat eginlerini gysdy. Gepiniň tutulmandygy üçin Agalam aýdym mugallymyndan kinedar boldy. Öz ýanyndan öýkeledi.

— Ertir direktiriň ýanyna baraýaryn oglum men. Gatam aýtdyrlar. Näme aýtdyrman. Sen nä bi hökümediň adamy dämi?

Baýmyrat tisgine-tisgine sowuk demini aldy.

Agaly ertir şähere ýüke gitdi-de, mekdebe gijara, direktor gaýtjak bolup durka bardy. Ýagdaýyny aýtdy. «Gaýrat ediň, çagaň göwni galmasyn» diýdi. Direktor aýdym mugallymyny ýanyna çagyryp, Agalynyň näme üçin gelendigini gysgajyk düşündirdi. «Bilýän, bilýän — diýgip, mugallym görgüli elewräberdi. — Hiç bolanok, ýoldaş direktor, öňki agşam Agala boýunam boldum welin, hiç bor ýaly däl. — Ol aşak bakyp sesini ýuwaşatdy. — Çagada-da beýle zoňtar ses bor eken-ow. — Soň ýene ellerini ýaýdy. — Men-ä nätjegimi bilemok».

Agaly zol-zol: «Gaýrat ediň-de, bir ýagdaýyny tapyň, ýogsam çaga gaty gyýylýa» diýip duransoň direktoram aýdym mugallymyna ýalbaryp başlady. Olaryň ikisem gara çynlary bilen bu çykgynsyz ýagdaýdan çykalga gözlediler.

— Nemetsek näderkä?! — diýip, aýdym mugallymy ýerinden turdy. Möhüm bir uly işi çözýän ýaly iki ýana gezmeledi. Oturanlaryň hersiniň ýüzüne bir seredip azkem durdy-da, ýene öňküje ýerine geçip oturdy. Içine ýel sordy. Şol ýeliň kükreginden çykaryna mähetdel «hm-m» edip söze başlady. — Şeýdäýmesek, men-ä başga näme etjegimizi bilemok. Halys höwes edýän bolsa, näme, dursun horda, ýöne sesini çykarman dursun. Uluraklaryň ýanynda, yzky hatarda duruzarys welin, kän bir görünibem durmaz.

Agalynyň ýüzüne seredişdiler. Ol aşak bakyp oturyşyna çalaja seslendi:

— Bolýa-da onda, men şeý diýipjik aýdaýyn oňa.

Agaly agşam öýüne baranda Baýmyrat ýaňy ýerine geçen ekeni. Kakasy içeri girenden ol boýunjygyny galdyrdy. Gözüni tegeläp onuň bir zat diýerine garaşdy. Agaly pejiň gapdalyna çekdi-de, ädigini çykardy. Dolagyny aýryp ädigininiň içine sokuşdyryp otyrka direktoryň ýanyna barşyny ogluna birin-birin howlukman gürrüň berdi.

— Şol hor diýilýäninde duraýsyn diýdiler. Ýöne sesini çykarmasyn diýdiler. Onam ýöne men bolamsoň ýüzümden geçip bilmän diýäýdiler öýdýän. Al-aýt, ala-

böle seň sesiňiň köpçülige bolman durşuny muň. — Agaly böwrüni diňledi. — Sen kakam pahyra çekensiň. Şo bendäňem bokurdagy jäheksizdi. Gürlände arslan arlan ýaly «gübür-gübür», sesinden goňşular arkaýyn ýatybilmezdiler. Atam pahyr-a asyl gadym wagtlar obanyň jarçysy ekeni. Üh-he! Ertir baraý onda sen arkaýyn.

Baýmyrat bu habara diýseň gynandy. Dodagyny kemşerdip dişini gysdy. Kemsinendigini kakasyna-da bildirmejek bolup, ýorganyny ýüzüne çekdi. Kakasy çaýyny içip boluberende bir zat ýadyna düşen ýaly usullyk bilen ýüzüni açdy. Gara der bolan maňlaýyny aýasy bilen süpürdi. Başdakysy ýaly boýnuny galdyrdy-da, ýuwaşja, basyk, ýadaw sesi bilen:

— Kaka-a! — diýdi. Peje bakyp çaýynyň iň soňuny käsesine sarkyryp oturan kakasynyň özüne tarap gaňrylanyny görensoň bolsa daljygyp birnäçe gezek ýuwdundy. Has naýynjar gepledi. — Agzyňy gymyldatsaň bolýamyka?

Agaly birmeýdan dik depesine bakyp pikirlenip oturansoň çalaja gozgandy. Ardynjyrady. Oglunyň ýüzüne seredibilmän kesä bakyp jogap berdi.

— Bor-la. Näme bolman. Sesiňi çykarman nädeniňde

nä.

Ogly üçin Agalynyň özem çaga ýaly kemsindi. Gynandy. Galan çaýyny iki owurtda içdi-de, düýbüni pejiň aşagyna serpip goýberdi.

Baýmyrat welin şondan soň birneme ynjaldy. Sähel salymdan bolsa çuňňur uka gitdi. Uzak gije derçiräp hezil edip ýatdy. Ertir deň-duşlary bilen bir hatarda durup il deňinde aýdym aýtjakdygy üçin tüýs ýürekden begendi.

1982 ý.

## IKI ŞAÝY

Meretgeldi elmydama çagalaryna köçeden bolsun, iliň öýünden ýa işiginden bolsun, oduk-buduk tapan zatlaryny öýe getirmezliklerini nesihat edýärdi. Ine, ol häzirem ýedi ýaşly uluja ogly Sähedi çat maňlaýynda oturdyp, gök çaýyň bady bilen hemişekije öwüdini berip otyr:

— Bize iliň zady hergiz-hergiz ýokýan däldir, oglum. «Bir gulaç ýüp tapyp öýe getirsem, bir külter tanap bolup çykýa» diýip, kakam pahyr aýdardy. Jinnek ýaly zat getiräýmäň, köşek öýe. Jigileňňede sarga. Ýogsam,

biderek ýere sizi urup-sögüp ýörmeli bolýan. Sen-ä indi, tüweleme, aga-gara düşünýäň, ep-eslije bolupsyň.

Şapbyk-şapbyk edip o dulda ýaýkanjyrap, un eläp oturan Sonatäç gapdaldan at goşdy:

— Goýaýsana senem indi. Çagajygyň halys ýüregine-bagryna düşdüňle. Bir aýtdyň, iki aýtdyň, boldy-da indi.

Meretgeldi tirsekläp çaý içip ýatyşyna ilk-ä onuň aýdanlaryny sesini çykarman diňledi. Soňam ýaltalyk bilen ýarpy göwresini aýalyna taran öwürdi. Hyrsyzlandy. Muny aňşyran Sonatäç un eläp oturyşyna başyny aşak goýberdi, dodagyny dişläp, mys-mys etdi. Meretgeldi hiç zat diýmedi-de, ýene öňki ýatyşyna ýatyberdi. Şol ýerdenem aýalyna tarap ýüzüni öwürdi.

— Burnuň dagy nähili-aý?

— Hä, näme?

— Ozalam-a oragyň sapy ýaly welin, un çalybam-a işini görüpsiň. Tüýs «sölite suwda belli, hapysa hamyrda» diýleni-dä.

— Ana, indem maňa igenip başlady.

— Näme, siziň ýamanlygyňyza çapýandyryn öýüdýäňizmi? Bizem-ä şu hojalygyň zyýanyna-ha däl.

— Aý, şonda-da her zadyň çaky ýagşy. Çagalar-a seň

derdiňden ýaňa halys saňsar bolupdyrlar.

— Saňsar bolarda, men bir zat diýsem, sen tersine bir zat diýseň. Olar kimiňkä gulak asjaklaryny bilmän janserek bolşup ýörler. Men şulara köçeden zat tapsaňyz öýe getirmäň diýsem, senem şony diý!

— Şeý diýýän-ä menem. Ine, düýn Ahatjan iki şaýy tapyp geldi welin, äkit-de zyň diýdim. Güm et diýdim. Edil şu diýşim ýaly. Nä derdim seň iňirdiňi çekip.

Meretgeldi böwrüni diňledi.

— Ýeri, zyňdymy onsoň?

— Dagy näme? Gurban jynlyň eşek ýatagyna zyňdy.

Kakasynyň ýanynda irkiljiräp oturan Sähet birden ýalpa gözüni açdy-da, usullyk bilen daşary çykyp gitdi. Oňa kän ähmiýet bermedik Meretgeldi mynny-mynnysyny dowam etdirdi:

— Zyndyran bolsaň gowy edipsiň. Öňde-de bir jahyl ogurlyk edip tutulypdyr-da, patyşa ony ölüme höküm edipdir...

Sonatäç hamyry legene gaplap, üstüni basyrjak bolup, hyklap oturyşyna:

— Şeýledir, şeýledir — diýip, hüňür-hüňür etdi.

Meretgeldi onuň kinaýa bilen aýdanynam bilmedi, çyny bilen aýdanynam. Şol wagtam işikden gözüni tegeläp Sähet girdi.

— Eje, o ýerde ýok ekeni!

— Näme, ol?

— Ýaňky diýeniň.

— Näme diýdim-ä?

— Gurban jynlyň eşek ýatagyna zyňdy diýdiň-ä. Ahat zyňdy diýmediňmi? Şaýyjygy.

Meretgeldi şol derçiräp ýatyşyna bir aýalyna seretdi, birem ogluna. Çaýynyň soňuny käsä sarkyrdy-da, uludan demini aldy.

— Bulara-a baryny biderek etd-ow!

Hamyr eşiklerini aýryp durşuna Sonatäç ogluna ýüzlendi:

— Oglum, kakaň ýaňky aýdanlaryny eşitmediňmi nä sen?

— Haýsy aýdanny?

— Daşardan zat getirmäň diýenni.

— Eşek ýatag-a ol.

Meretgeldi şol ýatyşyny üýtgetmän barmaklaryny büküp başlady:

— Eşek ýatak bolsun, düýe ýatak bolsun, işik bolsun, tör bolsun, gör bolsun, getirmäň şu öýe hiç zat! — Meretgeldiniň towy güýjedi. — Beh, bulara bir aýt, müň aýt — edil göwünleri bir ýaly. Il-günüňki-hä ümländen düşüniberýä welin, bi bulara hiç gep düşündirip bolanok.

— Çagadyrda kem-kem düşüner gider-dä. Getir şo käsäňdäkini maňa ber. Wah-wah-eý, bilim ýazaýdy halys.

— Hä, gala alansyň.

— Toba.

— Me iç, şuň bilen biliň seýik tutýan bolsa.

Sähetjik kakasynyň çat maňlaýynda aýbogdaşyny gurap, gözüni ýaldyradypjyk oturşyna şaňňy sesi bilen gygyrdy:

— Kaka, elli manat tapsamam almaýynmy?!

Meretgeldi oglunyň ýüzüne mölerilip, köp seretdi. Kakasy ýene bir ýakmazyny aýdar öýdüp çekinen Sähet azrak yza süýşdi. Gyzaryp ejesine seretdi. Meretgeldi näme diýjegini bilmän ýene-de esli oturansoň, gyşaryp

ýatan ýerinden dikeldi. Aýalynyň ýüzüne seretdi:

— Beh, dogrudanam, şonda nätmeli borkan-aýt?! Sonatäç çaý içip oturyşyna içini güldürip gepledi:

— Nätmeli bor öýdýäň? Öýe getiribem-ä bolmaz.

— Zyňybam-a bolmaz onça puly.

Sonatäç hezil edip güldi. Yzyny üzmän «şyg-şyg» edip, kän güldi. Meretgeldi bolsa ikiýana gorsanyp, näme karara geljegini bilmän oturyşyna ýassygynyň aşagyndan nas çüýşesini çykaryp, nas atdy. Dodagyny çommaldyp, öz-özüne aýdýan ýaly edip gürledi:

— Ýüz manat, müň manat bolsa-ha höküwmede eltip berilýänini bilýäs. Bäs-üs manat bolsa-da, üs gezek? «Kimiňki häw sü» diýip gygyzaga-da, alyp gaýdybezmelidiginem bilýäs...

— Hany, hiç zat almaly däl diýmediňmi nä ýaňyja?

— Otuzsana häw, duz entek, oglana jogap biz bezel-ä... Hä, onam bilýäs, munam bilýäs... Beh, dogzudanam, su elli manady nätmelidigini bilemog-aý! — Ol pejiň gapdalynda duran tüfdany Sähede görkezip ümledi.

Sähet loňkuldapjyk gidip tüfdany getirdi-de, kakasyna berdi. Özem ýene öňküsi ýaly aýbogdaşyny gurup, Meretgeldiniň maňlaýynda oturdy. Meretgeldi

tüfdana nasyny tüýkürip, çöp bilen gorjady-da, ýene Sähedin eline berdi Sähet sesini çykarman ýerinden turdy, tüfdany äkidip alyp gaýdan ýerinde goýdy. Gelip ýene öňküsi ýaly oturdy. Ýene-de kakasynyň ýüzüne çiňerildi. Meretgeldi ernini aýasy bilen süpürip oturyşyna bir meýdan oglunyň ýüzüne seretdi. «Beh, sypdyrjak däl-aý şü» diýip içini gepletdi. Birdenem aýgytly gürledi:

— Hany, bir getir bakaly, onsoň görübereris näme bolýanyny. Ýöne ýolda ýitiräýmegin!

Şol wagt Sähetjik ertirden bäri ýumulgy duran çep elini açdy-da, kakasynyň ýüzüne mölerildi. Onuň aýasyndaky kirlije iki şaýyny gören Meretgeldi birbada aňk-taňk boldy. Nämäň-nämedigini kellesinde aýlap ýetişensoň, çym-gyzyl bolup, Sähede topuldy:

— Nireden aldyň ony?

— Ahadyň zyňan ýerinden.

— Alma diýmedimmi?

— Özüň şumatjyk alaý diýmediňmi? Ýitirmän getir diýdiň-ä.

— Elli manatmy näme ol?

— Ýok.

— Onda nä aldyň?

— Ahat zyňypdyr-a.

— Ahat zyňsa, Ahadam şo tapany üçin zyňdy-da. Zyň, getirme diýleni üçin zyňdy-da... — Meretgeldiniň gazaby kem-kemden güýjedi-de, töwereginden eline iler ýaly zat gözläp, sermenip ugrady. — Näme men şuň bilen agzymy deňäp sanaşyp durun-a! Inini-boýuny ýap-ýasy edeýin-le! Indi senem adam oýnajak bolýaňmy sen? Hä?!

Sähetjik kakasyna tutdurman gapydan şowlap çykdy. Sonatäç ylgap baryp, işige germeldi. Çym-gyzyl bolup, ärine igendi:

— Toba-toba. Bolşuň nähil-ä seň? Was-was etdiň sen o çagany, was-was etdiň! Hakyna seretseň-ä, özüň şeýle seň.

— Goýsan-aý, seňki näme!

Sähet daşarda, ho-ol aňyrrakda duran ýerinden kakasyna gygyrdy:

— Kaka elli manatlyk köpük tapsam nädeýin?!

Meretgeldi duran ýerinde aşak çökdi. Sonatäç gyjyt berdi.

— Şeýt-de çagaňa-da oýnat-da ýör indi.

Ärine ýene bir zatlar diýjek bolup çemelendi-çemelendi-de, hiç zat diýmän ýerinden turdy. Hamyryny barlap geldi. Gülmekden ýaňa ýaşaran gözlerini süpürip durşuna: «Tamdyra ot bir goýbereýin» diýdi.

Içerde ýeke özi galan Meretgeldi ep-esli wagtlap içini hümledip oturdy. «Beh, biziňki ýöne ters bolup dur-aýt. Al diýseň bolmasa, alma diýseň bolmasa. Mollumlar öwretmel-ä şular ýaly zatlary. Gury aýlyk alşyp ýörler. Terbiýe bermeli, çagalara terbiýe. Aý, bolýa-da, olaňkam. Saglyk bolsa bor. Galannyň bir alajy bolar».

Şondan soň ol Sonatäç gelýänçä gapa gözüni jüýkerdip, sarsman oturdy. Aýalynyň tamdyrdan gelip demlän çaýy ony derçiredip, diýseň kök etdi. Dili näçe giýjese-de, sesini çykarmaga bogny ysmady. Tamdyrdan ýaňy çykan nanyň ýakymly ysy içerä ýaýrady. Ahat bilen Sähedem geldi. Şunça çydasa-da, mundan artyk dymmaga karary ýetmedik Meretgeldi dyzyna galdy-da, ýassygy bagryna basdy, hemişeki endigi bilen çagalaryna ýüzlendi:

— Şu hergiz ýadyňyzda bolsun...

Meretgeldiniň ýeňsesinden uzyn bir tanyş «şyggyldy» eşidildi.

1980 ý.